enedilim.com



KERIM GURBANNEPESOW

# OÝLANMA BAÝRY

Kerim Gurbannepesow

—

# OÝLANMA BAÝRY

—

1995

**Kerim Gurbannepesow, Oýlanma baýry.**
Toplan, çapa taýýarlanlar: Gurbanýaz Daşgynow, Ata Gurbannepesow.

—

Turkmenistanyň halk ýazyjysy Kerim Gurbannepesowyň poeziýasyna uly-kiçi hemme aşyk. Onuň eserlerini her gezek okanyňda täze many, täze lezzet alýarsyň. Şahyryň eliňizdäki ýygyndysy hem siziň üçin onuň hiç wagt solmajak elwan gülli şahyr dünýäsine ýakymly seýil bolar diýip umyt edýäris.

—

Bu kitapdaky maglumat "bolşy ýaly" esaslarda, kepilliksiz getirilýär. Bu iş taýýarlananda ähli seresaplyk çäreleri görlen hem bolsa, ne awtor(lar), ne «Enedilim.com» sahypasy bu işdäki informasiýa sebäpli çekilen göni ýa gytaklaýyn ýitgi ýa zelel üçin hiç bir adamyň ýa guramanyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

—

Digital görnüşe geçiren: Sähetmyrat Kakyş.
Latexde taýýarlan: Nazar Annagurban.
Kitabyň daşky suratyny döreden: DragonArt.
PDF-a geçirildi: 21. Aprel 2012
Wersiýa: 1.0
«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy.
`http://enedilim.com`



«Otyryn hemmesin ýatlajak bolup…»



«Käte özüm bilen özüm gepleşip…»



«Garrap barýas aşyk Kerim. Şaglap barýar aý-günler…»

# MAZMUNY

Kerim şahyryň şygryýet dünýäsi . . . . . . . . . . . . . . xiii

**I Zähmet topragym. Eziz topragym. 1**

Goşgularyma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 1
Ýatlama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 2
Zähmet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3
Toprak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5
Daglar we adamlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
At dakylmadyk gahrymanlar . . . . . . . . . . . . . . 8
Ýeňiş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
Adamyň kasamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
Ömrümde bir gezek ýalan sözledim . . . . . . . . . . 13
"A" . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 14
Ýaýlaklary bar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
Ýazgül hakynda oçerk . . . . . . . . . . . . . . . . 19
Gara tüňçäniň başynda ak pagta bilen ak maral hakynda edilen gürrüň . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
Respublikam meniň . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25
Oýun bilen çyn . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
Gyrgyz ýüregi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29

**II Şahyryň gözi 31**

Ýürek poemasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
Rubagy – poema . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54

Ogul . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 64
Täze ýyl arzuwlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 69
Ömrüme pent . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74
Hanhajykka . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Özüme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 79
Şahyryň gözi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 81
Pursatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
Bergi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 83
Wesýetler boýunça . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 84
«Gum hem özi üçin hasyl berenok...» . . . . . . . . . . . 86
Ýene men adam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
Kök . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
«Köçämizden geçip barýar adamlar...» . . . . . . . . . . . 89
Sary gapy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 90
Ýekşenbe säheri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 92
Gamsyz goşgy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
Hemaýat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94
Ömrüň manysy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 96
Dost . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 96
«Onuň söýýän zady dagda gezmekdi...» . . . . . . . . . . 100
Şaja Batyrowyň ýogalan gününde ýazylan goşgy . . . . 101
Kynçylyk hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 102
Şahyr . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 105
Gaýrat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 106
«Kimler gojaldykça ulalyp barýar...» . . . . . . . . . . . 108
Garyp şahyr . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109
Halypalyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 112
Peýzaž goşgusy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 113
Dutar bilen ajal . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 114
Enemiň üçi güni ýazylan setirler . . . . . . . . . . . . 116
«Ölüm ýüpi yrgyldap dur üstünde...» . . . . . . . . . . . 116
«Suw boýunda dünýä inen adamlaň...» . . . . . . . . . . 117
Harasat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 118
Gar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 119
Çaga . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
Ogullar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 122

 enedilim.com

Enäniň ýaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 122
Ýazmasy agyr düşen goşgy . . . . . . . . . . . . . . . . . 123
Sil . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
Ussa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132
Şahyra gerek zatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 134
Oýlanma baýry . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 134
«Essalawmaleýkim...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 135
Sosna agajynyň öňünde . . . . . . . . . . . . . . . . . . 137
Utanç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 138
Hoşlaşyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
Ýyllaryň parhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 141
Çörek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 141
Uruş döwrüniň enesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 144
Adamyň başlanyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 145
Goja . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 147
Uly mazaryň başujunda . . . . . . . . . . . . . . . . . . 148
Wepa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151
Göreşde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 152
Parhlylyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 153
Dünýe barada . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 154
Öz-özüňi tanamak üçin kiçiräk anket . . . . . . . . . . . 155
«Mele derýaň, içinden...» . . . . . . . . . . . . . . . . . 156
Jeza . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157
Şöhrat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159
Ýeriň güýji . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 161
Dokluk hakynda dört oýnam . . . . . . . . . . . . . . . 162
Säheriň gymmaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 162
Wagt bilen gelin . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 163
Peýzažly oýlanma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 166
Garraýarys . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167
Gün tutulanda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170
Ýalňyzlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170
Açyş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 172
Biziň işimiz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 174
Bagtlylyk hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177
Döwür beýle däldir . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 180

Ogluma nesihat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 186
«Ozaldan dünýäniň ýasalşy şeýle...» . . . . . . . . . . . . 186
«Senden uly ýok diýseler...» . . . . . . . . . . . . . . . . . 187
««Gowynyň gadyryn bilsinler!» diýip...» . . . . . . . . . 187
Ogul bolan güni ýazylan goşgy . . . . . . . . . . . . . . . 188
Pida . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 189
Edeplilik hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 191
Poeziýa – aýylganç ene . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 192
«GSM» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 193
Asyrlaryň yzasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 196
Pyragyň gaşynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 197
Ýyldyrym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 199
Kontrast . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 201
«Tanyşymyň öýi...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 202
Bela . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 203
Men – Rupiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 204
Ýeke ses . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 207
Gaýtarma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 208
Duýgy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 210
Bäbekhanada . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 212
Hokkeý . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 215
Giç ýetişen pagta bilen giçki kämillik
hakynda oýlanma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 217
Goşgular, goşgular . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 218
Zehiniň hötjetligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 219
Arşyň üstünde geçen press-konferensiýa . . . . . . . . . 220
Guýmagursaklyk hakda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 222
Meniň teoriýam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 223
Gepläp bilsem, ahyrky demimde diýmekçi
üç oýnam sözüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 224
Meniň tostlarym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 226
Atamyň köp gaýtalan sözlerinden . . . . . . . . . . . . . 230

**III Däneler** **240**
Ömür . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 240
Topragyň zarby . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 241

Şöhrat gabanjy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 241
Obama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 242
Wadim Zubarewden hemmämize degişli öwüt . . . . . 242
Ýaşlaryň bir seminarynda
Ata Gowşudowyň zehin hakynda aýdany . . . . . 243
Ogul . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 243
Ýarym degişme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 245
Ýaşlyk ýyllarynyň albomyndan bir oýnam öwrenje setir 246
Çyn aşyk bilen bolan çyn gürrüň . . . . . . . . . . . . 246
Söýgi diýilýän saçagyň... . . . . . . . . . . . . . . . . . 247
Aýdymçy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 247
Bir ýaşulynyň töwirde sanan sözleri . . . . . . . . . . 248
Maslahat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
Ýagyş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
«Ýarygije. Bir zat okap otyryn...» . . . . . . . . . . . . 248
«Nämäň alyndanmyş gadyrsyz dostluk!» . . . . . . . . 249
Synag . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 250
Ýigrenjiň gymmaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 250
Päl . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 250
«Bir adam bar: ady bar-da, özi ýok...» . . . . . . . . . . 251
Boýun alyş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 251
«Şuny hemme ýazýan adam bilmeli...» . . . . . . . . . . 251
«Tilkä ynanmasaň-da...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . 252
Ölçeg . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 252
Geçirimlilik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 252
Baş aýlanmanyň melhemi . . . . . . . . . . . . . . . . . 252
Çaga . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 253
Mämmediň witamini . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 253
Näletkerdäniň pelsepesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 254
Öňde bir algylynyň bergili bilen gürrüňi . . . . . . . . 254
Anonimçä . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 255
Okamagyň syry . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 255
Zerurlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 255
Owadan ýüreklilere . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 256
Döredijilik diýilýän zada . . . . . . . . . . . . . . . . . 256
Studentiň dilçä beren soragy . . . . . . . . . . . . . . . 256

Uzak ömürli adam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 257
Idegsiz mazaryň başujunda gojanyň aýdany . . . . . . 257
Dostlaryň dawasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 257
«Dostuň öz diline sakmy ýa sak däl?» . . . . . . . . . . 257
«Ozal sakalyň syrdyryp...» . . . . . . . . . . . . . . . . 257
Seýil bagynda öpüşip oturan iki juwany
görenimde dörän setirler . . . . . . . . . . . . . . . . 258
Söz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 258
Jygyllykda bolan aýdyşyk . . . . . . . . . . . . . . . . 258
«Onuň gözleýäni – Özünden uly...» . . . . . . . . . . . 259
Aşyk ýigidiň söýgülisine ýazan hatyndan . . . . . . . . 260
Köçede eşidenim . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 260
Blaýberte täze ýürek oturdylanda bir ýigidiň öz söýgü-
lisine aýdan sözleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 260
Çopanyň çaý başynda diýeni . . . . . . . . . . . . . . . 261
«Kuwwatyny duýdugyça – sende kuwwat käneler...» . 262
Ata, ene, ömür, baş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 262
Arifmetikanyň tersine . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 263
Dostunyň «Näme sebäpden ýazmagy goýduň?» diýen
soragyna öňde bir akylly goşguçynyň beren jogaby 264
«Bir şahyr bar - diňe ady ýörýändir...» . . . . . . . . . 264
Çyn halypa hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 264
Talant . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 264

**IV Goşgy hakynda goşgular 265**
Kümüş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 265
«Gowy goşgy diýmek ajaýyp öýdür...» . . . . . . . . . . 265
«Täzeçil» şahyra . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 266
Goşgy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 266
Gözleg . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 267
Ilkinji goşgynyň döreýşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 267
Redaktoryň şahyr dosty hakynda iç gepletmesi . . . . . 268
Bir şahyryň bäş topbak rubagy ýazanyndan soň
Omar Haýýam bilen aýdyşygy . . . . . . . . . . . . 268
Neşirýatçynyň ak goşgy hakynda degişmesi . . . . . . . 269
...We başgalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 269

Nätanyş terjimeçä hat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 270
Iş meýdany . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 270
Sagdynlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 271
Nowaýyça . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 271
Gara jokjoky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 272
«Goşgynyň nähili dogulşy hakda...» . . . . . . . . . . . . . 272
Bildirişleriň yzyna goşulan ýerlikli goşmaça . . . . . . . 273
Ýüz ýyldan soň... . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 274
Goşguçy bilen aý . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 274
Okyjynyň bir awtora ýazan golsuz haty . . . . . . . . . . 275
«Biri diýdi: «Walla, halys irizdi...» . . . . . . . . . . . . . 275
Özümizden haýyş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 276
Şahyryň howsalasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 276
Rubagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 277

**V Aýdymlar 278**

Türkmeniň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 278
Daglar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 279
Altyň biri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 280
Gumly gelin . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 281
Ýigit gördüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 282
Gopuzly gyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 283
Ýarap borka . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 283
Apat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 284
Gök çaý . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 285

**VI Bägül 287**

Gara deňziň ýakasynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 287
Iki «aýterek» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 289
Söýgi poemasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 290
Unaşly ýatlama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 292
Gagra degişmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 294
«Agalyk sürýänler ýokdur ýurdumda...» . . . . . . . . . . 295
Owadanlyk hem edep . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 296
Goşgy okaýan goşgy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 298
Söýgi hakda bir keleme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 299


enedilim.com

Bägül . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 302
Janaga tarap . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 303
Duralgada . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 304
Söýgi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 307
«Diňe özi üçin ýöränokdy ol...» . . . . . . . . . . . . . . 308
Hat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 310
Gabanç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 312
Söýgi bilen kämillik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 313
Aýal hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 315
Mukaddeslik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 317
Gyzlar hem şahyrlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 318
Aşyk ýigidiň alty haty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 323
Dört pasylyň döreýşi hakynda . . . . . . . . . . . . . . . 325
Saňa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 326
Ýaşlyk dramasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 327
Ýatlamadan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 331
Maşgala basan şahyryň elegiýasy . . . . . . . . . . . . . 333
Ýene-de özüme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 336
Söýgi näme? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 336
Okyjynyň «Altynyň biri» hakyndaky
sowallaryna jogap . . . . . . . . . . . . . . . . . 338
Ýalňyzlyk edýär . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 341
Söýgi illýuziýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 342
«Aýna» teležurnalynyň täze ýyl sanynda okalan goşgy 345
Owadan gyza . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 347
«Söýgi diýilýän gudratyň...» . . . . . . . . . . . . . . . . 349
Pähim pursatlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 350
«Meni ýitirersiň...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 350
«Men ony söýmändim...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . 351
Hereket . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 352
Täzelenen nakyl . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 352
«Söýgi – dälilikdir...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 353
Şu stoluň başynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 354
Ýer bilen söýgi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 355
Sorag . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 356
Garaşýan ýigitlere . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 357


enedilim.com

Söýgi degişmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 358
Dehlewiniň 700 ýyllygynda Dehlewiçe dörän setirler . . 360

**VII Oýundan-çyndan 362**

«Maşyn, maşyn, maşyn...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . 362
«Plan dolmaly, plan!» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 365
Bägülli ýigit . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367
Aňsat bilen kyn . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 369
Dört gylyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 370
«Kür!» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 371
Gulmyrat Suwçynyň öz sakgaldaşlaryna ýazan haty . . 372
8-nji mart degişmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 373
Buşluk poemasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 375
Ýar-ýar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 379
Deň-duşluk teýenesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 381
Ýadygärlik surat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 381
«Omar Haýýam segsen ýaşynda-da söýüpdir. Men nämüçin altmyşymda söýüşmäge mynasyp dälmişim?» diýen adama berip bilmedik jogabym . . 383
Duşuşyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 383
Goşa soraglar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 384
Adamyň ömri hakynda oýun gatyşykly çyn . . . . . . . 386
Konýak-çakyr sergisinde ýaltanyň oýlanmasy . . . . . . 387
Suwçy ýigidiň kakasyna soragy . . . . . . . . . . . . . . 388
Bir meýlisde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 390
Güller . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 392
Meniň gelnim . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 393
Aýaly bir hepdeläp çaga dogrulýan öýde bolanda äriniň iberen salam haty . . . . . . . . . . . . . . . . . 394
Ahat bilen Muhat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 395
Köçämizde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 396
Öz toýumdan ähli toýlara degişli reportaž . . . . . . . . 398
Sona gelin, gara gelin, ýaşlyk, garrylyk we bir tomluk hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 402
Ýubileý degişmeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 405
Beki Seýtäkowa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 407


enedilim.com

Aman Kekilowa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 408
Pomma Nurberdiýewe . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 410
Mämmet Seýidowa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 411
Be-eý! . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 413

**VIII Şahyryň arhiwinden 414**
«Birisi eý diýer, biri beý diýer...» . . . . . . . . . . . . . . . 414
«Ähli gözel zatlar – hemişe beýik...» . . . . . . . . . . . . 414
Ýaş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 415
Hoşlaşyk degişmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 416
Hudaýberdi Diwangulyýewe . . . . . . . . . . . . . . . . 419
Otkrytkalardaky goşgulardan . . . . . . . . . . . . . . . . 421
Dünýägözele . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 421
Gözel gyz Bibisara! . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 422
«Täze ýylda täze bagt...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 422
Ýaraşar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 423
«Üç aý boldy simfoniýany diňlänim...» . . . . . . . . . . . 425
Myrat bilen Aksoltan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 426
Sahy Jepbarow hakda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 428
Poeziýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 430
Ýadygärlik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 433
«Mekirje owlajyk...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 434
«Tokmagyň» 50 ýaşynyň dabarasynda okalan goşgy . . 436
Aforizmalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 437

 enedilim.com

# KERIM ŞAHYRYŇ ŞYGRYÝET DÜNÝÄSI

Çyn zehiniň täsin syrlary bar. Zehin bolup döretmegiň ejiri kän, emma höziri ondanam kän. Bütin ömrüňi kagyz çyrşap geçirip, ençeme kitap çykardyp, at alyp, laureat bolup hakyky döredijiligiň nämedigini bilmän gidenler, aňman ýörenlerem bar. Zehiniň Hudaýdan berilmese, «köňle geleniňi taraşlap şagladyp» bolanok.

Kerim şahyr ömrüniň ahyrky günlerinde agyr kesel mahaly bir gezek ahmyr bilen şeýle diýipdi: «Öňde bir şahyryň aýdyşy ýaly «başardygymça-ha ýazasym gelenok, isledigimçe-de ýazyp bilemok».

Ömrüniň tas otuz ýylyny ol diňe isledigiçe ýazyp geçiripdi.

Bir gezek meşhur Sahy bagşy heniz ýaşrak bagşyka talapkär halypasy Magtymguly Garlynyň ýanynda çalaja kine bilen zeýrenen bolupdyr.

– Halypa, sen saz etseňem, aýdym aýtsaňam jüp-jüp ýerine düşüp dur. Şunça azap edýäsem weli, biziňki-hä şeýle boluberenok.

Şonda Sahy bagşyny bütin ömrüne söýgülän Çuwal bagşy:

– Sahy jan, kesbiňden nägile bolmagyn. Bu zehiniň bilen göwnüňe düwüşiňçe aýtmaga-da ýetişersiň. Şonda edeniň bolar durar – diýipdir.

Hawa, Kerim şahyr döredijilikden gelen at-abraýyň, şan-şöhratyň, derejäniň nämedigini ençeme ýyllap görüp, bilip, syzyp

gitmegiň seýrek duş gelýän bagtyna ýeten adamdy.

Ol metbugatda haýsydyr bir kitabynyň, eseriniň mahabatlandyrylyp, öwülip ýazylmagyna, haýsydyr bir adyň berilmegine mätäç adam däldi. Halk ýazyjylygyna ol heniz kyrk hem ýaşamanka, Magtymguly adyndaky döwlet baýragyna ýaňy kyrkdan geçende mynasyp bolupdy. Şol ýaşlarynda-da ol eýýäm Ýokary Sowete deputat hem saýlanypdy.

Emma bu derejeler onuň ýatanda-da ýadyna düşmeýan ýalydy. Deputatlyk nyşanyny ol diňe Ýokary Sowetiň sessiýasynyň geçýän günleri dakynardy.

Halk ýazyjysynyň, laureatlygyň nyşanyny ol hiç mahalam dakynmazdy. Özem käbir süwümsizleriň bu nyşanlary hut türkmen tomsunyň tüp yssysynda-da dakynan bolşup, özlerini hondan bärsi görkezmekçi bolýan mahaly şeýledi.

Kerim şahyr muny kimedir birine görelde bolmak, il içinde özüni sada alyp barmak üçin şeýtmeýärdi.

Tebigy sadalyk, açyk göwünlilik, ussat şahyrlyk buýsanjy onuň göwnüniň doklugyndan, biçak sowatlylygyndan, ruhy taýdan güýçlüliginden gelip çykýardy.

Berdi Kerbabaýew, Beki Seýtäkow, Gara Seýitliýew, Aman Kekilow ýaly ägirtler bilen häli-şindi duz-emek bolşup, edebiýat, döwür, dünýä hakda uzak wagtlar söhbet etmegi Kerim şahyryň döredijiliginde-de, hüý-häsiýetinde-de gowy yz galdyrypdyr.

Hut şuňa görä-de Kerim şahyrda beýik ussadyň öz-özüni tanamagynyň täsin buýsanjy, giň göwrümliligi, arkaýynlygy bardy.

Elbetde, beýle ýagdaý öz-özüne kemsiz göwni ýetýän adamyň howaýy gopbamsylygy däldi. Kerim şahyr beýle çäkleri ilik-düwme bilýärdi, hem-de özüni tüýs türkmen ýaşulusyna, pähim-paýhasly adama mahsus alyp barýardy.

Men Kerim şahyryň beýle häsiýetlerini nä sebäbe görä beýle çintgäp nygtaýarkam?!

Şeýle bir mysaly getirsem, bu sowala azda-kände jogap bolar öýdüp pikir edýärin.

Bir gezek meşhur Sapar gyjakçy daşhowuzly ýaş, zehinli bagşylaryň biri bilen tirkeşip, Türkmen radiosyna barypdyr. Pürli


enedilim.com

aga kärdeşini gadyrly garşylapdyr.

– Şeýdeweri, Sapar halypa, Magtymguly aganyň yzyny ýöretjekleri ýetişdireweri – diýip, köne dostuny söýgüläpdir.

Uly halypalara duşanyndan susty basylyp, egnini ýygryp duran ýaş bagşyny kemsiz synlan Pürli aga Sapar aga sowal beripdir.

– Bu ýigit bäş-alty adamy görenden şeýdip, egnini gysyp dur welin, toýda-tomguda nädýär?! Sapar aga uludan ahmyrly dem alyp başyny ýaýkapdyr:

– Elem erbet däl, sesem. Ýöne märekä çyksa, ýitip heläk edýär – diýipdir.

Şonda Pürli aga:

– Wah, Sapar jan, näsini aýdýaň. Magtymguly halypa, Sahy bagşy ýaly agyr märekäniň dik depesinden garap, çarpaýa galyp aýdym aýtmak üçin özüňde gor bolmaly, gor. Aý, nesip bolsa, başy ýaş, ýigidimizem gor ediner-dä özüne – diýipdir.

Görnükli rus şahyry Baratinskiniň aýdyşy ýaly, «Zehinlilik–her hili ýagdaýlarda-da hökmany suratda amal edilmeli tabşyrykdyr hem».

Kerim şahyr Beýik Watançylyk urşunyň yz ýanlarynda döredijilik işi bilen ymykly iş salşyp başlan gününden şol «Hökmany suratda amal edilmeli tabşyrygy» gyşarnyksyz berjaý edip geldi. Emma şahyryň özi «aňly-başly döredijiligini 1958-nji ýylda çap edilen «Goşgular we poemalar» kitapçasyndan bärik!» hasaplaýar. Şol ýyllarda ol eýýäm meşhur «Taýmaz babanyň» awtorydy. Bu poemany bolsa gabarasyna garamazdan, ýüzlerçe adam ýatdan bilýärdi.

Altmyşynjy ýyllaryň ortalarynda ol eýýäm biziň şol ýyllarky poeziýamyzyň kerwenbaşysyna öwrüldi hem-de şol derejäni ömrüniň ahyryna deňiç hiç kime gidermedi.

Onuň tutuş poeziýasy durmuşynyň beýanydyr, türkmende şu derejedäki başga bir şahyry tapaýmak aňsat däldir. Halk durmuşyna, ruhuna, onuň şu gününe, geçmişine iňňän beletligi bilen Kerim şahyr şol halkyň iňňän kämil edebi dilinde diýseň çeper dür saçmagy-da başarýardy. Kerim şahyr, megerem, beýik Magtymguludan soň türkmen okyjysynyň kalbyna iň berk

ornaşan şahyrdyr. Onuň onlap, ýüzläp goşgularyny, tutuş epiki poemalaryny ýatdan güzledip oturan okyjylar bar. Şahyryň kitaplary çap edilen badyna okyjylaryň kitap tekjelerine siňip gidýär. Şu ýerde aýratyn bir ýagdaýy nygtap geçmek gerek: Kerim şahyryň diýseň milli häsiýetli goşgulary milli aňyň, milli ruhuň çäklerine gaplanyp oturmaýardy. Onuň şygyrlarynyň köpüsi adam ahlagynyň, adam ruhunyň, adam kalbynyň içine çuňňur aralaşýandygy üçin umumy adamzat derejesine galyp bilýärdi.

Siz onuň şu kitap bilen atdaş «Oýlanma baýry», «Sary gapy», «Wepa», «Uly mazaryň başujunda», «Jeza», «Şöhrat», «Saheriň gymmaty... » ýaly täsin goşgularyny ýene-de bir gezek ünsli okap görüň. Siz olarda umumy adamzada degişli ajaýyp pähimleri görersiňiz.

«Şahyr, öz döwrüniň gözi, gulagydyr» diýlen pelsepe Kerim şahyryň şygryýet dünýäsine diýseň bap gelýär. Ol her bir şygry öz wagtynda, okyjynyň şahyryň şol sözi aýdaryna tüýs garaşýan wagty ýazmagy başarýardy.

Siz Kerim şahyryň «Ýazmasy agyr düşen goşgy», «Döwür şeýle, döwür», «Ýaşlyk dramasy», «Maşgala basan şahyryň elegiýasy», «Biziň işimiz» ýaly, ýüzlerçe ajaýyp goşgularyny ýene-de bir gezek okap görüň: olarda kalbyňy heýjana salýan durmuş epizodlaryny öz başyňyzdan geçiren ýaly bolarsyňyz.

Şu günler käbir şahyrlar hamana totalitar düzgün döwründe, Kommunistik ideologiýanyň höküm süren döwründe durmuşyň nogsanlyklary barada ýazmaga rugsat berilmändiginden zeýrenişen bolýarlar. Hakykat-da welin, hakyky zehin haýsydyr bir düzgünlerden heder edip durmaýar. Beýik Magtymguly «Şalar adyl bolmaz, daglar dumansyz», «Orramsydan bolan haram-hor begler, Ýurdy bir ýanyndan ýyka başlady» diýýän wagty şol döwrüň gadaganlyklaryndan birjik-de heder etmän, durmuş hakykatyny ýazýardy. Ol bu pikiri sadalyk bilen belent derejä ýetirip aýtmagy başarypdy.

Kerim şahyr «Ýazmasy agyr düşen goşgy», «Maşyn, maşyn, maşyn», «Plan dolmaly, plan», «Biziň işimiz» ýaly ajaýyp şygyrlaryny totalitar düzgün döwründe türkmende milli ahlak

gymmatlyklarynyň ýitip ugran mahallarynda ýangynlyk bilen ýazypdy.

Kerim şahyryň şygryýet dünýäsiniň belentligi diňe bir öz wagtynda aýdylanlygy, şeýdibem okyjynyň kalbyny şahyrana duýgular bilen joşduranlygy bilen çäklenmeýär. Eserleriniň pähim-paýhas geriminiň giňligi, aýdyljak bolunýan pikiriň many-mazmunynyň täze-terligi, çuňlugy, ilkinji bolup aýdylýanlygy, şygyrlaryň diliniň biçak halkylygy Kerim şahyry biziň milli poeziýamyzyň ölmez-ýitmez şahsyýetine öwürdi.

Kerim şahyry şu döwrüň ýekeje şahyry bilen çalşyrjak gümanyň ýok. Onuň pikir açyş stili, şunluk-da tüýs türkmen şahyry bolup aýdyşy käte Magtymgula, Keminä, kätelerem Mollanepese, Mätäja çalym edýän ýalydyr. Emma ol Kerim şahyr bolup aýdýandyr. Sungatda öz ýüz-keşbiňi, öz ýoluňy, öz stiliňi tapmak beýiklikden nyşandyr.

Men Kerim şahyryň ajaýyp poemalary hakda pikir ýöredip oturmagy makul tapmadym. Sebabi, olar hakda ençeme kitaplar, makalalar ýazyldy, doktorlyk, kandidatlyk dissertasiýalary goraldy. Ýöne, her niçik-de bolsa, Kerim şahyryň şahyrana ussatlygy onuň poeziýasynyň şahyrana gerimi, halkylygy... açylman galdy. Bu poemalar diňe bir wakalarynyň täsirliligi, sýužetiň mäkämligi bilen däl, eýsem-de bolsa, ynsan häsiýetiniň täsin gözelliklerini iňňän çeper beýan edýänligi bilen biziň edebiýatymyza ebedilik girdiler.

Elbetde, biz muny näçe isleýänem bolsak, Kerim şahyryň şahyrana ussatlygynyň syryny öz derejesinde hiç haçanam açyp bilmeris. Onuň şygyrlarynyň jadylaýjy güýjüniň nädip bu derejelere ýetişini nädip düşündirjek?!

Emma bir zat welin bellidi: Kerim şahyr biçak şahyrana şahsdy. Şahyranalyk diňe bir onuň şygyrlarynda däl, adaty sözlerinde-de edim-gylymynda-da, dostana gatnaşyklarynda-da, hatda geýnişin-de, ýöreýşinde-de... bardy.

Ol gündogar, rus, ýewropa, dünýä edebiýatyny ilik-duwme bilýän adamdy: Siz onuň «Dostluk çemeni» atly terjimeler kitabyny okap görüň: şahyryň dunýä edebiýatynyň genji-haznalaryny diňe bir okap oňaýman, çuňňur öwrenenligine göz ýetirersiňiz.

Çuňňur analitik akylly, biçak sowatly, durmuş tejribeli adamdygy Kerim şahyryň her bir söhbetinde aç-açan görner durardy. Şahyryň «Tomus ýazgylaryny», «Güýz ýazgylaryny» okap çyksaňyz munuň şeýledigini aňryýany bilen aňarsyňyz.

Ol hemişe şygyr bilen sözleşýärdi, şygyr bilen degişýärdi.

Bir gezek uniwersitetde ekzamen berýärkä Kerim şahyryň biletine G.Seýitliýewiň uruş döwri ýazylan «Pogonly gyz» goşgusy düşüpdir. Geň galmaly ýeri Kerim şahyr şol goşgyny okamanam ekeni. «Okamadym» diýäýse-hä gülki döretjek. «Okadym» diýse-de ýalançy boljak. Kerim şahyr nädendir öýdýäňiz?! Bilet çekip oturan ýerinde «Pogonly gyz» diýen goşgyny ýazypdyr-da, güzledip okap beripdir.

Ekzamenatorlar bir-birleriniň ýüzlerine çiňerilişipdirler. Ahyram olaryň biri:

– Ýoldaş, Gurbannepesow, biziň okan «Pogonly gyzymyzda-ha» beýle bentler ýok ýalydy – diýip, ynamsyz gürläpdir.

– Maňa-ha bu goşgyny şahyryň özi okap beripdi, şol wagtyň özünde-de ýat tutupdym. Soň kem-käs üýtgeden bolsa, bilemok.

Şahyr ekzamenden «bäşlik» bilen geçipdir. Kerim şahyryň kalbynyň hemişe şygyr bilen joşup duranlygyny özümem telim gezek görüpdim.

Şeýle bir waka bolsa, anyk ýadymda galypdyr. 1975-nji ýylyň mart aýynyň başydy. Aşgabat baharynyň şahyr göwni ýaly joşup duran mahalydy. Giç öýlänler Kerim şahyr redaksiýamyza geldi: Egni tämiz ak kostýum-jalbarly, ak köwüşli, ýüz-gözleri joşgun bilen gülüp dur. Gele-gelmäne:

– «Ýaşkomçy» gelin-gyzlary hemmeden öňürti bahar baýramlary bilen gutlap geçeýin diýip sowulaýdym – diýdi.

Ol mahallar «Ýaş kommunist» gazetiniň redaksiýasy şindiki Sahy Jepbarow köçesiniň ugrunda, köne poligrafkombinatyň howlusynda ýerleşýärdi. Kerim şahyryň ýaşaýan jaýy redaksiýadan sähelçe ilerräkdedi. Şahyr geçende-ötende häli-şindi redaksiýa sowlup, çaý içip, ýaş kärdeşleri bilen degşip-gülşüp giderdi.

Hemişekilerimiz ýaly, şahyry gadyrly garşy aldyk, öňünde çaý-süýji goýduk.


enedilim.com

Şol ýyl mart aýynyň başyndan başlap komsomol agzalarynyň agzalyk biletleri çalşyrylyp başlanypdy. «Ýaş kommunistiň» nobatdaky sany tutuşlygyna diýen ýaly şol waka bagyşlanypdy. Gazetiň birinji sahypasynda goly komsomol biletli owadan gyzyň suraty berilýärdi. Tegelek ýüzli, ýogyn saçly, buýsanç bilen uzaklara seredip duran gyz diýseň gözeldi.

– Şahyr, siz uly toýuň üstüne geldiňiz, toýa bolsa, sowgatsyz gelinmeýär. Ynha, şu gyza goşgy goşup ber, gazetimiziň ertirki sanynda çap etjek. Şol goşgam siziň ýaşlara sowgadyňyz bolar – diýdim.

Şahyr gyzyň suratyna haýran galyp seretdi-de biziň ýuzümize soragly nazaryny aýlady.

– Redaksiýada işleýänleriň deň ýarysy ýaş şahyr, şunuň ýaly ajaýyp gyzyň keşbini görübem joşup bilmediňizmi?!

– Herimiz bir bent ýazdygam weli, göwnümizden turanok.

– Weý-weý, heý-de munuň ýaly owadan gyza-da göwnüňden turmaýan goşgy goşup bormy?! Hany, äber, galam-kagyzyňy!

Kerim şahyr ýüzugra birnäçe setir ýazdy-da, maňa uzatdy.

– Me, ýoldaş redaktor, saňa sowgat.

Men şahyryň beren degişme goşgusyny okap ýetişmänkäm, ol ikinjisini öňüme süýşürdi.

– Me, ýoldaş Diwangulyýew, bu-da saňa ýadygärlik.

Degişme goşgyny okap, gülüşip otyrkak, ol üçünji goşgyny öňümize süýşürdi-de:

– Indi biraz ümsüm oturyň, häzir gazete gitmeli goşgyny ýazýan – diýdi.

Kerim şahyr suratdaky gyza guwanç bilen seretdi-de, ýapyrylyp, çep eli bilen kagyza çalt-çaltdan bir zatlary ýazdy. Soňra okap çykyp, birki sözüni düzetdi.

– Alyň, ynha, size şahyrdan sowgat.

Goşgyny okap, ondaky setirleriň bir käse çaý içim salymda dünýä inişine, bu gudratyň hut öz gözümiziň öňünde bolup geçişine haýranlar galdyk.

Şu kitabyň soňky bölüminde çap edilýänligi üçin men şahyryň şol goşgy setirlerini bu ýerde getiribem durmadym.

Kerim şahyryň goşgy, kitap çap etdirişi-de diýseň täsindi.



enedilim.com

Gazetde çykýan goşgularyny sahypada hökman özi okardy. Goşgularynyň sözbaşylarynyň ýygylyşyna, beýitleriň ýerleşdirilişine aýratyn üns bererdi.

Bu babatda ol diňe bir öz goşgular toplumynyň däl, Atamyrat Atabaýew, Nobatguly Rejebow, Gurbanýaz Daşgynow, Amanmyrat Bugaýew ýaly ýaş zehinli şägirtleriniň goşgularynyň çap edilişine gözegçilik ederdi. «Ýaş kommunistiň» redaksiýasyna gelip, kä berekella, käte käýinç berip giderdi. Bu onuň ýaş şägirtlerine halypalyk sarpasydy, olar hakdaky atalyk aladasydy. Bu onuň redaktorlyk tejribesinden gelip çykýardy.

Kerim şahyryň öz kitaplaryny çapa taýýarlaýşy-da täsinlikdi. Ol kitapda haýsy goşgynyň yzyndan haýsy goşgynyň gitmelidigini özi kesgitlärdi. Olary bölümlere bölerdi, suratlaryna juda ünsli serederdi. «Menzil», «Ýedi ýaprak», «Düýn, şu gün» atly ajaýyp kitaplaryny şahyr öz eli bilen taýýarlapdy.

Eliňizdäki «Oýlanma baýry» atly kitap taýýarlananda-da, Kerim şahyryň kitaby çapa taýýarlaýyş tärlerine mümkingadar eýeriljek bolundy. Bu kitaba şahyryň «Menzil» kitaby esas edilip alyndy.

Öz döwrüniň talaplaryna, kommunistik ideologik matlaplara görä ýazylandygy üçin şahyryň «Kyrk», «Ynsan bilen ynsap» atly poemalaryny şu kitapda bermegi makul bilmedik. Elbetde, bu ýagdaý şahyryň bu eserleriniň gowşak ýazylandygyny ýa-da okyjynyň talaplaryna jogap bermeýändigini asla aňlatmaýar. Biz diňe bu ajaýyp poemalary şahyryň eserleriniň akademik neşirlerinde çap etmegi makul tapdyk.

Kitapdan galdyrylan poemalara derek, bu ýygynda şahyryň «Ýürek poemasy», «Ogul», «Rubagy-poema» atly ajaýyp eserleri girizildi.

Kitabyň soňunda şahyryň şahsy arhiwinden tapylan, dost-ýarlaryna ýazyp beren goşgulary-da girizildi. Elbetde, olaryň köpüsini Kerim şahyr çap etmek üçin ýazmandyr. Şonuň üçin şol goşgularyň käbiri çap ederden gowşagrak çykan bolmagam mümkin. Emma şonda-da, olarda kämil ussadyň eli, şahyrana ýüregiň tirpildisi duýulýar.

Kitapda şahyryň dürli ýyllarda düşen suratlary, maşgala ag-


enedilim.com

zalarynyň suratlary ýerleşdirildi.

Bu kitabyň ajaýyp şahyr Kerim Gurbannepesowyň öz okyjylaryna tapylgysyz sowgat boljakdygyna şek-şübhe ýokdur.

*Hudaýberdi Diwangulyýew,*
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy.*


enedilim.com

# I

# ZÄHMET TOPRAGYM. EZIZ TOPRAGYM.

## Goşgularyma

Dünýäde Türkmenistan
Diýilýän ilim barka,
Ilerde Köpetdagym,
Gaýrada çölüm barka,
(Her haýsynda birje düýp
Arça ýa selin barka),
Bir çümmük söýgi barka,
Bir zerre bilim barka,
Dag ysly, sähra ysly,
Gül ysly dilim barka –
Siz biarzy bolmarsyňyz.

**Goşgy ilkinji gezek neşir edilýär.*

## Ýatlama

Ýaşym ýaňyrajyk otuzdan ötdi.
Men täze dünýäniň täze zürýädy.
Ýöne weli, dostlar, maňa-da ýetdi
Şol köne dünýäniň
birje şapbady.

...Başymyza kagyz papak geýişip,
Ýagyş ýagsa ylgaşardyk daşary.
«Saňa gyzyl, maňa ýaşyl» diýişip,
Paýlaşardyk giden älemgoşary.

Çybykdan at ýasap, kagyzdan gamak,
Özümiz hem gamak kimin ýüwrerdik.
«Garrry mama ekýär!» diýip kömelek,
At jylawyn
Könegala öwrerdik.

Atam bir gün çagyrdy-da ýanyna,
Salgy berdi ýorunjaly bir peli.
Diýdi: «At çapyşyň ýarýar janyma,
Hany, ot ýygşyňam synap göreli!»

Ýitije oragym elime alyp,
Egnime-de atyp akja torbany,
Gyratyň bykynna bir gamçy çalyp,
Tozana garypdym bütin obany.

Orajygmy emelsizje oýnadyp,
Ýorunjany gyrçyldadyp kesýärkäm,
Tirkeş-tirkeş goýuşyma syn edip,
Kinniwanja dessejikler ýasýarkam,

Gökje-gökje, zire-zire güllerden
Aýagyma zerrejikler gaçýardy.

Ýüzlerçe kebelek ýüzlerçe ýerden
Ýüzlerçe gülleri ogşap gaçýardy.

Dykalap-dykalap, agzyny bogup,
Torbajygymy egne atan badyma,
Gulagmyň düýbüne bir şapbat degip,
Özümden gidenim düşýär ýadyma.

Tenimi parçalan ol gara penjäň
Eýesi
Kimdigin bilebilmändim.
Ortasynda gök pürçükli ýorunjaň
Ýüzin ýazlyp, gaýdyp galabilmändim...

Ýer-suw paýlananda bize ýetenmiş
Şol meni uranyň ýorunja peli.
Janajygna meň ýakamdan tutanmyş
Onuň gan dökmäge öwrenen eli.

Ýaşym ýaňyrajyk otuzdan ötdi.
Men täze dünýäniň täze zürýady.
Ýöne weli, dostlar, maňa-da ýetdi
Şol biweç dünýäniň
soňky şapbady.

## Zähmet

Zähmet hakda kän setirler ýazypdym,
Zähmet meniň durmuşdaky şygarym.
Zähmet hakda ýene bir söz aýtmasam
Hiç ýetmedi kararym.

Babamyň babasyn öldüren zähmet,
Babamyň özünem öldüren zähmet.

Müň gezek agladyp atam pahyry,
Ömründe bir gezek güldüren zähmet.

Ajal töweregne guranda duzak,
Ýatypdyr geplemän, ýatypdyr uzak.
Iň soňky deminde: «Gidýän hoş galyň!»
Diýip, ýylgyranmyş ýekeje gezek.

Belki-de ol
ýatlap altmyş ýaşyny,
Ýatlap çeken gumun, ören daşyny,
Iň bolmanda, ölmezden öň bir gezek
Ýylgyrdandyr ýylgyrmadyk dişini.

Belki-de ol
şol ýylgyryp bakanda,
Seredendir ýyldyrymyň çakanna.
Öýüň tüýnüginden ýagtyny görüp,
Oýlanandyr ýagty günler hakynda.

Soralmandyr ýylgyrannyň sebäbin,
Özi bilen äkidipdir jogabyn.
Ýene şol jogabyň gapdaly bilen
Äkidipdir altmyş ýylyň azabyn...

Ondan bäri döwür-döwran üýtgeşip,
Toprak, dünýa, ynsan,
zaman uýtgeşip,
Şol toprakda çekýän zähmetimiz-de
Boldy ähli zähmetlerden üýtgeşik.

Indi güýjümize güýç goşýan-da şol
Islese ýer ýaryp, dag deşýände şol.
Umyt, ynanç, mähir, muhabbet bilen
Ýag bilen süýt ýaly goşluşýan-da şol.


enedilim.com

Indi zähmetimiň hili başgadyr,
Indi zähmetimiň ýoly başgadyr...
Ynsany haýwana dönderen zahmet
Indi bizden ýarym asyr daşdadyr.

Dünýä ýeter ol miweleň lezzeti
Ol miweler – zähmetimiň hezzeti
Şonda-da öz adyn üýtgetmän çykar
Watanymyň «Zähmet» diýen gazeti.

Babalaň zähmeti – zähmete – mähnet,
Biziň zähmetimiz – zähmete – rehnet.
Iki dürli zähmet gördük dünýäde,
Ös, Watan, üçünji zähmete-de ýet.

Isläniňçe işle, isläniňçe geý,
Öz çeken zähmetiň miwesinden doý,
Babalaryň çeken zähmetine-de
Nesilleň adyndan ýadygärlik goý!

Üstümizden milýon ýyllar geçse-de,
Zähmet bolar durmuşdaky şygarym.
Zähmet bolar ýaşlygymda mydarym,
Zähmet bolar
                    gojalykda kararym.

**Goşgy gysgaldylyp alyndy.*

## Toprak

Zähmetkeş topragym, eziz topragym,
Waspyňy az edýäs heniz, topragym.
Biziň ýaly ýedi sagat işlemän,
Zähmet çekýäň gije-gündiz, topragym.

Öz teninden eşret ýasýan topragym,
Seniň arkaň gije-gündiz derläp dur.

Säher-säher turup gyzlar-gelinler
Açan bägüllerňe seýle gelerler.
Bägül gyzlaň ýygan bägülniň gadryn
Meňki ýaly bägül ýurtda bilerler.

Öz teninden bägül ýasýan topragym,
Seniň arkaň gije-gündiz derläp dur.

Saňa garap başyn egýär gozalar,
Güýz geçdikçe ol gozalar azalar.
Bäsdeş gyzlar bilen bäsdeş ýigitler
Bälçirände güýz günleri ýaz bolar.

Öz teninden pagta ýasýan topragym,
Seniň arkaň gije-gündiz derläp dur.

Döwek maşynlary hatarma-hatar,
Kerwenleň hatary ondan-da beter.
«Düýnki aç halk indi nädip ýör!» diýip
Aňkaryp dur Gündogara Günbatar.

Öz teninden çörek ýasýan topragym,
Seniň arkaň gije-gündiz derläp dur.

Derýalar hem seniň teniň dälmidir?
Içi doly parohoddyr, gämidir.
«Bu nä gudrat işdir, suwdan ot çykar?»
Diýsek-de, öň ony gören bamydyr.

Öz teninden ot ýasaýan topragym,
Seniň arkaň gije-gündiz derläp dur.

Senden medet alyp, saňa seredip,
Teniňden reňk alyp, ýene ýöredik.
Dogrusy, aslynda döränmizde-de
Ýyldyzdan gaçmadyk, senden döredik.

Öz teninden adam ýasan topragym,
Seniň arkaň gije-gündiz derläp dur.

Sen biziň enemiz, biz seniň balaň,
Ýerde çüýremezmiş topragy sylan.
Säher bilen turup, iň ilki saňa,
Onsoň enemize berýäris salam.

Sen topraga ene diýýän ogullaň
Ýagyrnysy seňki ýaly derläp dur.

## Daglar we adamlar

Endam-janyn asyr dişän daglara –
Iň azyndan milliard ýaşan daglara
Garry diýmän, ýaş diýmegmiz nämeden?
Emma welin ellä ýeten adama –
Ýaňy aýny pellä ýeten adama
«Garry» diýip at goýmagmyz nämeden?

Ömürlik ýaş dünýä döredýän adam,
Asyrlaň düýbüne seredýän adam
Milliard ýyl geçse-de ýigit dälmişmi?
Şeýle adamlaryň öňünde bu gün,
Şeýle ýigitleriň deňinde bu gün
Ojagaz ýaş daglar çigit dälmişmi?

## At dakylmadyk gahrymanlar

Orta boýly, alçak agam
Öz dulunda ölmedi.
Bu wagta çen ýedi, sekiz,
On...
        perzentli boljak agam
Gitdi, gaýdyp gelmedi.
Gitdi şeýdip
                milýon-milýon
Atalardyr agalar.
Ine şeýdip önmän galdy
Ýene-de bir şonça milýon,
Ýene-de bir şonça milýon
Dünýa injek çagalar.

Käte-käte dürli oýlar
Hemra bolýar adama:
Düňýä injek şol çagalar
Düşdi şu gün ýadyma.

Şu setirlem şolar üçin
Bolsun – diýýän – ýadygär.
Olar atsyz bolsalar-da,
Ol ezizleň ady bar.

## Ýeňiş

Ýanwardamy,
Apreldemi,
Maýdamy,
Ýa başga aýdamy – gelerkäň haçan?
Çözülýänçä bu sowalyň jogaby,
Milýon ömürleri äkitdi ajal.

Garaşdyk biz Saňa gözümiz ýolda...
Emma weli Saňa garaşmak diýmek
Söýgüli bir gyza garaşýan ýaly
Erik saýasynda ah çekmek, köýmek
Däldi. Oňa görä has uly zatdy,
Garaşypdyk Saňa göreşler bilen.
Ol göreşleň niçik göreşdigini
Diňe garaşan däl,
Göreşen biler.

Garaşmak, göreşmek – bu iki dogan
Biri arzuw berdi, birisi ynam.
Şol iki doganyň bolan ýerinde
Mydam bola-bola gelýänsiň Senem.

Ahyry biziňki bolmalydyň Sen.
Şeýle boljakdygam anykdy juda.
Ýöne weli näçe pida çekmeli,
Näçe gerçeklerden düşmeli jyda?
Şonuň anygyny bilemzokdyk biz.
Öňünden çözerden kyndy bu sowal.

Emma weli näçe pida çekseк-de,
Biziň ýelkenmize urýardy şemal.

Arzuwdan, ynamdan dörän şol şemal
Urýardy ýelkene. Dolýardy ýelken.
Şoň ýaly şemalyň bolan ýerinde
Diňe
        ilerligne gidiljek eken.
Ölmedikler
                Seni gazanyp geldi,
Gelmedikler
                Seni gazanyp öldi.
Şeýdip Sen ahyry biziňki bolduň...
Diýmek bir hakykat meň üçin belli:

Ömür – adam üçin gymmat zat. Emma
Ölüm hem gerek zat islände döwür.
Ölümsiz göreş ýok,
Göreşsiz Sen ýok,
Sensiz bolsa
kime gerekmiş Ömür.

**Goşgy gysgaldylyp alyndy.*

## Adamyň kasamy

Dünýäniň ýüzünde gözeller köpdür.
Emma bir gözel bar:
Saçlary – tokaý.
Gözleri – okean
Lebinden öpseň,
Mähriniň gyzgyny
Lebleriň ýakar.

Onuň saçlaryndan bir gezek öpseň,
Dünýäň ýüzündaki ähli agaçlar –
Dublar, garagaçlar,
Narlar, alçalar...
Hemmesi-de birden
Ysyny saçar.

Onuň gözlerine bir gezek baksaň,
Dünýäň ýüzündäki ähli derýalar –
Wolgalar, Dunaýlar,
Amyderýalar Seni götergiläp,
Alyp barýarlar.

Onuň aşygy men dogalym bäri.
Men onuň aklyna, mährine aşyk,

Görmedik görgim ýok onuň ugrunda.
Moskwadan ugrap, Berline aşyp,

Men onuň namysyn gorap sakladym,
Goradym men ony otdan, ýalyndan.
Käteler ol meniň golumdan çekdi,
Deryalar hem seniň teniň dälmidir?

Goradym men ony gülleden, okdan,
Oňa degjek oka bagrymy tutdum.
Bagrymdan geçensoň sogrup aldym-da,
«Indi ýygnaý!» diýip öňüne atdym.

Olam ýylgyrdy-da ýygnady oky.
Dört ýylda ýygnandy şeýle bir köp ok.
Ol diýdi: «Bulary eredäýseň sen,
Milýon çekiç, milýon traktor çykjak».

...Okuň sesi ýatdy.
Men öýe gaýtdym.
Oklardan ýasandym müň milýon orak.
Ýene-de ýasandym müň milýon çekiç,
Soň sährany söküp çöllere çykyp,
Çöllerden ugradym daglara tarap.

Perhat Şirin diýip dag ýaran bolsa,
Menem onuň üçin daglary ýardym.
Emma diňe ýaryp oňaýmadym men,
Men dagy owratdym,
Gum bilen gardym.

Onsoň men olardan kerpiç ýasadym.
Kerpiçlerden bolsa jaý gurdum gat-gat.
Diýdim: «Mähribanym, dynjyň al indi,
Gündiziň parahat! Gijäň rahat!»

Şondan bäri ony besläp ýörün men,
Ynha, şu günlerem
şol besläp ýörşüm...
...Emma bir ýerlerde däri ysy bar,
Ýene bir ýerlerde ereýär gurşun.

Ýene ol gözele wehim abanýar.
Ýene mahal-mahal howsalaly men.
«Meniň Ýerjemalym parahat bolsun!»
Diýip, garşylaýan her bir ýyly men.

Bagrym badaşykly ol gözel bile,
Ol bolmasa – men ýok,
Men bolmasam ol.
Eziz Ýerjemalym – mähriban Ýerim,
Ýene aşygyňdan
şeýle KASAM al:

Sen bir zady gömmekligi ynansaň –
Men ol zady göwräm bile gömerin.
Sen bir zady dymmaklygy ynansaň –
Agzym, burnum, hamym bile dymaryn.

Seni gorap ýörkäm sataşsa bir ot –
Men ol oda göwräm bile uraryn.
Ot meni ýandyrmaz. Ýandyraýsa-da,
Ot içinde baýdak bolup duraryn.

Ýykylman duraryn. Lowlar duraryn.
Birden öläýsem-de ýetip ajalym,
Meniň Senden gaçyp gitjek ýerim ýok –
Ýene ýatjak ýerim
mele gujagyň.

## Ömrümde bir gezek ýalan sözledim

*Köne soldatyň öýünde.*

Ömrümde bir gezek ýalan sözledim,
Bagyşla, köşegim, bagyşla meni.
Nädip aldamaýyn, saňa dözmedim.
Durmuşda hemme zat bolýan ekeni.

...Onda ýaşajykdyň. Dil bitip ýaňy,
Zordan ony-muny sorap bilýärdiň.
Biri bir zat diýse, eje-kakaňy
Gygyryp, gapydan aglap gelýärdiň.

Derrewem öýkäňi ýatdan çykaryp,
Boýuma-boýuma bökerdiň ýene.
Oýunjaklaň baryn gapdan çykaryp,
Üýşürip öňüme dökerdiň ýene.

Men-de çagalygmy ýadyma salyp,
Bileje oýnardym oýunjaklarňy.
Kiçijik «möjegi» elime alyp,
Kowalan bolardym «goýunjyklarňy».

Ejeň hem «güjügiň» böwrüne urup,
«Möjegiň» üstüne topuldyrardy.
Biziň bu oýnumyz göwnüňden turup,
Seni jak-jakladyp, köp güldürerdi.

Ümbilmez çagadyň. Bütin dünýäni
Suw-sil alaýsa-da habaryň ýokdy –
Seň bagtyň üstünde turýan gowgany
Saýgarara aklyň ýetişenokdy.

Şonda meýletinlik lybasym geýip,
Wagona münemde Aşgabadymdan,
«Kaka, kaka, nirä gidýärsiň?» diýip,
Gözleriň sykanyň çykmaz ýadymdan.

Seni köşeşdirmäň alajyn tapman,
«Daýyňlara!» diýip, aldapdym şonda.
Gol bulap galaňda gözleriň gyrpman,
Wagondan posalar ýollapdym şonda.

Aşgabatdan gidip Berline çenli,
Ýeňiş bilen gaýdyp geldim sag-aman...
Ne şo güne, ne-de şu güne çenli –
Adam oglun ýeke gezek aldaman,

Aldapdym şo gezek, aldapdym seni.
Bagyşla, köşegim,
Bagyşla meni!

*1965*

## "A"

*Ilkinji mugallymym*
*Nurýagdy Agaýewe.*

35-nji ýyl. Sentýabryň 1-i.
Güýzüň ilki güni. Iň ajap pasyl.
Ýadymdan çykanok henize çenli,
Soňky deme çenli çykmazam asyl.

Mekdebiň deregne – kiçijik kepbe,
Partanyň deregne – ýasama stol.
Her stol başynda – dört sany çaga,
(Käbirinde bäş hem bolmagy ahmal).

Her çagaň elinde –
Ýönekeý galam,
Her çagaň öňünde –
Suratly «Harplyk».
Göýä özümiz hem harplaň oňünde
Düzülşip oturan düşnüksiz-harpdyk.

Harp bizi tananok, biz bolsa harpy,
Harp bize seredýär, biz bolsa harpa...
Onýança-da birden garaja kepbäň
Gyzylja gapysy açyldy jarka.

Ätledi gapydan bir uly adam.
(Ýaşyny hasaplap otursam indi,
Uly bolup görnen şol uly adam
On ýedä-de ýetmän ekeni şindi).

«Salam!» diýip, ýüzümize seretdi.
Biz bolsa hiç zady görmedik çaga,
Ne-hä jogap berdik, ne-de gozgandyk.
Göýä bakan ýaly ullakan daga,
Hemmämiz aňkaryp ýüzüne bakdyk.
(Ýyljyraklap bize seredýär olam).
Öňümizde bolsa –
Suratly «Harplyk».
Ýene-de üç depder,
Ýene bir galam...

Ilkinji salamy şondan öwrendik.
Salamy ozalam bilýärdik weli,
Salam diýen sözüň uly manysyn
Ilki öwredipdi mugallym dili.

Ilkinji edebi şondan öwrendik.
Edebi ozalam bilýärdik weli,

Edep diýen zadyň uly manysyn
Has aýdyň edipdi mugallym dili.

Ilkinji «A» harpyn şondan öwrendik.
«A» harpyn ozalam bilýärdik weli,
«A» diýen harpdan soň «B»-niň bardygyn
Ilki owredipdi mugallym dili.

Watanyň başyna iş düşen güni,
Moskwaň üstüne çekende bulut –
Biz üçin ilkinji boluşy ýaly,
Ýene-de gitdi ol ilkinji bolup.

Gidişi, gidişi –
Gelmedi gaýdyp...
Ýaşyny hasaplap otursam indi,
Onunjy klasly Nazar oglumyň
Ýaşyna-da ýetmän ekeni şindi...

* * *

Aýagymy diräp ýeriň şaryna
Elimde göterýän günüň şaryny.

E. Meželaýtis

Aýagymy diräp ýeriň- gerşine,
Elimi uzatdym Günüň kirşine.
Üç-dört gezek zaňňyrdadyp goýberdim.
Dünýäň ýüzi owaz boldy durşuna.

Günden Ýere çenli uzalan tarlar
Şu sözi dyngysyz gaýtalaýarlar:

Diňle sen, diňle,
Eý adam ogly.

Bizi çalmagam
Özüňe bagly,
Bizi ýolmagam
Özüňe bagly.

Bir tarapymyz
Günüň elinde,
Bir tarapymyz
Seniň eliňde,

Altyn tegelek
Günli tarapym
Giden «kömelek»
Senli tarapym.

Kömelekleri
Kaklap bilmeseň,
Göbegin ýolup
Oklap bilmeseň,

Beren süýdünden
Ýerem närazy,
Beren nurundan
Günem närazy!..

Ýerden Güne çenli uzalan tarlar
Şu sözi dyngysyz gaýtalaýarlar.

## Ýaýlaklary bar

*Sapar edip barsak Nuha mülküne*
*Köňül isläni dek ýaýlaklary bar*
*Seýran etsek gunçasyna, gülüne*
*Bakjasynda bilbil oýnahlary bar.*

Magtymguly

Keşt eýleseň Garagumuň iline,
Çetili, çerkezli ýaýlaklary bar.
Gujaklasaň eliň ýetmez biline,
Gojaman-gojaman sazaklary bar.

Güneýleri bardyr ýaşyl ýylakly,
Çopanlary bardyr egri taýakly,
Çoluklary bardyr ýeňil aýakly,
Ýanlarynda azyk-suwluklary bar,

Eýläk atyp Garagumuň gyşyny,
Ýazlag wagty görseň çopan goşuny,
Gözel gyzlaň garanjaklap daşyny,
Maşyn bilen «ýanlyk ýaýmaklary» bar.

Otlar örer, dyza ýeter, mal doýar,
Gelinleri ýaşyl geýer, al geýer,
Suwsap barsaň küýze egip, çal guýar,
Ellerinde haşam çanaklary bar.

Hümmet kändir goýunlarnyň ýüňünde,
Sur bagana – altyn-kümüş deňinde,
Geçileri gezer süriň öňünde,
Üçemli-dördemli owlaklary bar.

Wasp eder men çölde döwlet tapany,
Zähmet bilen egne serpaý ýapany,


enedilim.com

Hormatlydyr bu zamanyň çopany,
Pereňden, hindiden... gonaklary bar.

Bir-birine gyrpan bolup gözüni,
Ýaňlandyryp ähli türkmen düzüni,
«Çopanlara meýlis haram» sözüni
Ýaňsa alyp, dutar çalmaklary bar.

Säher-säher gadam urup ýoluňa,
Hataryňy gaýym guşap biliňe,
Timar berip çyksaň goşaniliňe.
Marally, towşanly awlaklary bar.

Eliňi gözüňe kölgeläp daşdan,
Jeýhun tarapyňa seretseň goşdan,
Kanal süýşüp gelýär, ýuwaş-ýuwaşdan,
Kenarynda gyzyl baýdaklary bar.

## Ýazgül hakynda oçerk

*Garabekewülli gyz Ýazgül Ýagmyrowa her günde çärýek tonna pagta ýygýar.*

Gazetlerden

I

Ynanmadym bir bada, «syry» bardyr öýütdim,
Seň ýanyňa ýörite
Aşgabatdan gaýytdym.
Gujak açan badyna Seýdiniň doglan ýeri,
Çogup çykdy mekdepden obanyň oglanlary.
Durup-durup synladym guwandym boýlaryna,
Rozyjyk hezil berdi ýetýänçä öýlerine.

«Ýazgülüň uçastogy nirede?» diýsem oňa,
«Nowruzlaň ýanda!» diýip, jogap gaýtarýar maňa.
«Nowruzlaryň oýüni nädip tapaýyn» diýsem,
«Ýasliň ýanynda» diýip, içimi ýakýar eýsem.

«Ýaslini tapýan adam sorarmydy Ýazgüli,
Nowruzlaram, ýaslinem bilemok!» dýýýän weli,
«Şonam bileňok» diýip, jykyrdap gülýär gaýta,
Ahyry eýdip-beýdip, çintgeläp gaýta-gaýta,
Tapdym seniň ýanyňa gidilýän uly ýoly,
Ýol boýy-da öz-özüm ýylgyrdym çaga ýaly...

Ýasliniň gapdalynda düşürip günortany,
Ahyry tapdym seniň gunduz ýaly kartaňy.
Müňläp ýerden ýylgyryp, garşylanda baglygyň,
Gök tutlugyň içinden çagyrdy al ýaglygyň.

Birden büküdip barýan fartukly pyýadany
Gördüm-de, sakga durdum. Çiglik gitdi göwnüme.
Diýdim: «Belki, şu adam ýygyşýandyr pagtany!»
Ýene bir çigin düşdi müňkürligmiň düwnüne.

Ýöredim ýuwaş-ýuwaş, sen tarapa ýöredim,
Ýaňky adamy tanap, ýene mum dek eredim.
Görsem, bu-la özüm dek habarçy-müňkür eken.
Muny hem idip şol «gara» pikir eken.

Diýdi: «Güýmemäweri, kyn işe goşdum başym,
Ümüş-tamyşdan bäri şol ýük daşap ýorüşim,
«Ýazgülden başga adam girmesin pele diýip,
Fartuklaryn daşaýyn gerdenim bile» – diýip,
Prawlenýaň öňünde ýaka ýyrtyp söz berdim...
Hawa... Ilki, başlamda, maşyn ýaly ezberdim.
Ynha öýleden bäri, eger ynansaň gepe,
Daşap ýetişip bilmän, masgara bolýan, şepe!
Müňkürlik gurap galsyn! Seret edýän işime!

Ynha hallanlap ýörün şol daňdanky gelşime».
Gulagna çen sümrüpdir sypal panamasyny,
Tutuş pamyk bolup dur depesiniň gasyny.
Dodaklary kepäp dur gany sorulan ýaly.
Irden syran sakgalam öňňun syrylan ýaly.

Kärdeşimiň naýynjar burlup durşun göremde.
Degirmenden çykan dek kümüş gerşin göremde,
Golaý-golaý ýanyna süýşen bolup has içgin,
Ganyn gyzdyrjak bolup, bälçiredim bilgeşlin.
Diýdim: «Berýän peýdaňdan köp ýaly-la zyýanyň,
Tutuşlygna pagta-la, gardaş jan, endam-janyň.
Ilki bilen üst-başyň pamygny bir çöpläli,
Näçe zyýan etdiňkäň şony bir hasaplaly!»

...Salam berip baramda, eý gyz, seniň ýanyňa,
Gabak-da galdyrmadyň habarçy myhmanyňa.
Ýerden syzyp çykýan dek jogap berdiň assaja,
Habarçylaň halyna ýylgyrsaň-da myssaja,
Ýylgyrşyňy ne-hä men, ne-de dostum aňşyrdy,
Diňe goňur gozalar jogap berip ýyrşardy.

Işläp ýören meýdanyň äpet bir howuz ýaly,
Pagtaň giden çöllüge dökülen owuz ýaly.
Sen ony çemçe bilen ýygsaň-da damjalap,
Biz ynha iki kişi sakgal murtumyz sallap,
Daşap ýetişip bilmän taýýar eden «aşyňy»,
Gaýta hondan bärsiräp, agyrdýarys başyňy.

II

Uzyn günlük zähmetiň miwesi synalanda,
Gapan «bilgijiň» ýanda «jüýjeler» sanalanda
Obaňyz çal ýorganyň gerşine bürenipdi,
Seniň pagtaňa meňzäp, ýyldyzlar görünipdi.


enedilim.com

Birek-birinden beter gürsülleşýär ýürekler...
Täzeguller, Almalar, Ogulbegler, Gerekler
Gyrçuw sakgal çekimçiň töweregin alyp dur,
Ýaňy dogan aý ýaly ýarym halka bolup dur.

Ýaňky iki goşguçam bloknotly, syýaly,
(Hawa, ýazmaly diýseň olar iki paý ýaly!)
Sypaldan telpeklerin jam ýaly tegeleşip,
Uçuklan dodaklaryn ýetişdigne ýalaşyp,
Içlerini gepledip, çekimçiniň daşynda,
Doňup durlar Ýazgülüň ganarlarnyň başynda,
«Näçe borka?» soragyn her kim berýär özüne.
Ganarlar-da gapana münýär yzly-yzyna.

Almanyň güli ýaly Almagül Anna gelýär,
Ganarlaryn süýşürip, gapanyň ýanna gelýär.
«Bir ýüz segsen» diýlende has ýagtylyp jemaly,
Akja dişi görünýär gozaň açylşy ýaly.

Oguldurdy gapana pagtasyny goýanda,
Çekimçi murtun towlap, «Bir-ýüz ýetmiş» diýende,
Ýazsoltan-da pagtasyn bärik-bärik süýşürýär,
Aksoltan-da ganaryň üst-üstüne üýşürýär
On bäş jora ýylgyryp, on bäş ýerden bakyp dur,
On bäş ýürek gürsüldäp, on bäş ýerden böküp dur.
Bu ýürekleň hemmesi seniň ýaryşdaşlaryň,
Bu ýürekleň hemmesi düýnki klasdaşlaryň.
Klasyňda sypdyrman her gün alýarkaň bäşlik,
(Okuwda-da, işde-de mydam bar-da bäsdeşlik!)
Olaň-da seň yzyňdaň ýetjek boluşy ýaly,
Häzir-de seň yzyňdan ýetmek olaň hyýaly.

«Ozallar bäşlik üçin göreşseler klasda,
Bu gün on bäşlik üçiň göreş gyzgynly has-da.
Garasaý, bir ýanynda hemişe bardyr bäşi!»
Diýip, loh-loh gülende goja çekimçi wäşi,

«Bu-da bäş!» diýýän ýaly, süýşürdiň bäş ganary.
(Bir günki ýygan pagtaň maýyrjak bir ineri!)

Çekimçimiz görende ganarlaryň bäşini,
Gözläberdi gapannyň has ketderäk daşyny.

«Iki ýüz kyrk» diýdi-de, ýylgyrdy Nazar aga –
Ýöne ygtyýar beriň onjasyn artdyrmaga!»
Diýip, synymdan çekip, ýagyrnymdan gujaklap,
Asyl yzyny üzmän gülüberdi jak-jaklap.
– Haw, adamlar, serediň munuň üsti-başyna,
«Saýawannyň» etegne, jübülerniň daşyna.
Şu pamyklaň hemmesin çöpleseň ýeke-ýeke,
Ana, size on kilo!
Joşup duran märeke
Agyzlaryn tutuşyp, assyryn pyňkyrşanda,
Ýaz güli dek açylyp, sen-de ýylgyrdyň şonda.

III

Hanha, ýene ilerden brigadir gelýär weli,
Ýanyndaky äýnekli şahyr bora çemeli.
Belki, ol-da gelýändir dogry seniň ýanyňa,
Hoş Ýazgül, rugsat ber, irizen myhmanyňa,
Ol hem müňkürlik edip, pagtaňy daşajakdyr,
Günorta ýetip-ýetmän ýeňsesin gaşajakdyr.
«Gardaş, kömekleş!» diýip, hökman ýakamdan tutar.
Mürehede ýakyndyr, ýükün arkama atar.
Indi men-ä düşündim çärýek tonnaň syryna,
Ynanç bilen ýüklenip müňkürligmiň ýerine.
Hoş, Ýazgül, rugsat ber, men yzyma gaýtmaly,
Gören zatlarym hakda görmedige aýtmaly.

Ýene täze ýeňişe äkitsin kolhoz ýoly,
Maňlaýyň-da ak bolsun öz ýygýan pagtaň ýaly.


enedilim.com

## Gara tüňçäniň başynda ak pagta bilen ak maral hakynda edilen gürrüň

Murgabyň kenarynda murgaply daýhan bilen
Bir tüňçe gök çaý içdik bir kesemen nan bilen.

Tüsse siňen gök çaýyň aýry bolýar lezzeti.
Ol ýene-de gaýnatdy, soň ýene-de demledi.

Ysly çaýyň başynda gyzyp gitdi gürrüňmiz.
Ýigit diýdi: «Meýdanda şeýdip geçýär her günmüz».

Ýaýlyp ýatyr çar ýana ak köýmetli kartalar,
Bu ýerlerden ysmanak çöpläpdirler atalar.

(Atam gürrüň bererdi bu topragyň taryhyn)
Indi weli bu ýerleň etmek üçin tarypyn,

Men-men diýen şahyrlar gelýär yzly-yzyna.
Olaň tapan sözlerin bagşy salyp sazyna,

Edil döwäýjek bolýar dutarynyň gapagyn...
Döwlet tapdym bu ýerden, ýene döwlet taparyn.

Açaýmanka noýabr suwdan doly ýumrugyn,
Boşadaryn pelleriň nurdan doly ýumrugyn.

Şol nurlaryň hemmesin tabşyraryn harmana.
Öýüm döner jennete, pulum döner harwara.

Watanymam baý bolar. Kolhozymam baý bolar.
Diňe şeýle bolanda meniň göwnüm jaý bolar.

«Bir «Žiguli» al!» diýýär meniň söýýän Maralym
Menem diýýän: «Entek bir pagtaň toýun guraýyn.

Wah, Maralym, Maralym, meni söýseň kaýyl men
Wertolýotam satylsa, äbermäge taýyn men!».

...Tüsse siňen gök çaýyň aýry bolýar lezzeti.
Ol ýene-de gaýnatdy, soň ýene-de demledi.

Soňra bolsa şo ýerde murgaply aşyk bilen
Atyşyp nahar iýdik ýekeje kaşyk bilen.

## Respublikam meniň

Ak pagtamyň adyna
Aksoltan daksam diýýän.
Sebäbi gyşyn-ýazyn
Pikrim Aksoltan meniň.
Gyşyna dyza çöküp,
Tomsuna näzin çekip,
Ýatsam, tursam, otursam
Yşkym şol jenan meniň.

«Ýere urdum paltany,
Agzy gyzyl haltany,
Ýerden bir oglan çykdy,
Ilime soltan meniň!»
Diýip, bugdaý hakynda.
Gürrüň bererdi atam,
Indi bugdaýdan beter
Ak pagtam soltan meniň.

Isleseň – bugdaý bolýar,
Isleseň – şeker bolýar,
Nämäniň adyn tutsaň,
Bolup dur pagtam meniň,
Gündogary – Jeýhunym,
Günbatary – Hazarym,


enedilim.com

Günortasy – Eregim,
Ägirtdir kartam meniň.

Elimde orak-çekiç,
Başymda şempa telpek,
Egnimde-de gyrmyz don,
Ordenli ýakam meniň.
Ordenleriň iň beýgi
Döşümde ýanyp durka,
Ýapyşan maksadyma
Ýetjegim hökman meniň.

Örän ullakan bolsa
Bu gun ýeten myradym,
Ertir ýetjek myradym
Hasam ullakan meniň.
Şu gun ýygan ak pagtam
Kaspa barabar bolsa,
Ertir ýygjak ak pagtam
Ýuwaş okean meniň.

Aksoltanym – ak pagtam
Ýeter Kaspiň boýuna,
Kaspi diýer: «Gelewer,
Ak ýüzli bikäm meniň.
Seniň ýaly ak gyza,
Kir-kimiri ýok gyza
Näçe asyrdan bäri
Garaşdy ýakam meniň!»

Şol gözeliň lebinden
Müňläp tonna nur sorup,
Bu gun lowurdap otyr
Respublikam meniň...

Million tonna pagtany
Goýup ägirt gapana,
Ýene-de süýnüp barýar
Ýyndam Swodkam meniň.

Şeýle şatlykly günde,
Şeýle şowhunly günde
Bagyşlansyn şowhunly
Ritorikam meniň.
Seni bu gün bagryma
Mäkäm gysasym gelýär,
Arman, ulurak bolýaň
Respublikam meniň.

## Oýun bilen çyn

*Gyrgyz bloknotyndan*

«Bäş ýüz sany derýamyz bar»
Diýdi bize gyrgyzlar.
«Iň bolmanda bir derýany
Bize beriň!» diýdik biz.
«Birini däl, onusyny
Alyň!» diýdi gyrgyzlar.
Aljak bolduk, aljak bolduk.
Çetindigin duýduk biz.

«Berdi aga goluň çyzga,
Äkideli birini,
Aman aga ýapyş senem
Bir kenardan!» diýdik biz.
Kän synandyk, hiç tapmadyk
Götermegiň tärini.
Ýene şeýdip derýalary
Öz ýerinde goýduk biz.


enedilim.com

«Bäş müň sany jülgämiz bar
Diýdi bize gyrgyzlar.
«Iň bolmanda bir julgäni
Bize beriň!» diýdik biz.
«Bir jülge däl, ýüz jülgäni
Berýäs!» diýdi gyrgyzlar.
Aljak bolduk,
                    kän dyrjaşdyk,
Kyndygyny duýduk biz.

«Anna Kowus beýdip durma,
Pälwan bolsaň – ber eli
Şäher Borjak, senem ýapyş.
Bir çetinden – diýdik biz.
Emma ýene tapylmady.
Götermegiň emeli.
Ýene şeýdip jülgeleri
Öz ýerinde goýduk biz.

Çingiz diýdi: «Berildimi –
Almalydyr sowgady,
Gyrgyzlaryň däbi şeýle.
Sypmarsyňyz beýdip siz!»
Berdi aga murtun sypap,
Diýdi: «Her bir myhmana
Munça sowgat paýlasaňyz,
Galaýmaň siz ädiksiz!»

Çingiz gülüp hezil etdi.
Hemmelerem gülüşdi.
On deryany, ýüz jülgäni
Goýup gaýtdyk şeýdip biz.
Almaly zat ynsan üçin
Yssy bora çemeli,
Anna diýdi: «Öýlermize
Boş bararys nädip biz?»

Bu zatlaryň bary oýun...
Çyny onsoň başlandy.
Şol derýalaň kenarynyň
Adamlaryn söýdük biz.
Ýüz kenarda dynç alyndy,
Ýüz kenarda düşlendi.
Gözellige tagzym edip,
Telpegmizi goýduk biz.

Telpegmizi goýduk weli,
Ýene telpek berdiler.
Sekiz türkmen sekiz ýerden
«Ak galpagy» geýdik biz.
Nirä barsak «tuyskan» diýip,
Gujaklaryn gerdiler.
Ýüz saçakdan gymyz içip,
«Bäşbarmagyn» iýdik biz.

Saçaklaryň degresinde
Poeziýa gepleşdi.
Her tost üçin goşgy okap,
Käsä şerap guýduk biz.
Emma käte, goşgy bilen
Proza-da sepleşdi:
«Hemme halklaň, dostlugyna
Götereliň!» diýdik biz.

Emma hiç kim ol sözlere
Prozadyr öýtmedi.
Bütin dünýäň geljeginiň
Şondadygyn duýduk biz.
Derýaň, jülgäň deregine
Dostluk bilen ýüklenip
Öýe geldik... Nirä gitsek
Gaýdyp gelýäs şeýdip biz.


enedilim.com

## Gyrgyz ýüregi

*Gyrgyz şahyry Guwançbek Mälikowa*

Aladagyň başy bolsa-da ala,
Gyrgyz ýüreginde görmedim ala.
Gyrgyz ýüreginiň päkizeligi
Ak gardan-da päkdir ýüzlerçe ýola.

Ýa-da ak garlar hem päkizeligi
Gyrgyz ýüreginden öwrendimikä?

Dereleň gujagy gözeldir-gözel,
Her otuň ýapragy tutuş bir gazal.
Eger bilen bolsam, iň gözel ýeri
Gyrgyz deresine deňärdim ozal.

Ýa-da dereler hem gözelligini
Gyrgyz ýüreginden öwrendimikä?

Gök otlukda gezip ýörmek ne hezil,
Köwşüň çyga ezip ýörmek ne hezil,
Çar ýanyňda garlar doňup ýatyrka,
Yssyk kölde ýüzüp ýörmek ne hezil.

Ýa-da Yssyk köl hem yssylygyny
Gyrgyz ýüreginden öwrendimikä?

**Goşgy gysgaldylyp alyndy.*

II

# ŞAHYRYŇ GÖZI

---

## Ýürek poemasy

*«Pylanynyň ýerinde bolan bolsam, köp zatlary düzederdim...» «Ýok, her haýsymyzyň öz ornumyzda näme iş edip biljekdigimiz hakynda oýlanmalydyrys.Men näme üçin doguldym? Adamyň bütin ömri şu soragyň jogabydyr.*

(Okyja hatdan)

Bir başyň bar, müň işiň bar dünýäde,
Müň şükür! Ýykylyp galmaýşyň besdir.
Baryna ýetmeli paýy-pyýada,
Tigirçek hökman däl –
Şu köwşüň besdir.

Bir köwşüň tozdumy – ýene bir köwüş,
Ikinji tozdumy – üçünjä çalyş,

Her bagy çözlende ýer bilen emiş,
Toprak ajykdyrmaz –
Şol aşyň besdir.

Ertir bolmaz ýaly dilleriň peltek,
Täze menzillere ýetmeli entek.
Duşsa-da ýoluňda müň dürli kötek,
Diýme: «Dynç gulagym,
Aç başym besdir!»

Haýwana mahsusdyr aç baş, dynç gulak,
Ynsana mahsus zat – döretmek, gurmak,
Döredilýän ýerde dynç almaz gursak,
Öň ene bagrynda
Dynç alşyň besdir.

Ýöremeli ýoluň gysgamy, uzak –
Durmak jenaýatdyr ýatýança ýürek.
Diýýärler: «Ýüregi aýamak gerek!»
Dogrudyr.
Ýöne öz aýaşyň besdir.

Ýürege girmezmiş ýüregin aýan,
Ýürek aýan – bermez iline peýan.
(Gapdalyňda barka bir tebip aýal –
Ýürek işlär.
Ýalňyz syrdaşyň besdir).

Näçe dartylsa-da kebzäňde damar,
Gözüň ejizligi bermesin habar,
Sagmyň ýa näsagmyň – işiňi oňar,
Başda adam bolup
Döreýşiň besdir.

Öz seçen kärini oňarsa her kim,
Ýarpy ýeňledermiş dünýäniň ýükün.


enedilim.com

Ýekeje hünäre ýöretseň höküm –
Iliňe bergidar bolmaýşyň besdir.

Sowal berdi student gyz Roza:
«Puşkin ýaly haçan ýazjak proza?»
Jogap berdim: «Ili goýman azara,
Goşgymy oňarsam,
Şol işim besdir!»

Ýene biri diýdi: «Misli, Pyragy,
Sözleň merjeninden döret bir dagy!»
Men diýdim: «O zatlar möçberňe bagly,
Dag däl,
Meniň üçin bir daşam besdir!»

Nanyňy
          goşgudan berse-de ykbal,
Goşgudan öň
                    adam bolmagyň hökman
Şygyr bilen uly ynsap birikmän –
Şahyr-da, ynsan-da bolmaýşyň besdir.

Ak bilen garadyr garagyň reňki,
Şolaň haýsy seniň ýüregiň reňki?
Birisini saýlap, diýme, «Şu meňki!»
Iller aýdar –
Birje ýylgyrşyň besdir.

Ömrüňde etdiňmi kişä bahyllyk?
(Ili bahyllykdan gorar şahyrlyk!)
Dünýäde bir müýnüň – aşyk Tahyrlyk.
Täk däl,
Goşa söýgä ýugrulşyň besdir.

Nirelerde ýörsüň ilkinji söýgi?
Bir ýerlerde barmyň gyzlaryň tugy?

Gumdan owaz geldi «Eý, yşkyň ogly,
Men bar.
Ýöne maňa... guwanşyň besdir!»

Nirelerde ýörsüň, ikinji söýgi?
Bir ýerlerde barmyň bagtymyň bagy?
Öýmüzden ses çykdy: «Eý adam ogly,
«Söýýän! Söýýän!» diýip,
Ýaňraşyň besdir!»

Birisi Säheriň, biri Guşlugyň,
Biri Oglanlygyň, biri Ýaşlygyň.
Birinjisi – diňe salamlaşdygyň,
Ikinjä
Ömürlik baglanşyň besdir.

Şeýdip pähim ýygnap söýgüden söýgä,
Ýetdiň on üç sany gülälek çaga.
Şolardan bäşisin gömüp ak çägä,
Bäş gezek
Gizlenip aglaýşyň besdir.

Gülüber, işläber, saýraber, şahyr.
Hyjuwyň hiç haçan bolmasyn ahyr!
Bäşinji müçede diýdirip jahyl,
Dünýäniň mährinden
Doýmaşyň besdir.

Kalp däldir mähirsiz, söýgüsiz kalp
(Beýle kalp ýa boşdur, ýogsa-da galp!)
Bir uly ýygnakda ör boýna galyp,
diýdi biri:
«Şahyr, saýraşyň besdir!»

Söýgüsiz oňmandyr, oňmazam ýürek.
Ýöne gapdalynda ýigrenjem gerek.

Ogra-jümrä, egrä gelende gezek,–
Diýdi ol ýöwselläp,
Ýygrylşyň besdir!»

«Örän dogry! – diýdi yzdan bir gelin
Näm üçin henizem ýatanok galyň?
Agam on ýyl ozal karz alan pulun
Henizem üzüp ýör...
Duýmaşyň besdir!»

Arman, ne sülçi sen, ne-de prokuror.
Ýöne igenmäge gelniň haky bar.
Seniň söz diýilýän ötgür okuň bar,
Atjak-atjak bolup,
Giç galşyň besdir.

Şygyr atylmaly! Ýeňmeli şygyr!
Şoňa arkalanýar her köýen bagyr.
Döwrüň arkasyna düşen her ýagyr
Şondan em almaly!
Ýalňyşyň besdir.

Söýga çürşen bolsa oýkeniň ýary,
Indi il derdinden çürşmeli bary.
Ykbalyňdan nalap çekmegin zary,
Şeýleräk täleý
Saýlaşyň besdir.

Şygryňy dokuz aý bagryňda sakla,
Şondan soň stoluň üstüne okla.
Gygyryp dogur-da,
                    gygyrman oka,
Doglaňda
Gygyryp dogulşyň besdir.

Uludyryn öýtme etseler taryp!
Kiçidirin öýtme peseltse görip!
Ne uly, ne kiçi, ne baý, ne garyp,
Tüýs baryp ýatany –
Şu bolşuň besdir.

Ýalaňaç, aç-suwsuz galmasaň gatap,
Soranlara diýseň: «Aý, bardyr bir tap...»
Bir stol, üç keçe; iki müň kitap –
Başga zat gerek däl,
Şo goşuň besdir.

Işläňde işleseň öz başyň bilen,
Gyşlaňda gyşlasaň öz gyşyň bilen,
Dişläni dişleseň öz dişiň bilen –
Gädijegem bolsa,
Öz dişiň besdir.

Diş hakda, ýaş hakda irräk-le heniz!
Seret, bagyň içi säher dek tämiz,
Han-ha iki gelin, ýene-de üç gyz
Saňa lak atýarlar.
Şu ýaşyň besdir.

Joralaň bäşisem misli gül-çeçek.
Ak gelin, seslendi misli ak ýüpek:
«Şahyr, büküljiräp ýöreme entek,
Sen garrama,
Dünýäň garraýşam besdir!»

Katdymy dikledim. Sowuldym ýoldan,
«Dinden çyk – diýlipdir – çykmagyn
ilden!»
Oturdym, gülüşdim... Perişde däl men,
Adamdan doglupdym.
Şo dogşum besdir.

Diýdiler: «Okap ber ýekeje goşgy!»
Okadym. Göterdi päkligiň yşgy.
Diňlenilýän wagty okanyň ýagşy,
Näziňi artdyryp,
Gomalşyň besdir.

Goý, ýaşlyk mährinden güýç alsyn ýürek,
Ikisin okap ber
bir goşga derek.
Okadym. Ýol ogly ýolunda gerek:
«Hoş, gyzlar,
Biderek güýmeşim besdir!»

Öýmüze ugradym. Şäher lälezar.
Müň bagtly ýigit bar, nowça läle bar,
Olar ne geýme zar, ne-de bala zar,
Guwanyp,
Giň köçä sygmaşym besdir.

Ak şäher gök baga basyrnyp otyr,
Ilerde Köpetdag keserlip otyr.
(Aşgabat tegelek asyrlyk otyr,
Ýene müň asyra
Gol berşim besdir!)

Gündizler abadan, gijeler tämiz.
Kempirler owadan, gojalar eziz.
...Gök gapyň agzynda gulpaklyja gyz
«Waý!» diýip gygyrdy.
Ylgaşym besdir.

Bir görsem murtluja dodagyn gemrip,
Ogly
atasyna çenäp dur ýumruk.

Ýigidiň ýumrugyn yzyna gaňryp,
Görejine bakdym:
Doňmaşym besdir.

Göreji buz ýaly, gaşlary gara.
Boýy iki metr, saçy üç sere.
Maşynyn dyrmalap seretdi ýere.
Ene hüňürdedi:
«Dogmaşyň besdir!»

Ata bir ah çekdi. Aýylganç dymdy.
(Erkekde beýle zat görmändim şindi!)
Şu nokatdan eýläk geçmäýin indi,
Siz gyýylmaň,
Meniň, gyýylşym besdir.

Ýöne men bir zady goýmaýyn kaza,
Ýogsa ýüregimde galar bir yza.
Ata el gatana
gözlense jeza,
Jezalaň
Ulusyn saýlaşym besdir.

Ýene ýola düşdim. Ýagtyldy köçe –
Göründi uzakdan aksakgal goja –
Miweli agaç dek eglip çalaja,
Gelýär ol,
Nurundan ganmaşym besdir.

Tanaýarmyň ýa-da tanaňokmy sen –
Bisalam geçmäge dälsiň hakly sen.
Saçyň çalarsa-da,
düýnki tokly sen.
Gudraty
Ýüzüňe sylmaşyň besdir.

Ugradym.
Göründi ýene bir güneş –
Ak saç ene gelýär ak bagta meňzeş.
Ýuwaş! Ýuwaş! Akja «Žuguli», ýuwaş!
Ene geçsin! Ýolun baglaşyň besdir.

Akja torbasynda käşirmi, sogan,
Ene gelýär! Öňün kesmek gadagan!
Nirä sürnüp barýaň, taksiçi dogan?
Dogranyň kimdigin
Bilmeýşiň besdir.

Çyralaryn ýakdy ýüz ýaşly şäher.
Gyzlaryň deminden döränmiş säher.
Ýöne säher
näçe bolsa-da ýeser,
Agşamy-da
Pesde goýmaşym besdir.

Hanha bir gyz gelýär
Sülgünmi, durna –
Gabaklary ýüpek, ýaňagy hurma.
Iň eziz, iň tanyş
ys urdy burna,
Baş Söýgimi ýatlap,
Köreşim besdir.

Gözleri-de tanyş, gaşy-da tanyş,
Giň alny-da tanyş, dişi-de tanyş.
On sekiz – on dokuz ýaşy-da tanyş,
Keşbin görüp,
Şagga derleşim besdir.

Ädiminde galp ýok, sözünde ýalan,
(Asylly enäniň sapagyn alan!)
Megerem, bir ýerden okuwa gelen –
Galam-depderinden
Çenleşim besdir.

Bir golundan tutup ýandaky joraň,
Ýag dek akdy gitdi. Açyldy aram.
Soraň, eý, agaçlar,
şo gyzdan soraň!
Keşbi tanyş!
Tanap bilmeşim besdir.

Agaçlaň birinden çykdy bir owaz:
«Şahyr, başky Söýgiň balasy şol gyz!»
Şo bada ýüregme girip bir nyýaz,
Esli wagt
Özüme gelmeşim besdir.

Bitipdir, ösüpdir enä mynasyp.
Gözler düýpsüz derýa, nury bihesip.
Söýjek ýigit,
sen bir galma binesip,
Sen jowranma,
Meniň jowranşym besdir!

Barýar topar-topar gyzlar-gelinler.
(Şäherliler hem-de myhman gelenler).
Söýgüden aglanlar ýa-da gülenler –
Haýsyňyz köp?
Size ýüzlenşim besdir.

Dymyp geçip barýar gözellik sili,
Her gözel – bir bagtyň sütüni ýaly.

(Sütünler saklaýar Watany, ili!)
Şolarsyz
Ýetim dek müzzerşiň besdir.

Joşup Gözelligiň tolkunna görä,
Ýöräber ýaşlygyň akymna görä!
Çokul diýen zat hem akylňa görä
Ykjar eken.
Ozal aňmaýşym besdir.

Öň ýanymdan barýar bir harman çokul.
Ýeňseden küküp dur gözdäki akyl.
Ýanyndaky goç hem – duran bir nakyl!
Toraňňymy ýatlap,
Ýuwdunşym besdir.

Zyýany ýok! Söýüp gyzlaň naýbaşyn,
Öwrenipdiň dünýäň dürsün, ýalňyşyn.
(Söýmedige düşnüksizdir durmuşyň,
Söýen üçin –
Birje dem alşyň besdir).

Dünýäde
            şol Aýal sag gezip ýörkän,
Ýüregim daşdandyr, dagdandyr arkam.
Şonuň aýak yzy toprakda barkan –
Ýeri agyrtmaga,
Dözmeýşim besdir.

Mydam gözellige dikip nazarym,
Gödekligi nyşanama alaryn.
Myssarmaň, agsamaň, kapyýalarym,
Dim-dik ýöräň,
Size söýenşim besdir.

Bolsa-da myssyklyk, agsaklyk sende,
Eý, goşgym, bolmasyn biparhlyk sende!
Asmanyň astynda, ýeriň üstünde
Diňe
Biparhlardan eýmenşim besdir.

Maňlaýy bulutdyr. Nazary demir.
Gülküsi azapdyr. Ýylgyrşy jebir.
Ne-hä roman okar, ne-de bir şygyr,
Gözleriň görende
Demigşiň besdir.

Bir maýyp ýykylyp, köçede ýatyr.
Biparhlyk seredip, içerde ýatyr.
Ýürekde rehim ýok, gözde howatyr.
Ýüzüne bakaňda
Düwünşiň besdir.

Ili ýagy çapsyn – däldir parhyna,
Bir ýurdy ýer hopsun – däldir parhyna.
Gynanmak, guwanmak ýatdyr ruhuna,
Ony düwnük bilen deňeşim besdir.

Goşgym
            çaga däl sen, sakgallysyň sen,
Murtuň towlap, orta çykmalysyň sen,
Kimi öpüp, kimi çakmalysyň sen.
Diňe şonda şahyr ykballysyň sen,
Ýogsa
Gara şaýa degmeşiň besdir.

Ýamanyň bagrynda döredip azap,
Ýagşynyň ýüregin nur bilen bezäp,
Hol barýan çokullak gyzlara meňzäp,
Dikgirdäň!
Köwşüňiz nallaşym besdir.

Ökjelerden gidip çüý dek formalar,
Döräpdir sagyrlak platformalar.
Şeýdiň-de arkaýyn ýöräň, durnalar,
Ýagşy zada
Sizçe begenşim besdir.

Deň ýarysy aşyk, deň ýary dogan,
WUZ-dan çogup çykdy ýüz gyz, ýüz oglan.
Gülgün köýnekli gyz, azajyk eglen,
Söz aýtjak!
Arzuwma meňzeşiň besdir.

Sagrysynda owlak gezibermeli,
Gözlerinde balyk ýüzübermeli,
Ýaňagyna goşgy ýazybermeli
Sen gyzy
Gelinlik belleýşim besdir.

Jaýyň içindenmi ýa-da astyndan,
Enäň sesi geldi ýeriň pestinden:
«Iki horjun puly okla üstümden!
Ýogsa gyz ýok! Pulsuz molaşyň besdir!»

Gorarys, ene jan, gyzlaryň erkin.
Galyň diýen zadyň bereris merkin.
Belläp onuň
üçin,
ýedisin,
kyrkyn,
Soň bolsa,
Aşyndan doýmaşym besdir...

Geçdi gapdalymdan, ýüz oglan, ýüz gyz,
Ädimler edepli, gürrüňler eziz.

Ýöne näçe-näçe hile bar heniz,
Içine gir,
Daşdan synlaşyň besdir!

Salam berip geçdi tanyş bir gelin.
Bagry pide-pide, ýüregi dilim.
Eý, gelin,
                asmana ýetýärkä eliň,
Söýgi bilen
Gurjak oýnaşyň besdir.

Ol ýigide seni çatmandy hiç kim,
Şepbik dek ýelmeşdiň.
                                        Tirkeşdiň üç gün.
Dördünji gün derrew sypadyň saçyn,
Bäşinji gün
Eýýäm aldanşyň besdir.

Peseltdiň mukaddes mertebäňi sen,
Aýlap ýere çaldyň gyz jygaňy sen.
Indem
          başa düşen pajygaňy sen
Içiňe sygdyrman,
Aglaşyň besdir.

Erkiň-ygtyýaryň, elbetde, seňki,
Ýöne weli dälsiň özüň özüňki!
Özüň – Watanyňky, Watan – biziňki.
Seni Watan kimin
Gabanşym besdir...

Gepledi Aşgabat. Ýaňlandy konsert.
Özgert, aýdym, gödek zatlary özgert!
Her gezek tenime girende bir dert,
Diňe seni diňläp
Sagalşym besdir.

Tutuş bagrym bilen guwanyp ýagşa,
Öýe ýetip barýan diň salyp bagşa.
Hiý, şu wagtam
signal bolar oguşýa!
Eý, maşyn,
Bimahal gugurşyň besdir.

Göter, Sahy bagşy, ýene-de göter,
Göter, Çuwal bagşy, ondanam beter.
Göterdiler. Serpaý haýsyna ýeter?
Bir serpaýy
Des-deň paýlaşym besdir.

Ikisi-de biri-birinden beýik.
(Beýikleň boýuny ölçemek aýyp!)
«Her haýsy bir dagyň örküji» diýip,
Goşa daga
Des-deň buýsanşym besdir.

Aýdymyň yzyndan ýaňlandy bir saz.
Bu niçik gudratka, bu niçik owaz?
(Mylly atam,
gowşat taryňy biraz.
Ogluňy jadylap
Gynaýşyň besdir).

Onýança ýaňlandy ne bir mukam.
Çalýanlaň ýüregi hazynamykan?
...Eý açgöz,
şuň ýaly baýlygmyz barkan,
Ýene baýlyk gözläp,
Aýnaşyň besdir.

Besdir mukam ýerne çişlik sygnaşyň,
Besdir alkyş ýerne gyzyl ýygnaşyň,
Besdir ili ütüp, gapa sygmaşyň,
Ynsabyňy satyp,
Ýognaşyň besdir.

Özüňki hasaplap il-günüň jübsün,
Sokjap, ýara edip döwletiň göwsün,
Dost-ýaran tutunyp adamlaň pisin,
Halallary
Adam sanmaşyň besdir.

Rüstemiň öňünde – billeriň orak,
Asgynyň öňünde – kamatyň derek.
Diňe agzyň gülýär, gülenok ýürek –
Çaňňalak dek
Sort-sort ýylgyrşyň besdir.

Jaýyňa seretseň – aňk edýär nagşy.
(Daşyn görýär, için bilenok goňşy!)
Ýaşaýyş jaýymy, Şasenem köşgi! –
Nämedigin
Zordan saýgarşyň besdir.

Derwezäniň öňi – giden çarbaglyk.
Şapyrdap ses edýär howzuňda balyk,
Gol çekip alýanyň näçeräk aýlyk?
Ortaça işçiňkä
Deňleşim besdir.

Emma jamyň gyzyl, çäýnegiň gyzyl
Portsigaryň gyzyl, äýnegiň gyzyl.
«Näme üçin dälkä köýnegim gyzyl?»
Müň şükür,
Bir şony diýmeşiň besdir.

Ne ýasda görünýäň, ne-de bir toýda.
(Bilemok çal beýniň niçiksi küýde!)
Goňşyň ýas baglaýar, sen bolsa öýde,
Äpişgeden jyklap,
Gözleşiň besdir.

Daşyňdan seretseň – duran medeniýet
Boýnuňda galstuk, egniňde žilet.
Eýläňde žurnal dur, eliňde gazet,
Diňe tiražlaryn
Barlaşyň besdir.

Öýüňde heňläp dur
Bäş şkaf kitap –
Puşkin, Baýron ýatyr daş ýaly gatap,
Kerbabaýew dik dur iç-bagry tütäp...
Kitaplaryň diňe arkasyn sypap,
Saraýyň goýny dek
Synlaşyň besdir.

Okaýan kitabyň diňe bir Haýýam,
Şonam öz haýryňa ulanýaň, haýwan!
«Käte köpräk içsem, käýäýse aýal,
Diýýäň – şu şahyra
Daýanşym besdir!»

Ähli hereketiň hasaba görä,
Ýeke gymyldyň ýok ynsaba görä.
Diňe içen wagtyň,
kitaba görä
«Içip»,
Haýýamy-da aldaşyň besdir.

Güjügňi-de öz heňiňde jöwledýäň,
Pişigiň-de öz häsiýetiň öwredýäň.

(Goşgymy-da özüň ýaly ownadýaň!)
Eý goşgym, belent dur!
Ownaşyň besdir.

Şeýle pikirleri kalbyma gaplap,
Barýaryn mukama tenimi taplap.
Eý, mukam, dünýäni hapadan saplap
Bolmazmyka?
Jogap soraşym besdir.

Mukam jogap berdi: «Saplarys hökman!
Ýöne çabga ýagmaz ýyldyrym çakman!
Tutuş il-gün çaksa hiç zada bakman,
Hapa ýuwlar.
Kän-kän synaşym, besdir.

Hapalyk azlykdyr. Tämizlik köplük.
Ýagyberse – durmaz öňünde süplük.
Ýagmaýan adamyň nyrhy bir köpük.
Çak, ýag, göreş!
Guk-paňk oýnaşyň besdir!»

Onýança başlandy ýyldyrym urşy.
Birden şaglap geldi tomusyň ýagşy.
Diňse ýagşy,
guýsa ondanam ýagşy –
Ak ýagşy
Ak bagta deňeşim besdir.

Ýaplara gapgarlyp çöp-çalam, hapa,
Çagbanyň güýjünden döredi depe.
Ýene münder-münder ugrady çepe!
Gidiber!
Kenardan çogmaşyň besdir!

Çöpler bir-biriniň başyndan idip,
Kirler bir-biriniň üstünden ädip,
Gitdiler...
Dünýänem ýuwarys şeýdip!
Il güýjüne
Umyt baglaşym besdir.

Ýagyş ýagmasyny etdirýär dowam.
(Çabga, sende güýç bar, akylym haýran!)
Süllümbaý boldum-la! Hany saýawan?
Ýok gerek däl.
Kirden ýuwulşym besdir.

Megerem, gygyrsam:
«Ös, saçym, ös, ös!»
Maňlaýma saç biter. Seç, ýagmyrym, seç!
Saçym gögermedi. (Gögermänler geç,
Bir mahal
Telpegme sygmaşyň besdir!)

Ýagyş diňdi. Dünýä gül açdy niçik.
Äpişgeler açyk, işikler açyk.
Bütin şäher mawy ekrany açyp,
«Wagty» diňläp otyr.
Säginşim besdir.

Öýmüze çaltrak ýetmeli hökman.
Ýene-de nämeler tapdyka Ak tam?
Pentagon. Neýtron... Ertire çykman
Bir goşgy ýazmaly.
Äwmeşim besdir.

Ýetdim köçämize. Garaldy iňrik.
Çagalar çapyp ýör gök hyýar gemrip.

Olaryň şatlygna bolup deň şärik.
Gapa ýetenimi
Duýmaşym besdir.

Öýe girdim. Derrew towladym «Wagty».
Mawy ekran saçdy öýmüze ýagty.
Diýdi: «Eý, adamzat, geçirme wagty,
Erte giç bor.
Bidert ýaýnaşyň besdir! –

Asyryň aýagy – ullakan synag.
Dikeldi dünýäde iň elhenç sorag:
«Ýere miras goýjak nähili sylag –
Adammy, kerpiçmi? –
Saýlaşyň besdir!»

Soňra howa hakda sözledi diktor.
Tebigatyň erbet howasy ýokdur!
Gökden ajal ýagsa – şol hatarrakdyr.
Eý, Koen,
Ajala çagyrşyň besdir!

Wagşy neýtronyň wagşy atasy,
Belli dälmi saňa dünýäň kartasy?
Öýüň üçin däl-de,
Ýeriň ortasy
Üçin
wagşy ogul dogurşyň besdir.

Berline çen ölçäp garyşma-garyş
Ýigrimi milliony edipdik bagyş.
Şonça pida bilen öldürlen Uruş,
Ýene-de täzeden
Janlanşyň besdir!

Birdenkä ýene-de ýyldyrym çakdy.
Göýä bir okean topraga çökdi.
Ýeri aklyk tutdy. Garalyk akdy.
Gudrata
Demsalym aňalşym besdir.

Çabga kiparlady. Gepleşik tamam.
Gapynyň öňünde eşdildi salam.
Kim bolsaň-da derrew girewer myhman,
Bu dünýäde
Sensiz oňmaşym besdir.

Täze başlan goşgym gutarman ýatyr.
Bu gün ýazylmasa, ýazylar ertir!
Häzirlikçe eziz myhmanym otyr,
Gözlerinden
Gözüm sowmaşym besdir.

Ol gitdi. Ýene-de kakyldy gapy.
Ugradanym birdi, gelenler iki.
Birmi, onmy – deňdir myhmanyň ýüki,
Çydapdym, çydaryn,
Sag başym besdir.

Ätledi gapydan ýegendir ata.
Derrew gözüm düşdi attestat-hata.
Diýdi: «Hany şu ýyl gal-da gaýrata,
Ýegeniňi okat!
Ýaýdanşyň besdir!»

«Okuwlaň haýsyna girmekçi ýegen?»
«Köplük nirä bolsa, şo ýere-de men...»
Garalawjy boljak! «Oňardyň-ow sen,
Bu dünýäniň
Öňki sögüşem besdir.»

«Näm üçin şol ugra dyzaýar hemme?»
Ata gönüledi: «Gözlüje emme!
Sen o zatlar hakda pikire çümme,
Diýenime «Hoş» diý,
Bir «Hoşuň» besdir».

Diýdim: «Eltäýeli edebiýat, dile?»
Atasy ör turdy çemçesi bile,
«Bälçireme!» diýip, ýylgyrdy çala –
Ol ugurdan
Seniň çygylşyň besdir! –

Tapaly ýegene «süýtlüje» zähmet;
Seniň bu hünäriň duran bir mähnet.
Şonda-da jübiň boş, iýýäniň doň et,
Biz ýaşaly,
Seniň bogulşyň besdir!»

Atań sözlerine bersem-de jogap,
Özi-de, ogly-da etmedi togap.
(Olar gitdi, ýene başlandy azap,
Ýazyber, üýtgeme,
Öz bolşuň besdir!)

Özüň üýtgeme-de, üýtgäni üýtget!
Şudur mańlaýyňa çyzylan kysmat.
Şony başarmasań – gopgunňy bes et,
Kyrk ýyllap,
Bihuda samraşyň besdir!

Baş waspyň bolsa-da Gözellik, Gowluk,
Şeriň gapdalyndan geçmegin sowlup.
Oňa öz sözüňi aýtmaga howluk,
Aýtmasań ol aýdar,
Giç galşyň besdir.

Watan, baýdak, söýgi, kommunist, il-gün –
Bu bäş sözi parhsyz heçjiklemegin,
Dil-de däl,
kalbyňda göterip bilgin,
Olardan
Howa dek dem alşyň besdir.

Şygryň bilen edip olara kömek,
Kömek soramagyn kömegňe derek.
Diňe mahal-mahal
sanjanda ýürek,
Il-günüňden
Kuwwat soraşyň besdir.

Ýagşymy, ýamanmy, şudur ýaraşyň,
Göwräň söýgüdendir, bolmaz gargyşyň,
Iň uly gargyşyň: «Päliň – ýoldaşyň!»
Özüňe-de
Päliň – ýoldaşyň besdir.

Arzuwyň –
Ýüz ýaşa bolmakdyr şaýat.
Ýöne uzak ýaşdan taparmyň myrat?
Dertlä em bermeseň, ejize kuwwat –
Ägirt betbagtlykdyr ýüz ýaş diýen zat.

...Il näçe ýaşatsa –
Şo ýaşyň besdir.

## Rubagy – poema

*Gadym atalarmyz babalarmyz-da*
*Hüwdulenipdirler rubagy bilen*
(39-njy rubagydan)

### Prolog

Ýene moda girýär rubagy ýazmak,
Onuň her setiri – bir bagy ýazmak.
Ol şonuň üçinem rubagy borly –
Çar setiri ýazmak – çar bagy ýazmak.

Bir bagdan gelmeli akylyň ysy,
Bir bagdan gelmeli çokulyň ysy,
Gün ysam, Ýer ysam
oňa gatyşyp,
Burnuňy gapmaly nakylyň ysy.

Baý, baý, kyn eken-ow bu käriň Omar.
Akyl, Çokul, Gün, Ýer – dört sany damar.
Dört damary tapyp, tutup bilmeli.
(Birisin tutmakdan habar ber, habar!)

Rubagy ýazýanlar sanagly bolar,
Hemmesi-de ilde soragly bolar.
Gyz setirler – meňzär Agaýunusa,
Erkejik setirler – Görogly bolar.

Rubagy ýazylmaz kapyýa üçin.
Gazetde bir gezek çapyýa üçin.
Eger-de çyn bolsa rubagylygy –
Ýürekde çap bolar bakyýa üçin.

Käbir kapyýalam agsaklap barýar,
Käbir setirlerim towsaklap barýar.
Zyýany ýok. Süri agsaksyz bolmaz.
(Agsaklar iň yzdan syr saklap barýar!)

Dört setir – dört çagam.Hyzmatda bary:
Birinjim Garaja, ikinjim Sary.
Üçünjimiň adyn nädip aýtsamkam?
Öýkelejek bolýar dördünji Çary.

Üçünji setire agtaryp bir at,
Dogulanja güni dakypdym Myrat.
Körpejäm Çaryjyk basdaşlyk edýär:
«Ol myrat berenok. Men berýän myrat!»

Bagrymy garaldýar Gara köşegim,
Gözümi saraldýar Sary köşegim.
Ýöne bir ugruksa, soňun oňarýar
Myratjygym bilen Çary köşegim...

1

Şol beripdi Baş söýginiň mähnetin...
Nirelere alyp gitdi kysmatyň!
Aglaýan bolsaň-da gülýän bolsaň-da,
Bir ýerlerden ses gelerdi ahbetin!

2

Megerem bagtlysyň. Oňýansyň mensiz.
Men weli ölýänçäm dem alman sensiz.
Kyrk müň setir goşgy döreden bolsam –
Her harpyň içinde Sensiň, Sensiň, Sensiň...


enedilim.com

3

Ömrüň menzillerden menzile ýetsin.
Men senden öňürti süýneýin sessiz.
Gara habar güni
gara gözüňden
Bir gara ýaş damsa, şol maňa besdir.

4

Rubagym söýgüden başlandy şeýdip.
Indi munuň-yzy giderkä nädip?
Dünýäde söýgi kän, haýyr kän, şer kän,
Haram kän, halal kän... Gidiber gädip.

5

Öňümden çykdy-da, diýdi bir daýhan:
«Wiý, wiý, men-ä size barýardym myhman!»
«Ýör, myhman!» Yzyma hyrra öwrüldim.
Ýol hökmandy. Myhman has beter hökman.

6

Ýaňyrak bir ýerde gördüm bir toýy.
Arzuwlar aýdyldy goýudan-goýy.
Söz berildi çynar boýly ýigide –
Gepinden utanyp aglap dur boýy.

7

Daşyndan seretseň – durşuna edep.
Sözi-de, ýüzi-de giden bir mekdep.
Bir minut içine girip bolsady –
Tapmazdyň dünýäde şondan biedep.


enedilim.com

8

Ynha rubagylam düşdüler ýola.
Biri saga çekýar, birisi sola.
Aýby ýok! Hemmesi adam hakdadyr.
Ahyry ählisi üýşer bir dula.

9

– Goňşy, ugur nirä? – Rektoryň ýanna,
– Hä, okuwa girjek bolýarmy Anna?
– Anna ýatdan çykdy!» Üç sany ýegen
Üç aýlap goş basyp ýatyr eýwanda!

10

Aý geçýär, ýyl geçýär, Üýtgeýär moda!
Oň maşyn modady. Indi – pyýada!
Köçä çykdym. Maşynlylar aňk boldy:
– Hanha pyýada bar! Hanha pyýada!

11

Bir dostum täzelik buşlady şu gün,
Begenip, gözlerin ýaşlady şu gün.
Diýdi: «Altmyş ýaşa ýeten ýolbaşçym
Çeper kitap okap başlady şu gün!»

12

Jaý aýdylan sözüň minneti bolmaz.
Gijä galan sözüň gymmaty bolmaz.
Rubagym şu güne hyzmat etmese.
Ertirki güne-de hyzmaty bolmaz.


enedilim.com

13

– Goňşy, bu ses näme! Bu kimiň sesi?
– Şu jaýa täzeräk geleniň sesi.
– Kim ol täze gelen? Goňşym ýylgyrdy:
– Aý, nemeläý... täze geliniň sesi.

14

Söýýäni gyzlardy, gözlegi goşgy.
Aşygy aýdymdy, myhmany bagşy.
Indi öz gyzlary ýetişdi weli,
Arza ýazýar yşky aýdyma garşy.

15

Zähmet zehin berýär, zehin hem – häsiýet,
Häsiýet pähim berýär, pähim hem – hormat.
Şol bäşisi seniň doly ömrüňdir,
Birisi ýetmese – gädikdir kysmat.

16

Beýik Pyragy dek dyzyňa çöküp
Ýazmaklyk hökman däl. Ýaz daga çykyp!
Ýöne Aýa çykaý – şahyr bolmarsyň
Beýik Pyragynyň üstunden böküp.

17

Sadagaň bolaýyn, pähimli duşman!
Eý, owunjak duşman, men senden gorkýan.
Owunjaklar bilen hut özi ýaly
Ownuklaşman
nädip düşünşip borkan?

18

Ynanypdym dilindäki şyrrylda,
Soň düşündim gözündäki pyrrylda.
Edil görejimiň içine bakyp,
Aldap dur ol. Toba-essagpyralla!

19

Dünýäniň ýüzünde uly zat – ygrar.
Ygraryn ýuwdana doňuzam gargar.
Doňuza gargadyp ýaşap ýörenden,
Ony ýuwdan günüm, ölmäge taýýar.

20

Ömrüm – hapalyga hüjümdir meniň.
Ömrüm – tämizlige hajymdyr meniň.
Il günäsin aýtmak zerurdyr weli,
Öz günämem aýtmak borjumdyr meniň.

21

Syrkaw soramaga gitjekdim şu gün.
Bir bahana tapyp, ýaltandy göwün.
Ynha indem nan symyşlap otyryn,
Nädip ýuwdup bilýäň? Düwün, eý, düwün!

22

Gahar – zalym. Ogla bir şarpyk çaldym.
Horkuldap aglady. Duýmadyk boldum.
Şonda ýüregimi diňlän bolsadyň –
Men senden beterräk aglapdym, oglum.

23

Bir zadyň üstünde yrsarap kä gün,
Biderek agyrtsaň keýwanyň göwnün,
Ol – gahardan ýaňa uklap bilenok,
Sen – gynanyp, uklap bileňok şo gün.

24

Bu bir durmuş. Munda kän zat bolup dur.
Ýandak gülläp otyr, bägül solup dur.
Saňa akyl berýär iň samsyk adam,
Iň akylly adam akyl alyp dur.

25

Poema başlamda oňatdy keýpim.
Baş Söýgim bir ýerde basýardy seýkin.
Ýaňy
          gök gürlän dek bir habar geldi:
«Onuň ötenine eýýäm iki gün...»

26

Şobada özümi goýberdim aşak:
«Oňa nädip dözdüň, eý Ajal-peşşap?»
Ol diýdi: «Gelinmi, şahyrmy, gyzmy –
Meň üçin çigit dek tapawudy ýok!»

27

Şo ýerden ylgadym mazara garşy.
Şabyrdap ýagýardy gök maýyň ýagşy.
«Taýsaň-da ylgaber! – diýdim özüme –
Taýsaň ýagşy, ölseň ondanam ýagşy...»

28

Alnym bilen öpdüm mazaryň üstün.
Gum saralyp ýatyr misli bir possun.
Ýerden owaz çykdy: «Eý, yşkyň ogly,
Indi ýanma, öňki ýananyň besdir!...»

29

Rubagylam, sizi batyrdym gama.
Söýgüden başlapdym, çümdürdim Guma.
DURMUŞ DOWAM EDÝÄR, gözýaşyň süpür,
Häzir ýer üstünden gideli öňe.

30

Eneň bilen bir keşigi dartyp git,
Ataň bilen bir ädigi ýyrtyp git.
Olar düýşüňde-de buýursa ýumuş,
Zöwwe turup, şo tarapa ýortup git.

31

Bir ýoldaşym üçin aýaman wagt,
Gözlerimi satyp äberdim bagt.
Emma gözüm satyp kömek edenim
Ertir bir sag boly bermedi mugt.

32

Birowaç işiňi etmäge rowaç,
Biri boýun satyp gözlese alaç,
Iş bitirse – bir «sag bola» mätäçdir,
Bitirmese – on bäş «sag bola» mätäç.

33

Bir rubagy ýazdym. Oňat gordüler.
Bahasyn bir gyzdan gymmat gördüler.
Gazetleň birine getirdim weli,
Her setirne ýarym manat berdiler.

34

Sen näme nebsiňe topulýaň eýýäm?
Bäş rubagy ýazyp, hopugýaň eýýäm?
Gaýtmyşym diý! Gara nebsiňi unut!
Bir köpük almanam ýazypdyr Haýýam.

35

Rubagy diýen zat köp dürli başdyr –
Bahardyr, Tomusdyr, Güýzdür hem Gyşdyr.
Yssysy, salkyny, sowgy bolmasa,
Owadan bolsa-da şol setir boşdur.

36

Bir rubagy okap bir Hökmürowan,
Berenmiş diýýärler şeýle bir perman:
«Şahyr sallah bolsa – gyzym şonuňky,
Ýogsa-da bar malym başyna gurban!»

37

Bir rubagy okap ýene bir Häkim,
Berenmiş diýýärler başga bir höküm:
«Ýazan merhum bolsa – gabryny otlaň,
Gezip ýören bolsa – gözüni çekiň!»


enedilim.com

38

Diýsek-de: «Her kimiň öz bagy bolar»
Beýik rubagyçy – Pyragy bolar.
Üçünji setirin dördünji etseň –
Köp goşgusy ajap rubagy bolar:
«Magtymguly, köňle gaýgy getirme,
Bu bir iş wagtydyr, özüň ýitirme.
Jahan giňdir, çendan bilen-de bardyr,
Sözüm diňlän ýok diýp, ümsüm oturma...»

39

Däldir rubagy bir ýerden gelen.
Ol meniň ilimiň ganyna siňen.
Gadym atalarmyz, babalarmyz-da
Hüwdülenipdirler rubagy bilen:

«Allan, allan edeýin.
Baga sallan edeýin,
Bagyň gyzyl gülüni
Saňa gurban edeýin...»

Rubagy diýmeklik – ýer çörek diýmek.
Dört ýylda bişirdim kyrk sany çörek.
Ony bişirmek hem hyllalla weli,
Çeýnäp iýmegi-de başarmak gerek.

Soňlama

Komsomol salamyn ýollap «Ýaşkoma»,
Sorapdym bir mahal: «Poema näme?»
Bir edebi işgär ýazypdy jogap:
«Kyrk kuplete ýetse, şodur poema!»


enedilim.com

Ynha kyrk kupledim tamama geldi.
Al «Ýaşkomum»: täze poema geldi.
Hoş, Garajam, Sarym,
Myradym, Çarym!..
Beýleki çagalam salama geldi.

## Ogul

*(Ogul toýundan soň dörän goşgy – poema)*

I

Ogul boldy. Çapyp gitdi çagalar.
«Buşluk!» sözi gapy-gapy aýlandy.
Üç çagany uçrum eden sallançak
Bu gün ýene bir çagalyk agraldy.

Gözjagazyn ýumup ýatyr çagajyk –
Bu dünýäniň ahwalyndan bihabar,
Asmanyňdan, ýaragyndan, urşundan,
Haramyndan, halalyndan bihabar.

Ol diňe enäniň ak süýdün bilýär.
Şondan başga zada ýetenok akly.
Ýöne onuň eýýäm adam ady bar –
Ýaşamaga hakly, iýmäge hakly.

Aglamaga hakly, gülmäge hakly.
Aglaýar çagajyk (bolsa-da erkek!),
Erkekleriň aglamaly däldigin
Bilenok köşejik, bilenok entek.

Häzirlikçe goý, aglasa aglasyn,
Çagalara agy üçin temmi ýok.
Olar oňat düşünýärler bir zada –
Aglamasaň – wah, emme ýok, memme ýok.

II

Bilemok, adyna näme dakdyňyz –
Ajap atlar köpdür, ýene-de köp bor:
Ýöne at dakynmak aňsat-da bolsa,
Olara eýelik etmekde gep bar.

Arslan, Ýolbars diýip at dakdyk bir gün
(Şoňa mynasypdy ekizje oglan).
Ýöne on sekizden ötüp-ötmänkä
Biri tilki boldy, birisi şagal.

Ýene iki çaga at dakdyk bir gün.
Öňkä şükür etdik. Bu onça-da ýok:
Geçi bolup çykdy Serdar dakanmyz,
Batyr dakanymyz towşança-da ýok,

Ikisi-de gaçdy enesin taşlap:
Biri işden gorkdy, biri okuwdan
Birisi mäläp ýör Sibirde gagşap,
Beýlekisem agaç çapýar tokaýdan.

Onsoň iki gyza at dakdyk bir gün.
Ikisi-de çykdy adyndan arzan:
Misden arzan çykdy Merjen dakanmyz,
Altyn hem – bir gujak odundan arzan.

Dakyň çagaňyza iň ajap ady,
Seçiň-saýlaň täzesinden täzesin.
Ýöne çagamyzy at bezäp bilmez,
Goý, çagamyz öz adyny bezesin...


enedilim.com

III

Ogul boldy. Çapyp gitdi çagalar,
«Buşluk!» sözi gapy-gapy aýlandy.
Üç çagany uçrum eden sallançak
Bu gün ýene üç müň gram agraldy.

Gramlar toplanyp, ulaşsyn puta.
Dag dek eginlerne ýetmesin ýorgan.
Ýöne weli, näçe ulaldygyça,
Watanyň gerşine düşmesin agram.

Il-günüň boýnuna hopba bolmasyn,
Il-gününi etsin boýnuna hopba.
Özi hakda iki sagat oýlansa,
On sagat oýlansyn il-güni hakda.

Gözüniň üstünde baýdak edinsin
Enäniň, atanyň mukaddesligin.
(Olar ölüm bilen deň görermişin
Gyz haýasyzlygyn,
Ogul pesligin).

Säher turup, ilki atasyn görüp,
Onsoň garaždaky atyny görsün.
Eneden, atadan ak pata alyp,
Atynyň suwuny, otuny bersin.

Ine onsoň uçsun kanala tarap,
Saçlary ykjasyn iýul ýeline.
(Atanyň pendini alan goç ogul
Asla düşmezmişin GAI-iň eline).

Gözjagazyn ýumup ýatyr çagajyk.
WAI-sinden, GAI-syndan bihabar.

69-yndan, 24-inden,
Waziginden, gaýrysyndan bihabar.

Ýylgyrypjyk, dymyp ýatyr oglanjyk,
Gürrüňe, gybata goşulanok ol.
Özüni huwwalap, emdirip ýatan
Enäň diline-de düşünenok ol.

Zyýany ýok, bu gün düşünmese-de,
Ulalar, ýetişer, düşüner ertir.
Ýöne ol ertirem düşünmän dursa,
Ine, şol geň zatlaň üstünden getir.

Özüni döreden enesi bilen
Gepleşäýse terjimeçi arkaly –
(Men şeýle zatlaryň birine duşdum!
Ine gorkjak bolsak şondan gorkaly!)

4

...Meýmiräpjik myrlap ýatyr bäbejik,
Habary ýok süýşüp gelen obadan.
Bihabar ol reýhstaga gol çekip,
Segsen ýaşda çowluk gören babadan.

Sallançakda uklap ýatyr çagajyk,
Bady gaçan sallançakdan bihabar.
Içki jaýa ylgap giden eneden,
Ýasalmaly müň saçakdan bihabar.

Birdenkä-de «jäk-jäk» edip oýandy,
Gujakdan-gujaga geçdi aglajyk.
Diňe ene ysyn agtaryýan ýaly,
Mälemesin bes etmedi owlajyk.

Onýança-da ýüpek gabak gaýtarma
Sozlup çykyp ýüz sonanyň içinden,
Gujagyna göterdi-de bäbegi,
Birje gezek sypalady saçyndan.

Şo bada-da tapba sesi kesildi.
Del gujakda rahat tapdy çagajyk.
(Gujaklaň gowsuny tanýan ekeniň,
Aý bäbejik – eý jögüjik, jögüjik!)

Barha göterilýär toýuň şowhuny.
Açylýar şampanlar. Bugarýar saçak.
Tarypçylar – bir-birinden göçgünli,
Gybatçylar – bir-birinden owunjak.

Her haýsy özüniň agramna görä
Guwanýa, ýaňraýa, öwünýä, gülýä.
Gerşin tutup, hemmesini diňläp dur
Hem gazaply
hemem arkaly Dünýä!

Ol Dünýä her kime bir ömür berýär,
Şol ömri synagdan geçirýär onsoň.
(Käte diri wagtyň ölä meňzedýär,
Kä dirä öwürýär merhumam bolsaň).

...Sallançakda gülüp ýatyr çagajyk,
Ýaman zatdan, ýagşy zatdan bihabar.
Gapdalynda gülüp duran göripden,
Ýalan tostdan, galp şöhratdan bihabar.

Ýumrujagyn düwdi birden bäbejik,
Beýläk itdi agzyndaky emmesin.
Arkaýynja emiber sen emmäňi,
Düzederis ýaman zatlaň hemmesin.

O zatlaryň günäkäri özümiz,
Entek seniň çigit ýaly çirkiň ýok.
Hakyň bardyr ýumrujagyň düwmäge,
Ýöne entek göreşmäge hakyň ýok.

Ýürejigiň polat ýaly berkesin,
Döşleriň-de pes bolmasyn gapakdan.
Gürlän wagtyň – il aňk bolsun agzyňa,
Ýörän wagtyň – uçgun çyksyn toprakdan.

Ine onsoň Ýalan bilen Ýamanyň
Aýagyna bile gurarys gapan.
Gaplaň dakjakmyşlar seniň adyňa...
Bu – olaň öz işi, Ýolbarsmy, Gaplaň.

Haýsy bolanda-da tapawudy ýok.
Şony isleýändir at dakan adam.
Ýöne Seniň adyň Aýy hem bolsa,
Adyňdan öňürti adam bol,
Adam!

## Täze ýyl arzuwlary

1

Ýagyşyň ýagmagy başarşy ýaly,
Aý, Günüň dogmagy başarşy ýaly,
Deryalaň akmagy başarşy ýaly,
Ýyldyrymyň çakmagy başarşy ýaly,
Biziň hem (bolsak-da haýsy hünärde!)
Ýagmagmyz,
Akmagmyz,
Çakmagmyz gerek.


enedilim.com

...Köçe suwlaýanlar ýuwsun köçäni
Her gün iki gezek.
Belki, üç gezek.

2

Jaý gurýan adamlar
döwletiň beren
Ähli çüýün, reňkin, hekin, sementin
Şol jaýa siňdirsin. Birje gramyn
Ne-hä artyk goýsun, ne-de kemeltsin.

3

Zat satýan adamlar
döwletiň beren
Matasyn, eşigin, çäýnek, çemçesin
Magazinde satsyn, ýaşigi bilen
Jygyllygyň, howlusyna göçmesin.
Nebis diýilýän zat çenden geçmesin,
Geçse –
ýuwutjak ol bogaz düýäni.
Men bir magaziniň müdirin bilýän,
Bogaz düýäni däl, bogaz dünýäni
Ýuwutmaga taýyn. Elleri ýetse –
Aýy hem goparyp, bazarda satjak.
Halal zähmet bilen gabarsyn gapjyk,
Halal nygmat bilen bugarsyn saçak.

4

«Žiguli»
jüýje dek kopelip barýar –
Kelpeziň ölümi, akyllyň bagty.
Sowulyň, ýene-de bir kelpez gelýär.
Işi gyssag borly saklamaň ýigdi.

Onýança maňlaýy betona degdi.
Üç çagaly maral ýas tutdy ertir...
Maşyn artdygyça – paýhas köpelsin.
Maşyn artdygyça –
Artmasyn ýetim.

5

Täze ýyl
dogulsyn müňläp ogullar,
Dogulsyn, dogulsyn,
Has köp dogulsyn.
Ýöne kiçi-girim ogullar däl-de,
Hemmesi-de goçak ogullar bolsun.
Munça goçak ogul sygarmy dünýä?
(Meger, bu arzuwym juda çökderdir)
Goç ogullar üçin ýer darlyk etmez,
Dünýä sygmaýanlar owunjaklardyr.

6

Bir zalym kesel bar.
Adyn tutmaýyn.
Ýok bolsun dünýäden şol zalym Kesel!
Ol hakda etmäýin artykmaç gürrüň –
Gürrüň etsem, müňläp ýaralar erser.
Onuň garşysyna ne tankyt gerek,
Ne-de goşgy gerek, ne-de bir gürrüň.
Diňe derman gerek. Olam tapylar –
Edil sitromon dek satylar bir gün.

7

Täze ýyl
şeýle bir lukman ýyl bolsun –
Nesilsiz ojaklar bolsun nesilli.
Önelgesiz enäň, perzentsiz ataň
Çökgün göwünlerne insin teselli.

Namut sallançaklar,
Namut gujaklar,
Tukat öýler bolsun «jagyl-da-jugul».
Enäň her dyzynda bir gyz otursyn
Ataň dyzynda-da şonçarak ogul.

8

Aýlar, ýyllar şeýdip geçişip barýar.
Ynha ýene bir ýyl gerdene mündi.
Gutardy ýene bir kalendarymyz –
Hiç mahal, hiç mahal dolanmaz indi.
Dünýäde şatlyk-da, hasrat-da ýetik.
Bir adam dogulýar, bir adam ölýär.
Ömür hem, Ölüm hem çalşykly çemçe.
Gije gelinýär-de,
Gündiz gidilýär.

Dünýä aglap inýäs.
                    Gidemizde-de
Ýene agy bilen ugratsyn il-gün.
(Täze ýylyň gözel bosagasynda
Neçün ölüm hakda oýlandyň, göwün!)

9

Bu gün şatlyk gerek, bu gün saz gerek.
Şowhun, gülki gerek. Ýaşasyn gülki!
Äleme ineňde adam diýen zat
Bir uly gülküden döränmiş ilki.
Mydam ganymyzda at çapsyn gülki.
Gülkä düşünýänleň artsyn hasaby.
Gülkä gülüp,
            aga aglap bilmese –
Geýim dek kirlärmiş adam ynsaby.

10

Ullakan stolmy,
Kiçijik stol,
Uly stanokmy,
Kiçi stanok –
Haýsynyň, başynda zähmet çeksek-de,
Dünýäde bir postdan ýokary post ýok –
Adamkärçilikden ýokary post ýok.
Şol –
        şu günüň, ertäň iň uly posty.
Kimde-kim şol posta mynasyp bolsa –
Hem özüniň
                    hem-de iliniň dosty.

Miras bolup geçsin nesilden nesle
Adamkärçiligmiz, ýagşy gylygmyz.
(Şu günki ýaşlygmyz bisüwit geçse –
Biweç bor ertirki ýaşulylygmyz).

11

Göründi Hil atly bäşýyllygymyz.
Gülletsin ol, has-da gülletsin ili.
Iň ýokary sorta mynasyp bolsun
Hem Harydyň
                    hemem Ynsabyň hili.
Ol ikisi – biri-birine bagly.
Ynsap mürrük bolsa, Harydam mürrük
Täze ýyl arzuwym: zähmet adamsy
Mürrük ynsap bilen bolmasyn şärik.

12

Bir mahalky uly batyrçylyga
Bu gün talaňçylyk diýip-de bolar.
Bir mahalky uly dogruçyllyga
Bu gün ýalançylyk diýip-de bolar.

Batyrçylyk bilen dogruçyllyga
Döwür berýär käte täze bir many.
Bu gün iň ullakan gahrymançylyk
Gorap saklamaly ynsan ynsany.

## Ömrüme pent

Şahyr! Şahyrlygyň çyn bolýan bolsa,
Sönüp, ýanyp, ýene sönüp, ýanyp git.
Ynsanlyk ýazgydyň çuň bolýan bolsa,
Gara ýere çümüp,
                    çykyp,
                              çümüp git.

Hem akyl ber, hem iliňden akyl al.
Kitapdan däl, gara ýerden nakyl al.
Alan zadyň demiň bilen ýakyp al,
Soň ýene-de ýeriň süýdün emip git.

Dag ýoluna, çöl ýoluna belet bol,
Dag ýolunda – çat açmaýan polat bol.
Çöl ýolunda – tirkeş-tirkeş bulut bol.
Teşne görseň, dodagyna damyp git.

Ýol agyrdyr: müň ýanylar, öçüler.
Bagtly ýollar kynlyk bilen geçiler.

Ýel ygyna şaglap gitse geçiler,
Sen öküz dek
ýele garşy ýyňyp git.

Bagt paýlansa üç baýlygy ilki al:
Ylgap baryp saglyk bilen erki al.
Ýany bilen çuwal-çuwal gülki al,
Soň tapylar, galan zady zyňyp git.

Dost paýlansa «Äber!» diýip gyssanma,
Alaňdan soň – gysgaltma hem gysgalma.
Dileg etse –
gözlerňi hem gysganma,
Birin ber-de,
biri bilen oňup git.

Ha çaryk geý,
Ha çokaý geý,
Telpek geý –
Parhy ýokdur: geýseň bolar erkek deý.
Ýöne weli şypbyldama çepek deý.
Aýna gonçly ädik ýaly doňup git.

Sorasaň aýdaýyn kyýamat nedir?
Erkekler ownasa – kyýamat şodur.
Her başy telpeklä goýmagyn gadyr.
Bäş telpegi
bir gyňaja daňyp git.

Gözelligi
sor bagryňa, öýkenňe.
Söýülseň söý, söýulmeseň süýkenme.
Söýgi hem goşgudyr! Kişä öýkünme,
Öz möhrüňi, öz közüňi goýup git.

Ýeňip ýaşa: ahyrda ýeň, başda ýeň,
Tomusda ýeň, ýazda, güýzde, gyşda ýeň.
Söýgiňde ýeň, gaýgyňda ýeň, işde ýeň –
Bir
      oguldan
            ýeňilip hem ýeňip git.
Ýeňsin ogul
            dil bilen däl, iş bilen,

Seňkä görä has ýitiräk huş bilen.
Aýak däl-de, parasatly baş bilen
Ýeňse ogul –
            gözüň rahat ýumup git.

Gözüň sürtüp merhum enäň alnyna,
Bir aglapdyň. Indi beri aglama:
Öz balaňy eliň bilen jaýlama,
Nobatyňda mele ýere sümüp git.

Dünýä gelmegiň-de
                  nobaty ýagşy,
Ýene ölmegiň-de
            nobaty ýagşy.
Men diňe bir zatda nobata garşy:
Dost öýünde islän çagyň gonup git.

Başarsaň – köplügiň içine garyş,
Tanyşdan dost tutun, ýatlardan – tanyş.
«Žiguliň» içinden gözleme durmuş,
Köplük bilen awtobusa münüp git.

Köpelsin öýüňde ýürekdeş myhman –
Ýary işçi bolsun, ýarysy daýhan.
Elbetde, alymam, şahyram hökman.
Üýşüp, çaşyp,
            çar tarapa eňip git.


enedilim.com

Şeýle dostlar bilen gezseň birsellem –
Ýetersiň iň uly matlaba çenlem.
Gadamyň giňden ur!
Entekler ellem
Hol öňde-le... Ýaş hakynda dymyp git.

Haly wagtyň meňzemegin kilime,
Diri wagtyň gyssanmagyn ölüme.
Öçen wagtyň öýkünmegin çilime –
Içi közli ojar ýaly sönüp git.

Ýene bir söz (magtanmak däl, öwüt däl):
Mazaryma daş oturtmak sargyt däl.
Mele ýeriň astynda-da daş gyt däl,
Bakylyk şol:
Şol daşlara siňip git.

## Hanhajykka

Ýatlananda geljek günler,
Ýada düşdi geçen günler.
(Hanhajykka!
Hanhajykka!
Salgy berer tejenliler...)

...Şüdügärden gidip barýan.
Öňümden bir oba çykýa.
– Nirde, mama, pylan oba?
– Hanhajykka!
Hanhajykka!

Büdresem-de gidip barýan.
Çykýar derýa, çykýar guýy.
Ajy, süýji salkymlardan
Dolup otyr derýaň boýy.


enedilim.com

Gol uzadýar gawun, garpyz.
Yza dartýar gyzgan, syrkyn.
(Biri göýä borjun üzýär,
Biri alýar köne hakyn!)

Gidip barýan jeňňellikden.
Öňümden bir baba çykýa.
– Uzakmydyr pylan menzil?
– Uzak nire! Hanhajykka!

Ne şähere düşýär gözüm,
Ne-de oba, ne-de köprä.
Käte dilim bala degýär,
Käte degýär ajy kekrä.

Ýa garrylaň gözlerine
Çöp atdymy ümür, salgym?
Belki, ýaşlyk berip biler
Alys ýoluň, dogry salgyn.

Süriň ýanda çopan gyzy
Tirt berip dur arryk tokla.
– Pylan menzil daşmy, uýam?
– Hanhajykka! Hanhajykka!

Bir ýanynda gara telpek,
Bir ýanynda jotda çakgy,
Gök toraňňyň saýasynda
Uklap ýatyr goja sakçy.

Bir tarapda topar çaga
Garpyz ýolýar (sakçy ýokka!).
Öňki sorag. Öňki jogap:
– Wiçjik, wiçjik,
Hanhajykka!

...Henizlerem gidip barýan
Ogar-ogar, togar-togar.
Kä öňümden bürgüt çykýar,
Käte çykýar tilki, şagal.

Gözlerime gonup ary,
Aýagymdan çybyn çakýa.
Emma öňe gitmek hezil
Wyždanyň päk, kalbyň akka.

Ýollar uzak, menzil agyr.
Agyr...
        Ýöne
Hanhajykka!

## Özüme

On üçmi
Ýa on dört ýaşap,
Çepek geýip, ile çykdyň.
Galamyňy dula taşlap,
Çep gulakly pile çykdyň.

Atañ öldi. Towlanmadyň.
Möňňürmediň. Togalanmadyň.
(Ýa-da juda oglanmydyň?
Ne sebäpden beýle çykdyň?

Aga ýitdi, ata öldi,
(Gezermikäň hülli-hülli!)
Ýöne Seniň bagtyň geldi –
Eneň bilen ýola çykdyň.

Kabul etdi agras Tejen,
Bugdaýlary goňras Tejen.
Burugsa, burugsat, Tejen.
Bir ot gözläp, seýle çykdym.

Alym Tejen oda derek
Berdi ot dek bugdaýorak...
Dabanlaryň darak-darak,
Sagdan orduň, sola çykdyň.

Ýer ýüzüni bugdaý edip,
Her dessesin bogdak edip,
Bogdagyny baýdak edip,
Ýeňiş üçin ýola çykdyň.

Gazdyň gazy, çyzdyň goşgy.
Ýesir etdi gyzlaň yşgy.
Haýsyn görseň –
şol hem ýagşy.
Bir täsinje
Owlajykdyň.

Mälediň sen, mälediň sen
Birin hasam haladyň sen.
Barmy puluň, haladyň seň?
Ýokdy. Derrew nola çykdyň.

Başky Söýgiň ýykdy aldap.
Böküp turduň... Bolduň soldat.
Gaýdyp geldiň.
Dostlaň goldap,
Bir gözeli dula çekdiň.

...Sapak berdi alym, hatdat.
Öýüň kitap, ýüküň kitap,
Gündiz ýanyp, gije tütäp,
Şahyr bolduň,
«molla» çykdyň.

Iller saňa diýdi şahyr.
Azda-kände adyň zahyr...
Diri wagtyň bolma pahyr,
Çyksaň
lowlap
ile çykgyn!

Şahyrlyk bir jaňly kerwen.
(Ýolda diňlen, öýde diňlen!)
Diňlenmeseň
ýene derrew
Çep gulakly pile çykgyn...

## Şahyryň gözi

Illeriň gözünden üýtgeşik däldir
Şahyryň gözi.
Edil seňki ýaly Ak, Gara köldür
Şahyryň gözi.

Emma şol Gara, Ak sereden çagy,
Has ýagşy saýgarar garany, agy.
Gözüň aňrysyndan aňşyrar çygy
Şahyryň gözi.

Gözüniň içinden bagry sereder,
Bagrynyň içinden şygry sereder.

Hiç haçan sapajak-supajak etmez –
Görejiň içine dogry sereder
Şahyryň gözi.

Görejiň içinden ýüregňi görer,
Halal, haram iýen çöregňi görer.
Garaz, özi üçin geregni görer
Şahyryň gözi.

Şeýle seretmegi başarmadymy –
Däldir ol
Şahyryň gözi.

## Pursatlar

Kämahal şeýle bir gepläsim gelýär,
Küýseýän şeýlekin hemsyrdaş adam –
Dyzba-dyz oturyp şol adam bilen,
Geçmiş elipbiýin hetjikläp «A»-dan,
«Ýa» harpyna çenli çözläsim gelýär.
Isle zenan adam, isle-de erkek –
Sözledesim gelýär,
Sözläsim gelýär.
Emma beýle döwlet
Duşdumy entek?

Iň bagtly günümde duşupdy biri.
Sözläpdim, diňläpdim. Giňäpdi göwün.
Işimem şowludy, ýüzümem ýagty,
Ýüregmiň urşy-da başgady şo gün...

Kämahal şeýle bir dymasym gelýär.
Ne adam küýseýän, ne-de bir gürrüň.

Dyzba-dyz oturyp öz-özüm bilen,
Gaýgym,
söýgim,
ömrüm,
aladam,
döwrüm.

Hakynda gürrüňler edesim gelýär.
Özümden özgäni küýsänok ýürek.
...Häp-häzir nähili? Häzirem şeýle.
Diňe özüm bilen
Gepleşmek gerek.

## Bergi

Bu dünýäden ýagşy adam ötende –
Gyýylýaryn bir ýyldyzyň ýitenne.
Ýitýär ýaş ýyldyzlar, garry ýyldyzlar.
Iň gerek ýyldyzlar,
Saýry ýyldyzlar.

Tirkeşip, tirkeşip, ýitýärler olar.
Arzuwlary bilen ötýärler olar.
Biz diriler bolsa hasrata çümüp,
Olaryň jesedin gaýdýarys gömüp.
Şo mahal
diňe bir jeset gömulmän.
Tonnalap, tonnalap arzuw gömülýär.

Bu gün gyýylýaryn
Ýene bir zada:
Olar bilen dem alyp bir dünýade,
Görsem-de jahanyň gündiz-gijesin,
Içsem-de durmuşyň ajy-süýjüsin,

Ýüregimde ýatan söýgimiň baryn
Olara dirikä gowşurmandyryn.
Olar çuň söýgimi bilmän gidipdir.
Iň uly algysyn alman gidipdir.

Ýatyr ýüregimde ummasyz söýgi,
Ony ýyl geçdikçe götermek görgi.
Sebäbi meňki däl, başgaňky olar.
Gowuşmaly kalba, gowuşmandyrlar.
Gerşimde birgiden
Amanat ýük bar.
Men – ölä bergidar,
Howply günäkär.

## Wesýetler boýunça

Çagakak «Aglamak utanç!» diýdiler.
Jahylkak «Aldamak utanç!» diýdiler.
Şeýdip endik etdik aglamazlyga.
Şeýdip endik etdik aldamazlyga.
Diýdiler: «Köplükde gägirmek aýyp».
Diýdiler: «Köçede sygyrmak aýyp».
Diýdiler: «Meýlisde geçmäkäň töre,
Hakyň barmy? Törüň özünden sora!»

Ýene-de diýdiler: «Ulalyp ýaşyň,
Garaja gyl bilen basyrlar döşüň».
«Döşüňe bitýänçä şol gyl – diýdiler.
Günäňi geçerler, ogul!» diýdiler.
«Döşüňe bitensoň şol gyl – diýdiler,
Döşüňe mynasyp bolgul!» diýdiler.

Diýdiler: «Dünýäde nämedir gyt zat?»
Üç gezek diýdiler: «Ussat! Ussat! Ussat!»


enedilim.com

«Näçe gyt bolsa-da ussat – diýdiler,
Çyn şägirt
ondanam gyt zat!» diýdiler.
«Öwrenip ilkinji harpy – diýdiler,
Gomalar şägirdiň galpy!» diýdiler.
«Galp şägirtden boluň hüşgär!»
«Emer-de,
emjegňi dişlär!» diýdiler.

Ýene-de diýdiler: «Ulamy-kiçä,
Öljegňi bilseň-de, ýalbarma kişä!»

«Diňe bir adama ýalbar!» diýdiler.
Onuňam adyna dilber diýdiler.
«Aýyp däl näzini çekmek – diýdiler,
Näzden ýüzün sowan – akmak!» diýdiler.

«Ýene iki merde ýalbarmak bolar –
Diýdiler – ene hem atadyr olar».
«Ataňa ýalbarsaň – galkynar ruhy».
«Eneňe ýalbarsaň – kemeler ahy»,
«Kim etse şolara tagzym – diýdiler,
Işi rowaç, ýaşy uzyn!» diýdiler.

...Ene kän edepleň tutdular adyn.
Diýdiler: «Gabanma özgäň şöhratyn!»
«Gabanma zehiniň ezelligini!»
«Gabanma öz joraň gözelligini!»
«Gabanma öz äriň gerçekligini!»
«Gabanma öz gelniň alçaklygyny!.
Ne näzlerin, ne-de sözlerin gaban,
Diňe oýnaklatsa...
gözlerin gaban!»

Diýdiler: «Erkekden belentdir aýal!»
«O nämüçin?» diýip berdiler sowal.

Jogabyn berdiler: «Gutaryp ömrüň,
Ýagty dünýä bilen hoşlaşsaň bir gün –
Aýal
        är ojagyn saklar – diýdiler,
Söýgiňi müň kerem haklar!» diýdiler.
«Çagalaryn iýdir, geýdir – diýdiler,
Şeýdip ýaş ömrüni köýdir!» diýdiler.

«Emma beýdip bilmez erkek – diýdiler,
Bu babatda pesdir entek!» diýdiler.
«Altmyşdan, ýetmişden geçse-de saly,
Gözlerin ýumdumy eziz aýaly –
Ýatdan çykyp wepa, ygrar – diýdiler,
Ikinjiň gözlegne ylgar!» diýdiler.

...Diýdiler, diýdiler, diýdiler kän zat.
Käbirisi aňsat. Köpüsi kyn zat.
Aňsadyn – hemmeler başar – diýdiler,
Kynyn başarmakda iş bar – diýdiler.
Kyn hem bolsa,
Şudur wesýet – diýdiler.
Diňe kyn zat –
Şol mukaddes! – diýdiler.

* * *

Gum hem özi üçin hasyl berenok,
Suw hem özi üçin berenok tagty.
Bulut hem öz-özün ýuwundyranok,
Gün hem özi üçin saçanok ýagty.
Hemmesiniň aladasy-gaýgysy –
Biri-biriniň bagty.

Hemmesi-de biri-birine aşyk.
Birisi suw berýär, beýlekisi nur.

Birisi gül açsa, beýleki joşup
Gülleriň üstünden seçelenip dur.

Birisi süpürse ýapragyň çygyn,
Beýleki şol çygdan ýasaýar bulut.
Ýene-de şol çygdan ýasalan bulut.
Dagdan aşak inýär bir derýa bolup.

Ýene-de derýadan döreýär bulut.
Ýene-de buludy ýaýradýar şemal.
Şeýdibem hemmesi bir hemra bolup,
Biri-birisine berýärler kemal.
Elmydama al sen şolardan mysal,
Hem mydama bol sen şolara mysal,
Ynsan.

## Ýene men adam

Käteler begenýän ujypsyz zada,
Käte-de gyýylýan şonçajyga men...
Şu gün gabat geldim köçäň ugrunda
Ýolunyp oklanan gunçajyga men.

Gyssagly barýardym. Wagtym çäklidi.
Emma köz basan dek egildim aşak.
«Gunçajyk, kim Seni bagyňdan ýoldy?
Kim Seni har etdi köçede taşlap?»

Gunçajyk uludan aldy-da demin,
Aýamyň içinde ýylgyrdy sessiz...
Maňa şondan artyk sag bol gerek däl.
Şo sag bol besdir.

...Käteler begenýän ujypsyz zada.
Käte-de gynanýan şonçajyga men.
Şu gün gabat geldim köçäň ugrunda.
Ýolunyp oklanan arçajyga men.

Howlugyp barýardym. Elim goşludy.
Ýaltandym. Egilip bilmedim aşak.
Ýöne öz içimden gargynyp geçdim:
«Seni köçä oklan niçiksi peşşap?»

Arçajyk uludan aldy-da demin,
Yzymdan seredip, gyňraldy sessiz...
Maňa şondan artyk jeza gerek däl
Şo jeza besdir.

Bäş ädim ätdim-de, yzyma serpdim.
Goşum ýere oklap, egildim aşak.
Tozanyn üfledim, goltugma saldym
Gökje maňlaýyndan üç gezek ogşap.

Arça ne ýylgyrdy,
Ne-de gyňraldy.
Emma goltugymy ýylatdy sessiz.
Ýazygym geçildi. Ýene men adam.
Şo bagtym besdir.

## Kök

*Şahyr Baýram Jütdiýewe*

Topragyň üsti durşuna agaç.
Topragyň asty eriş-de-argaç.

Ýüz dürli kökler eýläk-de-beýläk.
Emma bir-birin edenok heläk.

Birek-birege ýapyşýar olar.
Aşyklar kimin öpüşýär olar.

Öpüşdigiçe çuňlaşýar kökler.
(Islän çuňlugna ýetip biljekler!)

Çuňlaşdygyça olaryň köki,
Köpelip barýar omzunyň ýüki.

Omzunyň ýüki boldugyça köp –
Ýeriň keýpi kök,
Köküň
          keýpi kök...

* * *

Köçämizden geçip barýar adamlar.
Käbiri şadyýan, käbiri gamgyn.
Nämüçin şadyýan? Nämüçin gamgyn?
Bilesiň gelse-de, soramasy kyn.

Asyl, sorap ýörmek gerekmikä bir?
Kişiň gizlin syry nämäňe derkar?
Dogmak bar, ölmek bar...
                                        Ýöne dünýäde
Näçe diýseň başga sebäpler-de bar.

Köçämizden geçip barýar adamlar.
Käbiri şadyýan, käbiri gamgyn.
Emma şat gamlanyp,
                              gamly şatlanyp –
Tersine bolmaly bolmagam mümkin.

Bar, sen sebäbini sorapmyşyňam,
Bar, bilipmişiňem. Näm etjek onsoň?
Ýok, sen bilmelisiň etjek zadyňy,
Bilmelisiň şahyr bolmakçy bolsaň.

## Sary gapy

Bir akja jaý otyr. Işigi hapa.
Kagyzmy, esgimi... giden bir depe.

Güýzüň, ýapraklary ýatyrlar üýşüp,
«Kim bizi süpirkä, ýygnarka?» diýşip.

...Öňler beýle däldi bu sary gapy.
Görküňe hyrydar ederdi köpi.

Äpişgäň öňünde gara gaş gelin,
Sähere ogşadyp çermelen elin,

Ýuwardy aýnany, süpürdi ýeri.
Bir gyza degjekdi alkymnyň deri.

Lowur, lowur, lowur... ýanardy Güne.
...Ertesi işiňe ugrarsyň ýene.

Ýene-de şeýledir: gara gaş gelin
Sähere ogşadyp ýörendir elin.

Diýersiň bu gelni öpmäge doglan
Bir-ä säher,
birem säher dek oglan...»

Şu pikir kelläňe gelerem welin,
Göýä seň içiňi okaýan kimin

Görüner işikde säher dek oglan.
Diýersiň: «Eý, dogan, bagtyňa guwan!

...Ýyllaryň guýrugna aslyşyp ýyllar,
Bulut dek tirkeşip göçer pasyllar.

Geçer otuz bahar, şonça-da tomus.
Henizlerem akdyr gundaglyk kamys.

Henizlerem boşdur ýüpek sallançak...
Altmyş ýyl lowurdan
keteni baýdak

Perzentsiz çalaryp, ýykylar bir gün,
Guçar gara ýeri garagöz gelin.

...Bu işde kömege ejizdir şahyr.
Ol diňe öz borjun amala aşyr.

Käte säher bilen, käte-de öýlän,
Şol jaýyň öňünde ýaňlanar salam.

Ony garşy alar täk galan goja...
Ýene ýyly ýaýrar çoýundan peçe.

Azajyk nurlanar çöken ýaňaklar...
Gapydan ýygnalar sary ýapraklar...

## Ýekşenbe säheri

*Ukrain satirigi Mariýa Wowçogyn*
*kitabynyň titulyna bellenen setirler.*

Bu niçik säher?
Bu niçik kitap?
Bir okan ýerim
Üç sapar okap,

Düşünip bilmän,
Agdarýan yza.
Nätdigiň boldy,
Mariýa daýza?

Seniň kitabyň
Okamda öňler,
Bolardy gaýgym
Agdarda-düňder.

Gaýgyň deregin
Tutardy şatlyk...
Häzir-ä, näme,
Dünýä abatlyk.

Aman-esenlik
Goňşy-golamlar
Gitdi ölenler,
Saglyk – galanlar.

Çykdym eýwana
Bakdym aşaga.
...Aglapjyk otyr
Ýetimje çaga.

Şojagaz çaga
Goýýança sesin,
Ne gulak ümsüm,
Ne ýürek ümsüm,

Azajyk garaş,
Mariýa daýza.
Kemputjyk bereýin
Ojagaz gyza...

Diňsin gyzjagaz.
Okaryn onsoň...
Düşünýäňsiň-le
Sen ene bolsaň...

## Gamsyz goşgy

Göterildi şu gün göwnümiň yşgy.
«Gel, ýazaýyn – diýdim –
Gamsyzja goşgy...»

Kömelek agtaryp bir topar çaga,
Dyrmaşýar ýokaryk,
Inýär aşaga...

Ýanýar göreçlerde bigamlyk ody.
Atlary nämekä?
Hökmanmy ady?

Serdarjyk, Ataly, Gurthan, Meretli...
Birisi torbaly,
Biri sebetli.

Çaşýarlar, üýşýärler, bökýärler birden.
Gözleýän zatlaryn tapýarlar ýerden.

Gamsyzja gülküden ýaňlanýar dört ýan.
...Ene-de gykuwlap,
Ylgady Gurthan.

Girdi sebetlere «Gelinkömelek».
Bir däl, üç däl, dört däl,
Näçesi gerek.

Ýerleşdi sebetde bir topar «jora».
Atlary nämekä?
(Tapandan sora!)

...Sowaşdy baýyrlar.
Garaldy iňrik.
Gelýärdi çagalar kömelek gemrip.

Hoşaldy Ataly, Gurthan, Meretli.
Serdarjygmyz weli... boşja sebetli.

Sebede düşen ýük... üçje kömelek.
Birisi goturdy,
Ikisi kelek.

...Gamsyzja goşgyma ýene düşdi gam:
Gije uklamady
Kiçijik adam...

## Hemaýat

Ejiz adamlara howandar bolmak
Meniňem borjumdyr,
Seniňem borjuň.
Şol borjuň öňünde ejizlemeseň,
Tä ömrüň ötinçä sylagly borsuň.

Onsoň barypýatan ilogly borsuň.
Ejizi goldasaň il seni goldar.
Iliň goldaýarmy – salkyndyr tomsuň,
Kyrkçilläň buzunda daragtyň güllär.

Her basan ýeriňi ulus-il bellär.
Adyň il içinde bolar soragly,
Bir goja tanşymyň aýdyşy ýaly,
O dünýe, bu dünýe
borsuň sylagly.

O dünýe diýmeklik näme diýmekkän?
Bu sowal üstünde oýlanyp köp ýyl,
Ahyrsoňy şeýle netijä geldim:
Senden ile galjak terbiýe, akyl,
Bilim, paýhas, edep, adamkärçilik,
Ýagşy at, ýagşy söz – şodur o dünýä
Bu dünýä inende ynsan diýen zat
Şeýdip o dünýäsin maksat edinýä.
...Ejiz adamlara howandar bolmak
Onuňam, meniňem, seniňem borjuň.
Emma diňe ejizlere gol berip,
Güýçlini unutsaň,
günäkär borsuň.

Ejiziň ýüregne iki söz bilen
Basyp bolýan bolsa ýitmejek gara,
Güýçliniň ýüregne
ýeke söz bilen
Salyp bolar käte bitmejek ýara.

Ejize delalat,
Güýçlä hemaýat –
Biri-birisinden zerur gylykdyr.
Ejizi goldamak – uly zerurýet.
Güýçlini goldamak gahrymanlykdyr.

## Ömrüň manysy

*Ýalaňaç dogduň adamzat*
*Indi saňa don gerek*

Magtymguly

Aglap dünýä inýäň adam diýen zat:
Onsoň agyň gülkä garyşan gerek.
Ýöne weli gülkä garyşmak üçin
Ýurt abadan, durmuş çaglaşan gerek.

Kem-kem kämil bolýaň adam diýen zat:
Onsoň sen hanlara jan goşan gerek.
Ýöne welin jana jan goşmak üçin
Bagryň il-gün bilen badaşan gerek.

Käte ejiz bolýaň adam diýen zat:
Şonda gelip derdiň soraşan gerek.
Ýöne weli derdiň soraşmak üçin
Ozal seni dertden goraşan gerek.

Bir gün ýalňyz galýaň adam diýen zat:
Onsoň abraý bilen jaýlaşan gerek.
Ygtyýar bermersiň aglaşmak üçin,
Ýöne biygtyýar aglaşan gerek.

## Dost

Adam
    adam adyn alaly bäri
Bir ýumrugy – toýly,
Birisi – ýasly.
...Dosty soňky demde hyrkyldap ýatyr.
Edil gapdalynda toý tutýar dosty.

Ýöne weli bu dost
Hakyky dostdy –
Dostunyň ugrunda ýurt söküp bir ýyl,
Toýuny tesdirdi. Melhem gözledi...
Emma şaha-şaha,
şatut dek ogul
Gara kesewi dek süýnüp ýatyrdy.
Peýda berenokdy hiç hili melhem.
Dostuň dosta eden melhemlerinden
Dirilip bilerdi,
Belki, öli hem.

Emma dirä weli şypa ýetmedi:
Bu dünýäde artyp bäş sany ýetim,
Sapagyndan tänen, bäş alma ýaly
Ýaş enäň etegne
gaçjakdy ertir.

Emma Kesel üçin ýetimmi, ýesir –
Tapawudy ýokdy. Bolsaň-da her kim,
Hökmürowandy ol. Sülçüsiz-zatsyz –
Bir madda boýunça
Kesýärdi
Höküm.

...Bu gezek Höküme howlukmady ol.
Pidasyn bir ýyllap oýnady Kesel.
Düýn oňa bir bulgur awy uzatdy,
Bu günem uzatdy
Bir oýmak hesel.

Diýmeli, yzyna tesipdir Kesel.
Guwandy dost-ýarlar. Begendi il gün.
Enesi gülledi misli bir erik,
Aýaly açyldy misli bir bägül.

Toý hakda maslahat gozgaldy şol gün.
Ol diýdi: «Nämüçin şu wagta çenli
Maňa aýtmadyňyz? Men toý küýseýän.
Ataryň gazany! Getiriň gelni!
Toýuň hyzmatyna ýaraman weli,
Sazyn diňlemäge ýarar bu göwün.
Aý, onsoňam, näme... dostumyň toýy...
Belki bir käsejik
Urarsam şo gün...»

Ertesi daň bilen gitdi atbaşy.
Gelin getirildi. Toý gyzdy öýlän.
Tans edip başlady ýigitler, gyzlar...
Gün bolsa... ýaşypdy,
Ýaşypdy eýýäm.

Ýaşsa ýaşybersin. Gün diýilýän zat
Ýaşmak, dogmak üçin dälmidir başda!
Wah, ol şeýle welin,
                              bu günki Günüň
Ýaşyşy öňküden
Bolmaly başga.

Şol gün bilen
Bile ýaşmalydy ol –
Hoşlaşmalydy ol bu älem bilen.
Ýöne Dost toýuny bozmazlyk üçin
Keseller içinde iň Zalym bilen
Başa-baş söweşe girişipdi ol.
Ýok, ol edenokdy ölümden heder.
Diňe birje zatdan heder edýärdi:
«Toýy bulaşdyrsam,
Il-günüm näder?!

Men diri bolmaly. Diňe diri däl,
Men adam bolmaly. Adamlyk bolsa –
Diňe Wepa bilen Mertlige bagly.
Adamlyk tohumy gutarar ýogsa...»

...Bir howlyň içine syganok ilat.
Deň-ýary düzlüpdir ýabyň boýuna.
Ol bolsa
          söweşip ýatan ýerinden
Guwanyp dostunyň uly toýuna,
Gyzlaň gülküsine, bagşyň sazyna
Ýüregniň iň soňky sesin goşýardy.
Daşarda Saz bilen Gülki ýaryşsa,
Öýde Ömür bilen Ýas ýaryşýardy.

Haýsynyň ýeňjegi eýýäm bellidi.
Emma dowam edýär başa-baş söweş.
Göýä Ajal onuň bogazna däl-de,
Ol onuň bogazna münene meňzeş –
Gysýardy ýumrugyn, barha gysýardy.
Ýüzüniň, gözüniň üýtgäpdi persi.
Göýä gurçuk üçin pudalan tuduň
Kellesi ýalydy ýumrugnyň hersi.

Ýatyrdy ol misli telegraf pürsi –
Göýäki diýersiň, uly bir tupan
Ony ýykypdyr-da, emma henizem
Simler işläp ýatyr myhyndan sypman.

Emma etjegini edipdi tupan.
Güýç barha keselden
Asgyn, asgyn, asgyn...
Onýança-da dosty gapydan girdi.
Gyssandy: «Toýuňy sowduňmy, dostum?»
– Hawa, hawa, toýy sag-aman sowduk.

Ýap-ýaňja ugratdym soňky myhmany.
– Onda eliň äber... Toý gutly bolsun!...
Men gitdim...
                Hyrk boldy.
Sogruldy jany.

* * *

Onuň söýýän zady dagda gezmekdi.
Göýä daglar üçin iýnipdi dünýä,
Daglaram oň üçin dünýä iýnipdi.
Dyrmaşar ýörerdi gaýadan gaýa.

Nany goltugynda. Jöwheri bilde.
Tüpeňi elinde. Oky hatarda.
Ýöne ol keýikden ýa guşdan däl-de,
Dagyň çürbaşyndan okun atardy.

Okun atar welin, gaýaň ujundan
Kelle ýaly daşlar atylyp aşak,
Togarlanyp gaýdar. Kätä özi hem
Daş bilen ýaryşyp gaýdar başaşak.

Agyrsynam duýmaz. Süýnüp barar-da,
Mumyýa gözlär ol. Tapaýsa eger,
Ony gyryp alyp jöwheri bilen,
Haltajygna salyp, oba iberer.

Çopanmyň, çolukmyň, syýahatçymyň,
Daýhanmyň, awçymyň – her kimem bolsaň.
«Oba gowşur!» diýip berer goýberer.
Ýolun dowam eder ýene-de onsoň.

Kellesin, aýagyn, tirsegin sarap,
Ýene kemerlere dyrmaşar gider.
Kä kişiler oňa «Geň adam» diýse,
«Tüýs samsyk» diýerdi käbir kişiler.

Ol bolsa samsyk diý,
Ha akylly diý –
Parhyna-da däldi. Nä-hä durýardy,
Ne-de diňleýärdi. Daglardan daga
Şol gidip barýardy, gidip barýardy.

Işi juda köpdi. Wagty çäklidi.
Dünýäň gepi bolsa diňlärden kändi.
Ýogsa onuň säginmegem mümkindi,
Diňlemegem mümkindi.

## Şaja Batyrowyň ýogalan gününde ýazylan goşgy

Men häzir kapyýa tapyp biljek däl,
Ýürek rahat gerek kapyýa üçin.
Men hazir bogazma dolan gaýgymy
Ýöne ak kagyza geçirip goýjak.
Beýle wagt kapyýa nämä ýaraýar?
Onsoňam, durmuşda Seniň özüň hem
Diňe bir kapyýa gözläp gezmediň,
Sen durmuşdan uly mazmun gözlediň.
Kapyýalar bolsa uly mazmunyň
Gudratyndan ýaňa özi dörýärdi.

Ýaňam Sen agaçdan tribuna münüp,
Halkyňa seredip, dür saçyp durduň,
Indi Sen agaçdan tabyda girip,
Okara gözlerňi ýumup ýatyrsyň.
Tabydyňam äpet öz göwräň ýaly,
Ol tabyda göwräň zordan ýerleşýär.

Ynha, häzir şol tabydyň daşynda,
Birimiz buz örýas Seniň daşyňa,
Birimiz gül örýas Seniň daşyňa,
Ýaňy kümüş seçen gara başyňa
Ýüzläp adam, müňläp adam garap dur.

Janyň sagat wagty şunça il bolup,
Seniň saglygyňy goran bolsadyk,
Onda Sen tabydyň içinde bolman,
Tabyt Seniň peçiň içinde bordy.
Ýöne şeýdip goraýmakçy bolsagam,
Sen bize özuňi goratdyrmazdyň.
Ajaýyp adamlaň ykbaly şeýle.

Olar öz saglygyn goratdyrmaýar,
Olar iliň saglygyny goraýar.
Soňky demindekä ýanyna barsaň,
Ilki bilen öz saglygňy soraýar.
Ajaýyp adamlaň ykbaly şeýle.

Senem saýlap aldyň şeýle ykbaly.
Sen göreşdiň, Göreşmegi öwretdiň,
Sen işlediň. Işlemegi öwretdiň,
Sen ýaşadyň, Ýaşamagy öwretdiň.
Sen diňe nähili ýaşamagy däl,
Nähili ölmegem öwredip gitdiň.

## Kynçylyk hakynda

Uly kynçylyga mahsus adamlar
Oňa oglanlykdan bolarmyş taýýar.
Ýöne kynçylygy sen saýlamarsyň,
Gözleriňe bakyp,
Ol seni saýlar.

Ol seniň kimdigňi gözüňden tanar,
Onsoň synag eder öz dünýäsinde.
Pyrlandyrar seni gyş dünýäsinde,
Aýlandyrar seni ýaz dünýäsinde.

Tomus dünýäsinde, güýz dünýäsinde
Synar ol. Dört paslyň içinden geçir.
Bir ýerde
lakyrdap duran gaýnag suw,
Ýene bir ýerde-de buzly suw içir.
Içegäň çürşäýjek – ýalydyr
ýa-da
Bogazyň doňaýjak ýalydyr welin,
Şol gidip barýansyň, hiç zadam bolmaz,

Dert-alada bilen doludyr beýniň.
Iloglusyň
Hem-de ýologlusyň sen.
Ýologlumyň – diýmek, derdiňem köpdür.
Öz ili mekdepdir ilogly üçin,
Ilogly hem öz iline mekdepdir.

Öwrener, öwreder gider bararsyň,
Hem-ä şägirtsiň sen,
Hemem halypa.
Öwretmek beýle bir agyr iş däldir,
Öwrenmek – şol juda uly wezipe.

Öwretmek ajaýyp sungatdyr weli,
Öwrenşiň boýunça kesiler nyrhyň.
Ýologlusyň. Şeýdip gidip barýansyň,
Iloglusyň. Ýokdur illerden parhyň.

Bolubilse bardyr ýekeje parhyň.
Ony hem il biler. Duýmarsyň özüň.

Illeriňkä görä garypdyr çatmaň.
Illeriňkä görä närzadyr gyzyň.

Geýjekdir matalaň gowsuny saýlap.
Çagadyr. Etmez ol tapanna şükür.
Balaňdyr, dözmersiň. Işiňi goýup,
Onsoň esgi hakda edersiň pikir.

Ýene-de ýoldasyň...
Iliňkä görä
Alnyň çytygrak-da bolmagy mümkin.
Ýüzüň hem kämahal salygrak görner.
Emma gülen wagtyň dag ýarar gülkiň.

Aglaňda aglarsyň aglan şekilli,
Güleňde gülersiň gülen şekilli.
Hem-ä okumyşsyň,
Hem akyllysyň –
Ýöne weli dälsiň
Ilden akylly.

Il aklyn ulanyp bilşiňe görä
Gymmatyň köpeler ýa-da kemeler.
Şol hasap boýunça mazarynda-da
Güler ýa-da aglar dogran eneler.

Sen kemally bolsaň – mazary giňär,
Sen bikemal bolsaň – ýer dardyr enä.
(Ýeriň üstündäki bikemal ogul
Ýeriň astynda-da azardyr enä...)

Iloglumyň –
şeýder gider bararsyň.
Kynçylyk yzyndan kynçylyk dörär.
Kynçylyga görä artmaz möçberiň,
Kynçylyk artýandyr möçberňe görä.

## Şahyr

Dünýäde köp boldugyça uly şahyr kişiler,
Dünýäň bagty beýgeler, dert-azary kiçeler,
Şeýledigin bilýändirler ähli menden ulular,
Bilsin menden kiçiler.

Şahyryň şahyrlygy näme bilen ölçeler?
Ony mydam ölçäpdirler iň uly ölçeg bilen.
Şahyr çyn şahyr bolanda, ykbaly örkli bolar
Dünýäň şu güni bilen, dünýäň geljegi bilen.

Dünýäde köp boldugyça şeýle şahyr kişiler,
Dünýäň ömri uzalar, dert-yzasy kiçeler.
Şeýledigin bilipdirler ähli bizden ulular,
Bilmelidir kiçiler.

Bilmeseler kiçiler öňküdenem kiçeler.
Kiçeler-kiçeler-de, öz-özünden gutarar.
Dünýäň şatlyk-hasratyny bagrynda göterýändir
Uly şahyr eneler,
Uly şahyr atalar.

Şahyr ulaldygyça öz halkyny ulaldar,
Halkyny ulaldýarmy – dünýäni ulaldýandyr.
Özi-de bilýän däldir özüniň şeýledigin:
Öz ömrüni gysgaldyp,
Il ömrün uzaldýandyr.

Garynjany basmaga-da dözýän däldir çyn şahyr,
(Gapdalyndan sowlup geçer ol ejizje jandaryň)
Ýöne weli il-gününe bähbit boljagyn bilse,
Çeýnär başa-baş söweşde gaplaňlaryň serdaryn.

Şony başarmadymy – onsoň ömür boýuna
Ukusyndan mahrum bolar, çeýnär ony ynsaby.
Ýaşar ol, göreşer ol uly hasap boýunça,
Onuň ýigrendik zady – dünýäň ownuk hasaby.

Gündeligin ýazandyr uly hasap boýunça.
Ötende-de uly derdiň azabyndan ötendir.
Onsoň mazar içinde-de ýokdur oňa ynjalyk:
Ili-güni aglasa – olam aglap ýatandyr.

Bir gün şeýle şahyryň mazaryny gujaklap,
Saçlaryn perişan kylyp, aglan wagty aýaly,
Mele toprak aşagyndan çykanmyş güňleç owaz
«Ilim-günüm amanmy?»

Senem şeýle mazary bagryň bilen gujaklap,
Gumun gözüňe sürtüp, goýsaň oňa gulagyň,
Tämizligiň çyn bolsa, owaz çykar guburdan:
«Niçiksi öz saglygyň?»

Şahyryň şahyrlygy ozal – ahyratynda
Şu ýalňyz ölçeg bilen ölçelipdir, ölçeler.
Özümden ulyny diňläp, uýdum bu hakykata,
Uýsun menden kiçiler.

## Gaýrat

Berdi Kerbabalar,
Ata Gowşutlar,
Gara Seýitliler,
Rehmet Seýitler... –
Sogrulyp-sogrulyp gujagymyzdan,
Gara ýeriň gujagyna gitdiler.

Olar bize kän zat öwredipdiler.
Olaryň her demi bize sapakdy,
Olar bir-birinden goçak däldiler,
Her haýsysy öz ýerinde goçakdy.

Uly boldugyça ömür möçberi,
Ajal tygy batar ekeni kem-kem.
Her bir täze ölüm
kimiň kimdigni
Ölçeýän iň halal terezi eken.

Ömür hem özüçe ölçäpdi weli,
Ölüm anyklady olaň gymmatyn....
Öwlüýä dek mukaddes saklapdy olar
Ynsap,
Salam,
Edep,
Jedel hormatyn.

Mukaddes Salamyň hatyrasyna
Biri-birisiniň gözüne bakyp,
Mukaddes Ynsabyň hatyrasyna
Käte bir-biregiň göwnüni ýykyp,
Mukaddes Jedeliň hatyrasyna
Goç dek süsüşmegi başaryp olar,
Mukaddes Edebiň hatyrasyna
Erte säher ýene duşuşypdylar.

Olar belentdiler. Şol belentlikden
Ýeňip uly dünýäň ownuk gybatyn,
Dünýädäki ähli ownukçyllykdan
Ýokarda goýdular zehin gymmatyn.

Kiçiň hatyrasyn, ulyň hormatyn
Saklamagy är dek başaryp olar,
Arasynda käte ýalňyşsalar-da,
Ýalňyşmajak bolup ýalňyşypdylar.

Olaryň birisi
uçut gaýady.
Ýassanyp şol gaýaň kemerli böwrün,
Saýalar ýörerdik. Ýykyldy gaýa.
Uçdy uçut. Saýa küýseýär göwün.

Olaryň birisi
äpet bir şirdi.
Ýassanyp ol şiriň ýüpek dek böwrün,
Gorky-ätiýaçsyz uka giderdik,
Gitdi ol şir. Mertlik küýseýär göwün.

Olaryň her haýsy
uly bürgütdi.
Saýalap olaryň galkan ganatyn,
Bürgüt ýaşyna-ha ýetipsiň senem.
Ýöne barmy, şahyr,
Bürgüt gaýratyň?..

* * *

Kimler gojaldykça ulalyp barýar,
Kimler gojaldykça kiçelip barýar.
Her kimiň agramy göwrä görä däl,
Kimdigine görä ölçelip barýar.

Şeýdip bu dünýäden geçilip barýar.
Seçilişip barýar hak bilen nähak...
Nähagy ret edip,
beýlekileriň
Her bir ädiminden öwrenýän sapak.

Olar meniň üçin ak saçly mekdep.
Şolaň aklygyndan nur alýar günüm.
Mahal-mahal egnim pes ýaly weli,
Şolaň birin görsem, beýgelýär egnim.

Ykbal gysga edýär olaryň ömrün,
(Müň şükür, uzagam ýaşaýar käsi).
Uzak ýaş gowy zat. Emma ýaş bilen
Ölçelmeýär olaň guran dünýäsi.

Ölse-de,
olaryň çüflän howasy
Tenekardy. Ýene tenekar bolar.
Onuň-şeýledigini hemmeler bilýär.
(Bilmeýänem ony kem-kemden biler)

Säheriň yzyndan gün guşluk bolýar,
Soň günorta bolýar. Onsoňam öýle.
Agaçlar garraýar, güller garraýar,
Daglaram garraýar. Ynsanam şeýle.

Emma şeýle ärleň günleri öýle
Bolanda, giň dünýäm garalýan ýaly,
Demligim darygýar, kalbym horugýar,
Olar däl-de,
özüm garraýan ýaly.

## Garyp şahyr

Ol sada adamdy, täsin adamdy.
Daňdan işe gidip, ýassyn gaýdardy.
Kolhoz gurluşygna at daksa biri,
Şobada dört setir goşgy aýdardy
weli, at dakanyň işi gaýdardy.

Bütin kolhoz ony ýatdan aýdardy.
(Onsoň ýokdy ony saklajak miltiň).
...Dulda iki ýaşşik kitaby bardy.
Açanda olaryň teletin jildin,
Ýanyk etiň ysy içerik ýaýrap,
Ýarymaç garnyňa biýrdi tetärik...
Söz başyn başlardy Magtymguludan,
Onsoň Zeliliden... Kem-kemden bärik
Süýşüp-süýşüp, molla Keminä ýeter,
Onsoňam Ependä. Hezildir onsoň –
Şagal uwlaýarmy, itler üýrýärmi,
Harasat turýarmy – duýmarsyň sen soň.

Sag bolun ýetirip dargar adamlar.
Şobada beýleden gyzarar daňam.
Ol bolsa täk özi şol okar otyr
Daň gyzaransoňam,
Agaransoňam.

Ol garypdy. Tüýs ýarlykly garypdy
Zady üç keçedi, maly – bir geçi.
Bar malyny göterse-de bir eşek,
Bäş inere ýükdi ýüregniň içi.

Heniz gas-garady sakgaly, saçy,
Ýöne welin Hywa medresesini
Gutaran takwa-da ýanyna gelse,
Ýuwaş-ýuwaş peselderdi sesini.

Bir gün onuň ýanna bir adam geldi –
Aýagy mesili, kellesi peşli.
Tüňňüräk maňlaýly, bir gözi gülli,
Keşbine ters gelýän owadan sesli.

Garyp şahyr bilen görüşip gedem,
Köwşünem çykarman oturdy epeý.
(Soň görüp otursam, ol ile belli,
Ülkäni aňk eden bir ahun eken).

Gök çaýyň başynda gyzyşdy gürrüň.
Gürlendi panyýet, bakyýet hakda,
Gürlendi kyýasat, kanagat hakda,
Lukman, Osman hakda, Muhammet hakda.

Soňra Nowaýydan açyldy gürrüň.
Onsoň Azadydan, Magtymguludan...
Birden ýaňky ahun, tekepbir ahun
Dem alyp başlady uly-uludan.

Kime sataşanyn, nirä düşenin
Ýuwaş-ýuwaş aňan bolara çemli,
Iç işige baryp, köwşün çykaryp,
Aňk bolup oturdy ýassyna çenli.

Şahyr soň-soňlaram ahuny ýatlap,
«Häý, peläket!» diýip, gülerdi kätäm.
...Ol şahyr diýýänim ýat adam däldi,
Ol meniň atamdy,
Öz garyp atam.


enedilim.com

## Halypalyk

*Goşgy älemindäki iň ilkinji*
*synanyşyklarymyň hemaýatkäri*
*«Sowet Türkmenistany» gazetiniň şol*
*mahalky redaktory Şamyrat Täşliýewe*

Käte özüm bilen özüm gepleşip,
Pikire batýaryn halypa hakda.
...Iň uly halypam Pyragy weli,
Ilkinji ädimmi penalamakda
Ilkinji goluny uzadan adam
Başga howandardy, başga kişidi.
Ol Pyragy däldi. Ýöne meň üçin
Şondan ne uludy,
Ne-de kiçidi.

Käte özüm bilen özüm gepleşip,
Pikire batýaryn halypa hakda.
...Ullakan halypam Puşkindi weli,
Täze halypam hem halypalykda
Şonça iş edipdi. Ejiz setirlem
Şonuň emri bilen alga geçipdi.
Ýok, ol Puşkin däldi.
Ýöne şo pursat
Şondan ne uludy,
Ne-de kiçidi.

Käte özüm bilen özüm gepleşip,
Pikire batýaryn halypa hakda.
...Ullakan halypam atamdy weli,
Ikinjisi duşup ýowuz ýaşlykda,
Orakly atamyň ýetişmedigni
Kem-kemden taplapdy eli çekiçli.

Ýok, ol atam däldi.
Ýöne meň üçin Şondan ne uludy,
Ne-de kiçidi.

## Peýzaž goşgusy

Kärdeşler, az ýazýas peýzaž goşgusyn.
Megerem köpüräk ýazylsa ýagşy.
Men birin ýazmakçy. Edil işikde
Aýdym aýdyp otyr bir garry bagşy.

Çynar atly bagşy,
Müň ýaşly bagşy.
Ýapraklar pyşyrdap, sözleşýär täsin.
Özüňem çynar dek uly bolmaly,
Ulyň gürrüňine düşünmek üçin.

Çynaryň aşagy – gyşyna maýyl,
Ýazyna – tenekar, tomsuna – salkyn.
Ýapdan daga çenli üzüm agajy –
Her ýaprak astynda bir jübüt salkym.
Salkymlar salkyma berişip alkym,
Salkymlaň eňegi salkyma batýar.
Haýatyň gaýrasy reňbe-reň ýalkym –
Altmyş dürli gül bar,
Ýüz dürli ot bar.

Şol otlaň içinde, gülleň içinde
Otyr bir otjagaz asuda, ümsüm.
Boýy-da, ini-de şol otlar ýaly.
Otyr ol, hiç kimiň çekenok ünsün.

Şol otuň ýüz ädim beýle ýanynda
Bir öýde bir hassa hyrkyldap ýatyr.


enedilim.com

Hassaň başujunda ak saçly ene
Pamykdan agzyna suw sykyp otyr.

Otlaryň içinde oturan şol ot
Hassany derdinden gutarjak otdy.
Ony bilýän ýokdy...
Peýzaž çekjekdim,
Pikrim ýene başga tarapa gitdi.

## Dutar bilen ajal

*Mylly aga bagyşlaýaryn.*
*«Aýal bagşy» poemasynyň temasyna wariasiýa.*

Ölüm ýassygynda ýatyrdy ene.
Gapyň agzynda-da otyrdy Ajal.
Ene balasyna ýüzlendi ýene:
«Getir Dutaryňy,
Çal, köşegim çal!

Gözlem ýumulsa-da çalyber, oglum,
Belki, ol ýumulan gözlermi açar».
Çaldy ogly, çaldy, ýene-de çaldy.
Bir aýlap yzyna serpikdi Ajal.
Ýene erbetleşdi enäniň haly.
Ene ýene diýdi: «Çal, inerim, çal!»
Çaldy ogly, çaldy, ýene-de çaldy.
Ýene-de bir aýlap serpikdi Ajal.

Ýene agyrlaşdy enäniň haly.
Ýene gaýtalady: «Çal, batlyrak çal!»
Çaldy ogly, hasam batlyrak çaldy.
Bu gezek üç aýlap serpikdi Ajal.

Ýokmuşyn diýýärler gudrat diýen zat,
Bu gudraty görse gudratam gaçar.
Dünýäde hemmeler saz çalýan bolsa,
Meger, başyn alyp gaçardy Ajal.

Ýene-de haýallap başlady ene.
Ene dýýdi: «Demim bolmaka tamam,
Kyrk ýyllap içimde berç tutup giden
Bir syrymy saňa açaýyn, balam.

Saza senden beter aşykdym menem.
Çalýana-da aşyk, saza-da aşyk.
Bir gezek on alty ýaşlyja gyzkam,
On alty depäniň üstünden aşyp,
Gitdim goňşy oba saz diňlemäge,
Çalýardy dutary bir gerçek ýigit.
Palçykdan adamyň şeklin ýasasaň,
Şoňa-da saz bilen jan berjek ýigit.

Ýetende küküräp iň belent perdä,
Näme bolanyna özümem haýran,
Ýigidiň gujagna özüm okladym...
Şol ýigit hem seniň ataňdy, balam.

Dünýäden bimyrat ötüpdi ataň.
Indi şol myrada sen ýetdiň, balam.
Tä ömrüň ötýançä ýöret bu käri,
Ýedi kowmuňa-da öwretgin, balam...»

Gürrüňini zordan tamamlan ene,
Diýdi balasyna «Çal, ýene bir, çal...»
Çaldy ogly, çaldy. Ýöne bu sapar
Gaty çyny bilen gelipdi Ajal –

Şonda-da tamasyn üzmedi ene.
Ýene pyşyrdady: «Çal, ýene bir, çal!..»
Birden doňup galdy oglunyň eli.
Dutar ýere gaçdy... Gaçmasa weli,
Şu gezek baş alyp gitjekdi Ajal.

## Enemiň üçi güni ýazylan setirler

Sen barada galp setir çyrşamak jenaýatdyr.
Sen öwretdiň
galp sözüň, çyn sözüň yslaryny.
Beýik ene dilimde (diýmek, Seniň diliňde)
Paýlapdym il-günüme sözleriň rastlaryny.

Seniň diliňde gepläp, iliň gaşyna çykdym,
Şol dil bilen ýazgardym biweçleň köstlerini.
Şol dil bilen pyşyrdap, Baş söýgimi syzdyrdym.
Şol dil bilen göterdim mukaddes tostlarymy.

Bu gün meniň ýüregme ne tost, ne Söýgi gerek,
Içine giren biler bagrymyň seslerini.
Häzir meniň ýüregme uly bir derýa gerek
Giňeltmäge öýüni, ýuwmaga poslaryny.

Müňläp ýasy görsem-de, beýle ýasy görmändim.
Atdyň Sen gerdenime ýaslaryň ýaslaryny.
...Bu gün ýüzläp adamy myhman edip duzuma,
Öz Ajalyň bilen hem
köpeltdiň dostlarymy.

*11-nji aprel, 1977-nji ýyl.*

* * *

Ölüm ýüpi yrgyldap dur üstünde,
Astynda-da jygyllap dur eşafot.
Emma sen şonda-da gozganman bilýäň.
Dagdanmydyň,
Daşdanmydyň,
Adamzat?

Saňa hat ýazypdyr eziz bir adam.
Üç oýnam yssy söz. Başga hiç zat ýok,
Emma sen şonda-da gozganyberýäň.
Güldenmidiň,
Süýtdenmidiň,
Adamzat?

* * *

Suw boýunda dünýä inen adamlaň,
Ilki gören zady gämi bilen tor.
Şonuň üçin olar gämä-de müner,
Balygam tutar.

Dag içinde dünýä inen adamlaň.
Ilki gören zady ok bilen peýkam
Şonuň üçin olar arslanam awlar,
Şiriň üstünede özüni oklar.

Gum içinde dünýä inen adamlaň
Ilki gören zady taýakdyr gapan.
Şonuň üçin olar möjegem awlar,
Tilkinem sypdyrmaz, goýunam bakar.

Ýene-de üç gezek dünýä indirip,
Ýene-de üç ömre berseler emir,

Şu üç ýeriň her haýsynda bir gezek
Sürmezmidim, eýsem, ýene bir ömür.

Ýöne weli ýeke ömür berseler,
Ozalky depämi saýlardym ýene.
Ak gumlaryň eteginde dogulyp,
Ak çägäň üstüne ylgardym ýene.

## Harasat

Howa ýakyp barýar.
Giden asmandan
Tapjak miltiň ýokdy
bir çümmük bulut.
Gojalar bälçirýär: «Bar buldy toplap,
Ýassygyna gaplap, uklapdyr Burkut!»

Howa ýakyp barýar.
Giden asmandan
Tapjak miltiň, ýokdy
bir mysgal şemal.
Gojalar bälçirýär: «Haýdar ataň, hem
Ýeli kädä gaban bolmagy ahmal!».

Birdenem magrypdan bir ýympyk şemal
Ot üfläp başlady... Asmany gaplan
Çalymtyl reňkli küle meňzeş zat
Ýere döşün berdi...
Başlandy tupan.

Adamlar ylgaşyp öýlerne girdi.
Gaýyň bolsa huşy başyndan göçüp,
Egninden gum sowrup dälireýärdi.
Atalar äpişgäň öňüne geçip,

Güwläp durdy taly, deregi bilen,
Çynarlary bilen, güjümi bilen.
Agaçlar döş gerip söweş edýärdi
Tupanyň musallat hüjümi bilen.

Şahanyň yzyndan omrulyp şaha,
Agajyň yzyndan ýykylyp agaç,
Aýylganç ses edip, güwwüldäp gaýdýar,
Daşaryk çykmak däl,
Bakmak aýylganç.

...Bela geçdi gitdi. Daşaryk çykdyk.
Arçalar, çynarlar leýs bolup ýatyr,
Ýarysy ýaradar, ýarysy heläk...
Itgyzganlar bolsa
Pezzerşip otyr.

## Gar

Garyň tagamyna hemmämiz belet,
Iň şirin, in tämiz, iň sowuk suw ol.
Bedreläp-bedreläp ak gar eredip,
Gyzlar oňa ýüpek saçlaryn ýuwar.

Garyň ýagyşyna hemmämiz belet.
Ak dolak, ak çäkmen, ak telpek suw ol,
Ak gary tokgalap, urar bir çaga,
Uran gaçar, urlan yzyndan kowar.

Garyň akdygyna hemmämiz belet.
Ak ganat, ak guýruk, ak ýelek suw ol,
Ne hapasy bardyr, ne garyndysy,
Ýat, togalan – gaýta hapaňy ýuwar.

Dogrudanam, garyndysy ýokmuka?
Garyň bir tokgasyn aldym-da ele,
Ilki gözlerimiň öňüne eltdim,
Soňra-da ýuwaşja degirdim dile.

Ilki bilen Günüň tagamy geldi,
Onsoň beýnä urdy Ýeriň tagamy,
Onsoň kekräň, gülüň tagamy geldi,
Onsoň küküp urdy deriň tagamy.

Awy agajynyň tagamy bilen
Şeker palajynyň goşulyp ysy,
Düşnüksiz bir tagam beýnime urdy,
Ajymy, turşumy – bilmedim haýsy.

Ilkinji posanyň tagamy bilen
Iň soňky posanyň tagamy geldi.
Bir aşyk fellahyň nahak ganyna
Gark bolan maýsanyň tagamy geldi.

Ýene-de dilime degirdim gary –
Zäkden-ä turşudy, zäherden ajy.
Megerem, gözýaşyň tagamydyr ol.
Beýle ajy gözýaş kimiň gözýaşy?

Megerem, enäniň gözýaşydyr ol.
(Beýle aglap biljek
enedir diňe!)
Ysgadym – beýnimi tütedip gitdi,
Dişledim – ot bolup ýapyşdy dile.

...Dünýädäki ähli gözýaşlaň, gamlaň,
Ähli aýralyklaň, matamlaň bugy
Goşulyp-goşulyp ak bulutlara,
Günüň öňün tutup, nikaplap gögi,

Soňam ýuwaş-ýuwaş gara öwrülip,
Gaçyp dur, gaçyp dur,
Gaçyp dur aşak...
Gar diýilýän zadyň ak zatdygyny,
Şirin zatdygyny bilsek-de ýaşkak,
Ajy zatdygyny soň bilip galdyk.
Entek ajysy köp bu garry Ýeriň.

...Iniler, aşarak dänjiräňizde,
Bir dem aşak eglip,
Gar dadyp gorüň.

## Çaga

Çagadyryn öýdüp
Ýörmegin, köşek.
Eýýäm ýetişensiň. Seniň ýaşyňda
Jahyllaň elinde aňňal döwlüpdi,
Küýze döwülipdi gyzlaň başynda.

Olar çydapdylar.
Çydarsyň senem.
Kyn diýip, zähmetden gaçmagyn, oglum.
Çagalyk ajap zat. Ýöne sen ondan
Mümkingadar,
Irräk
Saýlanjak bolgun.

On bäşe ýetipsiň. Eýýäm uly sen.
On alta ýetseň-ä – eýýäm sen ärsiň.
Onsoň Gaýdar bolup (başyňa düşse)
Giden bir polka-da komanda biýrsiň.

Biz bolsa henizem seniň adyňa
Kä «köşegim» diýýäs, käte-de «guzym»,
Emma toýnaklarňa köwşüm syganok.
Paltoňam meňkiden bir garyş uzyn...

Mölterýär,
Çiňerýär,
Oýlanýar guzym...
Näme jogap biýrkä? Garaşýan... Emma
Ne «mä», ne «mö», ne «mo» – seza çykanok.
Dymýa.

## Ogullar

Eňegne tüý çykan ýetginjek oglan
Gartaşan atasyn gysaja gysyp,
Onuň mekirligin, ýalançylygyn
Il-günden gizlemän, ýüzüne basyp,
Käbir adamlaryň aýdyşlaryça –
«Aňryk geçip geçilmeli serhetden»,
Atanyň hem hormatyny gaçyrdy,
Özüni hem mahrum etdi hormatdan.

Eňegine tüý çykan ýene bir oglan
Gartaşan atanyň göwnüni gözläp,
Onuň mekirligin, ýalançylygyn
Özüne-de aýtman, ildenem gizläp,
Käbir adamlaryň aýdyşlaryça –
«Aňryk geçmän geçilmeli serhetden»,
Atanyň hem hormatyny saklady,
Özüni hem gaçyrmady hormatdan.

Bulaň haýsy gara? Haýsy biri ak?
Doňup durun. Baş çykaryp bilemok.

## Enäniň ýaşy

Günämizi bagyşlaýar eneler.
Sebäp –
    eneleriň ak süýtli döşi
Köp-köp garalygyň günäsin ötýär.
Şeýdibem kemelýär eneleň ýaşy...

Ene balasyna buýurdy ýumuş,
Ol diýdi: «Özüň et oň ýaly işi!»
Ýandy ene. Emma ötdi günäsin.
Kemeldi enäniň ýene bir ýaşy.

«Öýe wagtynda gel, giç gelme, balam..»
Ogly bolsa enä çenedi daşy.
«Wah, nätsemkäm?» Emma günäsin ötdi.
Kemeldi enäniň ýene bir ýaşy.

Ýigrimi ýaşyny doldurdy ogul.
Gapak ýaly boldy tüýlüje döşi.
«Indi ata bolduň, adam bol, oglum!»
Gysyldy, gysyldy enäniň dişi.

Ene dişin gysdy otuzki gezek,
Her gezek gysanda gaçdy bir dişi.
Enäniň her gaçan dişine derek
Ýaprak dek saralyp,
Gaçdy bir ýaşy...

## Ýazmasy agyr düşen goşgy

Bütin oba garaşyp dur.
Ýola bakýar hemmeler.
Atasy pyşyrdaýar:
«Geler. Geler. Geler».

Gelnejesi pyşyrdaýar:
«Gelermikä? Kim biler...»
Atasy göwünlik berýär:
«Geler-le... hökman geler».

Gök toraňňyň saýasynda
Ýüzläp adam dymyp dur.
Çekizeli ak haltadan
Turşy damja damyp dur.

Ýygnanyşdy babadaşlar,
Içginler hem daşgynlar.
Ne signal bar, ne şowhun –
Dymyşyp dur maşynlar.

Geldi dürli maşynlar –
Gyzyl, sary, ýaşyl, ak.
Geldi garaşylmaýanlar.
Garaşylýan gelenok.

Göýä pikir hem etmän
Bu gürrüňler babatda.
Ak guş kimin irkilip,
Ene ýatyr tabytda.

Göterlerne garaşyp dur
Köpi gören agaç at.
Ene ýatyr üstünde
Giň maňlaýly,
Agajet.

Şol enäniň ogluna
Garaşyp dur hemmeler.
Geldi tanyş, nätanyş –
Geldi şondan öňňeler.

...Ol henizem gelenok.
Meger, häzir ýoldadyr.
Iň söýgüli ulagy
Samolýot däl, «Wolgadyr».

Ýöne weli uçurýandyr
Samolýota deňeçer.
Şondan yza-ha galmaz,
Oňarsa öňe geçer.

Ol henizem gelenok...
Meger, häzir ýoldadyr.
Ýa-da iki eli hem
Ullakan stoldadyr.

Tüweleme, uly adam
Bolup gitdi indi ol.
Ýaňy bolsa has ullakan
Bir stula mündi ol.

«Sypaýmasyn birden!» diýip,
Oturandyr ýapyşyp.
Owadanja gelinler
Çaý çekýändir çapyşyp.

Üýtgeşikdir öňündäki
Kişmiş, kemput, şokolad.
Ýa gök çaýyň humaryna
Ýazýandyr bir doklad.

Ýok, ýok, özi doklad ýazmaz,
Ýazýandyrlar başgalar.
Ýaranjaňlar her sözüne
Ellerin çarpyşarlar.

Ol bolsa özi ýazan dek
Gülümsirär, ýylgyrar.
Ýazanlar onuň deregne
Utanjyrar, ýygrylar.

...Ýigrimi ýyl mundan ozal
Gutarypdy bir WUZ-y.
Ony oňa gutardan hem
Tabytdaky ezizi.

Güýzde pagta ýygypdy.
Gyşda körek çöpläpdi.
«Oglum ullakan okuwda!»
Buýsanç bilen gepläpdi.

Howdan gurdy, gazy gazdy
Laýa batyp dyzyndan.
Ýygnanjasyn lükgeläp
Ibererdi yzyndan.

Ogly üçin ak mütgelden
Bir haltajyk tikindi.
Üçlügini, manadyny,
Şaýysyny, köpügni –

Artdyranja puljagazyn
Atdy şonuň içine.
Şeýle-şeýle kyrk ýaşynda
Ak çozupdy saçyna.

Ogly okuwyn gutardy.
Ene dertläp ýykyldy.
Ol şonda sypap otyrdy
Bir gözeliň çokulny.

Dakýardy enäň pulundan
Her barmagna bir ýüzük,
Gulagyna teneçir,
Bilegine bilezik.

Söýüşdi, gujaklaşdy.
Paýtagtdan jaý tutundy.
...Enesinden utanmady,
Ene ondan utandy.

Ene käte paýtagta
Gezmäge gelen wagty,
Gelni diýdi: «Ýok etsene
Bu porsy garabagty!»

Ogly diýdi: «Ýakymsyz
ysyň bar-la, jan eje.
Bu eýýamda arassa
Bolmaly myhman, eje!»

Ene diýdi: «Wah, jan ogul,
Her nije porsasak-da,
Ulalansyň, ýetişensiň
Şu porsuja gujakda...»

Soňra bolsa uzak gije
Ýorganynda aglardy.
Daňyň atarna mähetdel,
Otla tarap ylgardy.

...Şeýle-şeýle günler ötdi,
Aýlar ötdi nobatly.
Edeni şowuna boldy.
Durmuş ony aýnatdy.

Her sözünde bir oýun,
Her elde bir desmaly –
Bir ýyl bäri saklap otyr
Has uly bir stoly.

Bu gün bolsa enesi
Amanadyn tabşyrdy...
Gelen telegrammany
Stolunda ýygşyrdy.

Ony aýalyndan başga
Görkezmedi hiç kime.
Är-heleý karara geldi:
«Barsak bor-la üçüne!»

...Bütin obaň gözi ýolda.
Garaşyp dur hemmeler.
Atasy pyşyrdaýar:
«Geler, geler, geler».

Gelnejesi pyşyrdaýar:
«Gelermikä! Kim biler!»
Ene-de misli gozganýar:
«Geler balam, geler geler».

Onýança-da
«Gelýär!» diýip,
Ardyndy bir ýaşuly.
Göründi ýaşyl meýdanda
«Wolgalaryň» ýaşyly.

«Geler diýdim ahbeti!»
Bir daýandy atasy.
Gara-köýük ýüzüniň
Artyp gitdi ýagtysy.

Onýança-da ýaşyl «Wolga»
Aşak indi ýapydan.
Geljek adamyň deregne
Şofýor çykdy gapydan.

«Şu gün gelip biljek däl.
Gyssagly bir iş çykdy...»
Birden ataň gözlerinden
Iki çogdam ýaş çykdy.

Ýetmiş ýaşyň içinde
Aglamadyk ol goja,
Gözýaşyny süpürdi-de,
Bir
        ýylgyrdy çalaja.

Ol ýylgyryş ömürbaky
Çykmaz meniň ýadymdan.
Beýle aýylganç ýylgyrşy
Görmändim men adamda.

...Göterdiler enäniň
Ak guş ýaly tabydyn.
Ýaz şemaly ykjatdy
Üstündäki mawudyn.

Salladylar çukura
Ak saçly bir dünýäni.
Içki öýüň gapysyna
Eltilende enäni –

Iki omzuny diräp
Çukuryň erňegine,
Hiç giresi gelmedi
Öz girmeli öýüne.


enedilim.com

Iň soňkuja pursatda-da
Öz ogluna garaşdy.
...Ýazsamam ýazdym weli,
Agyr düşdi bu goşgy.

## Sil

*Suw joşgunynda gurban bolan ýaş*
*enäniň ýadygärligine.*

Gün ýaşyp barýardy. Asmany alnyň
Şeýle bir açykdy, şeýle ajapdy,
«Asmanyň alnyndan ýeriň alnyna
Bagt ýagýar» diýseň-de, ynanyljakdy.

Adamlaň şatlygy gujak-gujakdy.
Ýaňy sygyr sagyp başlapdy oba.
Sygyrlaň gerşinden seretseň daga,
Ala-ala, biri-birinden gaba
Gaplaňlaň sürüsi ýetip gelýärdi.
Emma gaplaň däldi, ol ala süri,
Gaplaňa görä-de eýmenjiräkdi.
Güwledip asmany, sarsdyryp ýeri,
Sil ýetip gelýärdi.
Goýun-geçiler
Tutuş sürsi bilen düşüp girdaba,
Desse ýaly togalanşyp gelýärdi.
Diňe bedew atlar galyp çarpaýa,
Tolkuna özüni berenokdylar.
Hasam Dordepelmiz uzadyp boýnun,
Suw bilen başa-baş söweş edýärdi.
Emma deň gelýärmi sil bilen oýnuň.


enedilim.com

Ýokardan geldi-de bir zalym tolkun,
Düýrläp aldy gitdi ýitdi janawer.
...Hasyl harap boldy. Mallar gark boldy.
Baýyrlaň üstünde otyr eneler.

Ellerin uzadyp asmana tarap,
Diýýärler: «Eý taňrym, bu näm etdigiň?
Biz saňa nähili ýamanlyk etdik?
Bu nätdigiň sadagasy gitdigim?»

Depeleň üstüniň boş ýeri ýokdy.
«Pis pisi gözlärmiş, suw bolsa pesi»
Diýseler-de, beýgi gözlär eken sil.
Ýöne yzlaşykdy depeleň üsti.

Garşyda, ullakan depäň üstünde,
Eli ýaş çagaly, owadan ene,
Gyňajyna dolan çagajygyny,
Basýardy bagryna, basýardy ýene.

Suw enäň göwsüne ýetip barýardy.
Ene bolsa elin uzadyp taňra,
Bagyrýardy, ondan kömek soryardy.
Taňry bolsa özge tarapa garýa.

Suw uzyn enäni alkymlap barýar.
Ene bolsa ýene sil goşup sile,
Suwy öňküden-de köpeldip barýar
Gözlerinden akýan çeşmesi bile.

Çirkin sesi bilen bagyrdy ene.
Bagyrdy ýaş ene ýene bir gezek.

Onsoň sesi ýatdy. Suwuň üstünde
Enäň eli bilen güllüje köýnek
Göründi. Henizem oguljygyny
Asmana göterip misli baýdajyk,
Durdy ene... Onsoň hemmesi ýitdi.
Ne-hä el göründi,
Ne-de çagajyk.

## Ussa

Ol ussa bir ajap minara gurdy
Bulutlaň göwsünden emip dur başy.
Göýä «sünnälenen sarymtyl çyrpy –
Keşdeden doňup dur
Töwerek-daşy.

Gün şöhlesi düşse haýsy tarapdan,
Şoňa görärägem üýtgäp keşdesi,
Bir görseň meňzeşdi dagyň kemerne,
Bir görseňem ajap söýgä meňzeşdi.

Gün daga duwlanyp,
Iňrik garalyp,
Ýaganda asmandan Ak maýaň süýdi,
Ol uzyn minara, syrdam minara
Ýatladyp uzyn boý, ak telpek ýigdi,
Göýä bir gözele garaşýan ýaly,
Ne-hä gozganýardy, ne sözleýärdi.
Göýä gujagyna doljak gözele
Aýtmaga iň ajap söz gözleýärdi.

Birdenem gök gürläp, ýagyş ýaganda –
Şol tapan iň zerur, ýeke-täk sözün
Elinden gaçyryp döwen ýaly,
Gözlerin ýaşardyp, çytýardy ýüzün.

Bulut göçüp, ýagyş diňýärem weli,
Duşuşan dek gyzlaň seresi bilen,
Ýylgyrýar dodagy, dony, telpegi,
Omzy, döşi – tutuş göwresi bilen.

Belent ol. Şonda-da öz belentligin
Peýdalanyp ýörmän öz derdi üçin,
Özüne siňdirip ýüzde birisin,
Galanyn seçýärdi il derdi üçin.

Dünýä tomus gelip, gyzanda toprak –
Göýä emip-emip bulutlaň göwsün,
Ýanyp duran ýerin dik-depesinden
Üfleýän ýalydy salkynyň gowsun.

Äleme gyş gelip, doýanda toprak –
Göýä emip-emip Günüň ýylysyn,
Doňup ýatan ýeriň dik-depesinden
Üfleýän ýalydy mähriň ulusyn.

Kim onuň ussasy? Adyn bilýän ýok.
Ol barada diňe birje zat belli:
Ilogludy, il derdini çekerdi.
Tüýs ussady, bir gün ajaldan öldi.

Emma weli özi aç ölen ussa,
Hamyryny eýläp gözýaşa, dere,
Iň uly çöregi ýapyp gidipdi
Iň uly tamdyra –
Ýedi gat ýere.

## Şahyra gerek zatlar

Şahyram il ýaly ýalaňaç dogýar.
Onsoň oňa köýnek gerek, don gerek.
Olam iller ýaly emýär, aglaýar.
Emzik gerek, emme gerek, nan gerek.

Olam oňýar iliň oňan ýerinde.
Ýöne bir zat oňa ilden kän gerek.
Oňa asman gerek, oňa ýer gerek,
Oňa gum, dag gerek, okean gerek.

Diňe kitap, okuw onuň üçin az.
Ol hem okan gerek, hem dokan gerek.
Ýumruk ýaly bir kelläniň içinde
Hem aşyk, hem alym, hem daýhan gerek.

Hem garry bolmaly, hem ýaş bolmaly –
Ikisinem bile başarýan gerek.
Heniz juwan wagtyň kämil bolmaly,
Onsoň kämil wagtyň sen juwan gerek.

Bularyň daşyndan ýene iki zat,
(Onsuz-a mümkin däl, ol hökman gerek)
Birisi uly zat, biri kiçi zat:
Göwün – kiçi, ýürek ullakan gerek.

## Oýlanma baýry

Reňbe-reň öwüsýär Aşgabat baýry.
Ýüpekdi bägüli, mahmaldy çaýry.
Ortasynda fontan. Çepinde howdan.
Öňümde derweze. Al-ýaşyl meýdan.

Derwezäň ýüzünde (harplary saýry)
Gülden örülipdir.
«Oýlanma baýry».

Baýryň depesinde dört sany memmer.
Gyzyl, ýaşyl, goňur... durşuna mermer.
Memmerleň syraty bolsa-da meňzeş,
Ýüzünde oýnaýar ýüz tüýsli güneş.
Hersiniň eginide-bir dürli eşik.
Reňkleri aýry, ysy üýtgeşik.

* * *

Essalawmaleýkim,
Birinji memmer.
Reňkiňi gördüm, ysyňa ýol ber!
Gümmeziň üstünde owadan ene,
Çagasyn gujaklap, bakyp dur Güne.
Mermeriň ýüzünde üç sany setir
Lowurdaýar göýä Ene diriligi:

Özi ölüp, ömrün köşegne berip,
Ýaş giden eneleň
Ýadygärligi
Enäniň gaşynda dem salym otyr,
Ýok, ýok,
beýik Enäň öňünde ör tur!

Essalawmaleýkim,
Ikinji memmer,
Jägildiň gelip dur, ýanyňa ýol ber!
...Gümmeziň üstünde eýjejik bäbek.
Elinde – düwüni bitmedik göbek.

Ýygrylypjyk otyr... Gözleri ýumuk.
Çigiş dek düwlüpdir goşaja ýumruk.
Mermeriň ýüzünde üç sany setir
Titreşip dur göýä säher terligi:

Enäniň-atanyň mährinden ganman,
Ýaş ölen çagalaň
                    Ýadygärligi
Çaganyň gaşynda dem salym otur.
Ýok, ýok,
            köýen Nesliň öňünde ör tur!

Essalawmaleýkim,
Üçunji memmer,
Ahyňy eşitdim, saýaňa ýol ber!
...Gümmeziň üstünde gyz bilen ýigit.
Biri-birisine başyny egip,
Hyrçlaryny dişläp,
Bakyp dur aşak.
Gözlerden dört bulak
Akyp dur aşak...
Mermeriň ýuzünde üç sany setir
Labyrdap dur göýä Yşkyň körügi:

Biri-birisine gowşup bilmedik
Aşyk-magşuklaryň ýadygärligi
Aşyklaň gaşynda dem salym otur,
Ýok, ýok, beýik Söýgiň öňünde ör tur!

Essalawmaleýkim,
Dördünji memmer,
Ak pata alaýyn, ýanyňa ýol ber
...Gümmeziň üstünde açylgy kitap.
Içinde setirler ýanýardy tütäp...
Mermeriň ýüzünde üç sany setir
Çyrpyşyp dur göýä Ynsan ärligi:

Öz ömrün gysgaldyp halkyň ömrüni
Uzaldan şahyrlaň ýadygärligi
Bakylyk gaşynda dem salym otur,
Ýok, isleseň otur,
Isleseň ör tur! –
Haýsy bolanda-da, bagyşlar şahyr.
(Ol
kimiň kimdigin tanaýar ahyr...)

...Baýyrda dört gümmez lowurdap otyr.
Derwezäň ýüzünde
«Oýlanma baýry»!
Her kim ynsabynyň güýjüne görä
Dymýar, gülýär... ýa-da
Nemleýär çaýry.

Nirede gördüňiz bu täsin baýry?
Bu gün görülmese, görüler ertir.
Onsoň ol
ölçegsiz garşylap ili,
Uly ölçeg bilen
Ugradar otyr...

## Sosna agajynyň öňünde

Ýaraýarsyň haýyra-da, şere-de:
Seni öwrüp bolýar switere-de.

Seni öwrup bolýar
Akja jempere,
Gökje jempere,
Geýdirmeklik üçin hol barýan gyza,
Ýanyndaky kempire..


enedilim.com

Seni öwrüp bolýar
Oka, därä-de...
Ine şoňa görä-de
Ýanyňda köp eglendim,
Alnyňda köp oýlandym.

## Utanç

Ol adam kurortda sataşdy maňa,
Nazarkerde adam. Nurana adam.
Bir jaýda bir aýy bile geçirdik,
Bir aýlap dem aldyk menzeş howadan.

Çuňluk alan ýaly düýpsüz derýadan,
Gözi çuňdy. Içi durşuna nurdy.
Uklap ýatyrka-da ol nuruň mähri
Gabagnyň daşyndan lowurdap durdy.

Gözleri-de jomart. Eli-de jomart.
Jomartdy ýüregi. Jomartdy dili.
Ýöne öz bitiren hyzmaty hakda
Bir agyz gepletjek bolaýsaň weli,
Çekip almalydy her bir sözüni...
Pyýada geçipdir Ýewropaň çölün,
Aýagyn goýupdyr Dunaý boýunda,
Şpreý jeňňelinde jaýlapdyr elin.

...Ýene bile barýas bagyň içinden.
Men aýakly barýan, olam pişekli.
Bir maral deňimden ozup geçende,
Birden iki ädim öňe düşmekçi
Boldum-da, ýene-de endamym dyglap,
Goňşymyň deňine çekildim kem-kem.
...Şeýle gerçek kişi güýje mätäçkä,
Adam öz güýjünden utanjak eken.

Bir gün buýsanç bilen gözýaşyn gizläp,
Öz durmuşy hakda açdy ol gürrüň.
Üç ogly bar eken. Üçüsini hem
Faşistler bir dardan asypdyr bir gün.

Azowyň ýanynda, Don jeňňelinde
Dereksiz ýitipdir ýene bir gyzy.
Kempirem ölüpdir. Indi bir öýde
Dört diwar içinde ýalňyz bir özi.

Soň menden sorady: «Näçe çagaň bar?»
Diýdim: «Eslիräk bar, üç sany ogul,
Şonçaragam gyz bar. Iň tokarjamyz
Mekdepden attestat getirjek şu ýyl...»

Diňleýär, guwanýar. Ýene soraýar.
Men bolsa düşnüksiz ýygrylyp kem-kem.
...Şeýle ajap adam bagta mätäçkä,
Adam öz bagtyndan utanjak eken.

## Hoşlaşyk

Duşuşyp günleriň täzesi bilen,
Hoşlaşyp günleriň könesi bilen,
Şujagaz ömrümde, gysga ömrümde
Ajy, süýji günleň känisi bilen
Hoşlaşdym. Hoşlaşdym baş Söýgi
bilen –

Ähli sonalaryň seresi bilen.
Sonamy elimden äkiden dünýäň
Kem-kem ýitip giden garasy bilen
Hoşlaşdym. Hoşlaşdym baş Hossar
bilen –

Atamyň jepakeş elleri bilen.
«Eje, çörek!» diýip, ajyndan ölen
Bir eşrepi çagaň dilleri bilen
Hoşlaşdym. Hoşlaşdym şum Uruş
bilen –

Ähli uruşlaryň eýmenji bilen,
Hoşlaşdym balasyn aldyran enäň
Eräp akyp giden göreji bilen...
Hoşlaşan-da bolsam ol ýyllar bilen,
Söýgüler, gözýaşlar, gaýgylar bilen,
Heniz henizlerem her ädimimde
Şol duşuşyp ýörün
Men olar bilen.

Bugdaýreňk, baýdak boý bir sona görsem –
Gözlerinde görnüp özümiň sonam,
Özümden idinsiz sakga sagynyp
Hem ýuregim gysýar, hemem buýsanýan.

Giň maňlaý, çal sakgal bir ata görsem –
Öz atam, öz kyblam düşüp ýadyma,
Her sapar goşup dur hasrat notasyn
Her täze setirme, täze aýdymma.

Ak gyňaç, ak saçly bir ene görsem –
Dört ýyl aglap, gözün ereden ene
Oglunyň suratyn bagryna basyp,
Ak saçlaryn ýaýyp, bozlap dur ýene.

Mele saçagmyzdan her säher, her şam
Mele-myssyk nany sogran badyma,
Ajyndan ölenje şol çagaň eli
Ösgünje dyrnagyn sünçýär buduma.

Ýuwdup bilmän çeýnäp duran nanymy,
Böwrüm diňşirgenip, seredýän aşak.

Duşuşyk köp bu dünýäniň ýüzünde,
Hoşlaşyk ýok...

## Ýyllaryň parhy

Toraňňylaň saýasynda inerçe dek böken günlem,
Gök ýylgynlaň arasynda şöwür baryn çeken günlem,
Bir gözeliň ýaňagyna posa baryn eken günlem,
Indi görsem – üç ýyl eken,
Bir günmükän öýdüpdim.

«Haçan geljek, agam?» diýip, ak inişe çykan günlem,
Ýene gelip garyp çatmaň gap böwründe çöken günlem,
Keçä gaçan gowurgany jüýje ýaly çokan günlem,
Indi görsem – dört ýyl eken,
Müň ýylmykan öýdüpdim.

## Çörek

Ir mahal ýazjakdym şujagaz şygry.
Emma tapylmady ýazmagyň ugry.

«Hordum, Gyzyl açdym. Diledim çörek...
Bu syry açmagyň möhleti gerek.

(Otuz ýaşa çenli wasp edip gülüň,
Çöregiň waspyna ýetdimi eliň!?

Kyrk ýaşyňa çenli sanap «Aýterek»,
Ýadyňa düşdümi dilenen çörek!?

Soň kapyýa gözläp Kosmosa, Hemra,
Belent işler bilen bolduň sen gümra.

Indi bir azajyk ýakynla ýere,
Çokaýyňy geý-de,
Pyýada ýöre!..)

...Oba, oba, oba, ýene-de oba.
Öýler meňzäp otyr agyr kitaba.

Hersinde müň putluk hasratly setir.
Başyňy ýaýka-da, oka-da otur.

Turbalardan çykar üýtgeşik tütün.
Ol tütün saçydy ýandagyň, otuň.

Gara bulutlara çolaşyp saçlar,
Öpüşýär. Dogulýar kümüş ýagyşlar.

Kümüşden dogulýar tylla dek çörek.
Onam front üçin ýollamak gerek.
...Oba, oba, oba, ýene-de oba,
Her niçik
            aç ölmek
Bolmaz-a... toba!

On alty ýaşa-da ýetmänsiň entek,
Bererler ahyry bir döwüm tötek.

...Geçdim bir obadan. Ynha ikinji.
Agyr zat bor eken
Dileg çekinji.

Ýürek «Sowul!» diýýär, göwnänok aýak.
Beýni hem göwnänok...
Ýol bolsa uzak.

Ahyry ýüregmi bagladym daşa,
Ýaşa, açyk duran kepbejik ýaşa!

Sowuldym. Gap dulda sary gaýtarma.
Girdim. Garaşmady arzym aýdarma.
«Gel, jigi! Gel, jigi!» Görkezdi töri.
Baý, baý, kyn bor eken
Dilegiň täri...

«Wah-eý, wah-eý, wah-eý!»
Turdy syçyrap.
(Çişlerinden gaçdy ökjesiz jorap).

Gap böwre ylgady. Boş çykdy saçak.
Uýaldy. Ýygryldy meýdanly gujak.

«Nätsemkäm!?» Ellerin ýetirdi ýaka.
«Jigi, azajyk dur!» Ylgady gapa.

Esli salymdan soň dolanyp geldi.
Naýynjar seretdi: gözleri öldi...

Sesini çykarman,
Seretdi aşak.
Lebler pyşyrdady: «Goňşuda-da ýok...

...Girmese-de garna bugdaýdan çörek,
Ýanym bilen gitdi
Bugdaýdan ýürek.

Sag-aman gowşurdy barmaly ýerme...
...Ajyksam, Sen gyzy
Ýatlaýan herne.

Bir ýerde bardygyň bilsedim irden –
Günortana ýetmän barardym bärden...

Otuz ýyl... Ýaşyňam barandyr çene.
Bolansyň bireýýäm çal saçly ene.

Zyýany ýok. Menem çalsaçly ata.
Aklykda duşuşsak
Ajap bor gaýta.

## Uruş döwrüniň enesi

Kümüş gülýaka,
Altyn bilezik,
Şelpeli gupba,
Kökenli ýüzük,

Iki teneçir,
Bir kümüş sagat
Ýeňiş fonduna
Gowuşdy sowgat.

Gupbaň içinde
Bir kiçijik hat:
«At, faşisti, at,
At, faşisti, at!»

Öňünde gol ýok.
Yzynda gol ýok,
Kimdigin henizem
Bilip bolanok.

«At, faşisti, at,
At, faşisti, at!»
Aýdyma öwrüldi
Bu kiçijik hat.

Bisowatja hat,
Ikije setir.
Ne-hä nokat bar.
Ne-de tersotur.

Garaşdyk bir gün,
Garaşdyk üç gün.
Kimiň ýazanyn
Bilmedi hiç kim.

Geçdi otuz gyş,
Geçdi otuz ýaz.
Henizem ony
Bilenok kolhoz.

Bir özi bilýär,
Onsoňam Watan...

Golsuz hat ýazsaň –
Öwren şu hatdan!..

## Adamyň başlanyşy

Çaga dünýä indi. Bir adam ýene
Goşuldy ozalky millionlaň ýanna.
Öýne gaýdyp geldi owadan ene.
Çaga at dakdylar.
Meretmi, Anna –
Gürrüň adynda däl. Ýa-da enäniň
Görmeginde-de däl. Bu ýöne mysal.
Ýaş, sagdyn enäniň ak süýdün emip,
Her gün iki mysgal, belki kän mysgal
Çaganyň tenine agram goşuldy.

Geçdi üç-dört hepde. Çagyrdy ZAGS.
Owadan harp bilen adyny ýazyp,
Ýaş atañ eline berdiler kagyz.

«Ýörjen-ýörjen» boldy. Ýöräp başlady.
Iki ätmäkä-de ýykyldy ýere.
«Ýetiň, ýetiň!» diýip, gygyrsa ata,
«Waý, köşegim!» diýip, topuldy ene.

Ýedisine ýetdi.
Mekdebe gitdi.
On ýyl gülüp girdi işiklerinden.
Kakasy gutlasa bäşliklerini,
Ejesi aýlandy bäşliklerinden.

Onsoň «Salam!» diýip bardy bir jaýa,
Olam «Salam!» diýip, gaýtardy jogap.
Bäşlik bilen girdi. Bäşlik bilenem
Okady. Hiç kimsiz başyny çarap,
Ne-hä adamlardan kömek sorady,
Ne-de ýoldaşlarna ýetirdi kömek.
Hiç kimiň edenne telek diýmedi,
Ne-de oň edenne diýdiler telek.

Ne ýoldaşy boldy, ne-de bir dosty,
Ne guwanýan, ne-de gynanýan zady.
Bar bilen-biteni kitap, depderi
Öz bäşligi
                hem-de özüniň ady.

Boýy, atasynyň boýundan ötdi.
Görmegeý. Seretseň gözüň doýanok.
Şeýdip ýigrimiden ätledi ýaşy –
Bir görse,
            daşynda bir adamam ýok.

Birden eýmenç gorkdy, ýüregi gysdy,
Hopugyp, öýünden çykdy sabada,
Köne ýoldaşlaryn tapdy bir ýerden, –
Soraşdy ahwalyn, paýlaşdy derdin –
Doguldy adam.

## Goja

Aýlawda otyrdym. Çat maňlaýymda
Otyrdy çalsakgal, paýhasly garry.
Atlar goýberildi. Dor bilen gyr at.
Ne doruň ugry bar,
Ne gyryň ugry.

Hersiniň üstunde bir çapyksuwar –
Birisi gartaňdy, birisi-jahyl.
Ikisem gamçysyn bulaýlap barýar.
Oňa ol bahyldy.
Ol – oňa bahyl.

Ikisi-de hile baryny gurýar
Özi ozup, dostun galdyrmak üçin.
Goja pyşyrdady sakgalyn sypap:
«Hemişe ejize bahyldyr ejiz!»

...Ýene iki bedew ýaryşa girdi.
Birinjisi bozdy, beýlekisi – al.
Alyň özem zordy, seýisem zordy,
Bozuň özüni-de öwer ýaly däl,
Seýsini-de. Bulaýlaýar gamçysyn
Güýçliniň badyny ýatyrmak üçin.
Goja pyşyrdady sakgalyn sypap:
«Güýçlini hemişe gabanar ejiz!»

...Ýene goýberdiler iki bedewi.
Birisi – alsakgal, biri – dordepel.
Atlaryň ikisem men diýen atdy.
Çapýanlaram biri-birinden beter

Ussatdy. Ne olar gamçy bulaýar,
Ne-de gurjak bolýar başga bir duzak.
Käte-hä dordepel bir burun ozýar,
Käte-de alsakgal geçýär bir gulak.

Seýisleň yzyndan seretdigiňçe
Seredesiň gelýär. Durşuna güýçdi.
Ýene pyşyrdady çalsakgal goja:
«Hiç haçan gabanmaz güýçlüni güýçli»

Bedewleriň bolsa şol çapyp barşy.
Ýeri burugsadýar otly toýnaklar.
Bärde bolsa göge telpek oklanýar,
Hem eller çarpylýar,
Hem-de aýaklar.

Birisi gygyrýar: «Seret depele!»
Beýleki gygyrýar: «Sakgala eset?»
Goja pyşyrdaýar: «Iki güýçlini
Synlamagyň özem ajap bir lezzet!»

## Uly mazaryň başujunda

*Gara Seýitliýewiň ýadygärligine*

Sen örän ir gitdiň,
Juda ir gitdiň,
Emma giç gitmeli adamlardandyň.
Entekler-entekler aýdylmalydyň, –
Adamdan ýasalan aýdymlardandyň.


enedilim.com

Sen juda ir gitdiň.
Örän ir gitdiň.
Öňki synaň aýdym bilen doludy.
Säher bilen köçä çykyp ugraňda,
Uly desse aýdym barýan ýalydy.

Ulumsy ýalydyň. Köpetdaga-da
Aşakdan seretseň görüner şeýle.
Emma jülgelerniň içine girseň,
Çagyrar özüniň iň pynhan öýne.

Aşakdan seretseň –
Ulumsy dagdyň,
Golaý barsaň –
Iň bir kiçilerdendiň.
Sen ir gitdiň,
Juda, juda ir gitdiň,
Ýöne giç gitmeli kişilerdendiň.

Sen ir gitdiň. Dogran eneden ozal
Bu dünýäden ötmek örän biwagtdyr.
Ýöne öleňden soň ýüzüňden sypap,
Eneň, öpüp galsa – olam bir bagtdyr.

Eger biz, yzyňda galan dostlaryň,
Başujyňa gelip käte-käteler,
Bir dem salym dymyp gitmeýän bolsak,
Ýa goýberýän bolsak gaýry hatalar –

Sen günäkär dälsiň o zatlar uçin.
Ol biz dirileriň –
                              öz günämizdir.
Ol biziň başaryp biljegem bolsak,
Kän bir başarmaýan meselämizdir.

Ýa-da iş-güýç bilen, alada bilen,
Dünýäň derdi bilen bolup mubtela,
Käte garry eneň ýanyna baryp,
Ahwalyn soramak gelmese kellä –

Sen günäkär dälsiň onuň üçinem.
Ol öz pesligmizdir,
öz gunämizdir.
Ol biziň hemişe başaryp biljek,
Emma kemter gaýdýan meselämizdir.

Sen juda ir gitdiň.
Dogran eneňden
Ir gitmek – dünýäde iň elhenç gussa.
Ýöne eneň gelip günde-günaşa,
Mazaryňy öpüp, gujaklap gaýtsa –
Beýle bagty arzuw etmesek-de biz,
Miýesser gelende ajap ykbaldyr.
Bu – eneler üçin uly betbagtlyk,
Belki, ogul üçin beýle hem däldir...

Hanha, ýetip gelýär ýene-de eneň.
Geler ol. Ýene-de gaşyňda çöker.
Inerniň iner dek mazaryn öper
Ynha geldi, öpdi...
Bu bagtam bolsa,
Bagtlaryň içinde eýmenç bagt eken.

## Wepa

*Elbrusa*

Misli goşörküçli ak maýa menzeş,
Çöküp otyrsyň sen milliard ýyl bäri.
Meger seni
gadym, gadym bir mahal
Çökerip şo ýerde bir merdiň biri,
«Garaşgyn, garaşgyn gelýänçäm!» diýip,
Okun-ýaýyn alyp, girendir jeňe.
Galkanyny alyp, sowduny geýip,
Halkyň bagty üçin gidendir öňe.

Emma ýetip bilmän ýeňişli daňa.
Daňyň gujagynda bolandyr gurban.
Sen bolsa «Ol hökman gelmeli!» diýip,
Şunça asyr bäri ýeriňden turman,
Otyrsyň ol merdiň ýoluna bakyp...
Doňupdyr üstüňde asyrlaň gary.
Bu garry dünýäniň tüssesi, posy,
Çaňy, toty, ysy, gussasy – bary
Tagmasyn bassa-da örküçleriňe,
Ýorkasyn basmandyr göreçleriňe.
Diri şaýat bolup ynsan oglunyň
Haýyr işlerine, şer işlerine,
Tämizligiň kiri.
Haýyryň şeri
Ýeňjegine bolan ynanjyň bilen,
Otyrsyň öz eýäň ýoluna garap,
Adam mertligine buýsanjyň bilen.

Birden ötägitseň ýeriňden turup,
Ol gerçek şo demde geläýjek ýaly,
Şol bakyp otyrsyň eýäň ýoluna,
Garaşyp otyrsyň merde wepaly,

Ýadapsyň,
Suwsapsyň,
Ajygypsyň sen.
Örküçleriň egsik, ýüz-gözüň tutuk.
Emma «Garaş!» diýen iň bir aýylganç,
Iň mähirli sözüň sarpasyn tutup,
«Hökman geler!» diýip, sähere bakýaň,
Ýene gijä bakýaň, ýene-de daňa...

Mertlige ynanjyň, dosta wepanyň
Baş nusgasy bolup göründiň maňa.

## Göreşde

Iki pälwan göreşýär,
Ikisi-de çakyň däl –
Çekip biljek ýaýyň däl,
Atyp biljek okuň däl.

Çaňňa ýaly çar penje,
Dim-dik duran iki bil –
Garpyşanda – goşanil,
Çetleşende – ýekenil,

Käte-käte badaşýar.
Käte-käte daşlaşýar.
Ýene birden göbekler
Bir-birini ogşaşýar.

Duýýar şonda göbekler
Bir-biriniň kimdigin.
Aňýar şonda süýekler
Ýilikleriň deňdigin.

Emma weli deňligi
Ret edýär ýürekler.
Hokurdaýar omuzlar,
Şatyrdaýar bilekler.

Eglip gidýär polat bil
Göýä ýumşak topalak.
...Polatlygy galat bil
Atýar birden sapalak.

Her kiçijik hiläni
Görkezip dur gündizlik,
Mertlik yza çekilip,
Orta çykýar ejizlik.

Hyrçyn dişläp bir adam
Öňe, öňe dykylýar.
Onýança-da bir pälwan
Çynar kimin ýykylýar.

Şonda birden gygyrýar
Öňe dykylan adam –
Ýok, ýok, ýykan ýeňmedi,
Ýeňdi ýykylan adam...

## Parhlylyk

Dänäniň yzyndan däne dogýardy
Hanasyna sygman başlar çogýardy.
Soň
        gylçyklar uçup ýeliň ugruna,
Çäji çabga bolup, ýere ýagýardy.


enedilim.com

Munça çäç toprakdan nädip dogýardy?
Dogýardy. Şoň üçin toprakdy ady:
Bagyr süýdi bilen ekläp otyrdy
Wepaly, wepasyz müňläp zürýady.

Käsi arkasyna, käsi dyzyna,
Käsi bolsa depesine münýärdi.
Wepadar ogul hem
Ony emýärdi,
Biwepa ogul hem
Ony emýärdi.

Emma biwepany ekläni üçin
Peselmän topragyň mukaddesligi,
Gaýta beýgelýärdi: bagyşlaýardy
Belentligi bilen
Ähli pesligi.

## Dünýe barada

«Çüýrük dünýe!» diýýärler.
Bu niçiksi çüýrük sen?
Ýaşmagyňy sypyr-da,
Bir baksana bärik sen.

Syrdy Dünýe ýaşmagyn.
Tegelek ýüz açyldy.
Alkymdan nur saçylsa,
Dodakdan bal saçyldy.

Gözüm gamaşyp gitdi.
Ýüzüniň ýalkymyndan.
Sypadym maňlaýyndan,
Ysgadym alkymyndan.

«Çüýrük dünýe!» diýýärler.
Beýle-de çüýrük bormy?
Çüýrügi ysgap bormy?
Çüýrügi sorup bormy?

Gül ekeni durşuna!
Bal ekeni durşuna!
...Hemmämizi hopba edip
Öz togalak gerşine,

Ölçäp
        kimiň Ýalana,
Çyna şärikligini,
Dünýäň özi seçip barýar.
Kimiň çuýrükligini.

## Öz-özüňi tanamak üçin kiçiräk anket

Ir bilen oýanýan. Öýüň ýerbe-ýer.
Keýpiň kök, janyň sag, hudaýa şükür,
Goňşyňdan bir dertliň nalasy gelýär,
Şonda näme hakda edersiň pikir –

Öýüňdäki ajap sapa hakdamy?
Ýa şol dertlä gerek şypa hakdamy?

Ynha bir edara. Başlygy – dostuň,
Ikimiz içerde «kikirde-kikir».
Gapyda kyrk adam garaşyp otyr.
Şonda näme kakda edersiň pikir –

Dostlukdaky täsin gudrat hakdamy?
Ýa-da işikdäki nobat hakdamy?

Saklandy gapyňda kerpiçli maşyn,
Maşynyň şofýory – bir ogry-mekir.
«Ýarpy bahasyna al şuny!» diýýär.
Şonda näme hakda edersiň pikir –

Jübiňe bähbitli arzan hakdamy?
Ýa kellä bähbitli wyždan hakdamy?

Ynha et dükany. Satyjy goňşyň.
Saýlap-seçip saňa bir budy çeker.
Yzyňdaka bolsa – gaty oňurga.
Şonda näme hakda edersiň pikir –

Özüňe edilen hezzet hakdamy?
Ýa ili çürkeýän ülpet hakdamy?

Barýar köçe bilen maýyp weteran.
Diňe maýybam däl, bir gözem sokur.
Sen bolsa «Wolgaly» dazlap barýarsyň.
Şonda näme hakda edersiň pikir –

Öz ornuň, öz nyrhyň, «Wolgaň» hakdamy?
Ýa «Wolga» ýetiren pälwan hakdamy?

* * *

Mele derýaň, içinden
Göýä äpet gara goç,
Bir görünip, bir çümüp,
Akyp gelýär bir agaç.
Şaha-şaha garagaç
Özün urup diwara,
Ýene gaýdyp yzyna,
Azy salýar kenara.

Kinelimi, gaharly
(Nämedendir bir zatdan),
Käte çümýär girdaba,
Käte çykýar girdapdan.

Derýa näçe çyrpynýar...
Agaç weli batanok.
Biri diýdi: «Derýanyň,
Oňa güýji ýetenok!»

Ýene biri seslendi
Diňläp derýaň nalasyn:
«Derýa hiç wagt gark etmez
Öz ösdüren balasyn!»

## Jeza

Belet men Bäş ýaşyň nämedigine.
Kim berse eliňe bir tokga nabat,
Bir tokga şokolad – seň üçin onsoň
Şondan eziz adam ýer ýüzünde ýok.

Belet men On bäşiň nämedigine.
Agzyňdan süýt ysy kükýändir weli,
Ýüzüňe uraýsa bir gyzyň demi,
Teniňe degäýse bir gyzyň eli,
On iki synaňa ýaýradyp ýyly,
Oýandyrar gudrat alamatyny.
Ýöne götererden ýaşsyň sen, ýaşsyň,
Kişi perzendiniň garamatyny.

Belet men ýigrimiň nämedigine.
Ýigrimi – pähimniň ortalyk ýoly.
Jahyl ýoluň kem-kem çekilip yza,
Başlar tüweleýli atalyk ýoly.

«Dünýäde akyl ýok seň aklyň ýaly!»
Tüweleý apalar, magtar, gyjyklar.
Gyjyklap, gyjyklap dälireder-de,
Seni Ýigrim bäşiň üstüne oklar.

Şo mahalam seni dostuň gujaklar.
«Äber eliň!» diýip basar bagryna.
Şol gujaklan dostuň kimdigne görä,
Gidersiň azyň ýa köpüň ugruna.

Duşmanyň zelelne, iliň haýryna
Bar bolsa dünýäde başarjak zadyň,
Başararsyň onsoň. Otuza çenli
Eýelik edersiň –
Bar bolsa adyň.

Şeýdibem Kyrkyňa urarsyň ädim.
Bu ädim – ömrüňde mukaddes çygyr.
Ýegşerşiňe görä bilerler şonda –
Kebzäňdäki ýüküň
Ýeňilmi, agyr?

Şonda-da gerşiňde bolmasa ýagyr –
Onsoň Elliňe-de bil baglamagyn.
Il-günüň mynasyp jezaňy berer:
Ne ölümiň dilär,
Ne-de saglygyň.

## Şöhrat

*Çingiz Aýtmatowa*

Şöhrat gözleýjiler,
                    men bu şygrymy
Size bagyşlaýan. Bolsa wagtyňyz,
Okap görüň. Belki saýgararsyňyz –
Nirde betbagtlygňyz?
Nirde bagtyňyz?

Meselem, aýdaly barmyşam sizde
Iň ullakan şöhrat, iň ullakan at,
Ony götermäge iň ullakan güýç,
Iň ullakan baldyr, iň uly gaýrat
Gerekdigi hakda oýlandyňyzmy?
Ol ýüküň astynda egilşip aşak,
Men diýen gerçekler müjrüp bolýarlar.
Nebir ärler bolsa gaýdyp başaşak,
Onuň ýelgininden bolýarlar heläk,
Siz bolsa şöhraty sag-soldan diläp,
Kä yrymdan diläp, kä paldan diläp,
Kä hileden diläp, kä aldan diläp,
Ony gujagňyza çagyrýarsyňyz.
Ol bolsa öwrenşen çakylyk bile.
Aldaw, haýyş, buýruk, gykylyk bile
Gelenok ol.
          Diňe iş salyşýar ol
Ümsümlik,
Tämizlik,
Bakylyk bile.

Şöhrat – bir owadan gelin ýaly zat.
Her kes eýgermeýär yzyna onuň.
Men diýen gerçekler, men diýen ärler
Zordan hötde gelýär näzine onuň.

Onuň ädimlerem, näzlerem apat.
Kirpiklerem apat, gözlerem apat.
...Serediň, ýegşerip köçä çykypdyr
Şöhratdan ýüküni tutan bir äpet.

Şägirdiniň ýanna myhman gelýär ol,
Şunça ägirt ýüki duýman gelýär ol,
Ýarym asyr bäri şol uly ýüküň
Astynda sojaman,
Aman gelýär ol.

Ulynyň, kiçiniň nazary şonda.
«Hanha pylan!» diýip, uzalýar eller.
Onuň aýaklaryn basyşyndan-da,
Gepleýşinden gulak asyşyndan-da
Sapak almak üçin
Seredýär iller.

Onuň oturşyndan, galyşyndan-da,
Salam berşinden, alyşyndan-da,
Uýalan mahaly – ýygrylşyndan-da,
Guwanan mahaly – ýylgyrşyndan-da,
Şatlanmaly ýerde şatlanşyndan-da
Hatda çilimini otlaşyndan-da
Mysal almak üçin
Seredýär iller.
(Şunça nazarlaryn, salýan agramyn
Diňe agras nazar göterip biler).

Siz bolsa bihabar öz boýuňyzdan,
Öz agramyňyzdan, öz güýjüňizden,
Abraý-şöhrat diýen asylly zady
Ýeňles gyzdyr öýdüp öz içiňizden,
Onuň gujagyna doljak bolýaňyz
Pirim, hile bile, mahabat bile,

Berim-peşgeş bile, gep-gybat bile.
Ol bolsa ne aldaw, ne sowgat bile
Ýanyňyza gelýär,
iş salyşýar ol
Zehin, zähmet bile,
Kanagat bile.

## Ýeriň güýji

Tomus agşamydy. Asman tämizdi.
Jana tenekardy salkynjak şemal.
Asmanyň gözleri Ýeriň gözlerne
Göz gypyp, näz aýlap
berýärdi salam.

«Ol gözleň hersiniň öz ady bardyr»
Diýip, atalarmyz ýekeme-ýeke
Atlaryn sanardy, bizem diňlärdik.
Çagalyk ötegçi taýçanak eken.

Toýnaklaryn kakyp geçdi-de gitdi.
Düýn ýalydy weli – eýýäm ol taryh...)
Otyryn ýyldyzlaň adyny ýatlap:
«Zöhre», «Abdalgolak»,
«Ýedigen», «Myrryh».

Otyryn hemmesin ýatlajak bolup,
Gün bataly bäri asmanda gözüm.
Ne-hä tüsse bardy, ne-de bir bulut –
Süýt ýaly asmany synlamak hezil!

Otyryn belentden belende bakyp.
Üç sagatdyr gözüm zar boldy ýere.
Belentlikden ýaňa aýlandy kelläm.
Ýere bakdym weli düzeldi ýene.

## Dokluk hakynda dört oýnam

1

Şeýle bir dok bugdaýlar
Egilşip, döwülşip dur.
Her dänesin ýuwdanda,
Towuklar düwünşip dur.

2

Şeýle bir dok göreçler –
Aşyklar ýaýdanşyp dur.
Nebir alçak ýigitler
Söz tapman ýuwdunşyp dur.

3

Şeýle bir dok bägüller –
Şemalsyz paşyrdap dur.
Her bägüliň içinde
Bir Söýgi pyşyrdap dur.

4

Şeýle bir dok bulutlar –
Buýsançly abanşyp dur.
Kä ýerde aç bulutlar
Gyjynşyp,
            gabanşyp dur.

## Säheriň gymmaty

Her Döwür
Bir döwür bolar ekeni.
Görmän geçiräýsem bir ajap filmi,
Nije günläp etmişime ökünip,
Gynanyp ýörenim düýn-öňňün dälmi?

Her döwür
Bir döwür bolar ekeni.
Otly ajap ýerden geçende durman,
«Wah, şu ýerde bir aý gezsediň!» diýip,
Çekerdim men arman üstüne arman.

Her dowür
Bir dowür bolar ekeni.
Barman geçiräýsem bir duşuşygy,
Göýäki diýersiň, öz ellerimden
Baky uçuran dek söýgi guşumy,
Ökünip, ökünip,
Ol ökünçleriň
Ýetibilmezdim men aňry başyna.
...Her döwür bir döwür bolar ekeni,
Bu gün başga ökünç geçýär daşyma.

Indi ençe ýyldyr,
Säherden turup,
Şapaga seredýän başymy ýaýkap,
Serçeleň sesine dişimi ýuwup,
Bilbilleň sesine agzymy çaýkap,
Ýapraklaň çygyny owuçlap içýän.
Şapagyň nuruny döwümläp iýýän.
«Eý, şahyr, şuň ýaly ajap säherleň
Näçe müňün ýatyp geçirdiň?» diýýän.

Görmedik filmleň ýene-de geler.
Görmedik ýerlerňem göräýse bolar.
Ardurja sypdyrlan ol duşuşyklar
Giç däl, olaryň-da bir zady bolar.

Emma aglap giden tylla säherler –
Siz nirede?
Jogap berenok olar...

## Wagt bilen gelin

...Şol diýip
Ýüz ýigit düşüpdi yşka,
Gyz bolsa birine beripdi göwün.
Toýda
Tutuş oba gülüpdi... Ýöne
Togsan dokuz ýigit
Aglapdam şo gün...

Şeýdip oba gyzy bolupdy gelin...
...Gelinlik has beter artdyrdy görkün.
Goşa egni göýä terezi kimin
Üstünde deň saklap gözellik ýükün,

Görk bilen Akyly ölçeýän ýaly
Des-deň bolup durdy (Kän-kän eginler
Taý getirip bilmän şol iki ýüki,
Ýeňil tarapyna bökýar kä günler).

Ýaşyl ketenili dim-dik eginler,
Keteniň üstünden gögerçin gyňaç –
Şowurdap işikden toýa geçende,
Eneler diýerdi: «Şuň ýaly agaç,
Gök ýaprakly agaç, saýaly agaç
Meniň balama-da salsyn-da saýa!»
Ol bolsa ýuwaşja ýylgyrýandyr-da,
Uz basyp barýandyr
Toý tutýan jaýa.

«Öwülýän-ow»... diýip gark bolmaz oýa.
Gümradyr öz küýi, öz işi bilen.
(Oň bilen müň kişi gümradyr welin,
Ol gümradyr diňe
Bir kişi bilen...)

Biri iliň-günüň alkyşy bilen
Garramajak bolsa, şol sona gelin
Garramaly däldi. Emma elli güýz
Oňa elli ýerden urupdyr elin.

Kakypdyr ýapragyn, döküpdir gülün.
Diňe gözlerinden çen etdim gelni.
...Seniň häsiýetiňe belet men, Wagt,
Ýöne Senden bir zat sorasym geldi:

Teý bolmanda,
Käte,
Şuň ýaly gelni
Gorap bileňokmy ýel-guzdan, posdan?
Näme üçin Saňa Gözellik bolsun,
Ha Bedroýlyk bolsun – hemmesi des-deň?

– Des-deň däldir!
(Güňlenç seslendi Wagt):
Men hem Gözelligiň aşygy, ogul.
Ýöne... borjum şeýle...
Wagtyň gözünden
Ýere tütäp gaçdy bir tokga nogul.
Ýalançy nogulmy?
Ýa çynçy nogul?
Çynçy! Ýalançy zat tütärmi eýsem.
...Sen hem-ä talaýaň,
hemem lowlaýaň...
Jellatmyň, şahyrmyň –
Aýtsana, kim Sen?

## Peýzažly oýlanma

Ýaz geldi. Üýtgeşdi säheriň mähri.
Ýylady gödeňsi,
sowuklaç şapak.
Ýere mähir girdi. Mähriň demini
Agaçlaň köküne içirdi toprak.

Göýä topar-topar göwreli gelin –
Ýognan ýaly boldy agaçlaň bili.
Her biliň içinde müň-müňläp ýaprak
Dokuz aýy dolan bäbekler ýaly
Ýagta çykmak üçin jägilleşdiler.
Jägildä çydaman,
Ýaryldy bogun.
Bogunlaň içinden çykdy pyntyklar –
Ýaşyl telpeklije bir topar ogul.

Pyntyklardan çykdy ýetmiş dürli gül
Saryja, gyzylja... Hemmesem eziz.
Hersiniň düýbünde gökje düwünçek.
Öseweriň tiz!
Bişeweriň tiz!

Onsoň tomus düşdi. Säheriň mähri
Hasam gyzgynlaşdy. Lowlady şapak.
Ýere ataş girdi. Giren ataşy
Agaçlaň köküne
Içirdi toprak.

Ýeriň gyzgyn demin içen agaçlaň
Huşy göçdi, başy sämeşdi derrew.
(Ýaşlyk ne-hä düýne hasabat berdi,
Ne-de şo gününe geçirdi derňew).

Günler geçip gitdi keýip-sapada,
Göýä kirli zat ýok, hemme, zat tämiz.
Gündiz gijä,
Gije Güne howlukdyk:
«Bataweri tiz!
Dogaweri tiz!»

Şeýdibem güýz geldi. Günler goýaldy.
Balyn hödürledi agras agaçlar.
Kem-kemden hemme zat düşnükli
boldy –
Söýgüler,
armanlar,
dürsler,
ýalňyşlar...

Indem ylgap gelýär syrgynly gyşlar.
Güýzlük işler bolsa dag ýaly heniz.
Ýok, ýok.
entek-entek gelmäweri, gyş.
Duraweri, güýz!
Duraweri, güýz!

## Garraýarys

*Stareýem Paruýr Sewak*
*Stareýem dorogoý.*

Paruýr Sewak

Garrap barýas, şahyr aga,
Garrap barýas görnetin.
Ýogsa Sen
Paruýr Sewaga
Öýkünmezdiň ahbetin.

Gyt däl ahyr kitaplarda başga-başga goşgular –
Söýgi hakda, ýaşlyk hakda... we ýene-de başgalar.
Ýeri, bolýar, öýküniber, aç syryňy jahana.
(Içiňi boşatmak üçin tapyldy bir bahana!)

Garrap barýas, Mämmet şahyr,
Garrap barýas, aý, dogan.
Düýnem bize diýerdiler:
«Aý, jan jigi», «aý, oglan».
Indi bu gün adymyz: «Aý, ýaşuly, «aý, aga!»
Şäherdemi, obadamy – bolsa haýsy toý, aga,
Käte-käte giň törde-de oturdylýan wagtyň bar.
Gaçgynyň tördi weli, indi törden bagtyň bar.

Garrap barýas, Berdinazar,
Ýap-ýaňy hem çagadyk.
Indi bu gün degirmençiň
Telpegi dek çalardyk.
Döş üstünden timarlap goýberäýsek sakgaly –
Garasyna näçe esse köp gelerkä ak gyly?
Sakgal syrmak, meger, dünýäň bagty
üçin dörän zat.
Ýogsa dagy giň dünýäni çalardaýjak adamzat...

Garrap barýas, doganlar,
Garrap barýas kem-kemden.
Ýöne weli garramak hem
Gyzyksyz zat däl eken.
Sakgal sakgal weli, saç hem bize iş boljak.
Garaz, näme, adam ogly, eýtjek-beýtjek ýaş boljak:
Depämizde oýnadyp kiçijik daragmyzy,
Ýeňsäň saçyn bärik çekip, bukýarys maňlaýmyzy.
Birdenem ters tarapdan öwsüp garagol şemal,
Syrymyzyň üstün açýar... Haý, garagol, garagol!

Garrap barýas, aşyk Kerim...
Şaglap barýar aý-günler.
Otuz ýyllyk yzda galdy
Şol toraňňy, ýylgynlar.
Şondan bäri mahal-mahal duşuşykda, ýygnakda,
Goşgularyň okan wagtyň ilkinji söýgiň hakda –
Demiňden ot sowrulýar, tütün çykýar depderden.
«Şol gyz häzir barmy?» diýip, sorag ýagýar köp ýerden.
Bar diýip hem bileňok, ýok diýip hem bileňok.
Çünki ol bar bolanda-da,
indi Seniň üçin ýok...

Garrap barýas, şahyr aga,
Garrap barýas, halypa.
Garrylyk hem dünýäde
Juda uly wezipe.
Adam garradygyça, has köpelýär synçylar.
Agramyňy ölçeýärler çynçylar, ýalançylar.
Ýaş wagtyň – gyzlar ölçeýär,
Gartaşaňda – uly il.
Işiňde-de hil gerek,
Kelläňde-de uly hil.
Pähim bilen, akyl bilen ýugrulmasa gartaňlyk –
Nesillere niçik miras goýup biler atalyk?

Gartaşýarsyň, Kerim şahyr,
Gartaşýarsyň, ezizim.
Ýöne weli akylyňa
Aýlanaňok henizem.

Köçä çyksaň henizem gözüň gyzda-gelinde.
Mart aýy golaýlaşsa, bir desse gül eliňde,

Nirä barýaň ýaltaklap? Kime berjek çemeni?
Öýüňde çemensiz otyr sekiz çagaň emeni.
Çemeniňi şoňa gowşur. Dolan, şahyr, yzyňa...

Iller eýýäm söz aýdyjy gelip ýörler gyzyňa.
Bir gyz bolsa toý sähedin sorap otyr ogluňdan.

Barýan ugruň päk bolmasa –
döneweri pyglyňdan.
Nirä barýaň şahyr,
Nirä barýaň?

## Gün tutulanda

Bu goşgymda sazlaşyk ýok
Şu günki ahwal ýaly...

Howanyň ýüzi duşnüksiz
Jogapsyz sowal ýaly.
Jahan ýympyk, yşnaksyz
Jygyllykda satylýan çal ýaly.

Ne-hä bir gündiz ýaly,
Ne-de bir gije ýaly.
Haly ýaly al asman
Gum siňen keçe ýaly...
Ejir çekýär tebigat
Altmyşdan soň aýalyn
Aldyran goja ýaly.

## Ýalňyzlyk

1

Ýalňyzlyk hakynda menem ýazaýyn
Sebäp – ýazýan köplük, ýazmaýan azlyk,
Başyňa iş düşer, janyň hem satdyr.
Muňa diýilýändir Kiçi ýalňyzlyk.

2

Otuza ýetensiň, Zürýadyň ýokdur.
Soň kyrkyň ujundan gädip ugransyň.
«Ilden ala-böle näme beýlekäm?»
Diýip, öz täleýňe özüň haýransyň.

«Kaka» sözün eştmän ellä ýetersiň.
Bir gün tapynarsyň ogullyk, gyzlyk,
Özüňkidir, emma ozüňkem däldir.
Muňa diýilýändir Orta ýalňyzlyk.

3

Duluňda ajaýyp aýalyň bardyr.
Öýüňe bezegdir, dyzyňa – gudrat.
Ylgap hyzmat edýän onuň özüdir,
Emma seň adyňa getirer hormat.

Ellä ser urarsyň. Çagasyn döküp,
Gözlerin ýumar ol. Başlar ejizlik.
On müň dostuň bardyr – göýä ýekesiň.
Muňa diýilýändir Uly ýalňyzlyk.

4

Eneň gezip ýörkä ýeriň üstünde,
Ýaza barabardyr gyşyň howasy.
«Dogadan nep tapdym» diýýän bar bolsa,
Megerem şol doga – enäň dogasy.

Baky däldir, bir gün eneň hem gider.
Niräňe seretseň – eýmenç tekizlik.
Beýle ýalňyzlygyň ady hem ýokdur.
Ol gädiksiz-zatsyz Doly ýalňyzlyk:


enedilim.com

5

Atаňy sylamak – halky sylamak.
Mähri köpdür, şonça gazabam köpdür.
Käýýäp sapak bersin, söýüp öwretsin –
Atanyň mekdebi çirksiz mekdepdir.

Şol mekdebi oňat tamamlap bilseň,
Hemişe hemraňdyr Mertlik, Tämizlik.
Ýogsa senden hiç wagt är ata bolmaz –
Mydam gerşiňdedir Betbagt ýalňyzlyk.

## Açyş

Başarsa –
Her adam açyş etmeli,
Aýdaly – Nýutonyň açyşy ýaly.
Ýöne weli şeýle açyşa çenlem
Seniň her ädimiň açyşdan doly.

Emersiň. Ösersiň. Emedeklärsiň.
Dek durmaz aýagyň, dodagyň, eliň.
Göwni hoşdur seni ýaradan ataň,
Kalby guşdur seni doguran gelniň.

Guwanarlar saňa. Onýança-da sen
Guwançly gözlerden bir çete gaçyp,
Lowlap duran peçi elläp görersiň.
Şeýder-de başlanar
Ilkinji açyş.

Kem-kem aýak biter. Ýöräp başlarsyň.
Ak süýt emen bolsaň şu wagta çenli,
«Eýýäm uly adam bolduň sen» diýip,
Emmäňe burç çalyp başlarlar indi.

Dogrudanam, eýýäm uly adamsyň,
Öňüňde tabakdyr, eliňde kaşyk.
Bir gün gyzgyn aşa agzyň ýakarsyň,
Soň üfläp içersiň –
Ýene bir açyş.

Kemala gelersiň. Adam bolarsyň.
Dostlaryňam kem-kem boýuny ýetir.
Özüňem ep-esli bolansyň weli,
Bir dostuň-a hasam belentde otyr,

Begenersiň. Bir gün öýne bararsyň.
Garşylar öýdersiň gujagyn açyp.
Ol bolsa gözlerin gyrp-gyrp eder-de,
Seň adyňy sorar.
Ýene bir açyş.

Üstüňi gam basar. Iň gowy dostuň
Entek salýan däldir gapyňdan gara.
Sen bolsa «Bu gün ger, erte ger!» diýip,
Garaşyp ýörensiň düşünmän syra.

Gelmez ol. Ahyry gapyň kakylar.
Ol dostuňam daldir. Ýöne tanyşdyr.
Ahwalyň soraşar. Derdiň paýlaşar.
Ertir eýýäm seňiň halyň ýagşydyr.

Sen bolsa ýaňkyny gören ýeriňde
Görmegem islemän bir çete gaçyp,
Ýigrener ýörerdiň şo güne çenli.
Ulumy, kiçimi –
Bu-da bir açyş.

Ýene bir tanşyň bar. Pukara ýigit.
Gol doly maşgala. Jaýy hem kepbe.

Seniň öz jaýyň hem şonuň jaýyça
Bardyr ýa-da ýokdur. Emma bir hepde

Barmajak adamlaň ýanyna gatnap,
Görmejek adamlaň gülüp ýüzüne,
Hemdemlik edersiň. Gyşyň öň ýanda
Çülpeje çagalaň deger gözüne.

Atalary bolsa şol täze jaýyň
Täze açar bilen gapysyn açyp,
Ak otag içinde seniň üstüňden
Gara şyltak ýazýar. Bu-da bir açyş.

Şunça açyşlary eden bolsaň-da,
Açyşyň sanyna buýsanmagyn sen
Çaknyşmak hetdine ýeten bolsaň-da,
Göreşe girmäge gyssanmagyn sen.

Göreşmek diýen zat mukaddes zatdyr.
Çaknyşjak bolsaň-da är bilen çaknyş.
Şeýle çaknyşykda ýykmagam gözel,
Ýykylmagam gozel –
Ikisem açyş.

## Biziň işimiz

«Meniň, nä işimmiş bu zatlar!» diýýäs.
Ol ýalňyşýar. Diýýäs: «Meniň nä işim!»
Ol ýaňraýar. Diýýäs: «Meniň nä işim!»
Ol aldaýar. Diýýäs: «Meni aldanok,
Illeri aldaýar, Meniň nä işim!»

Görünmeli ýerde görünmese-de,
Görünmesiz ýere irinmese-de,
Goýalmaly ýaşda goýalmasa-da,

Uýalmaly ýaşda uýalmasa-da,
Ýene-de diýýäris: «Goýalman geçsin,
Goý, uýalman geçsin. Meniň nä işim!»

...Ol bolsa:
«Hemme zat meniň öz işim,
Nädemde illeriň nä işi?» diýip,
Maýkasyny çermäp göbegne çenli,
Dyzyndan geçmeýän jalbaryn geýip,
Edil dik garşyňda kofehanada,
Çigit çakyp otyr hüžžerdip döşün.
Sen bolsa diýýärsiň: «Goý, daş gemirsin,
Goý, ýalaňaç gezsin,
Meniň nä işim!»

...Ol ogurlyk edýär. «Meniň nä işim,–
Diýýärsiň – wagt geler, jezasyn çeker».
Ol myjabat ýapýar. «Meniň nä işim, –
Diýýärsiň – hakykat lowurdap çykar»,

Emma jezasynyň gelýänçä wagty,
Lowurdap çykýança hakykatymyz –
Juda çökder düşýär parhlylygymyz.
Juda gymmat düşýär kanagatymyz.

...Ol adamyň eden etmişi uly.
Ol-a ilden bezgek, il ondan bezgek.
Ýygnakda şol hakda sowal goýulýar,
Ýetýär geplemäge saňa-da gezek.

Sen onuň kimdigne bolsaň-da belet,
Ýa çekinip, ýa-da hormatlap ýaşyn,
Geplemek deregne aşak seredýäň:
«Goý, iller geplesin,
Meniň nä işim!»

Soň bir gün düşülýär seniň üstüňden,
Ýaňky gezek alyp hemmeden ozal,
Kiçijik günäli göreçleriňe
Eýmenç ýigrenç bilen aýlaýar nazar

Hem diýýär: «Günäsi juda ullakan.
Jenaýatkär. Suda bermeli işin!»
Sen bolsa şondan soň bilip galýarsyň
Niçiksi zat eken –
«Meniň nä işim!»

...Sen uly aýlykly ullakan işçi.
Emma pul diýleniň üýşüp ýatanyn
Göreňok sen. Nika ýüzükden başga
Ne-hä kümüşiň bar, ne-de altynyň.

Başga biri bolsa haram bagtynyň
Ugrunda hallanlap, otuzki dişin
Ýonduryp, gyzyldan gapladyp otyr.
Sen ýene-de diýýäň: «Menin nä işim!»

Altyn dişli kişi gün-günden azýar,
Ili hem azdyrýar. Güjeňläp dişin,
Bir ajap maşgalaň başyn aýlaýar.
Sen ýene diýýärsiň: «Meniň nä işim!

Aýlasa aýlasyn. Maňa degenok...»
Ol bolsa kem-kemden gaýşardyp döşün,
Seniň duluňa-da ätläp başlaýar.
Soň weli diýeňok:
«Meniň nä işim!»

Gurhanda: «Magşarda gopup harasat,
Asman-ýer çöwrüljek!» diýilýämişin.
Ýer çöwrülmez. Birden çöwrüläýse-de,
Ýeri çöwürjek zat:
«Meniň nä işim!»

## Bagtlylyk hakynda

*Işçiniň alypsatar goňşusyna açyk haty*

Diýdiň sen:
«Işçiler nädip oňýarka
Alýanja şojagaz aýlygy bilen?..»
Emma weli işçiň günlük baýlygyn
Deňäp bilmen ýyllyk baýlygyň bilen.

Seniň puldan başga bilýän zadyň ýok.
Pikiriň-zikiriň pul, pul, ýene pul.
Bolmasa-da bizde gul diýilýän zat,
Sen gul! Haram puluň elindäki gul!

...Agaň soňky demde hyrkyldap ýatyr.
Sen onuň yzyndan gitmäge derek
Şu günki gazanan puluňy sanap,
Ekstra bilen urýarsyň börek.

Syrkaw dem sanaýar, sen pul sanaýaň.
Men bolsa gazan gapgaryp pitä,
Bugy hem gaýtmadyk jüýje çorbasyn
Seniň dertli agaň yzyndan eltýän.

Sen bolsa şo mahal sanan puluňy
Desseläp, desseläp, daňýardyň müňden.

Emma meniň kisäm müňsüzem bolsa,
Şo mahal müň esse
bagtlydym senden.

...Obadaş tanyşyň ýogaldy bir gün.
Duran-duran ýerden ylgady uly il.
Sen bolsa («syrkaw men, işli men...»
diýip)
Tapyndyň özüňe müň dürli delil.

Men bolsa şol mahal egnim tabytly,
Dostuňy göterip barýardym öňden.
Şonda meniň kebzäm hasratlam bolsa,
Müň esse baýdym
hem
bagtlydym senden!

...Dileg edip geldi
garryja eneň.
Bende dilegçi hem däldir-le weli,
Düwünçekmi ýa-da atgulak üçin
Azajyk ýetmedik bolarly puly.

Sen oňa köneje bäşlik uzatdyň,
Soň üçlük uzatdyň (kesen dek tenden!)
Men bolsa şo mahal
öz enem bilen
Müň esse baýdym
hem bagtlydym senden.

...Ne roman okaýaň, ne-de bir goşgy.
Okamak deregne içýäň hem iýýäň.
Bir kitap görkezsem,
saldarlap görüp,
«Şuňa näçeräk pul aldyka?» diýýäň.

Beýik Magtymgulyň kitabyny hem
Özüň däl, getirip beripdir ogluň.
Halal, haram hakda okan mahalym –
Kitaby ýyrtaýjak, ýyrtaýjak bolduň.

Dogrulyk hakdaky ýekeje söz hem
Ýerleşip bilenok pos basan beýnä...
Men bolsa her agşam bagrymy berip
Puşkine, Pyraga, Nowaýa, Geýnä,
Balarysy ýaly şire toplaýan
Danalaň dürdäne setirlerinden.
Şol pursat
bar öýüm, maşgalam bilen
Müň esse gurply men,
Bagtly men senden.

...Söýgüden doýanok meniň gözlerim.
Seň gözleriň bolsa doýanok zatdan.
Kopügiň hasaplap uzynly gije,
Mele gelniňi-de çykarýaň ýatdan.

Men bolsa şo mahal
mele gujakda
Her minutda iki ýaşyny ýaşap,
Uly söýgi bilen ýeten bagtymyň
Kä lebinden, käte gözünden ogşap –
Seniň puluň sany çen-çakdan çyksa,
Meniň posa sanym çykýardy çenden.
Şo mahal
özüm hem,
gelnim, öýüm hem
Müň esse baýdyk
hem
bagtlydyk senden.

...Her gije, her säher eýmençden eýmenç
Gara wakalary görüp düýşüňde,
Käte basyrganyp, käte gygyryp,
(Hiç zatdan gorkmasyz) juwan ýaşyňda,
Maşyn sesi çyksa, tisginip turup,
Çyrany-da ýakman,
ylgaýaň gapa!..
Biz bolsak şo mahal çagalar bilen
Gark bolup iň süýji, lezzetli uka,
Zähmetiň, Söýginiň eşretin görüp,
Nur sorup ýatyrys ertirki günden.
Müňläp nulumyz ýok. Emma müň esse
Baý biz,
arkaýyn biz,
bagtly biz senden.

## Döwür beýle däldir

*Dünýe döräp, heniz şeýle ajaýyp döwür bolan däldir. Emma käbir naýynsaplar özleriniň ähli aýyplaryny döwrüň ustüne atýarlar.*

(Ýaşulular Sowetiniň maslahatynda bir gojanyň aýdanyndan)

– A-gyz, näme, hanmydyň sen! Geýinýärsiň beýle
gymmat?
Her ýaglygyň – iki goýun. Her ýüzügiň – bir bedew at.
Her köýnegiň bahasyna alyp boljak iki sygyr.
– Iller geýýär, menem geýjek.
Döwür şeýle, döwür.

Gelin, näme dänjirýärsiň? Çüýredimi öňki dişiň?
Altyn seni ýigdeltmändir: kyrk bolupdyr otuz ýaşyň.
Hem pul seçdiň, hem garradyň, hem dişiňe berdiň
jebir...
– Iller şeýdýär, bizem şeýtdik,
Döwür şeýle, döwür.

* * *

– A-how ýigit, bu nä boluş! Ýeňsäň saçy iki gujak!
Bu gün-erte ogluň bolsa, sallançak hem ýasap boljak.
Hany derrew il görmänkä sertaraşa tarap ýüwür!
– Iller şeýdýär, menem şeýtdim.
Döwür şeýle, döwür.
– Men-ä seni tanamadym. Gözleriň-ä örän tanyş
Wiý, wiý, Berdiň gyzymy sen! Saçyň näme ýarty garyş

Dört örümiň şemal degse seslenerdi şowur-şowur,
– Iller kesdi, menem kesdim
Döwür şeýle, döwür.

* * *

Goňşym diýdi: «Toýdan bäri iş edenok oglum Anna
Ogluň Anna iş edermi! Öýün goşy – dokuz tonna

Ojakda-da öweç eti bylkyldap dur bygyr-bygyr...
–Wah, şeýdýäs-dä... Biz guraly!
Döwür şeýle, döwür.

–Dur, dur gardaş! Konwertiňi atma poçta ýaşigine
Işligini görmesem-de, seredeýin daşlygyna.
Muň yzynda goluň ýok-la! Näme barka, için çöwür?!
– Çöwürmäge gaýrat ýokdur.
Döwür şeýle, döwür.

* * *

– Şägirt inim, eserleriň setir sany çykdy çenden
Kitaplaryň galňadykça, okalýarsyň günbe-günden!

Setirleriň arasynda ne ýürek bar, ne-de bagyr...
– Şu günki öýken... besdir maňa.
Döwür şeýle, döwür.

Omzy bilen bir gojany kakyp geçdi daýaw oglan.
– Ýeri köçä sygaňokmy, garynjygy doýan oglan?
Degmedige ýylanlaram degmezmişin ömür-ömür.
O diýýäniň ertekidir.
Döwur şeýle, döwür.

* * *

Aýna bakyp bezenip dur çynar boýly Ogulsenem.
– Hanha seret, hamyry-da ýugrup otyr syrkaw eneň.
Hany derrew eliň ýuw-da, iýjek nanyň özüň ýugur!
– Ejem jandan aýlanaýyn!
Döwür şeýle, döwür.

* * *

Iki mellek ortasynda gygyrşyp dur iki goňşy.
Ýeke garyş ýer üstünde turýar «watançylyk» urşy,
– Agam, sen bir parhlyrak bol, nämä gerek munça wagyr?
– Parhly bolsaň nyrhyň bolmaz.
Döwür şeýle, döwür.

* * *

– On otagly köşk gurupsyň. Keşşik aga, berekella!
Ýöne bu on... köpräk dälmi dört-bäş sany gara kellä?

Görýän weli, bir aýlyk däl: kisejigiň örän agyr.
– Aýlyk bilen iş bitenok.
Döwür şeýle, döwür.

* * *

– «Moskwiçli», Žigulili» köp duşupdyň uly ýolda.
Bu gün bolsa garažyňda lowurdap dur mele «Wolga».
Bir başyňa nämä gerek munça rul, munça tigir?
– Satýas, alýas... Alýas, satýas...
Döwür şeýle, döwür.

* * *

– Köşek, nirä howlugýarsyň? Ajalamy? Jenaýata?
Kabinaňda – mele gelin. Özüň bolsa – juwan ata.
Bäş-on minut giç barsaň-da, toý eýesi eder sabyr...
– Döwre görä sürmek gerek.
Döwür ýyndam, döwür.

* * *

– Aý, goňşy jan jan, aýaklaryň kesildi-le
işigmizden
Ozallar-a tä ýatýançak düşmezdiňem düşegmizden.
Ýatlaşardyk geçenleri. Okaşardyk goşgy-şygyr.
– Şygyr-pygyr ýatdan çykdy.
Döwür şeýle, Döwür.

* * *

– Magaziniň takrap ýatyr. Planyň hem uklap ýatyr.
Gerek zady, geçgel zady haçan aljak, Mämmet müdir?
Bu gün-bu gün, ertir-ertir. Gutardy-la takat-sabyr.
– Zat bermeseň – zat berlenok.
Döwür şeýle, Döwür.

* * *

– A-haw, dogan, düýn dälmidi öz dostuňa wepaň hakda
Güp-güp edip, gant deregne ant içýärdiň tokga-tokga.
Indem dosta şyltak atyp, dübläp ýörsüň gübür-gübür
– Işim bitdi. Antym ýitdi.
Döwür şeýle, döwür.

* * *

Öňümden bir ýigit çykdy ýetmiş ýaşly garry ýaly.
Düýnem daýaw bir ýigitdi dagda biten gargy ýaly.

Bu gün bolsa garynja dek zordan ýörýär
gybyr-gybyr...
– Şahyr, ýör bir... üçleşeli
Döwür şeýle, döwür.

* * *

Soradym men Döwre bakyp.: «Dogrudanam, şeýlemiň
sen?
Hany antyň? Hany haýaň? Serhoşmyň, sen? Telbemiň
sen?»

Döwür maňa jogap berdi: «Men hemişe size bagly.
Ulaldýan hem adam ogly, kiçeldýän hem adam ogly.

Biri çekýär ýagta tarap, biri çekýär gijä tarap –
Uly çekýär ula tarap, kiçi çekýär kiçä tarap.

Ýagşylara arka durdum, ýamanlary gaýgyrmadym.
Dogrulyga çagyrdym men, egrilige çagyrmadym.

Ýalan gepi diý diýmedim. Döwlet pulun iý diýmedim.
Iki sygryň bahasyny köýnek edip geý diýmedim.

Münmek üçin maşyn berdim, ýüz elliden bas
diýmedim.
Daranmaga darak berdim, dort örümiň kes diýmedim.

Dynç almaga wagt berdim, okamaga – bagt berdim.
Jübiňizden hak almadym, öz kisämden mugt berdim.

Bugdaýňyzy orup berdim, pagtaňyzy ýygyp berdim.
Her gün içjek süýdüňizem güjürdedip sagyp
berdim.

Söýüşseňiz – ýigit berdim, söýülseňiz – gözel berdim
Lak atmaga söz tapmasaň – goşgy berdim, gazal
berdim.

Dertleseňiz – derman berdim, işleseňiz – zähmet
berdim.

Ýaşamaga al baýdakly, adalatly Döwlet berdim.
Bezedim men egniňizi, doýurdym men garnyňyzy.
Ýöne weli käbiriňiz ýelä tutup burnuňyzy,
Bar garany maňa sürtüp,
Etseňiz-de uly gowur,
Dünýe döräp bolan däldir.
Meniň ýaly Uly döwür...

Siz etmeli ömri ömür,
Siz etmeli döwri döwür!»

## Ogluma nesihat

Atam maňa aýdypdy,
Menem saňa aýdaýyn.
Men-ä sapak edindim,
Saňa-da sapak bolsun:
Lybasyň ýüpek bolup,
Namysyň nah bolandan,
Goý, lybasyň nah bolup,
Namysyň ýüpek bolsun.

* * *

*Ozaldan dunýäniň ýasalşy şeýle*
A. Puşkin

Ozaldan dünýäniň ýasalşy şeýle.
Bir adam – ullakan, bir adam – kiçi.
Kiçi kişi ullakan saýar,
Özün kiçi saýar ullakan kişi.

Hawa, şo sebäplem ullakan kişi
Kiçiň günäsinem götär boýnuna.
Kiçijikler bolsa uly kişileň
Ýalňyşyn hasaplar ömür boýuna.

* * *

*Senden uly ýok diýseler,*
*Eselmegin sen!*

Kaýsyn Kulyýew

Senden uly ýok diýseler,
Eselmegin sen.
Senden kiçi ýok diýseler,
Peselmegin sen.

Özüň kiçi bolsaň – uly boljak bol,
Özüň uly bolsaň – kiçi boljak bol.
«Sen keçe!» diýseler – haly boljak bol,
«Sen haly!» diýseler – keçe boljak bol.

«Sen köçe!» diýseler – ýoda ýaly bol,
«Sen ýoda!» diýseler – köçe boljak bol.
Hem-ä öz ýaşyňdan
Uly ýaly bol,
Hemem deň-duşuňdan
Kiçi boljak bol.

Özüň serdar bolsaň – daýhan boljak bol,
Özüň daýhan bolsaň – serdar ýaly bol.
Gerek bolan güni – iliňe baş bol,
Soň ýene ýer depip, agdar ýaly bol.

Öz gysga ýoluňy, ýalňyz ömrüňi
Şeýdip ýaşagyn sen, şeýdip ötgün sen.
– Baý-baý, adam bolmak kyn zat eken-ow!
– Ýogsa aňsat zatdyr öýdüpmidiň sen?

* * *

«Gowynyň gadyryn bilsinler!» diýip,
Erbetlik diýen zat döränmiş kem-kem.
Hemmeler Gowynyň gadyryn bilse –
Erbetlik äleme inmejek eken.

«Ýaşlygyň gadyryn bilsinler!» diýip,
Gojalyk ýerinden turanmyş kem-kem.
Hemmeler ýaşlygyň gadyryn bilse –
Gojalyk gojalyp öljegem eken.

«Söýginiň gadyryn bilsinler!» diýip,
Hasrat gözlerini açanmyş kem-kem.
Hemmeler Söýginiň gadyryn bilse –
Hasrat ukudanam turmajak eken.

«Saglygyň gadyryn bilsinler!» diýip,
Kesel diýilýän zat döränmiş kem-kem.
– Hemmeler Saglygyň gadyryn bilse,
Äleme inmezdim – diýýärmiş – Kesel.

«Adamyň gadyryn bilsinler!» diýip,
Gaharlanyp Ölüm inenmiş Ýere.
Her kim bir-biregiň gadyryn bilse –
Ölüm
gelen ýerne gitjekmiş ýene.

## Ogul bolan güni ýazylan goşgy

Şu gün gapymyzdan bir adam geldi –
Ne-hä pasporty bar,
Ne-de bir ady.

Ne-de bilýän,
Ne-de düşünýän zady
Ýöne weli ol adamyň üstünden
Alkyş, şöhrat çabga ýaly ýagýady.

Biri oňa uzak ömür dileýär.
Şöhratdan ýükleýär ýene-de biri.
Ol bolsa olary nä-hä diňleýär,
Ne-de jogap berýär ertirden bäri.

Aý geçer, ýyl geçer. Dürli howada
Görer ol durmuşyň yssysyn, sowgun.
...Şonda-da şowhuna, şöhrata, ada
Sen
        şu günkiň ýaly biperwaý bolgun,
Oglum!

*3-nji iýun, 1973.*

## Pida

Çaga!
Seniň adyň tutulan wagty
Giňeýär dargursak, ýylgyrýar dertli.
Bir günde müň gama döz gelip bilýäs
Bir dem Seni bagtly etmekden ötri.

Seniň bar ýeriňde terdir dirilik,
Seniň ýok ýeriňde –
                                        älemde meşhur
Beýik ymaratlar, piramidalar,
Ýüzläp şäher, bag, gül – hemmesi merhum.

Kä öýleň töründe üç-dörtden bar Sen,
Kä öýlerde ondan-on dörtden-de bar.
Käbir öýler bolsa gije-gündizläp
Diläp-diläp, ýeke dyrnagyňa zar.

Ýöne gürrüň ol babatda barmaýar.
Häzirki gürrüňim başga zat hakda.
Ýüzläp-ýüzläp otly-otly ojakda,
Ýüzläp-ýüzläp süýtli-süýtli gujakda
Bägül ysly, kümüş gözli emmäni
Sokjap-sokjap gelýäň bir gün kemala,
Onsoň adymyza «Nämüçin?» dakyp,
Sen jogap agtarýaň müň bir sowala.

Emma meň gürrüňim bu hakda-da däl.
Meniň bu gürrüňim başga zat hakda.
Käte Seni adam etmekden ötri
Galýarys biz adamlykdan uzakda.

Ýarylmaly wagty ýarylmaly çiş,
Aýdylmaly wagty aýdylmaly söz
Käte Sen sebäpli bogazda galyp,
Iriňleýär bogaz,
Simleýär bogaz.
Ýalan zada – ýalan,
Ýamana – ýaman

Diýilmeli ýerde çekilip gyra,
«Çagalar bar!» diýip, dişimiz gysýas.
Hamala diýersiň, çagaňa görä
Namysa ýeňillik berilýän ýaly,
Teselli gözleýäs her bir delilden.
Seni il hatarna goşmaklyk üçin
Şeýdip öz-özümiz daşlaşýas ilden.

«Çagalar bar!» diýip,
öz pesligmiziň
Garamatyn atyp Seniň boýnuňa,
Dünýädäki iň mukaddes sözleri
Käte gurban edip durmuş oýnuna,
Adalat öňünde,
Ynsap öňünde,
Hakykat öňünde düşýäris ejiz.
Şeýdip pida edýäs adamçylygy
Ertir Seniň adam bolmagyň üçin.

Belki, Seniň adam bolmagyň üçin
Pida-da gerekdir. Ýöne ol juda
Gymmat düşýär. Onuň her döwri üçin
Döwrüň namysyny edýäris pida..

## Edeplilik hakynda

Ynha «Ýazyjynyň, tribunasy».
Ýaş awtor ýylgyryp, çykdy ekrana.

Hamala diýersiň, şygyr dünýäsin
Özi guran ýaly bakdy erkana.

«...Hawa, biz şahyrlar... pylan zat ýazdyk.
Biz şahyrlar... hawa...» Gür berdi şahyr.
(Jan inim, ömründe Pyragyň özem
«Biz şahyrlar...» diýip aýtmandyr ahyr!)

Oturşynda, gepleýşinde müýni ýok.
Sözledi arkaýyn, sözledi uzak.
«Döredijiligim... poemam... goşgym...»
Gaýşardy gaýtalap onlarça gezek.

«Ýene bir poema döretdim şu ýyl...
Ýene döretmekçi...» Gür berdi şahyr.
(Jan inim, ömründe Çehowyň özem
«Men döretdim...» diýip aýtmanmyş ahyr!).

## Poeziýa – aýylganç ene

Poeziýa
barypýatan päklikdir,
Poeziýa
göze görnen bir gyzdyr.
Bir seretseň –
onuň daşy köplükdir,
Bir görseňem
şol köplükde ýalňyzdyr.
Owadan gyzdyr ol – aşygy köpdür.
Akylly gyzdyr ol – gytdyr çyn aşyk.
Sataşan aşygnyň kimdigne görä,
Ýa togtar,
ýa gider menziller aşyp.

Nikalaşar. Müňläp perzendi bolar.
Birine käýiner, birine güler.
Aýylganç enedir: öz perzendini
Öz elleri bilen bogup-da biler.

Şikesli perzendin bogmasa eller –
Gözellik gutarar Poeziýa uklar.

Onsoň ony diňe ýekeje hossar
Betbagt doglan
Kagyz düşegi saklar!

## «GSM»

Bir gije ýatyrdym tünüň ýarynda.
Giripdir düýşüme mojuk bir ahwal:
Bir äpet maşyn dur redaksiýada.
Aşagynda bolsa – üç aýak stol.
«Bu niçiksi nyşan?»
Berdim men sowal.
Diýdiler: «Goşgyny saýlaýan maşyn»
Her anna gününde indiden beýläk
Näçe goşgyň bolsa getirber, şahyr!»

...Ynha ýetip geldi arzyly anna.
Şahyrlar üýşüpdir uludan-kiçä.
Nobatyň bir ujy – maşynyň ýanna,
Beýleki bir ujy – syganok köçä.

Gara saçlymysyň,
Ak saçlymysyň,
Ýa-da saçlaryndan ýaňy çal sepen
Şahyrlar asuda garaşyp durlar.
(Bularam asuda boljaklar eken)
Nobatyň ýetdimi – gapagy göter.
Näçe goşgyň bolsa – içine okla.
Çilimiň otla-da bäş minut garaş.
Onsoň oklan zatlaň täleýi hakda
Özüniň pikrin aýdyp dur maşyn.
Birin saga zyňýar, birini çepe.
Saga giden –
düşýär hapa ýaşigne.
Çepe giden –
gidýär gös-göni çapa.
Eýýäm bir dostumyň eli sandyrýar.
Meniň bolsa eýýam sandyrýar beýnim.

Sandyrap başlady ýene bir dostum –
Ýaş dostum –
wah, seňki nämedi, inim!
Seniň, bar geljegiň öňüňde entek.
Seniň maňlaýyňa ýazlypmy şygyr?
Şahyrlyk bolmasa – ýene-de bir kär.
Emma kyrk ýaşdan soň
biz üçin agyr!...

Gelip dur ýigitler. Gelip dur gyzlar.
Barha uzap barýar nobatyň yzy.
Hanha, ajap bir gyz belläp dur nobat.
Tanyş ol: TDU-nyň student gyzy.

Gözleri-de ajap, ýüzi-de ajap.
Alkymna nur saçýar köýnegniň nagşy.
Ýöne alyp gelen goşgulary hem
Özi ýaly ajap bolaýsa ýagşy.

Ýogsa bu maşynda sylag-hormat ýok.
Ýigitmiň, perimiň – bolaý sen her kim
Görküňe, boýuňa seredip däl-de,
Şygryňa seredip kesýärdi höküm.

Lenin baýragynyň laureatymyň,
Pyragy baýragnyň laureatymyň,
Halk şahyry diýen uly atlymyň,
Ylymlaň doktory, kandidatymyň –
Seniň kimdigiňe bakanokdy ol,
Bolsa-da egniňde her niçiksi çin,
Ol hyzmat edip dur çin üçin däl-de,
Ýalňyz,
ajap,
uly
Poeziýa üçin.

Goşgynyň yzyndan oklanýar goşgy.
Hordaň – saga gidýär, oňadyň – çepe.
Çep tarapda – diňe bäş sany kagyz,
Sag tarapda eýýäm – giden bir depe.
Sandyrap başlady ýene bir dostum.
A-how, töweregmiz gyz bile gelin.
Birden sandyrýanyň duýaýmasynlar,
Walla, kisäňe bir salsana eliň.

Aýby ýok, gardaşym, şahyr bolmasak
Goý, bolman geçeli. Ýöne weli biz
Gyzlaň ýanynda bir beýdip durmaly.
Edil polat ýaly bolsun elimiz...

Men diýen şahyrlar ýaýkaşyp başyn,
Gaýdyşyp barýarlar ýüzlerin sallap.
Özlerem bilenok nirä barýanyn,
Göýä polklaryndan azaşan soldat –
Hersi öz polkuny gözläp barýardy.
Ne gykylyk bardy, ne-de bir gybat...

«GSM» işläp dur. Nobat ýöräp dur.
Bir görsem ýetipdir
Maňa-da nobat.

«Geçiber, geçiber, geçiber uýam!»
Nobatymy berdim yzdaky gelne.
(Hormatlanym üçin şeýtdimmikäm men,
Ýok, gorkanym üçin etdim men şeýle).

Ol gitdi. Ýene-de nobatym ýetdi.
«Geçiberiň!» diýdim yzdaky gyza.
(Hormatlanym üçin şeýtdimmikäm men,
Ýok, ýok, gaçjak bolup çekildim yza).

Emma gyz
hiläme düşünen eken.
«Howlugamok» diýip, ýylgyrdy hötjet.
Öz-özüme diýdim: «Bar, gaçdyňam sen,
Ykbalyňdan gaçyp sen nirä gitjek?»

Pedalyň üstüne aýagmy atdym
Ryçagy çekdim. Açyldy gapak.
Bir papka goşgyny içine atdym.
Hopugyp oýandym...
Akmak men, akmak!
Şo mahal oýanmak nämäňe gerek –
Ýene bir minutjyk ýataýan bolsaň,
Seniňem kimdigiň belli bolardy,
Belki, çyrşamaňy goýardyň onsoň.

## Asyrlaryň yzasy

Synyp-synyp dürli reňkli baýdaklar,
Yzda galdy pajygaly uzaklar...
Ýöne weli şonda-da
Puşkine degen oklar
Heniz-henizem gelip,
Ýüregime degip dur.

Geçip-geçip ötlem-ötlem aý-ýyllar,
Yzda galdy kowçum-kowçum menziller...
Ýöne weli şonda-da
Pyraga batan eller
Heniz-henizem gelip,
Demligimi bogup dur.

## Pyragyň gaşynda

*Poeziýa baýramçylygynda okalan goşgy*

Pyragyň gaşynda goşgy okamak –
Aňlaýanlar üçin iň agyr hormat.
Ol diňe hoşasyn çöplemeklik däl,
Erkek kişi kimin
Ekeniň ormak.

Pyragyň gaşynda goşgy okamak –
Ynsabyň gaşynda goşgy okamak.
Üm bilen, söz bilen aýdyp bolmajak
Hasabyň gaşynda goşgy okamak.

Pyragyň gaşynda şygyr sanamak –
Dünýäden utulyp,
Utulman durmak.
Öz beýik ataňdan
                has beýik bolmak,
Bakylyk gaşynda
                utanman durmak.

Pyragyň öňünde goşga synanmak –
Bir gyzyň ugrunda özüň köýdürmek.
Meňliňi aldyryp,
                onsoň ol gyzy
Ýene gaýdyp alyp,
Dünýä soýdürmek.

Pyragyň gaşyna silkinip çykmak –
Iň görkli zada-da görk berip bilmek.
Bugdaýyň,
        keteniň öňki reňkine
Bagryňdan ýene-de
Reňk berip bilmek.

Pyragyň gaşynda seresap gerek.
Hökman däl elimiz göge götermek.
(Ýöne bir elimiz göteräýsek-de,
Hökmandyr
birini Ýere ýetirmek!)

Pyragyň gaşynda dymmagmyz gerek.
Söz berilse weli
sözlemek ýagşy.
Ýöne her sözlenen pelsepä derek
Pyraga ýüz sapar gözlemek ýagşy.

Has pesde bolsa-da eginlerimiz,
Nazarna deň gelsin nazarlarymyz...
Bu gün goşgy diňläp,
tirsegne galsyn
Halyllarymyz,
Gurbannazarlarymyz.

Pyragyň gaşynda goşgy okalsa,
Ýüreklerin gerip, diňlärler olar.
Olaryň umydyn aldamalyň biz.
(Käte dirileri aldamak bolar!).

Pyragyň gaşynda akyl okamak –
Iň beýik nazara
baryp okamak.
Hem-ä ol nazardan
gorkman okamak,
Hemem sandyr-sandyr
gorkup okamak.

Pyragyň öňünde setir okamak –
Üç güýjüň öňünde özüň synamak:
Ýyldyzyň başynda,
Dagyň döşünde,
Ak ýagşyň gaşynda
Goşgy sanamak.

Pyragyň ýagyşdan bir tapawudy –
Ýagyş hemme goşga el çarpar durar,
Pyragy çarpmaz.
Pyragyň ýyldyzdan bir tapawudy –
Ýyldyz hemme goşga ýylgyrar durar,
Pyragy beýtmez.

Pyragyň daglardan bir tapawudy –
«Men!» diýip gygyrsaň, dag hem «Men!» diýer
Pyragy diýmez.

## Ýyldyrym

*K. Baýrammyradowyň ýadygärligine*

Ýyldyrym – dünýäniň, uly gudraty.
Emma ähli ömri ýekeje demdir.
Gylyç dek lowurdap gynyndan çykar.
Ýene görseň gözden ýitip gidendir.

Emma eýýäm etjegini edendir.
Etjegin eder-de gözüňden ýiter:
Ýalkasa – ýagtysy ýeter ömrüňe,
Gargasa – garasy ömrüňe ýeter.

Gijedi. Garady kömürden beter,
Şähere barýardym. Ýyldyrym çakdy.
Azaşan ekenim. Düzeldi başym.
Sowuldym. Öňümden ak ýoda çykdy.

Ol ýoda şähere getirdi meni.
Şäher uklap ýatyr. Ne ses bar, ne üýn.
Ýok, maňa ses däl-de, yşyk gerekdi
Barmaly jaýymy saýgarmak üçin.

Onýança ýene-de ýyldyrym çakdy.
Okadym diwarda köçäniň adyn.
Barşym ýalňyş eken. Sowuldym sola.
Aýaklam düşensoň gerekli ýola,
Indi ýöräp däl-de,
Uçup barýardym.

Edil şo bada-da arka ýüzümden
Aýak sesi geldi. Bakdym yzyma.
Iki eýmenç gara gözüme ildi.
Yzyma ýöredim – gitdi yzyna.

Öňüme ýöredim – düşdi yzyma.
Birdenem köçeden öwrülip çepe,
Agajyň astynda aýak çekdiler.
Onýança-da meňzäp altyndan ýüpe,
Ýene bir ajaýyp ýyldyrym süýndi.
Şol gara agajyň üstünden indi.
Şondan soň gözüme ne agaç ildi,
Ne gara ildi...

Ýolum dowam etdim. Onýança ýene
Atyldy ýyldyrym. Ýagtyldy bir jaý.
Işigini kakdym. Çyra ýakyldy.
Onýança-da gapy açyldy, heýjan!

Girdim. Şo bada-da bagra basyldym,
Birden nur çaýylyp garaňky aýna,
Has uzyn, has ajap ýyldyrym süýndi
Açyldy alnymda bir uly dünýä.

## Kontrast

Gümmürdi,
Gümmürdi,
Ýene gümmürdi.
Gümmürdiň zarbyndan daglar möňňürdi:
Daglaň gözýaşyndan doldy dereler.
Ýene bir gümmürdi baryn diýdirdi,

Gümmürdi daglaryň üstünden sowlup,
Ugrady kem-kemden gaýralygyna.
Goýberdi özüňiň ähli çabgasyn
Gum bilen daglygyň aralygyna.

Şäherli el çarpdy: «Jaýgözin geldiň,
Agaçlar tozandy, köçeler çaňly
Ýag sen depämizden näçe isleseň,
Guý ertire çenli, birgüne çenli!»

Obaly ah çekdi: «Edil ýap-ýaňy
Sepip gutarypdym gowaça çigdin.
Başga gün, başga aý gapyşan ýaly,
Nämüçin, nämüçin şu mahal ýagdyň?»

Ömründe «Ýa hudaý» diýmedik ýigit
Kem-kemden gysylyp bir ajap sona,
Posanyň yzyndan posalar alyp,
Diýýär: «Ýa-h, hudaý jan, oňardyň şun-a!»

Bir gyza garaşyp ýene bir ýigit
Agajyň astynda çekip dur nala.
«Diňmän geçen, indi diňäý-dä!» diýip,
Kä asmana bakýar,
Käte-de ýola.

Çopanlar gygyrýar: «Ýag ýaganagym!»
Çoluklar böküşýär: «Guý guýanagym!
Süýji suwdan dolsun ähli kaklarym,
Ähli çeleklerim, ähli çanagym!»

Çabga geçdi gitdi.
Bulut tüýdüldi.
Ýene-de gün çykyp, asmandan garýa.
Birini gyzgyn gün ýandyryp barsa,
Beýleki birini doňduryp barýa.

* * *

Tanyşymyň öýi. Açdylar gujak.
Töre göz aýladym: hemmeje zat bar.
Dulda asylgy dur çaň basan gyjak,
Ýanynda
        Pürlüden dem alan dutar.

Lýustra
        bäş tama saçyp dur ýagty.
Haly bar, ýüpek bar, täsin serwant bar.
...Şol öýde ýekeje keçe bar wagty
Gygyrardy gyjak,
Saýrardy dutar.

Menem aýagymy uzyn uzadyp,
Tirsegme ýaplanyp, çekerdim çilim.
Indi göýä meniň her burum tüssäm
Ol öýe ölüm.

## Bela

Meniň bir tanşym bar: adyn aýtjak däl.
Tapawudy näme – Meretmi, Kuly.
Wezipesi näme – onam aýtjak däl,
Tapawudy näme – kiçimi, uly.

Alýan aýlygy-da biziňki ýaly.
Hut biziňki ýaly aýagy, eli.
Ýöne bizden birje tapawudy bar –
Köpmüşin puly.

Nireden alýarka? Onam biljek däl.
Ýöne käte-käte gijände dili,
Gezelenje gelýär. Ýa-da çagyrýar.
Damaskmy,
          Beýrutmy,
                    Müsürmi,
                              Çili –

Ynsan ömri hakda, azary hakda,
Armanly ölenleň mazary hakda,
Müňläp pajygaly mesele hakda,
Dünýäň derdi hakda, keseli hakda
Gürrüň edilende –
                              başyny ýaýkap,

«Hä-h şeýle-dä!» diýip, dem alyp uly,
Hyrçyn dişläp, için çekýärem weli,
Birden arasynda ýylgyraýýar ol
Ýadyna düşende
                    puly, puly, puly...

## Men – Rupiýa

*Hindi şahyry Ugradan*

Çagalaryň güýmenjesi, karary,
Jahyllaryň kellesiniň humary,
Gojalaryň ýaş soňunda mydary,
men – Rupiýa.

Adamlar güýjüme, erkime boýun,
Salýaryn başlarna müň dürli oýun.
Hiç haçan göwnümi ýykan däldirler,
Meniň diýenimden çykan däldirler.

Bütin dünýä zulumyma tabyndyr,
Bir zat diýsem, aýdan sözüm kanundyr.
Dünýäni düňdermek ýanymda hiçdir,
Meň güýjüm ýer şaryn üýtgedýän güýçdür.

Adamyň häsýeti baglydyr maňa,
Ähli diýenimi etdirýän oňa.
Ony döredýän-de, bozýan-da özüm,
Ony eredýän-de, sozýan-da özüm,

Men – Rupiýa.
Eger şu dünýäde taňry bar bolsa,
Taňry mendirin
Söýgi bar bolsa,
Söýgi mendirin.
Din hem bar bolsa,
Din-de mendirin.
Hakykat men; güýç-gudrat men, huda men,
Pähim-paýhas, zowky-sapa, pida men.
Şu dünýä men, o dünýe men, eşret men.
Şatlyk, gülki, muşakgat men, ezýet men.

Sesim keramatly lezzetden doly,
Dünýäde ses bolmaz meň sesim ýaly.
Gözel gyzlaň gülküsinde, näzinde,
Mridangaň, sitaranyň sazynda
şeýle lezzet barmydyr?

Tüýdügiň, dombraň dürli sesinde,
Dünýä owazlarnyň ählijesinde
şeýle lezzet barmydyr?
Ýedi notaň hemmesinden ötüren
Iň lezzetli Sekizinji nota men.

Eý, siz, Gita uýýanlar,
Çanda-sapdaşata hormat goýýanlar.
Hudaý diýýänler,
«Mahabharataňy» teswir edýänler,
«Ramaýanany» söýýänler,

Diňe maňa alkyş okap,
Meň wagzyma gulak goýuň.
Meň öňümde tagzym edip,
Meni söýüň,
Meni söýüň!

Meni alla diýip biliň,
Öz köşgümiň gapysyny
Giň açaýyn,
bärik geliň!

Öldürýän-de özümdirin,
galdyrýan-da özümdirin.
Gülledýän-de özümdirin,
soldurýan-da özümdirin,
Agladýan-da özümdirin,
güldürýän-de özümdirin.

Hoşroý-da ozümdirin,
bedroý-da özümdirin,
men – Rupiýa.

Maňa näçe ýigrenç bilen baksaň-da
Gurbakga dek tumşugyma kaksaň-da,
Meň garşyma pitne turzup çyksaň-da,
Etjek zadyň ýokdur. Dünýäň zory men,
Ülkäň, rajy men, zemindary men,
Ähli hökümdarlaň hökümdary men,
Dünýäniň taňrysy – biribary men,
men – Rupiýa.

Hudaýda-da ýokdur mendäki ýaly
Şeýle haýyr-kerem, şeýle sahawat.
Hudaýda-da ýokdur mendäki ýaly
Şeýle hoşzybanlyk, şeýle mylakat.

Geçip gitdi ham-hyýallaň döwrany,
Meniň döwrüm üýtgeşdirdi dünýäni.
Meniň Döwrüm – täsin işleň zamany,
Ýeke özüm bütin dünýäň soltany.

Hemme zatlar dyza çökýär öňümde,
Hudaý dagy
nämejikmiş deňimde.
Men – Rupiýa.

Jübiňde men bolsam, günä ýokmaz hiç,
Allaň özem diýeniňden çykmaz hiç,
Nirä gitseň, meni al-da gidiber,
Näme etseň, edenini ediber –
Adam kellelerin kakyşdyrjakmy,
Ýagyn erdip, süňkün ýakyşdyrjakmy,

Ýa-da döwletleri çagajyk ýaly,
Biri-birisine çakyşdyrjakmy,
Isläniň ediber, gorkujy bolma,
Wyždany, ynsaby ýadyňa salma!

Dünýä bir bazardyr, edeniň etgin,
Aýallaň namysyn depgiläp gitgin.
Lezzet al dullaryň nalalaryndan,
Olaň ýetim galan balalaryndan,
Lezzet al gojadan, işsiz hassadan,
Lezzet al hasratdan, gaýgy-gussadan.

Älemde gaý turup, kyýamat gopdyr,
Isleseň, Güni-de okundan sypdyr.
Bileniňden galma, edeniňi et,
Diňe meň güýjümden taparsyň medet.
Dünýäde deňi ýok hümmetim bardyr
Taňrydan ozduran gudratym bardyr,
men – Rupiýa.

## Ýeke ses

Bu, elbetde, biziň üçin gülküli,
Ýöne şeýle zadyň bolanlygy hak.
«Aýal adammyşmy ýa-da dälmişmi?»
Diýen gün tertipli uly bir ýygnak
Bolanmyş bir çak.

Turupdyr şeýle bir uly galmagal,
Galmagal tasdanam ýazanmyş urşa,
Birisi diýipdir: «Beýle zat bolmaz!»
Biri: «Bolar!» diýip çykypdyr garşy.

Birisi sorapdyr: «Nämüçin bolmaz?»
Beýleki sorapdyr: «Nämüçin bolar?»
Gurhandan, injilden mysal getirip,
Üç gije, üç gündiz gepläpdir olar.

Ahyry bir Sesiň köplügi bilen
Aýalyň haýryna çözlüpdir sowal:
Adam hataryna geçipdir aýal...
Şol ýekeje Sesem bolmadyk bolsa,
Onda neneň-niçik aýylganç ykbal
Mynçgardyka seni, eý, sahujemal?

Ol Ses
          täleýiňi üýtgetmese-de,
Megerem öňkiňe ýüz esse agyr
Dertlerden gorandyr... Şol ýeke Sese
Minnetdarlyk üçin ýazyldy şygyr.

## Gaýtarma

Begenerdik atasy öýne gelende,
Gynanardyk gaýyn öýne gaýdanda,
Obamyzda bir gaýtarma gyz bardy,
Onda-da ne gaýtarma!

Görmegeýdi. Asyllydy. Alçakdy.
Ykbal bu üç bagty berenok hemmä.
(Kä ikisin berip, birin berenok,
Käte birin berse, ikisin kemýä).

Onda şu baýlyklaň, üçüsem bardy.
Ady dilindedi uludan-kiçiň.
Deň-duşlary üçin uýa bolsa ol,
Ejedi biz ýaly uşaklar üçin.


enedilim.com

Käte kemput berip, käte gant berip,
Käte bolsa paýlap kendirli nabat,
Dilimizem, göwnümizem tapardy.
Dili-de nabatdy, ady-da Nabat.

Duldegşir goňşudyk. Olaryň öýi
Käriziň sagynda. Biziňkem çepde.
Garahassalykmy, mamamy, mergi –
O mahal her dürli keselem köpdi.

Ony dul goýupdy şo dertleň biri.
Üç ýyllap ýas tutdy başy çabytly.
Şondan bäri atasynyň öýünde.
Ol-a bir betbagtdy,
Bizem bagtly.

Begenerdik atasy öýne gelende.
Gynanardyk gaýyn öýne gaýdanda.
Ynha indi ýarylyber «begen-de»
Ol gaýtarma,
ol ömürlik gaýtarma!

Atasam hiç kime berenok ony.
Berjegem däl. Özem edenok meýil.
Otyr ol ak öýüň törüni saklap,
(Şeýdip diňe bagry ýaraly göýül
Oturýandyr bir oturan ýurdunda)
Iň uzak orüsi – käriz, ýeke tut.
...Ýene-de geldi ol eşik ýuwmaga,
Çabdynyň jübüsi durşuna kemput.

Edil şo mahalam bir daýaw çopan
Sowdy eşegini ýabyň boýuna.
Eňegin basdy-da käriz suwuna,
Ýene «gur-roww!» diýip, gitdi ugruna.

Aýu, oglan, Muhtar, kemeriň galdy! –
Çopanyň yzyndan ylgady Nabat.
Näme bolanyna düşünmän galdyk –
Aýylganç gümpüldi eşdildi şo bat.

Ýene bir gümpüldi...
Gyzyň dogany
Elinde tüpeňi, bilinde hatar,
Awdan gelýän eken. Gapdalna baksa –
Gürleşip duranmyş Nabatdyr Muhtar.

Edil şo demde-de gysylýar mäşe.
Nabat ýykylypdyr ilkinji okdan.
Çakmak çekilende ikinji sapar,
Eşekden dag ýaly gaýdypdyr çopan.

...Müňkurlik diýen zat hemişe şeýdip
Ykrar etjek bolýar öz dogrulygny.
Dogra ýalan, ýagşa ýamandyr öýdüp,
Käte atýar şeýdip
Öz doganyny.

## Duýgy

Barýansyň, Moskwaň bir köçesinden.
Öňüňden çykandyr ak sakgal goja.
– Atam, Wahtangowa nädip gitmeli
– Oglum, bu tarapda Wahtangow küje!
Gös-göni yzyda öwrül-de şundan,
Pylan köçä ýet-de, çepe dolan.
Gowusy, özümjik eltip gaýdaýyn.
Azaşyp hem gider seň ýaly oglan!

Diýer-de sen-men ýok, düşer öňüňe.
(Görseň, bir aýagam protezdendir)
Elter-de gowşurar barjak öýüňe.
Sag bolun bermäkäň
Gözden ýitendir.

...Barýansyň Tbilisiň bir köçesinden.
(Agşam seýlindedir ili gürjiniň)
Baýdak boýly bir gyz öňüňden çykar –
Egremçeden geçer bili gürjiniň.

Ýok, ýok, ýalan diýdim, egremçeden däl,
Iňňäň gözündenem eglenmän geçer.
–Uýam Mtasminda[1] nädip gitmeli?
Gözler gözleriňe nuruny seçer.

– Dördünji awtobus. Ynha, şu maşyn!..
(Münersiň. Işikler öpüşer derrew)
Gyz bolsa henizem garap durandyr.
Awtobusdan böküp düşesiň geler.

...Barýansyň Damaskyň bir köçesinden.
Aşagyň, ýokaryň – reklamadyr.
Sakynyp okarsyň arap harplaryn:
Düşünip bilmersiň – näme-nämedir...

Kitap magazinin idäp barýansyň.
Onýança-garşyňdan uludan pallap,
Aýagy çepekli, kellesi peşli,
Pete-pet çykandyr, ýadaw bir fellah.

«Kitap. Dükan. Kitap...»
(Hetjiklärsiň sen)
Ol derrew düşüner: «Hä, kitob... dükkan!»

[1]Merkezi bagyň ýerleşýän baýry.

Dükanyň işigne getirip gider
Sen «Şükran[1]!» diýmäkäň
ol diýer: «Şükran!»

...Barýansyň Aşgabat prospektinden.
Bu ýerlere belet bolsaň-da özüň,
Darajyk köçeden bir öýi gözläp,
Ne öňüň tapýansyň,
Ne-de bir yzyň.

«Şu ýakada!» diýip, salgyn bererler.
Gidersiň, gidersiň. Öňüň ýapykdyr.
Onýança bir gözel öňüňden çykar –
Köýnegi baldyrdan,
Saçy topukdan.

Howlugyp barýandyr. Emma şobada
Öz işin unudyp, döner-de yza,
«Hanha şol jaý!» diýip, elin uzadar.
Gyz jaýa bakýandyr,
Sen bolsa gyza...

...Hepdeler aýlanar, ýyllar dolanar.
Geçmişe ser salyp otyrkaň birden
Şol tanyş keşpler ýadyňa düşüp,
Ýüzüňe nur çaýar duýdansyz ýerden.

Emma ol keşpleri göresiň gelip,
Arzuwa çümseň-de näçe-näçe sen,
Ne-hä sen olaryň adyn bilýänsiň,
Ne öýün bilýänsiň,
Ne-de köçesin.

[1]Şükran – sag bol

## Bäbekhanada

*Çaga dogulýan öýden reportaž*

– Allo, allo, allo! Bäbekhanamy?
– Hawa, bäbekhana. Näme gerekdi?
– Ýazgül Durdyýewaň nämesi boldy?
– Size gyz gerekmi?
Ogul gerekmi?

– Dogrujamy diýsem, ilki bilen-ä.
Şol gelniň özüniň saglygy gerek.
Onsoňam parhy ýok – gyzmy ýa ogul –
Öýmüzde şolaryň ikisem seýrek.

– Onda buşluk: gerçek ogluňyz boldy.
Agramam – üç kilo sekiz ýüz gram.
– Her kilosy üçin bir çemen bogup,
Häzir ganat kakyp, ýanyňa barýan...

– Allo, allo, allo! Bäbekhanamy?
– Hawa, aýdyberiň! Nämejik gerek?
– Aý, men-ä beýle bir nebisjeňem däl:
Berseňiz, ýekeje bäbejik gerek.

– Aýdyň, bäbekleriň haýsyndan gerek?
– Gyzjagaz bolsa-ha... dilegim şoldy.
Sebäbi ozalam sekiz oglum bar.
– Onda buşluk, agam,
Gyzyňyz boldy!

– Allo, allo, allo! Bäbekhanamy?
– Hawa, edil özi. Näme gerekdi?
– Jeren Çaryýewaň ýagdaýy niçik?
– Gyzjagaz gerekmi?
Ogul gerekmi?

– Wah, mümkin bolsa-ha... bäş ogul gerek!
Aňyrdan jakgyldap güldi eneke:
– Häp-häzir-ä üçem ogluňyz boldy.
Yzyny hem görüberýäs ýene-de...

Ýaş ata ullakan sebedin alyp,
Öýünden ylgady bazara tarap.
Satygçy soraýar: «Almamy, narmy,
Erikmi, üzümmi – haýsyndan gerek?»

«Sorap durmaň! – diýip, ýylgyrýar ata –
Şu satýan zatlaryň her haýsyndan çek.
Onda-da ýöne bir çekip durma-da,
Hersinden üç kilo – iň gowsundan çek!..»

Bäbekhana gelip togtady ata.
Ellerinde bolsa bir putluk sebet.
– Size kim gerekdi?
Bize-hä, bajy,
Üç ogul doguran bir gelin gerek.

– Şu zatlaň hemmesi şonuň üçinmi?
Ýaşajyk eneke näz edip oňa,
(Bir ajap ýylgyrdy). Ýaş ata diýdi:
– Ýary Jerenime,
Ýarysam – saňa.

...Şeýdip oktýabryň ak säherinde
Doguldy bäş çaga. Bäş gözel çaga.

Olaryň bäşisem sanlyja ýyldan
Bileje jompullap giderler baga.
Bileje giderler akja mekdebe.
Mekdebi bir günde ederler tamam.
Onsoň WUZ-a baryp, ondanam çykyp,
Zähmet gapysyndan bererler salam.

...– Allo, allo, allo! Bäbekhanamy?
– Hawa... Ogulmy, gyz – haýsysy gerek?..

Şu mukaddes sözler bäbekhanada
Şu gün gaýtalandy onlarça gezek.

...Kyrk sekizde arman bilen ýumulyp,
Arzuwa ýetmedik gözlere derek,
Aşgabadym saňa ýene, ýene-de
Ulalmak, dogurmak, köpelmek gerek.

## Hokkeý

Güýç bilen güýç göreş edýär bu ýerde.
Gözellik bäsleşýär gözellik bilen.
Gözellik gadyryn gödeklik bilmez,
Gözellik gadyryn gözellik biler.

Klýuşka çakyşýar klýuşka bilen,
Diňe klýuşka däl, çakyşýar başlar.
Klýuşkaň güýjüne klýuşka belet,
Başlaň güýjüne-de
Beletdir başlar.

Oýnuň özem gözel,
Oýunçylaram.
Güýçliniň kimdigin saýlaýar oýun.
Halallyk bar ýerde karamlygam bar,
Ikinji hemişe birinjä boýun.

Bu bir oýun... Emma gyzanda oýun,
Düşünmek aňsat däl – oýunmy ýa çyn?

Şaýbanyň ýolunda duran bolsaňyz,
Ýa-ha gapyň,
ýa-da tiziräk gaçyň!

Ýogsam dem salymda bolup biler çyn...
Oýna bakýanlaram misli çyn ýaly,
Gygyryp, gygyryp ýerinden galýar...
Onýança bir şaýba çözýär sowaly.

Onsoň ýeňen ýurduň sazy çalynýar,
Ýöne-möne saz däl,
Döwletiň Gimni!

Ýaňky oýun diýip sereden zadyň
Hasam çyna meňzäp görünýär indi.

...Ertir bolsa köçäňiziň ugrunda
Goňşy çagajyklar oýnaşyp hokkeý,
Goja goňşyňyzyň aýnasyn döwer...
(Goňşyň ynjyk bolsa kyn boljak eken)

Aýna döwüklerin bir jama atyp,
Garagolja çagaň golundan tutup,
Atasynyň ýanna alyp geler-de,
Sözlär ol bäş sözden
Ybarat nutuk:
– Döwülen aýnamyz agşama çenli
Düzelsin!
Diýersiň – Düzeler, lepbeý!
...Aýna-da düzelýär, gowga-da ýatýar,
Köçäňizde weli ýatanok hokkeý.

Güýç bilen güýç göreş edýär bu ýerde.
Çagalyk bäsleşýär ululyk bilen.
Şeýdip ulalandyr gojaň özi hem.
Agtyklaram şeýdip ulalyp biler.

## Giç ýetişen pagta bilen giçki kämillik hakynda oýlanma

Käte uzak bolýar kämillik ýoly.
Käte gysga bolýar kämillik ýoly.
Uzakmy, gysgamy – uly parhy ýok,
Mukaddes zat ýokdur kämillik ýaly.
Zähmet,
          paýhas,
                    yhlas kämilliginden
Kämillige ýeten ak dişli goza
Bu gün ýüzümize ýylgyryp bakýar,
Meňzäp göze görnen ajaýyp gyza.

«Iki sany zatda howlukmak gerek!
Diýip, babalarmyz aýdypdyr çeper: –
Ogluň ýetişdimi – dessine öýer,
Gyzyň ýetişdimi – wagtynda çykar!»

Bizem göze görnen Akpamygmyzy
Atasy öýünden ýygnap wagtynda,
Ýarynyň gujagna gowşuryp bilsek –
Täze bagt görüner iliň bagtynda.

Onsoň
          ozaldanam kämil bagtymyz
Öňküdenem beter tapar kemaly.
...Käte giç ýetişýär biziň pagtamyz
Giçki kämilligiň gelişi ýaly.

Giçkimi, irkimi –
Tapawudy ýok,
Haýsy bolanda-da – kämillik olar.
Elbetde, kämillik ir gelse ýagşy.
Aýby ýok, gijiräk gelse-de bolar.

Ertirki haýyrdyr, giçki hem ýagşy,
Haýsy bolanda-da bagtlydyr ynsan:
Ir gelse, «Ertiriň haýyr!» diýeris,
Giç gelse diýeris:.
«Giç ýagşy myhman!»

## Goşgular, goşgular

*A. Prokofýewe öýkünme*

Goşgular, goşgular,
Baý, köp-ä bular.
Munça-da bir goşgy bolar oguşýa.
Nämüçindir, başarýanlar az goşýar,
Başarmaýan kän goşýa.

Gürrüňim ýok başarýanlar hakynda,
Bu gürrüňim başarmaýan hakynda.
Emma weli näçe başarmasa-da,
«Başarýan!» diýp,
baş bermeýän hakynda.

Çapýar ol atyny,
Gamçylap çapýar,
Bir arapdan çykýar,
birem şarapdan.
Gamçysy hem, eýeri hem agaçdan,
Agyzdyryk, uýany hem agaçdan,
Wah, hiç-le bularyň agaçdanlygy,
Ýöne, arman, atyň özem agaçdan.

Wah, hiç-le atyň hem agaçdanlygy,
Arman, at sürýäniň özem agaçdan.
Belki, şeýdip çapyp ýörse agaçlar
Bedewe öwrüler ýuwaş-ýuwaşdan.

Äwmeklik şeýtandan,
Sabyr rahmandan,
Belki-de öwrüler. Men-ä garaşýan.
Ine häzirlikçe, baý, köp-ä bular
Munça-da bir agaç bolar oguşýan!
Bagyşlaň.

## Zehiniň hötjetligi

Şahyr redaksiýa goşgy getirdi.
Okady redaktor, okady müdir.
Ikisi-de diýdi: «Goşgy erbet däl,
Arkaýyn ötägit, çap bolar ertir».

«Ýöne weli... diýip, sakyndy müdir –
Goşga bir setirjik ýetirýär zeper.
Manysy yrgarak. Düzedilmese,
Käbir nadan başga tarapa çeker».

Sypaýy adamdy çal saçly müdir.
Awtor sypaýydy ondanam beter.
(Iki edepliniň bolan ýerinde,
Birisi hemişe parhlylyk eder).

Parhlylyk awtoryň paýyna düşdi.
«Bolýar» diýip, aldy galamyn ele.
Ýanyp-ýanyp çykan ýeke-täk sözi
Ýanyp ýetişmedik ýetmiş söz bile
Çalşyrdy. Üýtgetdi. Ýene çalşyrdy.
Ýene-de üýtgetdi. Çykmady derek.
Bozdy, Ýazdy. Bozdy. Ýene-de ýazdy.
Onsoň okap gördi ýene bir gezek.

Bolmady. Öýüne äkitdi onsoň.
Ruçkasyn çeýnäp, sypalap saçyn,
Oturdy, çygyldy tutuş bir agşam,
Çygyldy iki gün. Çygyldy üç gün.

Çygyldy ýene-de dördülenji gün.
Ýene. Ýene... Setir düzelmän galdy.
Şahyr düzetmäge razydam welin,
Zehini kes-kelläm razy däldi.

## Arşyň üstünde geçen press-konferensiýa

Ýaradan ýaradyp ilkinji Aty,
Çagyrdy ullakan pres-maslahat.
Maslahata geldi ähli haýwanat.
Haýwanlaň şu günki, ertirki bagty
Hakynda söz sözläp tutuş bir sagat,
Ýüz ýylyň işinden berdi hasabat.

Soň diýdi: «Ýene-de bir mesele bar.
Şony hem çözäýsek – maslahat tamam
Gaty toýnaklylaň maşgalasyna
Goşulmaly şu gün täze bir haýwan».

Onýança-da kişňäp şol täze haýwan
Derwezeden girdi. Ony görende,
Maslahata gelen ýedi müň haýwan
Doňup galdy duran-duran ýerinde.

Gözüňe söwdügim, şeýle bir bedew:
Alkymy – daglaryň alkymy ýaly.
Ýakymy – bägüliň ýakymy ýaly.
Ýallary – hüýr gyzlaň çokuly ýaly.
Guýrugy – maýsanyň tolkuny ýaly.
Akyly – dananyň akyly ýaly.

«Ynha indi her kim näme islese
Aýdybersin! – diýip, gobsundy rahman –
Kemçiliksiz zady ýaradaýmak kyn,
Entegem ýetmezi bolmagy ahmal...»

Hemmelerden ozal söz alyp Eşek,
Ýaradana bakyp, eýledi tagzym:
«Juda ajap haýwan ýasapsyň, taňrym,
Ýöne hasam beter ajap bolardy
Bili bir azajyk bolaýsa ýogyn,
Gulagam azajyk bolaýsa uzyn.
Ýogsa göwre uly, gulagam kiçi...
Diýmek, formasyna ters gelýär mazmun».

Soň Geçi mäledi: «Ýa perwerdigär,
Beýle ajap haýwan älemde seýrek.
Bu ýöne haýwan däl, duran bir melek
Ýöne weli özüň hudaýam bolsaň,
Entek bir tarapyn edipsiň telek:
Eňegi-hä köse, kellesem kelek.
Muňa bir şah bilen
Gür sakgal gerek!»

Replika berdi erkejik towşan:
«Abat günümizi etmäliň bibat.
Şahynyň ýoklugy örän gowy zat.
Şu göwresi bilen şahy hem bolsa,
Biziň hemmämizi gyrar zalywat!»

Hudaý bir ýylgyrdy.
                                        Ondan bihabar,
In soňky hatardan bögürdi Öküz:
«Ýa ýaradan, seniň keramatyňa
Bolmandym, bolamok, bolmanam müňkür,
Gulagy-da ajap, alny-da ajap,
Guýrugy-da ajap, ýaly-da ajap,

Ýöne weli kişňemegiň deregne
Molaýsa, ajabyň ajaby boljak!»

Ýene bäş-on haýwan çykyp sözledi.
Biri eýle diýdi, birisi beýle.
Sagadyna bakyp diýdi Ýaradan:
«Belki, çekişmäni jemlärsiň Düýe!»

Buýsanyp özüniň ululygyna,
Biperwaý gäwüşäp, diýdi ol: «Ýa reb,
Aýdylan zatlaryň bary biderek.
Oňa ne şah gerek, ne uzyn gulak,
Ne-de sakgal gerek, ne-de molamak –
Bary-ýogy oňa bir örküç gerek!»

Hudaý ýylgyrmadam,
Gaharlanmadam.
Ýerinden turdy-da, diýdi: «Wessalam,
Indi şunuň bilen maslahat tamam.
Örän köp peýdaly zatlar aýtdyňyz,
Sag boluň. Nazarda tutaryn hökman».

Nazarda tutupmy ýa-da tutmanmy –
Ol maňa-da aýan,
Size-de aýan.

## Guýmagursaklyk hakda

*Sahy Jepbarowa*

Ýene dört asyrdan, bäş asyrdan soň
Tutulmaly bolsa bäş bagşyň ady –
Şol bäşiň birisi özüň bolarsyň,
Jepbar agaň zürýady.

Ýene on asyrdan, kyrk asyrdan soň
Tutulmaly bolsa üç bagşyň ady –
Şol üçüň birisi özüň bolarsyň
Jepbar agaň zürýady.

Ýene kyrk asyrdan, ýüz asyrdan soň
Tutulmaly bolsa bir bagşyň ady –

Şol bir bagşy Seniň özüň bolarsyň
Jepbar agaň zürýady.

Ýene ýuz asyrdan, müň asyrdan soň
Dünýäden ýitäýse bar bagşyň ady –
«Bagşysyz ildenem il bormy?» diýip,
Böküp turar Jepbar agaň zürýady.

## Meniň teoriýam

«Setirsiz bir günüm geçmesin!» diýip,
Setir hatyryna setir düzmedim.
Setirlermi begenjimden gözledim,
Setirlermi gynanjymdan gözledim.

Gözledim olary il şatlygyndan,
Gözledim olary il hasratyndan.
Şol iki gudratyň ýüregme guýan
Tolkunlaryndan
hem harasatyndan
Setirleriň özi gygyryp çykdy...
Başga taraplary owarram onuň.
Şol meniň şu günki, düýnki teoriýam,
Şol bolar ertirki teoriýam meniň.

## Gepläp bilsem, ahyrky demimde diýmekçi üç oýnam sözüm

Bir-biriňizden ýagşy bolsaňyz –
Gabrymda-da özge rahat küýsemen.
Haýra hossar, Şere garşy bolsaňyz –
Zyýarat şol.
Görde köýmet küýsemen.

Käte ýanyp gezdim,
Käte tüsseläp.
Käte üşäp gezdim.
Käte yssylap.
Kä belentläp uçdum, käte pessaýlap.
Öz uçuşym.
Özge ganat küýsemen.

Bogulyp gezsem-de ýoluň çaňynda,
Egilip gezmedim adam öňünde.
Diňe Enem, Atam, Watan öňünde
Üç büküldim.
Aýry kysmat küýsemen.

Söýüp gördüm,
Söýlüp gördüm dünýäde,
Kesewi dek köýüp gördüm dünýäde.
Arzuw atly gaçdy. Ykbal pyýada.
Döz gelipdim.
Indem aňsat küýsemen.

Şeýdip ýöräp-ýöräp maksatly ýoldan,
Kuwwat gaçan güni ejizlän bilden,
Derman dilesem-de mähriban ilden,
Dilegçiläp
Ynsap, gaýrat küýsemen.

Biriniň ömründen kesip Ezraýyl,
Diýse: «On ýaş peşgeş bermäge taýyn!»
Diýerin: «Iýmändim-özgäniň paýyn,
Öz yrsgymdan başga
Owkat küýsemen!»

Bütin ömrümboýy setirler ýasap,
Almaly muzdumy etmedim hasap.
Şygrym okap.
oýurgansa naýynsap,
Muzdum şodur.
Başga hiç zat küýsemen.

Kerräk bolsa – gulak bolsam adama,
Şerräk bolsa – ýürek bolsam adama,
Gerek bolsa – kömek bolsam adama –
Öwezine
Hüşür-zekat küýsemen.

Laureat, Gahryman atly bolsaňyz,
Şöhratymdyr siz şöhratly bolsaňyz.

Ýöne
Adam diýen atly bolsaňyz –
Şondan beýik Abraý-şöhrat küýsemen.

Doglamda doguldym ak zada suwsap –
Ak süýde, aksakgal ussada suwsap.
Indi görüp ýörsem:
iň, ak zat – ynsap.
Ynsapdan ýokarda
Ussat küýsemen.

...Ýeri iňledip dur uruşly sowal.
Soradym toprakdan: – Niçik bor ahwal?
Diýdi: – Erkek erkek,
aýal hem aýal
Bolup bilse,
Başga myrat küýsemen!

**Goşgy gysgaldylyp alyndy.*

## Meniň tostlarym

* * *

Täze ýylda täze dostlar köp bolsun
Täzäň ýandan aýrylmasyn köneler.
Ýyl çalşyşy ýaly
dost-çalşyp ýörsek
Erteki gün dost tapmamyz kynalar.

* * *

Geldimi –
degmegin myhman göwnüne.
Myhman diýilýän zat – atańdan goçak.
Ýöne «Goçak men» diýp geçmesin aşa,
Sebäbi myhmandan goçakdyr saçak.

* * *

Ülkämde köp bolsun myhmansöýerler.
Özüňem myhman git, öýňe-de getir.
Myhmansöýmeze-de gargyş etmäliň,
Betbagt ol, şonsy-da özüne ýetik.

* * *

Dünýäni on gezek ýykanmyş nebis.
Ýene-de ýykmakmyş onuň hyýaly.
Nebis belasyndan
goranalyň biz
Uruş belasyndan
goranan ýaly...

* * *

Gödeklik azalsyn,
Edep köpelsin.
Ulyny sylamak däp bolsun kiçä.
Ululara hormat azalýan ýerde
Kämillik diýen zat galarmyş gijä.

Uly – hormatlansyn,
Kiçi sylansyn.
Güýç – iki hormatyn ýylylygynda
Ýogsa kiçiler-ä
has kiçi bolar,
Senem
saklanmarsyň
ulylygyňda...

* * *

Dakynsyn, geýinsin,
Daransyn gyzlar,
Biri-birisinden bezensin ýagşy.
Bezenmesiz günler gaýdyp gelmesin,
Tüpeň gezelmesin bezege garşy.

Ýöne bezegiň-de öz çeni ýagşy:
Ata zähmetine goýulsyn hormat.
Bezeg
        atalara gymmat düşmesin.
(Wah, wah, bezegsizem
                                        oňat siz,
                                                        oňat!).

* * *

Täze ýyl köp bolsun täze salamlar.
Bibereket bormuş bisalam toprak.
Duşmanyň duşsa-da salamyny al,
Salama – hormat bor,
Özüne – sapak.

Ýöne şeýle zada geldik biz gabat:
Bir ene bäş ogluň tapýarka göwnün,
Bäş ogul bir enäň göwnün tapanok –
Sowluň, tetelliň öňünden
Sowluň.

Salamyn hem almaň.
Salam hem bermäň
Adam ýiliginden döränmiş salam.
O tetelli bolsa adammy, dälmi?
Entek jedelli zat. Çözülsin sowal.

* * *

Ene topragmyzda uruş bolmasyn,
Bolmasyn dünýäniň hiç bir künjünde.
Dünýäniň ýüzünde bir uruş bolsun –
Olam diňe her adamyň içinde.

Her kim özi bilen özi söweşsin:
Beýniniň ýalňyşyn öldürsin ýürek,
Ýüregiň ýalňyşyn beýni öldürsin! –
Şu gün ynsan üçin şol uruş gerek.

* * *

Her kim bir-biregi oňat tanasyn!
(Bu arzuwa beletdiris ozaldan).
Ýöne her kim özün oňat tanasa,
Hasam beter şol beýnini düzelder.

* * *

Ynsaba çapalyň,
Ada çapmalyň.
Ynsap has ýokarda goýulsyn atdan.
Hemişe ynsapdan döräpdir şöhrat.
Hiç wagt döremändir ynsap şöhratdan.

* * *

Belki, kiçi bolsaň – uly bolarsyň,
Meger, uly bolsaň – bolarsyň kiçi.

Haýsysy bolsak-da – kişi bolalyň,
Kişi,
        kişi,
              ýene bir gezek kişi!

Kişileň gerşinde otyr bu dünýä.
Şolardan nur alýar ähli ýollarmyz.
Kişilermiz
              hasam kişi bolsunlar,
Kişi boljak bolsun
                          kişi dällermiz.

* * *

Zähmete çapalyň,
Gepe çapmalyň.
Il içinde gep kän, iş weli – has kän.
Käte giç düşünýäs bu hakykata,
Iniler düşünsin ýaşkan,
has ýaşkan!

## Atamyň köp gaýtalan sözlerinden

* * *

Gara garnyň bolsa gaýgyň-aladaň,
Gurruga gaçsaňam tapdyr bir mydar.
Ýöne weli ikaýakly bendäňi
Dört aýakla meňzetmäwer, ýa hudam.

* * *

Dostuň bürgüt bolsa – daglara elter,
Dostuň bilbil bolsa – baglara elter.
Dostuň elguş bolsa – bir oba elter,
Dostuň baýguş bolsa – haraba elter.

* * *

Ýekedaban bolsaň – urmak ýaraşar,
Sandal bolsaň – çydap durmak ýaraşar.
Şyňk-şyňk edip dursa kiçijik çekiç –
Şodur içýakgyç.

* * *

Aman, aman... Dynmak üçin derdimden,
Elli ýaşda ýetmiş derman gördüm men.
«Guş gerek!» diýseler – sapanlap aldym,
«Gurt gerek!» diýseler – gapanlap aldym,
«Mumyýa!» diýdiler – tüpeňläp aldym.
Birisinden gördüm –
Azajyk haraý,
Birisinden gördüm –
Müň hili zyýan.
Ahyry bir güýçden ýeňildi derdim;
Adam üçin adam –
Iň uly derman.

* * *

«Bal, bal!» diýmek bilen agzyň süýjänok
Ýöne beýle ajam bolup baranok.
«Sag bol!» almak bilen garnyň doýanok,
Ýöne beýle ajam bolup baraňok.

* * *

– Arçynmyza goşgy goşýaň,
Başlygymyza goşgy goşýaň,
Brigadire goşgy goşýaň,
Başgasyna goşgy goşýaň.
Kaka, kaka, gorkaňokmy?
– Gorkman, oglum, gorkman, oglum.
Degirmende doglan syçan
Gök gürlände gorkmaz, oglum.

* * *

Ägirt ymaratdyr dostluk diýen zat.
Ony gurańda-da howlukmaly däl,
Ony bozańda-da howlukmaly däl:
Ony guran wagtyň howlugyp gursaň –
Kän kerpiçleň hata düşmegi ahmal.
Ony bozan wagtyň howlugyp bozsaň –
Çyn dostuňdan jyda düşmegiň ahmal.

* * *

Ussat bol, iş salyş ussatlar bilen.
Ussadyň gadyryn ussatlar biler.

* * *

Sakalyň deregin tutsa-da akyl,
Akylyň deregin tutmaýar sakgal.

* * *

Burun ys almaga,
Dil sözlemäge,
Gulak hem berlendir diňlemek üçin.
Soň-soň düşünersiň ýene bir zada:
Göz diýen zat berilendir bir bada
Hem-ä seretmek üçin,
Hemem ys almak üçin,
Hemem sözlemek üçin,
Hemem diňlemek üçin.


enedilim.com

* * *

Ol adam şeýle bir ajaýyp adam,
Oňa ýeke men däl, hemmeler haýran.
Käte ony Köpetdaga çykaryp,
Şo ýerden äleme görkezsem diýýän.

Emma Köpetdagyň belentligi-de
Entek gözlerime bärräk görünýär.

Ol adam şeýle bir ýaramaz adam,
Oňa ýeke men däl, hemmeler haýran.
Käte ony Çuňly derä äkidip,
Şo ýerde il-günden gizlesem diýýän.

Emma Çuňly deräň çuňňurlygy-da
Gözlerime has telperräk görünýär.

* * *

Her hili çykgynsyz ýagdaýda galaý –
Umytdan düşmeklik namartçylykdyr.
Her bir kynçylygyň dört tarapy bar:
Üçi ýapyk bolsa, biri açykdyr.

* * *

Käbir adam bilen oýun edeňde,
Ýüzi agarýança oýun etmek bor.
Käbir adam bilen oýun edeňde,
Ýüzi gögerýänçä oýun etmek bor
Emma dostuň bilen oýun edeňde,
Çala gyzarýança oýun etmek bor.
Şondan aňry gitmek – öte gitmek bor.

* * *

Gyz wagtynda hemme gyzlar mylaýym.
Seredýäň, seredýäň, doýunmaýarsyň.
Soň görüp biriniň şerraý aýalyn,
Şolardandygyna ynanmaýarsyň.

* * *

Tüssesiz ot gözläp bir täsin adam,
Ahyry dünýäden otsuz geçenmiş.
Bir köstsüz dost gözläp bir täsin adam.
Ahyry dünýäden dostsuz geçenmiş.

Tüssesiz ot gözläp, otsuz galmagyn,
Tüsseli-de bolsa, otluja bolgun.
Bir köstsüz dost gözläp, dotsuz galmagyn.
Köstlüje-de bolsa, dostluja bolgun.

* * *

Garaşmak diýen zat erbet zat däldir.
«Garaş!» diýdilermi – garaşgyn oglum.
Ýöne illere-de garaşgyn weli,
Iller saňa,
saňa garaşsyn, oglum!

* * *

– Özüňi süýt saýgyn,
Dostuňy gaýmak!
Diýýärsiň sen atam,
Bu näme diýmek?
O nämüçin mydam
Süýt bolup özüm,
Dostum hem üstümde
Bolmaly gaýmak?

– Oglum, bu igenjiň
Nähakdyr nähak.
Özüni süýt saýsaň,
Dostuňy gaýmak,
Onsoň gaýmak saýar
Dostuňam seni.
Onsoň senem gaýmak,
Dostuňam gaýmak.

– Gul aga ullakan adamam weli,
Oňa «Samsyk» diýýär obanyň halky
– Oglum, ol şeýle bir ullakan weli,
Ähli göwresine ýetenok akly.

* * *

– Kelesaň bolsa-da Kelhanyň ogly,
Öz bolup ýörşünden özi-hä hoşal?
– Her kim öz-özünden bolmasa hoşal,
Oglum, obamyzyň deň-ýary boşar.


enedilim.com

* * *

– Ak geçimiz gije-gündiz mäläp dur,
Çal geçimiz mälemeýär beýle kän.
Kaka, kaka, Bu namüçin beýlekän?
– Akja geçimiziň süýdi ýok, oglum.
Beýlekiniň süýdi kän.

* * *

Karam zähmet, haram bagt –
Geçegçi gara şemal.
Bir gün (bilmersiň näwagt)
Lowurdap jöwher Sowal –

Haram bilen Halaly
Ýüzleşdirer iki-çäk.
Halaly eýläk çeker,
Haramy beýläk.

Ýöne Sowal gelýänçä
Jebir çeker Halalat.

Pida bilen dogular
Her bir uly kemalat.
...Şol pidadan gorkmagyn
Kerim, Kerim, keramat[1]!

* * *

«Atam pylankesdi!» diýip, bukulmagyn ataňa,
Ataň Görogly bolsa-da, il at dakar hataňa.

[1] Atam adymy şeýdip tutardy.

* * *

Öýlere gelin geler: üýtgär öýleň howasy.
Gyzgyn-gyzgyn öýleriň geler durar sowasy.
Gara saçly «mollaň» hem ýüzün ýuwjak däl
weli,
Gara murtly «molladyr» bigaýratlyk
belasy.

* * *

Başyňa iş düşende tanadar gahrymanlar.
Türşek dek müzzerşibiýr tarlawuk
«waharmanlar».

* * *

Ol jülge şeýle bir täsin jülgedi –
Göwsünden emerdi ýüz dürli agaç.
Şaglaşar otyrdy hozlar, çynarlar.
Güwleşer otyrdy arça, garagaç.

Jokrama jöwzada ol jülgä baryp,
Gujagyňy açyş serilip arkan,
Daglara seredip ýatansyň weli,
Asman lälezardyr
Toprak – tenekar.
Agaçlaň bilinden gujaklap menem,
Salkyn saýalarda böküp günuzyn,
Gözüm gidip olaň belent başyna,
Egilip-egilip, ederdim tagzym.

Tagzym etdigimçe
belent şahalaň
Şaggyldysy emaý-emaý ýuwaşap,
Öz belentliginden uýalýan ýaly,
Özümdenem beter
Eglerdi aşak.

Şu gün ýene bardym. Tagzym edere
Ne çynar galypdyr, ne-de bir güýjüm.
Diňe haşal otlar tagzym isleşip,
Çar tarapdan etdi üstüme hüjüm.

* * *

Paşşy goňşy ýüz ýaşady, ýagşy etdi.
Her ýaşynda ýedi ýyllyk iş etdi.
Şol ýaşlaryň, şol işleriň näçesin
Öz derdine, il derdine bagş etdi? –
Şonsy weli belli däl.

Betbagtlyk diýen zadyň
Gara bolarmyş reňki.
Emma sataşan wagtyň –
(Dana bolsaň-da) seňki.

Bagtlylyk diýen zadyň
Ak bolarmyş reňki.
Emma sataşan wagtyň –
(Samsyk bolsaň-da!) seňki.

Emma aslyýetinde
Olar däl bolsa seňki,
Yz goýsa-da etiňde,
Süňküne ýokmaz reňki.

* * *

Taşlama başlanyňy,
Başlama taşlanyňy.
Sanasaň-da dostuňy,
Sanama duşmanyňy.

* * *

– Kaka, kaka, möjek köp-le çöllerde:
Günde ýetmiş sürä salýarlar dowul!
– Dünýäden ötende her garry möjek
Yzynda müň çaga galdyrýar, ogul.

– Kaka, kaka, bürgüt gyt-la daglarda:
Biri ýa ikisi sataşýar her ýyl!
– Dünýäden ötende her garry bürgüt
Yzynda bir çaga galdyrýar, ogul.

* * *

– Kaka, düşündir sen ýene bir zady:
Ýaz geldi. Dünýäni gülletdi bu gün.
Adamlary näme gülledenok-da.
Gaýta söküp barýar bogunma-bogun?

– Balam, adamy hem gülletmek üçin
Ilki sökmelidir bogunma-bogun.
Gül diýen zat bogun ýaryp çykýandyr,
Bogun ýarmak bolsa kyn zatdyr, ogul.

# III

# DÄNELER

---

## Ömür

Irden synladym Günüň doguşyn,
Öýlän synladym onuň ýanyşyn,
Agşam synladym onuň ýaşyşyn.
Üçüsem ajap. Şeýdip dogulsyn,
Şeýdip ýaşalsyn,
Şeýdip ýaşylsyn.

* * *

Ýer şarynyň ýüzden togsan essesi
Özleşmedik meýdan bilen okean.
Heniz adamzadyň kellesinde-de
Şonça özleşmedik ýer bardyr öýdüp
Başym ýaýkaýan.

* * *

Ömür hakda pikir etseň
Ölüm öýkelärmişin.
Ölüm hakda pikir etseň –
Ömür öýkelärmişin.

Ine saňa gerek bolsa
Iki sany öýkelek.
Öýkelet sen ikinjini,
Gije-gündiz öýkelet!

* * *

On tonna şöhraty omzuna atyp,
Şonça ýüki duýman gelýär bir adam.
Bir mysgal şöhraty agzyna atyp,
Prospekte sygman gelýär bir adam.

## Topragyň zarby

Gara daşy darka ikä böldi-de,
Daş içinden gök ýaprakly ot çykdy.
Ýöne
        daşy ýaran gök ot däldi-de,
Düýbündäki iki gysym toprakdy.

## Şöhrat gabanjy

Düşünip bilmersiň kimiň dosty ol.
Ony bilse
        diňe weliler biler.

Öň diriler bilen tutda-basdy ol,
Indi tutda-bas ol
Ölüler bilen.

## Obama

Ýene-de geldim men. Ýumşuňy buýur.
Içir meni, obam. Mähriňden doýur.
Ýöne
          ozal senden içmedik bolsam,
Indiki içjegim biýrmikä haýyr?

## Wadim Zubarewden hemmämize degişli öwüt

Irmi-giçmi oýan sen, bir hünäri söýen sen.
Paýhaslan sen, goýal sen.
Ilden hantama bolma,
Öz garyňa daýan sen.

Näme geýseň egniňe, geý-de ýola şaýlan sen.
Kine alma göwnüňe, däl ahyry oglan sen!

Kine alsaň-almasaň – ýokdur başga çykalga.
Ilde galjak adyňdyr.
Goýup gitjek zadyňdyr
Iň ilkinji çykalga,
Iň ahyrky sypalga.

## Ýaşlaryň bir seminarynda Ata Gowşudowyň zehin hakynda aýdany

Dünýäde bir zadyň anygna ýetdim.
Ol anyk zat, asla-asla takmyn däl:
Zehinliň elinden zehinin almak,
Zehinsize zehin guýmak mümkin däl.

* * *

Ýalan zada ýalan diýilýän wagty
Ýalan diýse bolar diňlemän böwrüň.
Ýalan zada dogry diýilýän wagty
«Däl!» diýmekde dälmi
Manysy ömrüň...

## Ogul

Eneden doguldyň. Gözleriň ýumuk.
Göbegiň düwünsiz. Beýniň ýumşajyk.
Göbegiň düwuldi. Indi erkek bol.
Şol düwünjik ýaly berk bol, köşejik.

* * *

Deňeşdirip gördüm iki çanagy:
Bir çanaga bir çanaklyk çal sygdy
Ýaşasyn, ýaşasyn, kelle çanagy –
Içine müň jogap, müň sowal sygdy,

Deňeşdirip gördüm iki saçagy:
Bir saçaga – bir saçaklyk nan sygdy.
Ýaşasyn, ýaşasyn, göwün saçagy
Bir saçak başyna müň myhman sygdy.

Deňeşdirip gördüm iki nokady:
Bir nokada – bir nokatlyk san sygdy.
Ýaşasyn, ýaşasyn, göreç nokady
Her nokat içine Ýer, Asman sygdy.

* * *

Taryh bu ädilen ädimler-de kän,
Heniz ädilmedik ädimler-de kän.
Taryh, bu aýdylan aýdymlar-da kän,
Heniz aýdylmadyk aýdymlar-da kän.

Taryh bu: göterip giden milleti,
Ölmez-ýitmez eden adamlar-da kän.
Taryh bu: ýitirip giden milleti,
Özem
ýitip giden adamlar-da kän.

Ýeriň üsti dälilik:
Bir ýerde suw çogup dur.
Bir ýerde gaý turup dur.
Bir ýerde nur ýagyp dur.
Bir ýerde Gün ýaşyp dur,
Bir ýerde Gün dogup dur.

Adamda-da bolup biler
Şo zeýilli alalyk.
Ýöne weli bolmalydyr
Ýeriňki dek dolulyk.

* * *

Wraça kim bolsun tapawudy ýok –
Nä jüre adammyş ýanyna gelen?
Nädip dertlän? Nädip ýaradar bolan?
O zatlaň sebäbin sorap durmaz ol,
Melhem eder halys ýüregi bilen.

Edil şonuň ýaly, soramaň sizem
Aşyklaň nämüçin söýüşýänligin.
«Söýeýinmi?» diýip soramaz sizden,
Soraşjagam däldir
Söýüşýan göwün.

* * *

Serhoşluk diýen zat «ýüzden» başlanýar
Tanyşlyk diýen zat sözden başlanýar.
Söýgi-yşk diýen zat gözden başlanýar.

* * *

Gülsenem – gyzlaryň gözeli weli,
Mähriniň yssysy ýok.
Çigillem – gülleriň bezegi weli.
Ysy ýok.

## Ýarym degişme

Örän ajap zatdyr aýala gadyr.
(Bolmalysam şodur, bolýanam şodur!)
Ýöne är
aýalyn öwüp başlasa –
Erkegiň gojalyp gojalyp başladygydyr.

Örän ajap zatdyr erkege gadyr.
(Bolmalysam şodur, bolýanam şodur!)
Ýöne aýal
ärin öwüp başlasa –
Aýalyň bozulyp ugradygydyr.

## Ýaşlyk ýyllarynyň albomyndan bir oýnam öwrenje setir

Dünýäde bir gezek ogurlyk etseň.
Seniň günäň bagyşlanýar diýseler –
Göni size tarap dogrulardym men,
Seni ogurlardym men...

## Çyn aşyk bilen bolan çyn gürrüň

Nähili ajaýyp daglaryňyz bar?
Garşymyzda üç örküçli Erek bar.
Nähili ajaýyp baglaryňyz bar
Neneňsi ajaýyp üzümleriňiz bar?
Gara, ak halyly, akşekerek bar.
Niçiksi ajaýyp gözellerňiz bar?
Gerek bar.
Onsoň kim bar?
Gerek bar.
Ýene kim bar?
Gerek bar.
Onsoň?
Gerek bar.
Ýene?
Ýenemi? Gerek bar.

## Söýgi diýilýän saçagyň...

*A. Köşekowdan üç oýnam*

Söýgi
        diýilýän saçagyň
Duzuny datmadyk adam,
Goşa depeli gujagyň
Balyny ýuwtmadyk adam,

Datly, otly dodaklaryň
Demini içmedik adam,
Ýüpek saça başyn gizläp,
Aklyndan göçmedik adam –

Goşgy diýilýän zada
Düşünip bildimikä,
Düşünip bilýärmikä,
Düşünip bilermikä?

## Aýdymçy

Ýörände – ot çykýar gadamlaryndan.
Aýdanda – buz çykýar aýdymlaryndan.

* * *

«Uzynyň akyly giç gelermişin»
Diýipdirler. Dogrumyka bu nakyl?
Ýöne weli dogry bolmaly bolsa,
Ýokardan inmeýän bolarly akyl.

Ýogsa ilki bilen ýetip uzyna,
Ondan soň ýeterdi beýlekilere.
...Uzynmy siz, gysgamy siz – parhy ýok,
Eý, adamlar, ýere serediň, ýere.

## Bir ýaşulynyň töwirde sanan sözleri

Kesel bilen oňuşaryn,
Gora ýas belasyndan!
Duşman bilen oňuşaryn,
Gora dost belasyndan!

## Maslahat

Dostsurap, dostuňa diýseler ýaman,
Bilip goý: özüňe gaçýandyr ýanam.

## Ýagyş

Gök gürledi,
Endamymyz dyglady.
Köp gürledi,
Sesi dünýä sygmady.
Emma ýagan ýagyş
çykan gürrüldiň
Milýondan bir bölegne-de degmedi.

* * *

*Baýram Orazowiçe*

Ýarygije. Bir zat okap otyryn.
Çyramyz söndi.
Ýanyp durka bilmändirin gadyryn.
Hany, bilmäbilseň bilme-dä indi.

Şu gün gören dostuň – erte görseň ýok.
Çyra dek sönýär.
Gezip ýörkä gadyryny bilemzok.
Onsoň bilinýär.
AşGES-e aýdaryn. Çyramyz ýanar.
Dostlar hakda nirä bereris habar?

* * *

Nämäň alyndanmyş gadyrsyz dostluk!
Dostuňa ýüregiň töründen ýer goý.
Bir bölek zer tapsaň, bir bölegem mis –
Misi özüňe al, dostuňa zer goý.
Emma dosty näçe eziz görseňem,
Jedelleşmäge ýer goý.
Nämäň alyndanmyş jedelsiz dostluk!
Jedel ösdir sizi ýene-de bir boý.
Ýöne sögüşmegin jedel üstünde,
Dost bilen sögüşmek peslikdir, oý, hoý!
Emma weli birden sögüşäýseňem,
Ýaraşmaga ýer goý.

## Synag

Dostuňa dostdugyň tanaýyn diýseň,
Dostuňy hem alyp, daga gel, daga.
Sen daga çykaňda ol tyrpyp gaýtsa
Senem yzy bilen togalanmaga
Ýekeje dem salym ikirjiňleseň –
Sen – kemterräk dost.
Ikije dem salym ikirjiňleseň,–
Bärräk dost.

Üç dem, dört dem, bäş dem -
Ondanam bärräk.
Ondan beýlesi hem
Şoňa göräräk.

## Ýigrenjiň gymmaty

Edil Söýgiň ýaly,
Ýigrenjiňi-de
Mukaddes saklagyn, goýgunyň parhy
Ony her duşana hödürläp ýörseň –
Gara şaýa geler Ýigrenjiň nyrhy!

## Päl

Çölüň howasyn
Garyp tozana.
Şilliň bir göwre
Barýar uzaga.

Aslyşýar çerkez,
Aslyşýar ojar.
Aslyşybersin –
Geçer ol, geçer.

Goltugynda Şer.
Gujagynda Şer,
Şokur sanajyň
Bujagynda Şer.

Ýüklenip barýar
Söýünji bilen,
Söýünjileriň
Eýmenji bilen.

Agzy ýeňinde,
Eli dyzynda,
Burny öňünde,
Gözi yzynda,
Köwşi bilinde..
Barýar aldaşyň!
Päliň ýoldaşyň!

* * *

Bir adam bar: ady bar-da, özi ýok,
Ene Ýerden üzülipdir binasy:
Piliň gulagynda aýak yzy ýok,
Piliň gulagynda ähli dünýäsi.

## Boýun alyş

Alym gürrüň berdi:
Dünýäň kitabyn
Menem-ä biriçe okaýan ýaly.
Emma damja eken ähli okanym,
Okalman galany – okean ýaly...

* * *

Şuny hemme ýazýan adam bilmeli:
Goşgynyň ýüregi adam bolmaly.
Emma weli adam hakda ýazmaga
Ilki bilen özüň adam bolmaly.

* * *

Tilkä ynanmasaň-da,
Ynanýaň ak guşlara.
Gülkä ynanmasaň-da.
Ynanýaň gözýaşlara.

Ynanmadyk tilkileň
Ynanan ak guşuňdan,
Ynanmadyk gülküleň
Ynanan gözýaşyňdan
Käte... wepadar çykýar.

## Ölçeg

Duşmany tanamagyň uly ölçegi puldur.
Puluň duşmany bolsa, adamyň dosty
şoldur.

## Geçirimlilik

Ynha süýnüp ýatyr täzeje mazar,
(Toba!) Barypýatan deýýusam bolsaň –
Ýerem, Günem, ilem parhlydyr Senden,
Ýatan ýeriň ýagty bolsun!

## Baş aýlanmanyň melhemi

Gapynyň agzynda ak saçly ene,
Pent berip otyrdy perzentlerine:
«Eýläk pyrlansaň –
Başyň aýlanar,
Beýläk pyrlansaň –
Düzeler ýene!»

Çagalar hakynda dürs aýdýaň, ene.
Ulular hakda-da akyl bersene:
Şöhratdan başy
Aýlanan kişi
Niräk pyrlasaň
Düzeler ýene!

Parhy ýokdur, balam, şöhratdan bolsun,
Ýa ýene-de başga bir zatdan bolsun,
Aýlap tersine,
Öňki ýerine
Getirip bilseň,
Düzeler ýene.

## Çaga

Çaga enesinden kän söz öwrendi,
Biri-birisinden kyn söz öwrendi.

Hemmesiniň manysyna düşündi,
Hemmesiniň adyn ýatdan belledi.
Emma ene iň aňsatja bir sözi
Müň gaýtalap düşündirip bilmedi.
Müň gezek diýse-de «Ýok, ýok, ýok, ýok, ýok...»
Henizlerem düşündirip bilenok.

## Mämmediň witamini

Meret diýdi: «Her kim üçin bir witamin gowy ýarýar!»
Myrat diýdi: «Menin üçin R witamin gowy ýarýar!»
Ata diýdi: «Meniň üçin A witamin gowy ýarýar».
Mämmet diýdi: «Meniň üçin Mo witamin gowy ýarýar,
Ylaýta-da Mö witamin, Mä witamin gowy ýarýar!»

## Näletkerdäniň pelsepesi

Ýaltamyň, zarpçy – gapyny açar,
Hemmeler üçin demlikdir Ajal.
Bagt diýen zada şon ýaly deňlik
Bolarka haçan! Bolarka haçan!

## Öňde bir algylynyň bergili bilen gürrüňi

Şojagaz pulumy tapyp ber, goňşy,
Gapyda odun ýok, saçakda çörek.
Hanha, çagalary özüň gör, goňşy,
Hersiniň agzyna bir lukma gerek.
– Wah, wah, düşünýän-le!..
Wiý-le, neme-le...
Arpa-zad-a alaýmarsyň ujundan?
– Wah, diýýän-ä, çagajyklar üç aýdyr,
Burlup otyr ajyndan.
Sen-ä arpa diýýäň, gylçygam berseň
Dört el bilen alaryn.
– Beýle bolsa, bir ýagdaýy bolar-la,
Şu ýyl hökman arpa ekjek bolaryn.

## Anonimçä

Dünýäniň ýüzünde atsyz adam ýok.
Atsyz zadam ýok.

Durda Durdy diýýäs, Sergeýe Sergeý,
Tagta tagta diýýäs, taýaga taýak.
Serçä diýýäs, torgaýa torgaý,
Aýaga aýak,

Kellä kelle diýýäs, kirpige kirpik,
Ele el diýilýär, aýa-da aýa.
Diňe bir zat atsyz: ol hem burunyň
Aşak ýanyndaky kiçijik joýa.

Belki, senem şo ýerlerde goňşusyň.
Şeýle bolsa – ýurduň özüňe nesip!
Şol goşa gapyly galaň kölgesi
Seniň häsiýetiňe juda mynasyp.

## Okamagyň syry

Biri – on müň kitap okap,
Barypýatan bisowat.
Biri – oýnam kitap okap,
Gudrat.

## Zerurlyk

Islän menziliňe ýetmegiň üçin
Näçe ajap ýollar bolsa dünýäde,
Şonça-da azaşman gitmegiň üçin
Öwrenip geçmeli ýoda kän, ýoda.

Menzilleri uçup geçmegiň üçin
Näçe mümkinçilik bolsa howada,
Şonça-da olary paýy-pyýada
Geçmek üçin zerurlyk bar dünýäde.

## Owadan ýüreklilere

Hiç zatdan düşmäň siz gorka,
Ne-hä şerden gorkuň, ne ýalan zatdan.
Ýüregňiz baýdak dek pasyrdap durka –
Pasyrdar galan zatlar.

## Döredijilik diýilýän zada

Sözlerim çaklamak däl,
Mysalda göz ýetirmek:
Bir durşuňa durdugyň –
Bir durşuň saklamak däl,
Şol durşuňam ýitirmek.

## Studentiň dilçä beren soragy

Garşydaş sözler kän:
Garalyk – Aklyk,
Gödeklik – Gözellik,
Rehimdar – Wagşy.
Batyrlyk – Namartlyk,
Barlyk hem Ýokluk –
Her ikisi biri-birine garşy...
Çuňluk – Belentlik hem garşydaş sözler,
Emma nä sebäpden
Ikisem ýagşy?

## Uzak ömürli adam

Ilki hoşlaşdy çagalyk bilen,
Onsoň hoşlaşdy agalyk bilen,
Soňra hoşlaşdy babalyk bilen.
Öz ululygyn il-güne paýlap,
Çowlugna paýlap, ýuwlugna paýlap,
Ýene duşuşdy Çagalyk bilen...

## Idegsiz mazaryň başujunda gojanyň aýdany

Ulusyny sylamak kiçiniň däbi, köşek.
Ölüsini sylamak – diriniň däbi, köşek.
Ölüsini hormatlap bilmeýän dirileriň
Ölendenem has ozal
Öldügi dälmi, köşek?

## Dostlaryň dawasy

– Adam dünýä iki gezek gelenok.
Ýene bir iç! Bu boluşyň bolanok.

– Juda dogry aýdýaň: iki gezek däl.
Şoň üçinem şundan artyk gerek däl.

* * *

Dostuň öz diline sakmy ýa sak däl? –
Bu sowal üstünde oýlanma uzak.

Illeriň syryny saňa aýdýarmy –
Sak däl,
Aýdanokmy –
Sak.

* * *

Ozal sakalyň syrdyryp,
Goýberýärdiň akylňy.
Indi akylyň syrdyryp,
Goýberipsiň sakalňy.

## Seýil bagynda öpüşip oturan iki juwany görenimde dörän setirler

Posa diýilýän zada
Pynhanlyk ýaraşýandyr.
Söýgiň mukaddesligin
Gorap saklaň, ýigitler.
Diňe aşyk siňekler
Bihaýa ogşaşýandyr.
Ýalňyz bir posa üçin
Dagdan aşar bürgütler.

## Söz

Söz diýen zat togar-togar bir zatdyr.
Sözden gala gurmak kime aňsatdyr?
Çöpläp goýan wagtyň – öz jaýy gerek.
Sepläp goýan wagtyň – öz laýy gerek.
Ine onsoň oňa bakmak aňsatdyr:
Togar-togar däl-de, gözel bir zatdyr.

## Jygyllykda bolan aýdyşyk

– Ýaranlar, bu dünýäň peýany bolmaz.
Bir manat berseňiz zyýany bolmaz.

– Bardyr, bu dünýaniň peýany bardyr,
Bir köpuk bersegem zyýany bardyr.
Her kimiň öýünde çagasy bardyr,
Her kimiň öýünde aýaly bardyr.

– Çagadan artdyrsaň zyýany bolmaz.
Aýaldan artdyrsaň zowaly bolmaz.
Kimde-kim panyda ajy doýursa,
Bakyýa baranda sowaly bolmaz.

– Açlaryň gyrmyzy ýaňagy bolmaz.
Sagdyn eli, sagdyn aýagy bolmaz.
Elinde aldawçy taýagy bolmaz.
Aýda bir geline talagy bolmaz.
Öýde gyzyl dişli Äşesi bolmaz.
Amanat kassada pişesi bolmaz.
Jübsünde ýarymlyk...
diýenem şoldy –
«Gedaý» gözümizden ýitirim boldy.

* * *

Onuň gözleýäni – Özünden uly.
Özünden kiçiden alanok salam.
Şeýdibem
büküli p,
bükülip,
bükülip,
Aňňala dönüpdir Taňrysy gargan...

## Aşyk ýigidiň söýgülisine ýazan hatyndan

...«Eý, sen gara gözli, bugdaýreňk Maýsam,
Saňa şeýle söýgi bilen doly men,
Seni birje gezek bagryma bassam,
Hudaýdanam köp ýaşajak ýaly men...»

## Köçede eşidenim

Ýoldaşy sorady: «Näme sebäpden
Otly az çakyşýar maşyna görä?»
Dosty jogap berdi: – «Maşinistlermiz
Şofýorlarmyz ýaly galyşyp görgä,
Biri-birisinden ozjak boluşyp
Haýdap ýörenoklar. Onsoňam olar
Ýanynda oturan kömekçi bilen
Ne degişjek, ne-de ogşaşjak bolar.
Öz iş-derdi bilen gümradyr olar.
Başagaýdyr olar...
                    Şofýorlaň weli,
Bir eli ruluň üstünde bolsa,
Gyzyň arkasynda beýleki eli!»

## Blaýberte täze ýürek oturdylanda bir ýigidiň öz söýgülisine aýdan sözleri

«Geregim, Geregim, Geregim!» diýip,
Eliňi elime gysypdym telim.
«Sen meniň ýüregim, ýüregim!» diýip,
Ýüregim ýüregňe basypdym telim.
Ynha indi weli, nije gün bäri
Ýüregim diýmäge baranok dilim.

Asyl görsem, ýürek diýilýän zady
Çalşyrybam boljak ekeni, gülüm.
Emma Seni weli çalşyrmag-a däl,
Şol hakda demsalym
Oýlanan günüm –
Meniň-kä ölüm.

* * *

Ýigidiň gelýänin gördi ol gözel.
Öňünden ylgaşlap çykmak isledi.
Ýigit ýetip geldi gapyň agzyna.
Gyz onuň boýnuna bökmek isledi.

Ýigit «Salam!» diýip elin uzatdy.
Gyz ony goýbermän gysmak isledi.
Ýylgyryp stulda oturdy ýigit.
Gyz derrew bagryna basmak isledi.

Emma welin bu islegleň baryndan
Gyzy halas etdi haýa diýlen zat.
Ýaşa sen, ýaşa sen, ýaşa sen haýa!
Sensiz niçik bordy dünýä diýlen zat?

## Çopanyň çaý başynda diýeni

Mele deryaň – mele sygryň süýdüni
Çölümiň üstünden akdyrdy ülkäm.
Suwumam çölümem ýeterlik indi,
Tokaýymam kem-kem ýetişer, belkäm.

Ýöne käte gyýylýan men bir zada,
Nämüçindir, gyýylmanam bilemok:
Suw getirip bolýar çölli ýerlere,
Suwly ýere çöl äkidip-bolanok.

Suw ýurdunda dünýä inen adamlar
Çöl ýurdunyň hözirinden binesip.
Çägäni-de bize gelen suw ýaly
Akdyrmaga tapylsady bir hesip.

* * *

Kuwwatyňy duýdugyňça – sende kuwwat käneler.

Asgynlygyň duýdugyňça ýene gaýrat käneler.
Garaz, bir zat duýdugyňça – bir gowy zat
käneler!
Hiç zat duýmasaň,
Şonda kyn bolar.

Adam näçe ýat boldukça,
Özüne göwni ýetik.
Kämillige duş boldukça,
Aladasy artyk, ýüz-gözi çytyk.
Ýaşlyk gaýnaýan süýt,
Kämillik – gatyk.

Mysalym ýöntemdir, emma düýpli zat.
Gaýnamak – ajap zat. Çogmak – howply zat,
Gazanyňdan çogsaň, oduň söndürseň –
Hany onsoň gatyk, hany onsoň ot?

## Ata, ene, ömür, baş

Ata saňa ýeke gezek berilýär:
Ataň ölse, arzuw ýolun dowam et.
Sen arzuwňa ýetseň ataň ýetdigi.
Ýogsa ata ýatyp bilmez parahat.

Ene saňa ýeke gezek berilýär,
Söý enäni, söýmegiňi dowam et.
Enäniň gadyryn bilmeýän bolsaň,
Enesini ýitirenden sowal et.

Ömür saňa ýeke gezek berilýär.
Söý ömrüňi, zähmetiňi dowam et.
Zähmetiň gadyryn bilmeýän bolsaň,
Ynsandygňy, haýwandygňy beýan et.

Kelle saňa ýeke gezek berilýär,
Söý kelläňi, söýmegiňi dowam et.
Iş görmegin kişiň kellesi bilen
Geregni al,
öz kelläňi dowam et.

## Arifmetikanyň tersine

Bir gün iki gujak hasrata duşdum,
Eziz dostum bilen des-deň paýlaşdym –
Dostuma bir gujak, maňa bir gujak
Hasratdan ýetdi.

Soň bir gün bäş gujak şatlyga duşdum,
Eziz dostum bilen des-deň paýlaşdym –
Dostuma bäş gujak, mana bäş gujak
Şatlykdan ýetdi.

Goşgymyň manysy: 2-dir 2-em
Hemişe 4 bolup durmajak eken.

## Dostunyň «Näme sebäpden ýazmagy goýduň?» diýen soragyna öňde bir akylly goşguçynyň beren jogaby

Dostumdan syrymy ýaşyrmandym men.
Häzirem syrymy ýaşyramok, dost:
Başarşym ýaly-ha ýazmak islämok,
Isleýşim ýaly-da başaramok, dost.

* * *

Bir şahyr bar – diňe ady ýörýändir.
Bir şahyr bar – ýazýan zady ýörýändir.

## Çyn halypa hakynda

Halypadan oňat hem ýaşap biler şägirdi.
Halypadan uzak hem ýaşap biler şägirdi:
Elbetde, ähli gürrüň onuň kimdigindedir.
Ýöne weli halypadan
Ozup bilmez şägirdi,
Çyn halypa ondan mydam
Birazajyk öňdedir.

## Talant

Iki dürli bolýar talant diýen zat.
Ikisi-de öz ugruna belentdir.
Talantyň ýokdugyn wagtynda duýmak –
Şunuň özem bir ajaýyp talantdyr.


enedilim.com

# IV

# GOŞGY HAKYNDA GOŞGULAR

## Kümüş

Içi suwly bedräniň içine
Atylsa kiçijik bölejik kümüş,
Dem salymyň içinde
Ähli mikrob ölermiş.

Senem, öz ornuňda zergärsiň şahyr.
Bir eliňde kümüş, bir eliňde zer.
Ak ýüreklä gysganma-da zer paýla.
Beýlekä-de tokga-tokga kümuş ber.

* * *

Gowy goşgy diýmek ajaýyp öýdür.
Ýerbe-ýer gerekdir gapysy, poly.
Diwary saz gerek, aýnasy ýagty,
Dulunda peç gerek, töründe haly.


enedilim.com

Seniň goşgyňda-da şularyň bary
Ýaldyrap dur. Berekella, ussajyk.
Ýöne weli potologyň pessejik.
Eý, neressejik.

## «Täzeçil» şahyra

*Ýekaterina II haýsy-da bolsa bir täzelik*
*döretmezinden öňürti «Pýotr I şol iş*
*hakynda oýlandymyka» diýip arhiwi*
*dörüpdir. Her gezegem şony tapypdyr.*

Sen hem täze bir zat döretjek bolsaň,
Arhiwiň içinde azajyk çygyl.
Seniň täze diýýän bujagaz zadyň
Pindar döwründe-de
Könedi, ogul.

## Goşgy

Biri saňa diýipdir: «Samsygyrak bolmaly!»
«Akyllyrak bolmaly!» diýipdir ýene biri.
Ikisini aýdan hem – şygyr älemniň şiri.
Şirleriň ikisi-de kimdigini bilipdir:
Sende ikisem ýeterlik
Dünýä döräli bari...

Wraç diýdi
Üç hili dolulyk bolup biler:
Birine – gözüň gider,
Birine – gülkiň tutar,
Birine – haýpyň geler.

Oýlandym:
Şahyrlyk hem şoň ýaly bolup biler:
Birine – gözüň gider,
Birine – gülkiň tutar.
Birine – haýpyň geler.

## Gözleg

Goşgy,
        Sen gün-günden azalmaly zat
Hemem Sen gün-günden köpelmeli zat.
«Gözleg gerek, gözleg!» diýsek-de käte,
Dälsiň Sen gözlenip tapylmaly zat.
Seniň özüň her şahyryň bagrynda
Ýugrulyp, daşaryk topulmaly zat.
Edil şo mahalam gyzgyn tamdyra
Repidesiz ýapylmaly zat.

## Ilkinji goşgynyň döreýşi

Dana geçip barýar derýaň duşundan.
Ýolda saýrap otyr bir ajaýyp guş.
Awçy guşy atdy. Degdi döşünden.
Dana kişi etdi şeýle bir gargyş,
Ol gargyş şeýle bir ýürekden çykdy –
Öldürdi awçyny. Direltdi guşy.
Danaň awça eden şol näletinden
Hem guşa siňdiren muhabbetinden
Döredi dünýäde ilkinji goşgy.

## Redaktoryň şahyr dosty hakynda iç gepletmesi

Dost diýen zat seýrek bolýar dünýäde.
Senem biri. Şeýledigňe ynanýan.
Sen goşgy getirýäň. Menem çap edýän.
Sen-ä onuň çap bolýanna guwanýaň,
Menem seniň guwanýanňa guwanýan,
Ýöne saňa peýda edýänmi, zyýan –
Ne-hä saňa aýan,
Ne maňa aýan.

## Bir şahyryň bäş topbak rubagy ýazanyndan soň Omar Haýýam bilen aýdyşygy

*Menden Muhammede ýetiriň salam*
*Soňra hormat bilen aýdyň bir kelam*
Omar Haýýam

– Şägirtden Haýýama ýetiriň salam,
Soňra hormat bile aýdyň bir kelam:
Rubagy ýazmagy menem başarýan,
Ýalňyz özüm diýip gomparma, Haýýam!

– Haýýamdan şägirde ýetiriň salam,
Soňra hormat bile aýdyň bir kelam;
Üç sany kapyýa başarýan zadyň.
Galan sözleriňde derek ýok, balam!

## Neşirýatçynyň ak goşgy hakynda degişmesi

Ak-goýun gara goýun,
Gök goýun, gyzyl goýun –
Haýsy bolsa getir, çopan,
Ýöne bolsun semiz goýun.

Ak goşgy, gara goşgy,
Gök goşgy, gyzyl goşgy –
Haýsy bolsa getir, şahyr,
Ýöne bolsun gözel goşgy.

## ...We başgalar

*Käbir makalalarda oňat şahyrlaryň*
*atlary «we başgalar» bilen çalşyrylýar.*

– Eý, siz, işe çykamda
Bile çykýan goşgular,
Eý siz, goýun bakamda,
Bile bakýan goşgular,
Sizi kim ýazdy?
– We başgalar.

– Eý siz, alym öýünde
Diňlenilýän goşgular,
Eý siz, altyn-kümüşe
Deňlenilýän goşgular,
Ulyň-kiçiň dilinde
Oňlanylýan goşgular,
Ýagyş ýagsa plaş ýerne
Ýeňlenilýän goşgular,
Sizi kim ýazdy?
– We başgalar.

## Nätanyş terjimeçä hat

«Moskwa gel ýüzüňi bir, göreýin!»
Diýýärsiň. Ullakan, ullakan sag bol.
Ýöne bir sözüm bar barmazdan owal:
Goşgymdan ýüzümi görmedik bolsaň,
Saňa nä ýüzüme görnerkäm, dogan?

«Moskwa gel, sesiňi bir eşdeýin!»
Diýýärsiň. Oňa-da ullakan sag bol.
Ýöne bir sözüm bar barmazdan owal
Goşgymdan sesimi duýmadyk bolsaň,
Baryp nä ýüzüme gürlärkäm, dogan?

## Iş meýdany

Men özüme artyk baha beremok.
(Aýagmy uzadýan ýorganma göra).
Ýolda yz galdyrýan
ýa galdyramok,
Ýörän bolup barýan
Agramma görä.

Gorkamok: kim geçse, öňüme geçsin,
Itemok: kim düşse, yzyma düşsün.
Şeýle bir giň,
şeýle bir giň bu meýdan
Ýaşlara, işläre,
Oýnara... küştsüz.

## Sagdynlyk

Ikisi-de orta ýaşly pyýada,
Ikisi-de eli daşly pyýada,
Säher bilen saher maşkyn edýärler.
Birisi togalak, birisi arryk.
Biriniň agramy on kilo kemmiş,
Beýlekiňki bolsa şonçarak artyk.

Soň bir gün gapanda gördüm olary.
Ikisem ýylgyryp düşdi gapandan –
Birisi bäş kilo ýitirenine,
Beýlekisi şonça kilo tapanna

Daş kömek edipdir ikisine-de.
Birin semredipdir, birin horlapdyr.
Senem setirlere daş götert, şahyr,
Aram-aram gapanda-da barlap dur.

Setirleriň aşa semiz bolmasyn,
Ýa-da çendenaşa bolmasyn arryk.
Kem zat kem bolýar,
Artyk zat artyk.

## Nowaýyça

Sen zehinli şahyr. Edepli şahyr.
Dünýäde taýyň ýok. Il üçin doglan.

Seret, bary-ýogy iki setirde
Sen hakda sözledim dört sany ýalan.

## Gara jokjoky

*Gara jokjokynyň öz repertuary bolmaz.*
Bagbanyň aýdanyndan

Garaja ganatly, akja çokjaly,
Jibirdäpjik otyr gara jokjoky.
«Pil-lu, pill-u, pill-u...» Onuň aýdymy
Kimiň sazynady?
Näme hakdady?

Bilbiller gül ogşap, jakgyllaşanda,
Olam bilbil bolup jakgyllap, otyr,
Serçeler bökjekläp, jürkülleşende,
Olam serçe bolup, nokgullap otyr.

Gargalar gygyryp «Gak-gak!» diýende,
Olam garga bolup «Gak!» diýjek bolýar,
Ikatýok gygyryp «Ýok, ýok!» diýende,
Olam atyn tapman,
«Ýok!» diýjek bolýar.

Şo mahal ýokardan baýhatyn gelip
Jakgyllasa
olam jakgyllajakdy.
...Seniň öz owazyň,
Öz sesiň, ýüzüň,
Öz sözüň ýokmudy, gara jokjoky!

* * *

Goşgynyň nähili dogulşy hakda
Köp gezek, köp ýerde berdiler sowal.
Goşgy hem çagaňdyr. Ýöne möhleti
Dokuz, aý, dokuz gün,
Dokuz sagat däl.

Käte ony bir ýyl çaýkap gezersiň,
Käte-de dokuz ýyl,
Käte-de on ýyl.
Biri öýde doglar, birisi ýolda –
Käte-hä gyz bolar,
Käte-de ogul.

Gyz goşgular bägül ýaly näzikdir.
Erkekleri goç şahy dek gödekdir.
Berildigi bolsun!
                                        Bägülmi, şahmy –
Jaý ýerinde ikisi-de gerekdir.

## Bildirişleriň yzyna goşulan ýerlikli goşmaça

Bildirişden doly ullakan tagta.
Ýurda işgär gerek. Aýalmy, erkek –
«Maşinistka gerek»,
«Mehanik gerek»
«Baş buhgalter gerek»,
«Baş tehnik gerek»...
Tüweleme, bizde
Adam az, ýer köp.

Duralga... Hemmeler okaşyp durlar.
(Başga bir işem ýok gelýänçä maşyn).
Birisi ýazypdyr (bezzat diýsäni!):
«Şahyr gerek dälmi? Şahyr köp şahyr...»

## Ýüz ýyldan soň...

Biri maňa öten agşam goşgusyny okap berdi,
(Ilki özi okap berdi, onsoň özüm okap gördüm)
Diýdim: «Men-ä düşünmedim!»
Diýdi: «Entek düşünmersiň,
Ýüz ýyldan soň düşünersiň!»

«Diňle!» diýip ýene-de bir goşgusyny okap berdi.
Onsuna-da düşünmedim. Başgasyny okap berdi.
Diýdim: «Ýene düşünmedim!»
Diýdi: «Entek ýaş bolýarsyň,
Ýüz ýyldan soň düşünersiň!»

«Ýyldyzlaryň ýagtysy-da uzak ýoly ötýär» diýdi,
«Ýüzläp ýyldan, müňläp ýyldan bize gelip ýetýär»
diýdi.
Uludan bir demim aldym
Diýdi: «Näme ah çekýärsiň?»
Diýdim: «Ýüz ýyldan soň düşunersiň».

## Goşguçy bilen aý

– Aperin sen, giň äleme nur salýaň,
Ajap zat sen, at dakasym gelenok.
Ýöne sen bu görki Günden karz alýaň,
Özüňki däl. Ine şonyň bolanok.

– Dogry, öz nurum ýok. Günden karz alýan.
Onam saňa berýän, gaýdyp alamok.
Emma sen ne-hä bir
karz alyp bilýäň,
Ne özüň nur saçýaň.
Şonyň bolanok.

## Okyjynyň bir awtora ýazan golsuz haty

Maňa öwretjek bolsaň –
Ilki özüň öwren.
Maňa ýigrendirjek bolsa –
Ilki özüň ýigren.
Meni guwandyrjak bolsaň –
Ilki özüň guwan.
Meni ýandyrjak bolsaň -
Ilki özüň ýan!

* * *

Biri diýdi: «Walla, halys irizdi
Tagamsyz-lezzetsiz gurak kitaplar.
Köpüräk döresin çişlik kitaplar.
Köpüräk döresin börek kitaplar».

Biri diýdi: «Olam gerekdir weli,
Köpüräk döresin çörek kitaplar.
Çörek ýaly näçe guragam bolsa,
Adama hemişe gerek kitaplar!»


enedilim.com

## Özümizden haýyş

Näme bilen oýun etsek edeliň –
Zöhrelik bilen,
Tahyrlyk bilen,
Garrylyk bilen,
jahyllyk bilen...
Ýöne etmäliň
Şahyrlyk bilen
Hem oýun etdirmäliň
Şahyrlyk bilen!

## Şahyryň howsalasy

Uzyn poemalaň döwri gutardy.
Owunjak goşgular meňzeşip ternä,
Düwýärler, düwýärler, ýene düwýärler...
Ownaşyp ýören-ä däldiris hernä.

Bitin setirleriň döwri gutardy.
Döwülen
Setirler
Meňzeşip
Gemrä,
Gat-gat
Gat-gat
Üst-üstüne
Münýärler...

Oýnaşyp ýören-ä däldiris hernä.

## Rubagy

I

– Rubagylar, eý rubagylar,
Üç aýakly, bir golluja çagalar,
Siziň göwnüňize degýän-ä däldir
Täze döräp gelýän Omar agalar?

– Rubagylar biz, rubagylar,
Sekiz ýüz-dokuz ýüz ýaşan çagalar.
Ýöne weli juda çagadyr öýdüp,
Käte oýnaýaram Omar agalar.

– Rubagylar siz, rubagylar,
Üç aýakly, bir golluja çagalar
Sekiz ýüz-dokuz ýüz ýaşan bolsaňyz,
Haçan siziň sakgalyňyz agarar?

– Rubagylar biz, rubagylar,
Üç aýakly bir golluja çagalar.
Biziň sakgalmyzy agardýançaňyz
Öz süňňüňiz, öz sakgalňyz agarar.

# V

# AÝDYMLAR

## Türkmeniň

*Jeýhun bilen bahry Hazar arasy*
*Çöl üstunden öwser ýeli türkmeniň*

Magtymguly

Jeýhun bilen bahry Hazar arasy –
Suw üstünden öwser ýeli türkmeniň.
Gara dagdan gaýdyp mele derýasy,
Garagumdan iner sili türkmeniň.

Gaýrasy Ürgençdir, ilersi Erek,
Bu gün şaly bitýär ýandaga derek.
Bir elinde çekiç, birinde orak –
Bu gün gudrat boldy goly türkmeniň.

Gözelleri alu-ýaşyl geýerler.
Ýigitleri söýdürerler, söýerler.
Garrylary «Men, jahyl men» diýerler,
Gadymýetdir doglan ýyly türkmeniň.


enedilim.com

Ýer ýüzünde bir ajaýyp daň atar,
Daňyň nury ýer ýüzüne deň ýeter.
Gündogar bagşysyn diňle Günbatar,
Dinlärçeräk bardyr dili türkmeniň.

## Daglar

Garrygala myhman barsaň
Gujagyny geren daglar.
Soňudagy, Çendir, Hasar -
Müň hasraty gören daglar.

Kellesine ak don geýip,
Arkasyna gök don geýip,
«Salam!» diýsem «Salam!» diýip
Jogabymy beren daglar.

Her kemeriň her bir ýoly
Müň asyryň ömür ýoly.
Magtymgulyň şygry ýaly
Kökün ýere uran daglar.

Gatbar-gatbar daşyňyz bar,
Galkan-galkan döşüňiz bar.
Bilmen, nije ýaşyňyz bar,
Dünýe döräp duran daglar.

Daşyňyzdan aýlanaýyn,
Daşyňyzdan aýlanaýyn,
Başyňyzdan aýlanaýyn
Pyragyny gören daglar.


enedilim.com

## Altyň biri

Bir şahada alty nara.
Meňzäp duran alty jora
Işden gelip agşamara,
Guýudan suw çekip gitdi.

Aklym aldy altyň biri,
Her bakyşy derde däri.
Ýüregimde şondan bäri
Yşk ataşyn ýakyp gitdi.

Suw diledim agzym gurap,
«Içiň!» diýdi ýygryljyrap.
Içdim gyza ogryn garap,
Suw ýakamdan akyp gitdi.

Has dogumly, has berdaşly,
On sekiz – on dokuz ýaşly.
Gülýakasy tylla gaşly
Ýyldyrym dek çakyp gitdi.

Söýenimi aňlamady,
Ýa aňsa-da geňlemedi.
Diýjek sözüm diňlemedi,
Gözün-gaşyn kakyp gitdi.

Belki onuň ýary bardyr,
Bir görmäge zary bardyr.
Ýa-da mende ary bardyr,
Ýüregimi ýakyp gitdi.
Bogun-bogun söküp gitdi.

## Gumly gelin

Gum iline düşdüm myhman,
Saçak açdy gumly gelin.
Bir gün duza müň gün salam
Kabul eýle gumly gelin.

Bakyşy maýa bakyşly,
Çöküşi iner çöküşli.
Maýalary goşörküçli,
Bugralary jaňly-gelin.
Gumly gelin, gumly gelin.

Dulda goşa gor küýzesi.
Derde derman her küýzesi.
Gelinleriň päkizesi,
Çep ýaňagy meňli gelin.
Gumly gelin, gumly gelin.

Ýaýlasynda täze baglyk,
Çanagynda bekre balyk.
Kellesinde elwan ýaglyk,
Keşdelenen ýeňli gelin.
Gumly gelin, gumly gelin.

Otuz ýyldyr düýe çopan.
Çopanlykdan döwlet tapan.
Bir seretseň, gülüp bakan,
Bir seretseň, gamly gelin.
Gumly gelin, gumly gelin.

Niredekä howandary,
Göwün beren çopan ýary?
Şol çopanyň intizary
Gara gözi nemli gelin,
Gumly gelin, gumly gelin.

## Ýigit gördüm

Egni ýaşyl kombinzonly
Işe baran ýigit gördüm.
Maşyn bilen gök meýdany
Otap ýören ýigit gördüm.

Agşamara işden gaýdyp,
Bir gyz hakda aýdym aýdyp,
Görýän adam ýokdur öýdüp,
Baga giren ýigit gördüm.

Ýap boýundan gele-gele,
Alma ýygýan bir gözele
«Bir alma ber eliň bile»!
Diýip duran ýigit gördüm.

«Hany, oglan, daşda gez-le,
Diýjek sözüň bilip sözle.
Alma aljagňy daşdan gözle!»
Diýlip duran ýigit gördüm.

Eşdip gyzyň jogabyny,
Ýitirip öňki tabyny,
Syryp kolhozyň ýabyny,
Öýne ugran ýigit gördüm.

Şo günden soň her duşamda,
Salamlaşyp, gep goşamda,
Oturşamda, turuşamda
Tukat ýören ýigit gördüm...

Aýlar geçip, ýyllar geçip,
Duşdum ýene ýolum düşüp.
Bir almany deň böleşip,
Iýip duran ýigit gördüm.

## Gopuzly gyz

Şu gün bir gyz gopuz çaldy,
Sazynyň gurbany bolsam.
Çaldy, jana otlar saldy,
Näziniň gurbany bolsam.

Obaň topar gyzy bilen,
Ýesir etdi sazy bilen.
Garap galdym yzy bilen,
Tozunyň gurbany bolsam.

Didaryndan gandym diýmen,
Söýmese-de döndüm diýmen.
Näçe ýaksa, ýandym diýmen,
Közüniň gurbany bolsam.

Gargasa-da öz elinde,
Ýalkasa-da öz elinde.
Gyş elinde, ýaz elinde –
Ýazynyň gurbany bolsam.

Festiwalyň toýun toýlap,
Gitdi ogryn nazar aýlap...
Müň gözelden birin saýlap,
Özüniň gurbany bolsam.

## Ýarap borka

Ternawlardan suwlar akyp,
Nowruz gary eräp durka,
Bir gyz gördüm aýna bakyp,
Gara saçyn darap durka.

Saçlarynyň müňläp tary
Ýassanypdyr goşa nary.
Kimkä onuň hyrydary?
Kim ýoluna garap durka?

Goňşularna boldum myhman,
Daş işige bakdym doýman,
Jigisini ýerde goýman,
Hüwdüläpjik yrap durka.

Seýil baga bardym yzlap,
Geçip gitdi ogryn gözläp,
Dört örümniň birin çözläp,
Barmagyna orap durka.

Bir fabrige işim düşdi,
Kän gyzlara gözüm düşdi,
On barmaga synym düşdi
Naýça ýüpek sarap durka.

Eger mende bolsa müň jan,
Ählijesi şoňa gurban.
...Nädip oňa tapyp derman,
Ýüregine ýarap borka?

## Apat

Ýagşyny wasp etmek – şahyra adat,
Diňe adatam däl, hökmanlardandyr.
Gelinler içinde gördüm bir apat,
Ýok, apatam oňa gurbanlardandyr.

Maňlaýy bahardan ýasalan ýaly,
Ýaňagy säherden ýasalan ýaly,

Gabagy mähirden ýasalan ýaly,
Dodaklary şeker damýanlardandyr.

Ellerniň barmagy misli bir seçek,
Döşleri meýdanly, gözleri goçak.
Bili ýarym gujak, saçy bir gujak,
Gözleri bar – düýpsüz ummanlardandyr,

Gözleriniň agy – dünýäň gündizi,
Gözlerniň garasy gijäň tämizi.
Megerem şol ala gözleriň özi
Gijäni-gündizi ýasanlardandyr.

Ýüz gelniň içinden saýlanyp boýy,
Bir özi bezäp dur giden bir toýy.
Edebiň merkezi, akylyň öýi,
Şahyr oňa akly haýranlardaldyr.

Saýlap-seçip ajaplaryň ajabyn,
Haýsy ýigde bagş etdikä gujagyn?
Şol gujakda mekan tutan goç ogul
Dünýade iň bagtly ynsanlardandyr.

## Gök çaý

Akly-gyzyl güller açyp,
Dänelerin döker gök çaý.
Maşyndan maşyna geçip,
Gap-gap bolup böker gök çaý.

Bitýän ýeri Kawkaz taýy
Mes toprakdyr söýýän jaýy.
Dost tutunyp gara çaýy,
Ýadawlygy ýykar gök çaý.

Hytaýlydyr aslyýeti,
Ysyndadyr bar lezzeti.
Türkmeniň ilki hezzeti,
Duz datmakaň, çykar gök çaý.

Il içinde waspy kändir,
Içi doly witamindir.
Bir öwrenseň goýmak kyndyr
Magnit ýaly çeker gök çaý.

Gowy zatdyr düýe çaly.
Emma başga çaýyň ýoly.
Endamyňdan çeşme ýaly
Monjuk-monjuk akar gök çaý.

Kemter atsaň ugry bolmaz,
Köp atsaň hem dogry bolmaz.
Kän durmaga sabry bolmaz,
Şemmesini ýakar gök çaý.

Içseň göwnüň jaý görüner,
Ýanwar aýy maý görüner.
Ähli içgä taý görüner,
Ugrun tapsaň ýokar gök çaý.

# VI

# BÄGÜL

## Gara deňziň ýakasynda

Uzakda sen läläm, örän uzakda,
Aramyzda Ob, Don, Dnepr ýatyr.
«Söýgi şäheriniň» goýnunda doglan
Maňlaýy bäş burç ýyldyzly oglan
Öz altyn gupbaly dildary hakda
Süýji hyýallara gark bolup otyr.

Bu gün Watanymda ýegşenbe güni.
Bu gün dynjyn alýar zähmetkeş dünýäm
...Belki, häzir küýsäp ýüregiň meni,
Hatlarym gaýtalap okaýansyň, läläm.

Belki, penjiräniň perdesin açyp,
Tomaşa edýänsiň Tejen säherne
Ýa-da häzir kartaň öňüne geçip,
Seredýänsiň ýaryň ýaşýan şäherne.


enedilim.com

Belki, tyrkyldadyp kepjejigiňi,
Gawun otaýansyň nobur boýunda.
Ýa-da «ýörjen-ýörjen» edip jigiňi,
Dynç alýansyň wraç joraň öýünde.

Ýap-ýaňja gün dogdy ýanymda meniň,
Bilýärin, o taýda guşluk galandyr.
Poçtalonmyz kakyp gapyňy seniň,
Ýaryň hatyn alyp öýňe gelendir.

«Odessa» möhürli kiçijik hatym
Saňa uly kuwwat goşandyr ýene.
Belki, eliňdedir soldat suratym,
Seredýänsiň ýurt sakçysy oglana.

Eli awtomatly göreňde meni,
Ýürekde bagtyňa ynam duýýansyň.
Eziz joralarňa görkezip ony,
«Ynha, eşret gorýan ýarym!» diýýänsiň.

Belki, gowşurmaga oglundan salam,
Enemiň ýanyna gidensiň ýene.
Eger şeýle bolsa, köp sag bol, läläm,
Dünýäniň bezegi enedir-ene.

Ýa-da otagyňda täk özüň diňe,
Otyrmyň agtaryp täze bir kitap?
Ýa-da goşgy söýýän garry eneňe
Soldat liralarmy berýärmiň okap?

Haýsy bolanda-da görmerin aýyp,
Meniň üçin, läläm, düýpden parhy ýok.
Ýüregmiziň birek-biregi söýüp,
Des-deň urýanlygnyň belli nyrhy ýok.

Uzakda sen läläm, örän uzakda.
Aramyzda Ob, Don, Dnepr ýatyr...
Uzaklykda gep ýok, gürrüň ýürekde,
Bizi päk söýgimiz myrada ýetir.

*1949-1957.*

## Iki «aýterek»

I

«Aýterek, günterek,
Bizden size kim gerek?
Saýrap duran dil gerek.
Dilleriň haýsy gerek?»

Ine şu sowaly eşden badyma,
Kimiň ady düşse-düşsün ýadyma,
Artykmy, Meretmi, Narmy, Nurumy,
Jemalmy, Gerekmi, başga birimi,
Adyna parh goýman gygyrardym men.
Käýarym
    seni-de çagyrardym men.

Şonda garşydaky hatardan çykyp,
Gulpagyň tasadyp, jeren dek böküp,
Ýalpyldadyp guzy dişjagazyňy,
Ileri omzadyp döşjagazyňy.
Bahar şemaly dek öwsüp geçerdiň,
Düwülen gollary böwsüp geçerdiň..

Söýgi näme, gaýgy näme, bilmezdik,
Uzyn günläp öýmüze-de gelmezdik.
Ähli bilýänimiz oýundy diňe,
Bar güýjümiz şoňa boýundy diňe.

II

Şu mahal ýene-de şol döwri ýatlap,
Iki hatar duraýsadyk gabatlap,
Onda ýalňyşmazdym, bilerdim bu gün,
Öňdäki hatardan kim gerekdigin.

«Aýterek, günterek,
Bizden size kim gerek?
Sizden bize gül gerek.
Gülleriň haýsy gerek?»

Ine şu sowaly eşden badyma,
Diňe sen düşerdiň meniň ýadyma.
Seniň adyň tutup gygyrardym men,
«Gerek gerek!» diýip, çagyrardym men.
Hawa... ýalňyşmazdym,
bilerdim bu gün
Derde derman üçin kim gerekdigin.

*1953.*

## Söýgi poemasy

I

Oglanlyk döwrümdi. Söýdüm bir gyzy.
Ýok, ýok, beý diýerden irräkdi heniz.
Öz ýanymdan söýýän ýaly bolsam-da,
Söýgim basdaşlykdan bärräkdi heniz.

Okuwdan soň baha sanaşygynda
Artyk, kem bolaýsa bir bäşligimiz.
Söýginiň deregin basdaşlyk tutup,
Bolmazdy yşk diýen mätäçligimiz.
Şeýdip geçip gitdi oglanlyk döwrüm.

II

Jahyllyk döwrümdi. Söýdüm bir gyzy.
Ol hem maňa söýýän ýaly bakardy.
Emma zalym uruş ara düşdi-de,
Herimizi bir gapydan çykardy.

«Söýýän!» sözün sözlemäge ýetişmän,
Çykdym ýaş başymdan nan gözlegine.
(Eneň, jigileriň aç burlup ýörkän,
Nädip seredersiň gyz gözlerine!)
    Şeýdip geçip gitdi jahyllyk döwrüm.

III

Ýigitlik döwrümdi. Söýdüm bir gyzy.
(Agyr günler bolsa bolupdy tamam.
Ýeňiş nury bilen ýagtylan sözler
Biziň öýmüze-de beripdi salam).

Emma ol söýgimem başa barmady.
Ýene asgyn çykdym oýnan oýnumdan:
Ýeri, söýýäniňi aýdyp bilmeseň,
Kim samsyk aslyşar seniň boýnuňdan!
    Şeýdip geçip gitdi ýigitlik döwrüm.

IV

Dälilik döwrümdi. Söýdüm bir gyzy.
Diýse-de babalar: «Sagynýança sag,
Däli iki gezek öýär ogluny!»
Ne-hä däliligim eçildi sylag,
Ne-de sagatlygym...
                    Sylaga derek
Ullakan bir synag holtumyn açdy.
Diýdiler: «Kyrk halat, kyrk müňem manat!»..
    Şeýdip akyl berdi dälilik döwrüm.
Jübimi çöwürdim: kyrk köpük gaçdy.

V

Kämillik döwrümdi. Söýdüm bir gyzy.
Günde bir görmesem karar tapmadym.
Iki görsem, üç görmegi arzuwlap,
Üç görsem, dördünjä arzuw topladym.

Soýdüm, söýdi... Emma weli sizi-de
Unudyp bilmerin başky söýgüler.
Mahal-mahal sizi ýatladygymça,
Siziň joraňyza söýgim beýgeler.
Şeýdip geçip barýar kämillik döwrüm.

## Unaşly ýatlama

Diňe
bir gyzdadyr ähli pikiriň.
Asmana baksaň-da – pikiriň şoldur.
Kitaba baksaň-da – pikiriň şoldur,
Onuň ady hemme harpdan ozaldyr.

Saralyp gidensiň şonuň yşkynda.
Süňkleriň içinde gurandyr ýilik.
Gözleriň hokralyp, çala görüner.
Tapyşyp gidendir duluga duluk.

«Balam, näme bolýar?» Elewrär eneň.
«Näme bolýar, balam?» Çiňerler ýene.
«Dümewmi, nämemi... sowuklapdyryn!...»
Kendirige tarap ýüwürer ene.

Entek geçen däldir çaý içim salym –
Bugaryp durandyr gatykly unaş.
(Bagryňa meňzeşdir gyrmyzy burçy,
Her noýbasy bolsa – ýüregňe meňzeş.)

Işdäň bolmasa-da, işdäň açylar.
Eneň göwni üçin ýalanar ak jam.
«Eje, bu aşyň-a heziller berdi.
Beýle aş dünýäde ýokdur, eje jan!»

Begener, ýylgyrar: «Noş bolsun, balam!»
Ýygnalar, ýuwular tabakdyr çemçe.
Ertir bälçirärsiň: «Unaş bilen-ä
Bu dertden gutulyp boljak däl, eje!»

Agşam bygyrdandyr etlije çorba.
Onda-da nä etli! Akja jüýjeli.
Sünnäläp atandyr çorbaň içine
Öýkenne, ýüregne, daşlygna çenli.

Ýene-de diýer ol: «Noş bolsun balam!»
«Deriň gaýdaýmasyn!» Ot salar peje.
Ertir bälçirarsiň: «Bu sataşan dert
Jüýjäňe-de hezil berjek däl, eje!»

Ertesi bilmersiň, nädip tapypdyr –
Gapynyň agzynda lägirer çebiş.
Sen
        eneňe çebiş iýdirmelisiň,
Emma ol
        ogluna iýdirer söwüş.

Iýersiň, içersiň. Ýeňlemez derdiň.
Ukusyz geçendir uzynly gije.
Ýene bälçirärsiň: «Çebişiňdenem
Bu dümewe şypa ýetjek däl, eje!»

Gutarar jüýjeli, çebişli gürrüň.
Indiki nobatda – sygyr ýa düýe.

Emma ondan bärde
Söýgiňi guçup,
Jüp posany alyp, ylgarsyň öýe.

Ýol boýy guş kimin uçup gelýänsiň.
Bagtly adam ýokdur özüňden özge.
Keýmiri ýykarsyň çep eliň bilen,
Hatda Keminänem ýykarsyň sözde.

Lakyrdap durandyr garaja gazan.
Tap-taýyn durandyr ýassykly keçe.
Ogşarsyň ejeňi gele-gelmäşe:
«Gutuldym, gutuldym,
Sagja bol, eje!..»

## Gagra degişmesi

Gagra dynç almaga gelenler bilen
Salamlaşdym, ýuwaş-ýuwaş tanyşdym.
Gagradan dynç alyp ugranlar bilen
Gujaklaşdym,
Adresler alyşdym.

Edil şeýle boldy ol gyz bilenem.
Adres berdim. Gysdym elinem mäkäm.
Toba, toba! Beren adresim bilen
Özümem ýelmeşip ötäýtdimmikäm!

«Ol gyz ýuregimi alyp gidipdir!»
Diýip, kän şahyrlar ýazypdy öň hem.
Meniň bolsa häzir tutuş özüm ýok.
A-haw, meni gören!
Niredekäm men!

Aýna seretsemem – meňzeýän başga,
Deňizde ýüzsemem – meňzeýän başga.
Dostlarymam diýýär: «Meňzeýäň başga».
Ýeri, wraçlara näme gerekmiş,
Şolar bir göwünlik bersedi käşgä.

Gaýta edil gözlerime seredip:
– Bu – sen däl! – diýýärler.
– Kimmişim eýsem!
Ynha, men! Gepleşip, halymy aýdyp
Otyryn ahbetin, şu men-ä! – diýsem,

– Ýok, sen däl! – diýýärler, – bu başga biri
Wraç aýtdy, dawaň bolarmy onsoň!
Wessalam, özüňe özüm däl diýip,
Ýeňsäňi gaşa-da oturber sen soň.

Dogrusy, bu zatlar hijem-le weli,
Bir kitap ýazmaga gelipdim daşdan.
Ýeri, şu oturan özüm däl bolsam,
Kitabymy kim ýazmaly, ýoldaşlar!

* * *

Agalyk sürýänler ýokdur ýurdumda,
Işçimi-daýhanmy – hemmesi deňlik...
Ýöne weli şu mesele boýunça
Şu gun etsem diýdim kiçijik bellik.

Ýurdumda gözeller agalyk sürýär,
Sürüpdi,
          sürýärem,
                    sürerem ýene.
...Awtobusda otyr murtlak general.
Ätledi gapydan bir ajap sona.

Göýä sona däl-de
Bir marşal girdi –
Tarsa turup, berdi gözele ýerin.
«Sag boluň!» diýdi-de, oturdy gözel.
General hoş bolup, süpürdi derin.

Köçeden gelýärdi bir topar gözel.
Garşysyndan çykdy Hökümet Başy.
«Geçiň, geçiň, gyzlar!»
Gyzlara garap,
Egildi Hökümet Başynyň başy.

Çatyrykda duşdy bir ajap şahyr.
Gaşlary-da duw-ak, saçy-da duw-ak.
«Geçiň, şahyr!» diýip, togtady gyzlar.
Şahyram togtady: «Ýok, gözeller, ýok,

Beýle zada meniň hukugym ýokdur,
Dünýäde barkaňyz özüňiz siziň.
Ýaradanyň öňün kesip bilmerin,
Meni ýaradanam
özüňizsiňiz».

## Owadanlyk hem edep

Owadan gelinler! Siz hakda şu gün
Bir goşgy ýazmagy küýsedi ýürek.
Owadan siz. Ýöne owadanlygňyz
Size ýeňil düşýän däl bolsa gerek.
Akylla-da mydam –
Owadan gerek.
Samsyga-da mydam –
Owadan gerek.

...Köçeden uz ýöräp bir gelin barýar,
Elinde almaly, käşirli sebet.
Akyllam gaňrylyp, yzyna garýar,
Samsyklaram diýýär: «Seret-de seret!»

Bir ýigit gygyrýar: «Aý, Meret, Meret,
Wah, wah, seret, gara gözlerne seret!»
Elbetde, seretmek gadagan zat däl.
Ýöne beýdip geçi ýaly çekremek
Nämäňe gerek!

Hanha bir gapdalda ýene bir kelpeň
Gyzyldan dişini güjeňlän bolup,
Jikjeren bolup dur. Gelin uýalýar.
Gaşlar aşak inýär misli bir bulut.
Bulut al ýaňaga kölege salyp,

Lemmer-lemmer bolup,
                ýagjak, ýagjak, ýagjak

Bolýar-da, saklanýar. Ýagaýaňda-da
Ol kelpeň ne-hä bir ýagaňňa degjek,

Ne damanňa degjek... Gelin düşünýär.
Gyzaran ýaňagna eltýär-de elin,
Ýaşyl ýeňi bilen bägül ýüzüni
Ýaprakly üzüm dek
Gizleýär gelin.

...Kioskyň ýanynda saklanýar gelin.
Elinde almaly, käşirli sebet.
Ýene-de beýleden kilçerýär biri:
«Eset, Mämmet, onuň saçlarna eset!»


enedilim.com

Gelin bir üm bilen,
birje söz bilen
Kössekläp biljekdi kelpeňleň dilin
Emma beýtmedi ol. Beýtmekçem däldi.
Bägül dek paşyrdap barýardy gelin.

Öz iş-derdi bilen gümrady gelin.
Soňabaka çykdy ne gülki, ne gep.
...Şeýdip biedeplik diýilýän zady
Käte (geplemän hem!)
Sem edýär Edep.

## Goşgy okaýan goşgy

*Şahyr gyzy*

...Gazetde okadym täze goşgyňy,
Bir gezegem däl-de, kän okadym men:
Dagyň ysy geldi her bir harpyňdan,
Hozuň ysy geldi her nokadyňdan.
Naryň ysy geldi her kapyýaňdan,
Pissäň ysy geldi tersoturyňdan.
Şol yslaň hemmesin sorup aldym men
Seniň her harpyňdan, her setiriňden.

..Sen goşgy okadyň radioda.
(Yslaryň gowusyn gizläpdir gazet)
Mahmal bogazyňdan, ýüpek sesiňden
Goşulyp her harpa täze bir lezzet,
Setirleriň ysy has beter artdy.
Üç esse lezzetli göründi goşgyň.
Her alan demiňem her bir setirňe
Täze bir ys saçdy öňküden daşgyn.

...Sen goşgy okadyň telewizorda,
Begendim öňküden on esse beter.
Diýdim: «Öz ýuzüňe bakyp diňlesem,
Goşgynyň lezzeti has beter artar».
Emma bu pikirim tersine boldy:
Aňk bolup goşgyny okaýan Goşga,
Şondan başga zady aňşyrmandyryn.
...Diýjek bolýan zadym
Duýsadyň käşgä!...

## Söýgi hakda bir keleme

Söýgi, söýgi, söýgi,
senіň ýoluňda
Görgini biriçe görüpdim menem.
«Gözümiň alnynda eräp barýaň-la,
Näme bolýar, balam?» diýýändir eneň.

Atalaryň bolsa kadasy başga.
«Balam, guzym» sözün halamaz ata.
Mähir gatyşykly gazapdan doly
Nazaryn nazarňa diker-de gaýta,
Diýer ol: «Balaňa döw çalasy ýok!»
Atadyr. Duýsa-da duýmadyk bolar.
Her bir duýan zadyn duýdurjak bolup
Ýörmez. Şoň üçinem atadyr olar.

Seniň her ädimňi, hereketiňi
Ölçäp öz atalyk nazary bilen,
Käte jeza berer,
Käte-de söýer
Mähir gatyşykly gazaby bilen.

Pýotryň ogluna bakyşy ýaly
Köp manyly dymyp, gözuňe bakar.

Eňegne gyl çykan ýigitsiň weli,
Şo mahal hemme zat ýadyňdan çykar.

Emma weli söýgi ýadyňdan çykmaz.
Ýene-de ugrarsyň Söýgiňe tarap.
Seni şol ýoluňdan gaýtaryp bilmez
Hiç hili şepagat,
Hiç hili gazap.

Gije aý aýdyňdyr. Senem ogrusyň.
Belleşik ýerine dogrularsyň sen.
Üçüm ogurlasa başga ogrular,
Has şirin bir zady ogurlarsyň sen.

Goşa-goşa posa ogurlarsyň sen.
Gaýtalap-gaýtalap basarsyň bagra.
Edil şo mahalam beýle ýanyňdan
Görüner gözüňe aýylganç gara.

Gyzyň atasydyr. Gele-gelmäşe
Pil sapyn inderer. Bökersiň yza.
Öz janyň gutarmak kyn däldir weli,
Wah, gyza kyn bolar,
Wah, gyza, gyza!

Şol dem böwet bolup gyzyň öňüne,
Bir agyz gygyrsyň: «Men... muny söýýän!»..
Emma dem salymdan söýýäniň bilen
Käriziň içinde ýatansyň eýýäm.

Şonda-da bagryňa basyp ýatansyň.
Gyz saňa galkandyr, sen gyza galkan.
Ýöne weli onuň ýaly pursatda
Galkanlyk uzaga çekmejek eken.

Dañdanlar özüñe gelersiñ weli,
Ýatan ýeriñ ýapdyr. Kelläñem deşik.
Gözleriñ içinde doñup galandyr
Bir aýylganç keşp,
Bir gözel keşp.

Şol aýylganç keşpden iniñ titiräp,
Bir gün ýa iki gün gezersiñ ümsüm.
Emma üçünji gün şol gözel keşbiñ
Ugrunda sergezdan ýene-de sensiñ.

Ýene aý aýdyñdyr. Ýene ogrusyñ.
Bireýýäm ýadyñdan çykandyr taýak.
Indi ýöne üzüm bagynda däl-de,
Başgarak bir ýerde çekersiñ aýak...

«Oturber, balaña döw çalmaz!» diýip,
Ýöne ýerden aýtman ekeni atañ.
Şondan soñam kelläñ kän taýak iýer.
Taýakdan taýaga berkeşer gaýtam.

Biziñ söýgimiz-ä şeýleräk boldy.
Megerem, siziñki has başgarakdyr.
Ýöne hiç mahalam Söýgiñ ýolunda
Üýşüp ýatan elpe-şelpelik ýokdur.

Hiç haçan bolmazam.
Söýgiñ ýolunda
Hemişe şatlyk-da, hasrat-da bolar.
Ýokaryk göterip.
Aşak inderip,
Seniñ agramyñy hasaplar olar.

Ýöne weli näçe horlasa-da ol,
Horlamak hatyrna horlamak üçin
Däldir-de,
gaýratyň ölçäp görýändir
Ertirki horlukdan goramak üçin.

**Bägül**

Sataşypdym Saňa maý güni irden –
Sen aňyrdan çykdyň,
Men bardym bärden...

Ondan bäri geçdi ýüz toý, ýüz ölüm,
Toýda-da, ýasda-da bolduň sag elim.

Toýlarda – ýylgyrdyň, ýygryldyň – ýasda.
Hiç ýerde dilimi etmediň gysga.

Kökleriň çuň ýaýrap, topragyň duşup,
Getirdiň Sen buşluk yzyna buşluk.

Ýüregini ýaryp garaňky gijäň,
Açylypdy gunça yzyna gunçaň.

Gunçalaryň sany artdykça her ýyl,
Gartaşdyň, gartaşdyň,
Gartaşdyň, bägül...

Pasyllaň yzyndan geçip pasyllar,
Aýy aý çalyşdy, ýyllary ýyllar.

Ýaşyl ýapraklaryň yşnagy söndi,
Görküň-de, reňkiň-de öňki däl indi.

Ýaňaklaň reňki-de öçüşip her ýyl,
Gartaşdyň, gartaşdyň,
Gartaşdyň, bägül...

Gyrmyzy ýaňaklaň gaçansoň reňki,
Olaryň ysy-da däl indi öňki.

Boýnuňam öňküden inçelen ýaly,
Boýuňam öňküden kiçelen ýaly.

Alkymyň ysy-da kemelip her ýyl,
Garradyň, garradyň,
Garradyň, bägül...

Gözlerime tozan gapdyryp birden,
Gaharly bir owaz pürküldi ýerden:

«Özi gurap,
Seni ýigdeltdi, bägül!
Jahylsyran bolup,
Aýnama, ogul!..»

## Janaga tarap

Eý sen goşgymyzyň köne formasy,
Gel bärik ýene bir synaga tarap.
...Maňa çal beripdi çölüň Hurmasy,
Ellerim uzapdy çanaga tarap.

Gum gyzynyň ady bolarmy Hurma?
Ony dakypdyrlar eýerip yrma.
«Mele suwdan bolsun gollarmyz gyrma,
Jeýhun gaýtsyn – diýip – Janaga tarap».


enedilim.com

Jeýhuny emip dur Janagyň oýy.
Ojakda gaýnap dur Jeýhunyň çaýy.
Ynha, elimde-de ak maýaň çaly
Ak gyzam bakyp dur gonaga tarap.

O mahal bakmazça ýigidem däldim,
Iki gün sagatdym, dört gün dälidim.
Gyza bakyp, elim ýüzüme syldym,
Gyzam ýeňin eltdi gabaga tarap.

Aýagymda – ädik, başymda – «kekeç».
Ýaňy soldatlykdan boşanja erkeç,
Darakgeçmez saçlar misli bir dikeç,
Naýza gezäp durdy tüýnüge tarap.

Hurma çal uzatdy. Çanak pürepür.
Aňrydan gyňralyp seretdi kempir.
«Çelek takrap ýatyr, ylga, suw getir!»
Hurma ýüwrüp gitdi çelege tarap.

Öňi şol. Yzy ýok... Gaýdypdym şeýdip,
Bir çanak çal içip, bir nany gädip.
...Eje, aý, jan eje, hany şol ädik,
Ýürek telwas urýar ýaýlaga tarap.

## Duralgada

Ekiz taýy ýaly jorasy bilen,
Jümjüme gülleriň arasy bilen
Jümjüme ýaglykly bir gözel gelýär
Jümjüme köýnekli jorasy bilen.

Gyzlaň ikisi-de gyzyl çabytly,
Çabytlaň gapdaly keşde sowutly.

«Gyzym, uýam» diýip, lak ataýmasaň,
Lak atmagam indi bize howuply.

Gyzlaryň birisi – duran bir keýik.
Köwşüniň ökjesi ne pes, ne beýik.
Megerem, dünýäde iň bagtly oglan –
Şol keýik gözele ýar boljak ýigit.

Toýnagyn jüp basyp, ýuwaşja ädýä.
Gaýmakly morožnyň ujundan gädýä.
Közli leb her gezek buza degende,
Tutuş howaň ýüzi bugaryp gidýä.

Menem synlap durun çekilip gyra.
Gyzlar meňzäp gelýär swetofor – çyra.
Çabytlary gyzyl, ýaglyklary gök –
Ýel ýapyk hem açyk – bagtyňa görä.

Gyzlaň biri – çynar, birisi – derek.
Görmäge göz gerek, söýmäge ýürek.
Wah, gözem, ýüregem ýeterlik weli,
On sekiz gerek, wah, on sekiz gerek!

Ikisem uz basyp duralga geldi.
Birisi pyňkyryp, bir zada güldi.
Saňa güldümikä? (Aý, ýa-ha saňa,
Ýa-da bir seň ýala güleni belli!)

Asmana seretdim. Gün eýýäm peýşin.
Onýança gaýradan göründi maşyn.
Duralga ýetäýmän, gyzlaň gaşynda
Togtady, baş egip gözellik üçin.

Mündüler. Gyzlardan galmadym menem.
Aý, näme, dynç günüm, gezjek bir sellem.

Aý, onsoňam, şeýle gözeller bilen
Garşy däl uçmaga kosmosa çenlem...

Awtobus togtady. Açyldy işik.
Reňbe-reň müň gözel, müň ýigit üýşüp,
«Watan» teatrnyň öňünde durlar,
Deň ýarysy magşuk, deň ýary aşyk.

Ýüregimi alyp özleri bilen,
Kereşmesi bilen, näzleri bilen,
Gyzlaryň ikisem maşyndan düşdi –
Menem böküp düşdüm yzlary bilen.

Gyzlaň ikisi-de gyzyl çabytly,
Çabytlaň gapdaly keşde sowutly.
Birden iki gözel dörde öwrüldi –
Hersiniň gapdaly gerçek ýigitli.

Tanapdyr ýigitler gyzlaryň gowsun.
Göreçler göreje atyşdy owsun.
Bir ýigid-ä hasam ýeserje eken –
Kemputdan doldurdy bir çabdyň jübsün..

Onýança-da açdy gapysyn «Watan»...
Kemput iýýän gyzyň golundan tutan
Bir görsem öz oglum, öz Nazar oglum...
Guwan, şahyr guwan,
Utan şahyr,
Utan!

## Söýgi

Bir mahal bir ýigit söýdi bir gyzy.
Her haýsy bir enäň ýeke-ýalňyzy.

Ýa-da Nejep oglan söýdi Nigäri.
Her haýsy bir ataň ýeke-dikrary.

Dagyň bir jülgesin belleşip her gün,
Köşek dek böküşip, açdylar göwün.

Nigär – garyp gyzy. Nejep – padyman.
Olaryň her güni geçdi şadyýan.

Oýnadylar aşyk. Saldylar topaz.
Käte Nigär utdy, käte-de çopan.

Oýnadylar çilik. Okladylar top.
«Gap, Nejebim, gap!» «Gap, Nigärim, gap!»

Emma degenokdy bedene beden.
Söýgiň päk ýerinde
Beden gadagan.

Biri-birisiniň gözüne garap,
Hozuň gabygyndan içdiler şerap.

Hoz bolsa (bilýäňiz! – maňyzyň öýi),
Söýgä maňyz gatyp, goýaltdy meýi...

Emma dünýämiziň ýasalşy şeýle.
Säher bar ýerinde tapylýar öýle.

Öýle bar ýerinde bardyr ikindi.
...Nigär Nejebinden gaýra çekildi.

Nejebiň üstüni büredi tümlük.
Söýgä
        awy düşdi Ýekeje çümmük.

Nigäriň gaşynda ant içdi çomak:
«Nejebiň aşyk däl, bir aşyksumak.

Ol her gün müň gyza üleýär göwnün...»
Nigäriň göwnünde döredi düwün.

– Bu niçik hekaýat? Bu niçik waka?
Oýnap ýörer ýaly çilikmi wepa?

Depip ýörer ýaly sürpekmi Nigär?
Nigär gepleýärdi. Nejep diňleýär...

«Nigärim, Nigärim, bu niçiksi gep?»
Diýjek boldy Nejep. Ýykyldy Nejep.

Agzyn daşa oýkap misli bir gaplaň,
Ah urup, üç gezek ant içdi çopan.

Antlar gara daşy deşdi-de jopba,
Topragyň ýedi gat bagryna çümdi.
Toprak «Eý, waý!» diýip gygyrdy. Gyz hem
Bir çirkin ses etdi:
«Ynandym indi!»

* * *

Diňe
Özi üçin ýöränokdy ol.
Onuň her ädimi indi şärikli.
Ýuwaşja ädimläp çatryga ýetdi.
Bir maşyny gördi. Saçy düýrükdi.

Ätledi yzyna allaniçiksi.
Elleri ýuwaşja degdi bykynna.
Ýüpeksi, altynsow saçlaryn sypap,
Azajyk oýlandy bir zat hakynda.

Meger, oýlanandyr
                    häzir özüniň
Diňe bir özüne degişli däl-de,
Heniz ynsanýete mälim bolmadyk
Beýik pynhanlygy göterip bilde,
Belli bir menzile eltmelidigniň
Iň tämiz, mukaddes borjy hakynda...
Ýene täze çatryk. Ýene-de maşyn.
Ýene-de elleri ýetdi bykynna.

Yz ýanyndan çykdy ýene bir maşyn.
Ony hem goýberdi. Seretdi çepe.
Indi bäri-bärde maşyn görnenok.
«Geçiberiň, gelin!» Ýol açdy köçe.

Gyzyl ýüpek ýaly süýnüp barýar ol.
Nazary mylaýym, ädimi ýumşak.
Oýlandym: Has irräk, gelin wagtynda
Rolun oňatja oýnapdyr ýaşmak –

Ýüzleri melemtil, alkymy duw-ak.
Henizem ödünden çyksa bir goja,
Endigi boýunça
                    (özi hem duýman)
Elin ýaglygyna
Eltýär çalaja.

Kä kişi gaňrylyp yzyna bakýar.
Kä suwjuk gözüne seredýär dogry.
Haýsy bolanda-da uly parhy ýok,
Onuň öz ugry bar.
Olaň öz ugry.

Geçildi üçünji,
Dördünji çatryk.
Her gezek bykynna ýetirdi elin.
Säher açylmaly bägüle meňzäp,
Köçe bilen barýar göwreli gelin.

## Hat

Köçäň ugrunda poçta ýaşşigi.
Bir köçäň ini menden daşlygy.

Göýä diwara gonan gögerçin,
Eýeläp otyr bir köçäň burçun.

Öňümde stol, elimde galam –
Işläp otyryn... Işleýär olam.

Açylýar agzy. Atylýar hatlar.
Girýär içine şatlyk, hasratlar.

Çarşenbe güni (Giç galsa – anna)
Gögerýär bir gyz ýaşşigiň ýanda.

Gyzy görende ýylgyrýar ýaşik.
(Gara demri-de ýylgyrdýar ýaşlyk!)

Gögerçin ýaşşik ýylgyrdy ýene.
Gyz ýetip gelýär seredip ýere.

Ýere bakarmyş gyzlaryň gowsy...
Ýene-de hatly çabdynyň jübsi.

Hatyň bir çeti görnüp dur çala.
Atyber, uýam, köçämiz çola.

Ne kakaň görjek, ne-de bir ejeň...
Ýatandyr häzir gybatçam,
                                        gepçem.

Olar ir ýatyp, giç turýar ahyr...
Bir Seni görýän ukusyz şahyr.
Şahyrdan
          Söýgä
Ýetmezmiş zyýan.
Eliňden gelse – peýda biýr, uýam.

...Girdi barmaklar keşdeli jübä.
Gözlerim guwä, gulagym güwä.

Gözüne sürtüp nagyşly haty,
Bir zat pyşyrdap, ýaşşige atdy.

Labyrdap düşdi ot ýaly ýürek.
(Ýaşşik bolmak hem kyn bolsa gerek!)

...Üç aýa çekdi bu täsin görnüş.
Isle gar ýagsyn, isle-de ýagyş –

Şol belli günler, şol belli sagat
Girdi ýaşşige labyrdyly hat.

...Ýene çarşenbe, ir sagat ýedi...
Sekiz, dokuz, on... gözel gelmedi.

Ötdi penşenbe. Göründi anna.
Görünmedi gyz ýaşşigiň ýanda.

...Geçdi dekabr. Ynha-da ýanwar
Ýetdi Täze ýyl – ne hat, ne gyz bar.

Garaşýar ýaşşik. Gelenok gözel...
Näme geleňok? Gelýärdiň ozal.

Ýa Haýyr işi ýeňdimi Ýaman?
Ýigit wepasy çykdymy ýalan?...

Gyzdan jogap ýok. Şuwlaýar ýanwar.
Ýagýar gar,

Ýagýar gar,
Gar ýagýar...

## Gabanç

Almagül ýaglygy gyzyl seçekli,
Ýaşyl ketenisi sary zolakly
Bir mele gelin ol: göýä ýüzüni
Bugdaý suwy bilen ýuwýan ýalakdy.

Ýok, men ol geline aşyk bolamok.
Kimdignem bilemok. Bar bilýän zadym:
Onuň adamsy bar.
Öýleri bolsa –
Şu ýerlerden daş däl,
Üç dört müň ädim.

Ne-hä kärin bilýän,
Ne-de bir adyn.

Biziň işigmizden mahal-mahal ol
Geçip gidýär. Bir dem yzyndan bakýan,
Ýene ýatdan çykýar. Bar bolany şol.

Belki, bir geçende salam bererin,
Belki, olam maňa başyny atar.
(Başyn atmasa-da ýamanalgym ýok,
Meger öňküdenem sarpasy artar).

...Ýene köçämizden geçip gitdi ol,
Gaşlarnyň saýasy goşa çanakly.
Göýäki diýersiň şol çanaklardan
Köçä mähir paýlap barýan ýalakdy.

Köçäniň burçundan öwrüldi weli,
Çykdy garşysyndan bir daýaw oglan.
Belki ýegenidir, belki dogany.
(Ýöne beýle içgin durarmy olar?!)

Demsalym durdular. Gürrüňleşdiler.
Daýaw ýigit bolsa misli bir sadranç,
Saçlaryn sypalap, lowurdap durdy...
Girdi ýüregime kiçijik gabanç.

Bu nämäň gabanjy? Düşünjek boldum.
Sebäbin yzladym. Çykmady başym.
Gabanjak gabansyn! Meňki nämemiş –
Ne-hä aşygym,
Ne garyndaşym!

Ahyry sowaly şeýleräk çözdüm:
O zeýilli gelin dünýäde seýrek.
Seýrek zady bolsa bir bolup däl-de,
Il bolup gabanmak,
Goramak gerek.

## Söýgi bilen kämillik

Söýgiň nämedigni bilýän adam ýok.
Ýöne men şonda-da bir zada belet:
Söýmek üçin söýülmegiň gerekdir,
Söýülmegiň üçin söýmegiň gerek.

Kyn daldir «Söýýärin, söýýärin!» diýmek.
Söýdürmegi weli başarmaz her är.
Hemme zatdan belent bolsa-da Söýmek,
Söýülmek belentdir Söýmege görä.

Ikisi birleşse ümzügiň öňe.
Biri aýra düşse - ümzügiň yza...
Watana söýgümi,
Halka söýgümi,
Ýa dosta söýgümi,
Ýa gözel gyza –
Hemmesi üçinem Kämillik gerek.
Kämilliksiz söýgi bolmandyr öňem.
Ýokdur ol häzirem, ertirem bolmaz.
Diňe kämil söýgi Hasraty ýeňer.

Diňe kämil söýgi Şatlygy ýeňer.
Nama gerekmişin Şatlygy ýeňmek?
Söýgüni suwjardyp ýörmeziň üçin
Şatlygyňy egsip bilmegiň gerek.

Söýgi bar ýerinde Şatlygam gerek.
Ýöne ol gerekdir öz çeni bile.
Öz iliňe hözir berdigiň däldir,
Bu dünýäden gülüp geçeniň bile.

Başa iş düşende Hasratam gerek.
Ýöne olam gerek öz çeni bile.

Öz iliň hasratyn çekdigiň däldir,
Bu dünýäden aglap geçeniň bile.

Şer iş bar ýerinde Ýigrenjem gerek.
Ýöne şolam gerek öz çeni bile.
Öz iliňe peýda etdigiň däldir.
Bir biweje gargap geçeniň bile.

Diňe Kämilligiň öz çeni ýokdur,
Şony islemegiň öz çeni bile.
Ol ne-hä suwjarar, ne-de suwjardar
Öz çeninden aňryk geçeniň bile.

Nireden geçse-de – geçiber bile.
Gorkma, eltjek ýerne özi beletdir.
Dünýäniň ýüzünde ähli zat üçin
Serhet bardyr weli,
Ol biserhetdir.

## Aýal hakynda

Aýal diýilýän zat – dünýäň diregi.
Aýal diýilýän zat – ömrüň şahyry.
Şondan ozal ýokmuş Ýeriň ýüregi,
Ol – dünýäň ozaly
Hem-de ahyry.

Aýal diýilýän zat – howanyň bugy.
Ýagyş diýilýän zat ýagmandyr bugsuz
Aýal diýilýän zat – gözleriň ýagy,
Göreç diýilýän zat
Görmezmiş ýagsyz.

Aýal diýilýän zat – Ýerdäki taňry.
«Aňry otur!» diýip aýdylmaz taňra
Aýal diýilýän zat – bir ene gumry,
Ýanyndan ýer bermez
Üçünji gumra.

Aýal diýilýän zat – seniň kemalyň,
Aýala görädir erkegiň reňki.
Aýal diýilýän zat – Seniň Aýalyň,
Ol diňe seňki!
Ol diňe seňki!

Aýal diýilýän zat – owadan ene.
Döreder bagrynyň görküne görä.
Gyzyny meňzeder öz enesine.
Ogluny döreder
Erkege görä.

Aýal diýilýän zat – şu günki gyzlar.
Ertirki eneler. Ýylgyrjak dişler.
Ýylgyrmajak dişler «Jäk-jäkli» bazar.
Ýakalardan çykjak
Ak süýtli döşler.

Aýal diýilýän zat – meň-de ykbalym.
Ol – çüýrän toraňňym. Ilkinji söýgim,
Aýal diýilýän zat – enem, aýalym:
Agym, gülkim, ünjim,
Ömürlik bergim...

## Mukaddeslik

Iň uly Söýgini görkezdi ykbal.
Men mundan ýokarda görmändim Söýgi:
Bar gaýgym guçmakdy Başky söýgüde.
Bu söýgüde weli –
Guçmazlyk gaýgy.

Iň uly Hasraty görkezdi ykbal.
Men mundan ýokarda
Görmändim Hasrat:
Sataşdy
        wagtyndan giç doglan Bagt,
Tutaşdy
        wagtyndan giç tütän Kysmat.

Iň uly Synagy görkezdi ykbal.
Men mundan ýokarda
Görmandim Synag:
Gyzaryp, garalyp öňümden çykdy
Tupan dek Sorag.

Iň uly Gaýraty görkezdi ykbal,
Men mundan ýokarda
Görmandim Gaýrat:
«Ilerik! Ilerik!» Gygyrdy ýürek.
Beýni hem gygyrdy: «Gaýrak! Gaýrak!»

Iň uly Ynsaby görkezdi ykbal.
Men mundan ýokarda
Görmändim Ynsap:
Ilerligne tarap birje ädäýseň –
Bulaşjak hasap.

Iň uly Päkligi görkezdi ykbal.
Men mundan ýokarda
Görmändim Päklik:
Gysdy gujagyna Ony hem Meni
Mukaddes Täklik...

Iň tämiz Goşgyny ýazdyrdy ykbal.
Aýylganç setirler, ýoluňyz rowaç!
Maňa bu goşgyny Beýni ýazdyrdy.
Beýni buýruk berse,
                    Ýürek bialaç...

## Gyzlar hem şahyrlar

I

Gyzlar, gyzlar
Siz dünýäniň bezegi.
Bu dünýäden dünýä bolarmy sizsiz?
Asmanyň, zeminiň bar gözelligi
Siziň gaşyňyzda bir agyz sözsüz
Dyzyna çökýär, duz kessin...

Haçan başlandyka siziň waspyňyz?
Ol waspyň öňi ýok, gutarmaz yzam.
Siziň ýaly taryp edilen däldir
Patyşalar-a däl,
Allanyň özem.

Dünýe döräp size aýdylan waspyň
Müňden bir bölegin aýtsalar bize –
Ýagny erkeklere – onda biz bir wagt
Däliräp, dübleşip, çykardyk düze.

...Size agaçlaram, güllerem aşyk.
Bagbanyň özi-hä aşyk has beter.
Altmyşdanam aşan gojadyr weli,
Yzyňyzdan ogryn-ogryn eseder.

Men gül ýolsam şol bagbanyň bagyndan –
Gül aglar, bagbanam taýagyn salar.
Siz ýolsaňyz gül bagbanyň bagyndan –
Gül güler, bagbanam görmedik bolar.

Siz çöle barsaňyz – ýaňaklarňyzy
Sazaklar sazakdan gabanyp ogşar.
Siz derýa girseňiz – aýaklarňyzy
Balyklar balykdan gabanyp ogşar.

Siz daga çyksaňyz – keýikler sizi
Keýikmikäň öýdüp ysgaşyp öter.
Näzikler içinde iň näzigi siz,
Beýikler içinde ondanam beter.

II

Köşek gözli, goýun gözli gözeller,
Gara gözli,
mawy gözli gözeller,
Maral gözli,
hüwi gözli gözeller,
Bir-birinden
gowy gözli gözeller,

Şahyryň gaşynda siz otursaňyz,
Müň ýyl gözün gyrpman bakmagy mümkin,
Ýöne weli ýaman göz bilen däl-de,
Sizi ýaman gözden saklamak üçin.


enedilim.com

Ömürboýy siziň gözleriňizden
Goşgy okap; goşgy gözleýän gözler
Birden alaç tapman gyrpylaýsa-da,
Şöhläňizden gamaşýandyr, gözeller.

Diňe gözlerňiziň şöhlesi däl-de,
Egin-egne berip köçä çyksaňyz,
Öň mahal ýer basan aýajyklarňyz,
Şor basan, kir basan aýajyklarňyz,
Çöp basan, çör basan aýajyklarňyz
Gamaşdyryp barýar gözleri bu gün,
Köçelerden aýak derýasy akýar.
Ol derýaň şöhlesi kän ýigitleri
Käteler büdredýär,
Käte-de ýykýar.

Siziň bolsa gaýta böwregňiz bökýär.
Olaň büdreýşine gülýäňiz gaýta.
Wah, diňe ýigitleň büdreýşine däl,
Ýeriň ýarygna-da gülýäňiz käte.

Gaşymdan lowurdap siz ýöreseňiz,
Meni hem büdredip ýykmagňyz mümkin.
Ýöne bir goşgyny menden alyň siz
Her gezek büdredip ýykanňyz üçin.

«Aýajyklarňyz, wah, aýajyklarňyz»...
Diýip, ömürboýy gaýtalan Puşkin
Göräýse şu günki aýajyklary,
Ýörite-ýörite büdremek üçin
Köçelere seýle çykmagy mümkin.

Köçeden lowurdap siz ýöreseňiz,
(Meniň göwnüme-de bolmagy mümkin)
Siziň özüňizem käte-käteler
Biri-biriňize şeýle bir içgin,

Şeýle bir hyrydar seredýärsiňiz.
Diýdirýär: özlerem özüne aşyk.
Şeýdip gözellige bakar gözellik,
Şeýdip haýran galar ýaşlyga ýaşlyk.

Siziň yzyňyzdan seredip şonda,
Kiçijik howsala duýýaryn käte.
«Gözelligi, goý, synlasyn gözellik,
Emma gorasynam!» diýýärin käte.

Wepadar muşdakmy,
Biwepa muşdak –
Siziň aşyklarňyz köp bolýar örän.
Goraň siz, goraň siz gözelligňizi,
Her dürli muşdaklaň köpdügne görä.

Muşdaklaň özüniň köplügi ýaly,
Olaryň gepi-de köp bolýar örän.
Goraň siz, goraň siz gözelligňizi,
Käte gepiň ýöne gepdigne görä.

Uruşmy, ýaragmy,
Adatmy, dinmi –
Gözellik ýagysam köp bolýar örän.
Gözelligi baýdak edip göteriň,
Heniz gödekligiň köpdügne görä.

III

Şahyr – ähli gözelligiň dogany,
Şahyr
        ähli gödeklige ýagydyr.
Haýsy halkda gowy gyzlar köp bolsa
Şo ýerleriň şahyrlaram gowudyr.

Haýsy ýerde gowy şahyr köp bolsa –
Şo ýerleriň gözellerem edepli.
Şahyrlaryň mekdebidir gözeller,
Şahyrlaram gözelleriň mekdebi.

Häzirem şeýledir,
Ýene şeýle bor.
Şeýdip kemal berer mekdebe mekdep.
Ýöne weli siziň gözelligňiziň
Ysy has päkize,
Reňki has köp.

Her gözden seçilýär özüçe mähir,
Her ýüzden seçilýär özüçe güneş.
Biziň weli käbir şahyrlarmyzyň,
Sesem, ýüzem, ýaşam, reňkem meňzeş.

Bizem özümiziň goşgularmyzda
Nusga alyp siziň dürlüligňizden,
Dürli reňkli, dürli ysly bolmagy
Öwrenip bilsedik, gözeller, sizden.

Şonuň üçin
şony öwrenjek bolup,
Gözümiz aýyrman gözleriňizden,
Käteler öteräk seredäýsegem.
Gaty görüp durmaň, gözeller, bizden!

## Aşyk ýigidiň alty haty

1

Sen hakda her säher pikir etmesem,
Günüm ötmeýär, Maýsam.
Sen hakda her agşam oýa batmasam,
Daňym atmaýar, Maýsam...

Güýze golaý yssy ýatyşýar weli,
Söýgi ýatmaýar, Maýsam.

2

Ýöreýän eýläk,
Ýöreýäň beýläk.
Geçýäň ilerik,
Dolanýaň gaýrak.
Ökjeleň çişi
Çümse-de niräk –
Ýere däl, ýüregme sünjüp geçýär yz...
Wäk, wäk, ýuwaşrak basaweri gyz!

3

Garaşdym, garaşdym.
Gelmediň Maýsam.
Ýa-da tapyldymy bir mekir duşman?
Goý, duşman tapylsa tapylybersin,
Tapylyp, kän gezek edipdi puşman.
Bu gezek hem
Şeýle boljagy hökman...
Dost tapynan bolsaň,
Men şondan gorkýan.

4

Urundym ugruňda. Gyryldy ganat.
Ýalbardym asmana: «Ýüregimi giň et!»
Ne gökden, ne ýerden giňlik ýetişdi.
Bu yşkyň etdirýän oýnuna äňet.

Hiç kellä gelmejek bir işi etdim:
Seni dogran enä
Okadym nälet...

5

Körük lowlap durka ýanyp hem öçüp,
Aýrylşyp bilenok Sandaldyr Çekiç.
...Men Seniň ýanyňa barmak islämok.
Emma duşuňdanam bilemok geçip.

6

Menden-ä rugsat –
Näme etseň et.
Ýandyrsaň ýandyr,
Tütetseň tütet.

Aglatsaň aglat,
Güldürseň güldür.
Saýratsaň saýrat,
Öldürseň öldür.

Ýöne bir zatda
Goýbermegin köst:
Gülmesin duşman,
Gyýylmasyn dost.

## Dört pasylyň döreýşi hakynda

* * *

Bagyşla sen günämi, bagyşla sen, Ýaradan!..
Ozal başda adammyş dört pasyly ýaradan.

Bir mahallar bir ýigit ajap gyzyn ugrunda
Ýanyp, öçüp sebsäpdir. Ot döräpdir bagrynda.

Şeýdip lowlap gelýärkä okeanyň deňinden,
Doňup ýatan okean bugarypdyr deminden.

Ýuwaş-ýuwaş bugaryp, pagyş-para eräpdir.
Şeýdip dünýäň ýüzünde birden Tomus deräpdir.

* * *

Derelerden geçipdir, derýalardan geçipdir.
Erän buzuň suwundan gana-gana içipdir.

Ajygypdyr ýaş ýigit. Bir gysyma dönüpdir.
«Iý, miwämden iý!» diýip, Güýz äleme inipdir.

* * *

Doýup dürli iýmişden,
Ýüzün tutup ummana,
Aşyk ýigit ýoluna bolanmyşyn rowana.

Bir gapdalda jeňňellik, bir gapdalda derýamyş,
Güýzüň salkyn şemalyn içip gidip barýamyş.

Her deminde gaýtalap magşuk gyzyň adyny,
Labyrdadyp barýamyş ýüreginiň oduny.

Al-asmandan syn edip aşyk ýigdiň halyna,
Güýzi beýläk süýşürip, Gyş inipdir äleme.

Öçüripdir ýigidiň ýanyp barýan öýkenin.
Şunça gelmedik bolsa, öýken köýjek ekeni.

* * *

Sorup-sorup içine Gyşyň beren dermanyn,
Ýigit syryp gidipdir buzly derýaň kenaryn.

Üç jülgeden aşypdyr. Üç dereden aşypdyr.
Dördülenji jülgede söýgüsine duşupdyr.

Şo bada-da jakgyldap, saýraşypdyr bilbiller
Dünýä Bahar gelipdir. Gunçalapdyr bägüller.

Ýigit gyzy ogşapdyr. Gyz ýigidi ogşapdyr.
Dünýämiziň ilkinji poemasy başlapdyr.

Adam
Söýgiň öňünde egip goşa dyzyny,
Şondan bäri ýazyp ýör şol poemaň yzyny.

## Saňa

*G. A.*

Seni derýa bilen deňeşdirdim men,
Seni sähra bilen deňeşdirdim men,
Saňa «Asman bilen boýdaş!» diýdim men,
Saňa «Gara ýere meňzeş!» diýdim men.


enedilim.com

Aýa, Güne, Akmaýanyň süýdüne,
Daňa, Zöhrä – meňzetmedik zadym ýok.
Hem-a şolaň hemmesine meňzeş sen,
Hemem olaň hiç haýsyna meňzäňok.

## Ýaşlyk dramasy

*Meniň ýigit wagtym*
*Seniň gyz wagtyň...*

Ybraýym Ýusup

Gaňňalyň oýunda – Tejende galdy
Meniň ýigit wagtym, seniň gyz wagtyň.
Okgeçmez ýylgynlaň içinde galdy
Meniň ýigit wagtym, seniň gyz wagtyň.

Bir ýandan uruşdy, bir ýandan hasrat.
Hasrat bolçulykdy, hezillik gahat.
Şol ýowuz ýyllara gelipdi gabat
Meniň ýigit wagtym,
Seniň gyz wagtyň.

Däriler ýanýardy, ys köpelýärdi,
Gidýänler gelýänden has köpelýärdi,
Toýlar azalýardy, ýas köpelýärdi
Meniň ýigit wagtym,
Seniň gyz wagtyň.

Söýüşmek düşmejek ýalydy ýada.
Emma Söýgi diýen jadyly zada
Höküm etmez eken hiç hili kada,
Heniz ýigit wagtyň,
Heniz gyz wagtyň.

Diýerdim: «Geregim, çen boldy, oýlan!
Ähli boýdaşlaryň başlary boglan...»
Sen diýerdiň: «Garrap barýarmyň, oglan?
Äwmäň öz wagty bar,
Sabryň öz wagty!»

Boýnuňdan gelerdi jeňneliň, ysy,
Goýnuňdan urardy tümmüliň ysy,
Demiňden kükärdi müň gülüň ysy
Meniň ýigit wagtym,
Seniň gyz wagtyň.

Kem-kemden golaýlap lebiňe lebim,
Çabyrap başlanda demiňe demim,
Näz bilen iterdiň: «Hany edebiň?
Söýgi bulaşmazmy
Edep az wagty?..»

Oňuşmaly bordum saçlaryň ysgap,
Leb gadagan wagty – olam bir hasap.
Ýöne beýle hasap düşmezdi aňsat:
Hasap ýitýän eken
Dyzba-dyz wagtyň.

Çykarmy ýadymdan şol täsin pursat?
(Çykjak bolaýsa-da bermen rugsat!)
Gursagmyň üstünde gürsülläp gursak,
Keteniň içinde
Gyzyl köz wagtyň.

Sagatlar tiz geçdi, tiz geçdi şeýle.
Ýaňja-da guşlukdy, bolupdyr öýle,
Sen diýdiň: «Pylan jan, gaýdaly öýe,
Ýigdiň öz wagty bar,
Gyzyň öz wagty».

Şo mahal ýokardan geldi bir owaz,
Seretsem toraňňy urup dur perwaz
«Aşyklar, ýene-de sabr ediň biraz,
Görmändim saýamyň
Beýle ýaz wagtyn!»

Derýa hem seslendi: «Etmäň ätiýaç,
Size kast etjege taparyn alaç.
Siziň kimin birek-birege mätäç
Görüpdim ne derýa,
Ne tekiz wagtym».

Asmanda pel-pelläp bir goja bürgüt,
Gygyrdy: «Siz juda mynasyp jübüt.
Ýöne weli gyşa galaýma, ýigit,
Miwe ýetişdimi –
Ýygna güýz wagty!»

Tokaý bürgüdinden alyp ak pata,
Gyşa galmazlyga edipdik wada.
Ýa sen sada bolduň ýa-da men sada,
Birden tupan gopdy Dünýäň ýaz wagty.

Bilmedim, nämäniň hesibi boldy,
Eneň bir sawçynyň ýesiri boldy.
Şeýtdi-de özgäniň nesibi boldy
Meniň ýigit wagtym,
Seniň gyz wagtyň.

Atdylar maşyna. Ses etdiň aglap.
Topuldym. Çekdiler golumdan towlap.
Bir menzile gitdim yzyňdan ylgap,
Gök kürtelem bolsaň,
Entek gyz wagtyň...

Bir gujak alynsaç, bir gujak çokul,
Üç gujak örümsaç, on gujak akyl –
Şunça hazynany bir kürtä bukup,
Ýitdiň gözlerimden Daňyň saz wagty.

...Dogry aý ýarymdan dolandyň sen soň.
Öň meňkidiň weli, meňki däl onsoň...
Şonda men diýipdim: «Sen bagtly bolsaň,
Hem-ä meniň bagtym,
Hemem öz bagtyň».

Şo bada ýüzüňde göründi ünji.
Gözleriňden gaçdy üç sany hünji,
Soň gaçdy dördünji onsoň bäşinji...
Şoldy iň mert wagtyň,
Iň ejiz wagtyň...

«Içerde otursam – ýüregim gysýar.
Daşa çyksam – asman depämden basýar».
Şu goşgyň, henizem bagrymy kesýär,
Tas şahyr bolupdyň
Çuwalgyz wagtyň.

Tas şahyr, bolupdyň. Borduňam, belkem.
Şahyrlyk ýangyndan başlanýan eken.
Ýene gaýdyp gitdiň. Sowaşdym kem-kem,
Şonda-da kuwwat sen
Her ýalňyz wagtym...

Kim bolsa-da saňa sataşan kişi,
Çagalaň bagtyna sag bolsun başy.
Ýöne seň başyňa salaýsa gyşy.
Gijä öwrülmezmi
Oň gündiz wagty?

Çümdürse eliňe ýekeje tiken,
Şol tiken müň bolup bagryma çöker.
(Şygryma düşüner yşk ýükün çeken,
Çekmedik ýitirer
Öz eziz wagtyn).

Ýene şuny bilsin ol bagtly oglan:
Beýle gyz dogmandy, indi hem dogmaz.
Dogsa-da ýüz ýyldan bir gezek doglar,
Onda-da säheriň
Iň tämiz wagty...

...Arada aýlandym Tejen ýerlerne,
Ýaşlyk ýyllarmyzyň geçen ýerlerne,
Seredip gözýaşyň seçen ýerlerňe,
Geçirdim bir gije,
Bir gündiz wagtym.

Gaňňaly hem otyr öňki ýerinde,
Toraňňy hem otyr öňki ýerinde,
Şol derýa hem ýatyr öňki ýerinde.
Bir tapmadyk zadym öňki ýerinden –
Meniň ýigit wagtym,
Seniň gyz wagtyň.

## Ýatlamadan

Görmekçidim bagtymy.
Gyş gunüdi. Guşlukdy.
Gyşda Söýgiň wagtymy?
Ah, ýaşlykdy, ýaşlykdy!

Ne gyş, güýzi bilýär ol,
Ne gündizi bilýär ol.

Diňe gyzy bilýär ol.
Giden göwni hoşlukdy.

Saldyň başa nä gün, gyz?
Nirä gaçýaň? Sägin gyz!
Bägül gabak bägül gyz
Göz ümledi, daş çykdy.

Ýene gyňyr bakmady.
Myhman diýip çaklady.
– Ýumurtgaňyz ýokmudy?
– Wah, ketegmiz boş çykdy.

Çyn aşykdym, höçjetdim.
Şol gyz diýip ötjekdim.
Ýumurtgany nätjekdiň?
Kisäňem-ä boşlukdy.

«Ýokmy?» diýip eglendim.
Ýokdugyna begendim.
Bir garypja oglandym.
Bar baýlygym Ýaşlykdy.

Diýdim: «Ertir... nemede...
Geläýerin ýene-de...»
Öýden çykdym. Kümede
Gara gözler gaş kakdy.

Hatym berdim Geregme.
Aram girdi ýüregme...
Agşam iýjek çöregmem
Peşgeş berdim.
Açlykdy.

Nan – iň uly sowgatdy.
Tutdurmazak tez atdy.
...Gije geçdi. Daň atdy.
Şol – iň belent buşlukdy.

Çykmalydyk kenara.
...Geldi meňzäp çynara.
Näm bolduka ýanwara?
Tokaýlykdan gyş çykdy.

Görejine garadym.
Alynsaçyn daradym.
...Üç aý geçdi aradan –
Gyzyň ýeri boş çykdy.

...Şahyr, sesiň kes indi.
Söndi otly kesindi.
Ýaňrap ýörme, bes indi.
Agtygyňa diş çykdy.

## Maşgala basan şahyryň elegiýasy

Häzirki zamanmy, Öten zamanmy,
Ýa Geljek zamanmy – bermezdim ünsem.
Bu gün Öten zaman işligne bakyp,
Uludan dem alyp,
Oturýan ümsüm...

Indi ençe ýyldyr,
Söýgi hakynda
Öten zaman bilen ýazýaryn şygyr.
Eý, taňrym! «Söýýärin» diýmegiň ýerne
«Söýüpdim...» diýmeklik niçiksi agyr.

«Söýýärin sen gyzy, söýýärin!» diýip,
Goşgy ýazýan günlem düýndi-le weli,
Indi goşgy ýazsam «Söýýärin!» diýip,
Çakyp dur her ýandan her kimiň dili.

Goňşularym diýýär: «Alty çagaň bar...»
Redaktor diýýär: «Saçyňam çap-çal.
«Söýýän! Söýýän!» diýip, gaýtalap ýörmek
Indi bu ýaşdan soň – gelşikli gep däl.

Özüňe-de nep däl,
Bize-de nep däl.
Dogry, dogry, entek ýaşyňam köp däl.
Bary-ýogy ýaňy ätläpsiň kyrkdan.
Şonda-da on sekiz ýaşly gyz bile,
Ýeri, aýt, nämişiň barmyşyn parkda?»

«A-haw, parka barýan meniň özüm däl,
Liriki gahryman!! Liriki geroý!
Ynanmasaň, ynha Mollanepesem,
Hanha Şipaçewem oka-da göräý, –
Biri ýetmişinde, biri altmyşda,
Ikisem hemişe parkyň içinde.
Ýeri, näme, meni jyn urupmyşmy
Aýny ýaşda, ýaňy kyrkyň içinde?»

Diýip, her niçikdir olaň deminden
Müň bahana tapyp sypýaňam welin,
Öýe gelseň çagajyklaň öňünden
Gaçmaga gapy ýok,
Sypmaga delil.

Körpe ogluň diýýär: «Kaka, aý, kaka,
Goşgyňy gazetde okadyk ýaňy.
Bir gyzy söýýärin diýipsiň weli,
Kaka, söýýän diýýän şo gyzyň hany?»

Ýüzüňe seredip has tokar ogluň,
Gaýta has beterin üstüne goşýa:
«Söýýän, söýýän!» diýip ýörsüň-le, kaka,
Kaka-da gyzlary söýer oguşýa?!..»

Ýene-de bir çagaň, has lälik çagaň
Gerşiňe atlanyp, saçyňdan çekip,
Diýýär: «Indikide parka gideňde
Kaka, şo gyz bilen meni hem äkit!»

Ýeri, enesine näme gerekmiş!
Olam hezil edip gülmäge derek,
Gaýta siltenjiräp, ýüzüni sallap,
Ne-hä çaý getirýär, ne-de bir çörek.
Gaýta hüňürdeýär: «Çaý-suw isleseň,
Şo gyzlaň ýanyna ötäýtmek gerek!»

Garaz, bir tarapdan –
Çagaň, goňşulaň,
Beýleki tarapdan –
Redaktoryň,
Keýwanyň hem – üçülenji tarapdan,
Şolara baglyrak seniň takdyryň.

Biri siltenjiräp,
Biri öýkeläp,
Biri akyl berip ýuwaş-ýuwaşdan
«Söýýän!» diýen sözden mahrum etjekler...
Mundanam bir mydar bormy, ýoldaşlar!

## Ýene-de özüme

Ömrüň nämedigin ile öwredip,
Har etdiň öz ömrüňi.
Haýryň nämedigin ile öwredip,
Kör etdiň öz haýryňy.

Döwrüň nämedigin ile öwredip,
Galdyň ýyndam döwrüňden:
Sen pyýada, köpler çapýar maşynly –
Süsäýmesin böwrüňden!

Kelläň nämedigin ile öwredip,
Galdyň öýdýän kellesiz.
Hiläň nämedigin ile öwredip,
Ömrüň ötdi hilesiz...

Goşgyň nämedigin ile öwredip,
Özüň galýaň goşgyňdan.
Yşkyň nämedigin ile öwredip,
Öwlýäkessin, özüň galjak yşkyňdan...

## Söýgi näme?

«Söýgi näme?» diýip soradym Taldan.
Ol diýdi: «Söýgimi giderip goldan,
Örtenip, miwesiz galdym men, guzym.
Indi miwäm ýok-da,
Boýum bar uzyn».

«Söýgi näme?» diýip soradym Hozdan.
Hoz diýdi: «Ýeňilip bir ajap gyzdan,
Gabygym gatady, çürüşdi maňzym.
Ondan beýlesinem
Özüň bil, oglum!»

«Söýgi näme?» diýdim bir gara Garga.
Ol diýdi: «Sataşyp yşk diýen urga,
Garalyp galdym men: bişirdi hazan.
Edil pamyk ýaly
Ak guşdum ozal».

«Söýgi näme?» diýip ýüzlendim Serçä.
Ol diýdi: «Entedip gijeden gijä,
Agrammy mysgala getirdi yşkym.
Men ozal dünýäde
Iň uly guşdum».

«Söýgi näme?» diýdim zynjyrly Dälä.
(Pikirini bilmek aýyp zat däl-ä!)
Däli jogap berdi elhenç ses bilen:
«Men, men, men...
Ynha, Söýgi men!..»

«Söýgi näme?» diýdim bir ajap Gyza.
Ol iki elini uzadyp yza,
Diýdi: «Söýgi meniň edebim, haýam.
Ýogsa şol ýigidi
Guçardym eýýäm!»

«Söýgi näme?» diýdim Şahyra garap.
Şahyr bir ýylgyrdy kellesin yrap.
Diýdi: «Sorag bar-da, jogap ýok yşka,
Jogap bir başgadyr,
Söýgi bir başga!»

## Okyjynyň «Altynyň biri» hakyndaky sowallaryna jogap

*Gyzlaryň gowusy gyşyk çatmadan çykar.*
Nakyl

Çatmadan çykanda gyzlaryň gowsy,
Gupbadan eşdiler sazlaryň gowsy.

Bir gupba ýüz öýe ýaýradar buşluk.
Gyşyk çatmalarda oýanar ýaşlyk.

Bir gyz iki bolar.
Soň ýeter üçe.
Onsoň iki üçe... Görklener köçe.

Alty boýdaş jora ugrarlar bäri.
Öňün başlap gaýdar altynyň biri...

Biri daga meňzär, bäşisi gaýa...
Dag gyz bedre sallar kyrk gulaç guýa.

Çepiksije oglan bir ýerden çykar.
Geler-de dag gyzyň öňünde çöker.

«Armaweriň, gyzlar!..» Bedräni götär.
(Bedre-de titrär, oglanam titrär.)

«Bar boluň!» Ýylgyrar gyzlaryň gowsy.
Azajyk epiler dyzlaryň gowsy.

Mele ýeri öper saçlaryň gowsy.
(Meger, on ýedidir ýaşlaryň gowsy...)

Açykdyr göwünler, tämizdir ýürek.
(Tämiz söýgä mydam tämizlik gerek!)

Erninden suw beren kümüş bedreler
Çaýkanyp, çaýkanyp öýe giderler.

Gaňrylyp, gaňrylyp altynyň biri,
Öýlerne ýetýänçä sereder bäri.

«Baý, baý, ýigit çykyp
gidipsiň senem!..»
Körär ýaş ýürekde kiçijik ynam.

Girer gyşyk çatma gülleriň gowsy.
Ýapar gapykilmi elleriň gowsy...

...Gün geçer, aý geçer.
Şol gapykilim
Aýsyz gijelerde
Serpiler telim.

Şondan ýanyp çykar şemleriň gowsy.
Gaşyňy çirkizer demleriň gowsy.

Tapylar dünýäde sözleriň gowsy,
Gözüňe bakanda gözleriň gowsy.

Gözler bir-biriniň suratyn çeker.
Açlyk, horluk, uruş ýadyňdan çykar.

...Uruş tamam bolar. On ýaşar Ýeňiş.
Mis reňk ýüzlere çaýylar kümüş.

Ak jaýa öwrüler şol gara çatma.
...Şahyr, senem indi garalyp ýatma.

Stolda boş ýatyr Söýginiň igi.
Aýla, pyrla, egir
Dyňzasyn Söýgi!

...Sözden pişge dörär, pişgeden şygyr.
Alty sany bendi egirer bagyr.

Dört ýa bäş bolýandyr
aýdymlaň bendi.
Bu näm üçin beýle – altyka indi?

Adalatly bolar şahyrlyk käri.
(Ýetsin joralaryň hersine biri!)

...Ýaňy ýigitlikden saýlanan şahyr,
Elli ýaşly, bagşa goşgusyn gowşyr.

Eýýäm elli bäşe ýetendir bagşy.
Henizem gyltyzdyr aýdymyň nagşy.

Agtar ol, agtar ol, ýene-de agtar...
Bir gün ýarygije kükürär dutar.

Jägildäp dogular sazlaryň gowsy.
Bogun-bogun söker gyzlaryň gowsy.

...Goý, jogapsyz galsyn iň soňky sowal
«Kim ol gyz? Nirede?..»
Bilmek hökman däl.

Ol meniň öz syrym. Jogaby – sessiz.
Ol syr
özüm bilen
Mazara gitsin.

Bägüle öwrülip,
Çyksyn paşyrdap.
Şol gyzyň adyny
Tutsun pyşyrdap.

### Ýalňyzlyk edýär

Senemmiň, Sülgünmiň, Maýsamyň, Maral –
Görküňden ähli at ejizlik edýär.
Heniz goşaryňa degmändir gara el:
Goşarlar mukaddes berhizlik edýär.

Bolup biler eken beýle ezizlik.
Dogulalyň bäri ýüküň tämizlik.
Bir gözüň ýüregmi etse gündizlik,
Bir gözüň beýnimi gündizlik edýär.

Görmändim seňki dek mukaddes eli.
Her eliň açypdyr bäş sany güli.
Ol gülleň waspyny ýetirjek weli,
On barmaga
bir dil ejizlik edýär.

Dünýäň ähli dilin bagrymda ýugrup,
Sözleriň içinden geregin sogrup,
Iň Beýik Goşgyny ene dek dogrup,
Gerinsedim... Arman, güýç azlyk edýär.

Ynsabyň arkaýyn, ruhuň arassa.
Daşyňda pyrlandy ýüzläp neresse.
Çeýnejek çöpleri däldi, seretse...
Indi alaç tapman, gepbazlyk edýär.

Beýle tämizligi kimden we neneň
Öwrenip bildiň sen? Bilsedim menem.
Namazlyk tapmasa garryja eneň –
Çabdyňy özüne namazlyk edýär.

Şonda men
içimden diýipdim enä:
«Öpüpdim şol çabdyň bir ýeňinden-ä...»
Öpenim günämi? Öpmänim günä?
(Belki, ikisi-de tämizlik edýär.)

Geçmändim,
geçemok,
geçmenem öte.
Sen mähriban ene, men eziz ata.
Ýöne hoş sözüňi gysganma käte,
Ýogsa ýürek juda ýalňyzlyk edýär.

## Söýgi illýuziýasy

«Görünmeýän adam» filminden çykyp,
Görünmeýän boldum... Eý, aman, aman! –
Ne-hä salam alýar öňümden çykan,
Ne berýär salam.

Barýaryn. Öňümden bir dostum çykdy.
Ynanyň – maňa çyn, size-de ýalan –
Men-ä salam diýip gygyryp durun.
Dymyp dur olam...

Şäheriň deň-ýaryn aýlanyp çykdym.
Il meni görenok, men ili görýän.
(Baý, baý, görünmeýän adam bolmaklyk
Eýmenç zat örän!)

Gün öýleden ýetdi, ikindä ýetdi.
Syrym gizlejek däl: birden hopukdym.
Onýança bir gözel deňimden ötdi:
Saçy – topukdan.

Barýan yzy bilen garama-gara.
Säginse säginýän, ýörese ýörýän.
(Ýok-ýok, görünmeýän adam bolmaklyk
Gyzyk zat örän!)

Ol gyza ozalam duşýardym käte.
Emma synlap bilmän köýerdi içim.
Bol indi, synlaber synlasaň näçe,
Wah, göter saçyn!

Ýogsa ýere degip boljak ol hapa.
Tämizlik ýaraşýar beýle saçlara.
Saçam saç-la weli, wah onuň özi
Tämiz maşgala.

Tämiz maşgalanyň görki başga-la,
Ýer ýüzünde kändir saç bilen çokul.
Saçyna-da bakyň, ýöne, wah, onuň
Gözlerne bakyň.

Barýar ol mermerden ýasalan ýalak,
Ne-hä kelç-külçi bar, ne-de ýalt-ýulty.
Goşaryna bakdy – näçekä sagat:
Bäşi kem alty.

Ädimi tizleşdi. Sowuldy gaýrak.
Megerem ugrandyr öýlerne garşy
Asman bolsa barha gamaşyp barýa.
Ýagmasa ýagşy!

Onýança-da birden başlady çabga.
Gözel eýläk-beýläk bakdy bialaç.
Ne-hä ellerinde saýawan bardy,
Ne-de bir plaş.

Derrew plaşymy gerdim üstüne.
Seçsin bulut, ähli seçjegin seçsin!
Eýýäm öz endamym öl-myžžyk boldy.
Boluplar geçsin!

Bulutlaň üstüne ülňeşip bulut,
Ýagdy çabga, ýagdy, şeýle bir ýagdy.
Bütin dünýä suw-sil. Gözeliň bolsa
Gus-gury çabdy.

«Bu näm üçin beýle? Pyşyrdady gyz.
Tasdan gygyrypdym: Wah, meniň üçin!
Emma gygyrmadym, zordan saklandym
Gorkmagy mümkin.

Onýança-da gyzyň aýagy taýdy.
Bir ýana ýykyldy. Göterdim basym.
Götermek şeýle bir kynam düşmedi:
Bili bir gysym.

Şeýtdim-de ugratdym tunnele çenli.
Çabga-da köşeşdi. Syryldy bulut.
Birden garşymyzdan bir ýigit çykdy
Dag ýaly bolup.

Geldi-de gözeliň elinden tutdy.
Gitdiler tirkeşip. Galdym bialaç.
Durun, doňan ýaly seredip durun.
Elimde plaş.

Gitdiler tirkeşip, gitdiler uzak,
Diýdim öz içimden: «Mynasyp jübüt!»
Emma ýürek weli urýar gürsüldäp:
«Goýup git ol gyzy,
        goýup git, ýigit!»

## «Aýna» teležurnalynyň täze ýyl sanynda okalan goşgy

Näme arzuwym bar
Aýal-gyzlara –
Aýna gelinlere,
Aýna gyzlara?

Aýna gözellere ilki arzuwym
Iki sany ganat: Zähmet hem Edep.
(Şol iki ganaty edinmeseler -
Alysa uçurmaz hiç hili mekdep!)

Ikinji arzuwym: Aýna gözeller
Aýna ýaly döwülmesin hiç haçan!
Elmydama
        biz olary öweli,
Öz-özleri öwünmesin hiç haçan!

Aýna gelinlerden, aýna gyzlardan,
Aýna gözellerden ýene bir haýyş:
Leblerňize gözel sözler gelişýär.
Hiç haçan, hiç haçan
Geplemäň paýyş!

Arzuw diýen zadyň araçägi ýok.
Ýene bir arzuwym: ownuk gybatdan
Has belentde boluň!

Ownuk gybatlar
Käte mahrum edýär
Uly ganatdan.

Aýna gelinlerden, aýna gyzlardan
Ýene bir haýyşym, möhüm haýyşym:
Gabanç däl-de, Söýgi diýip düşüniň
Çyn erkegiň, goç ýigidiň käýişin!

Şahyrlar, elbetde, arzuwçyl bolýar.
Ýene bir arzuwym, uly arzuwym:
Köne ýyl kim-kimden öýkelän bolsa,
Täze ýylda geçsin şonuň ýazygyn.

Aýlar
Ýigidinden öýkelän bolsa,
Ýigitler
Aýyndan öýkelän bolsa,
Gaýynlar
Gelinden öýkelän bolsa,
Gelinler
Gaýyndan öýkelän bolsa –
Köne öýke Täze ýyla geçmesin,
Köne ýylda galsyn köne öýkeler.
Öýkelek külbikä meňzemesinler
Orta barmak ýaly Aýnabikeler!

Aýna gyzlar söýsün söýen şekilli,
Aýna gyzlar köýsün köýen şekilli.
Söýmeýän Aýnalar
                    söýmeýänine
«Ýok, söýemok!» diýsin
Diýen şekilli.

Aýnalar söýgide sypaýy bolsun,
Emma mahal-mahal bolsun gedemräk.
Lak atýan ýigidiň kimdigne görä –
Kä sypaýy bolsun,
Käte gödegräk.

Uzak ömür sürsün Nika aýdymy,
Jyzlanyň sesi dek bolmasyn üç gün.
Söýginiň iň uly synaglaryndan –
Arzuwym –
Aýnalar döwülmän geçsin!

## Owadan gyza

*Owadan sen, owadan sen, owadan*
Aýdymdan

*Owadanmy sen?*
Maksim Tankdan

«Owadan sen,
Owadan sen,
Owadan...»
Bu aýdym ýaňlanýar her säher, her şam.
Ýöne bu gürrüňim aýdym hakda däl,
Sen hakda, sen hakda, gara gaş uýam.

Şol aýdym aýdylsa – keşdäňi taşlap
Kitabyňy ýygnap, saçlaryň çöşläp,
Seredip ýokaryk, äňedip aşak,
Kä yzyňa ýöräp, käte öňüňe,

Aýnaň içindäki keşbiňi ogşap,
Birine pyşyrdap berýärsiň salam,
Birinden pyşyrdap alýarsyň salam.
Soň bolsa «Eje jan, men owadanmy?»
Diýäýjek,
diýäýjek,
diýäýjek bolýaň.

Asyl bir gezeg-ä diýdiň hem uýam
Şonda garry eneň öz balasyndan
Ýa-ha hoşal, ýa-da nägile bolup,
Ogşapdy gözleriň pyýalasyndan.

Sen bolsa ol posaň manysyn çözmän,
Ýene öz ýoluňa bolduň rowana.
Ne gözel ýigitler yzyňdan garap,
Biri däli boldy, biri diwana.

Bolmajagam bolsun! Şeýle bir saçlar –
Ölçemäge ýetmez kelte gulaçlar.

Şeýle bir gabaklar, şeýle bir dişler –
Baksaň – ertä galjak şu günki işler.

Şeýle bir göreçler, şeýle bir gaşlar
Üç gün bakyp dursa – ölmezdi açlar.

Şeýle bir ýaňaklar – reňki çirksiz,
Şeýle bir barmaklar – boguny süňksüz.

Gürrüňem etjek däl kirpikler hakda,
Degse deşjek (taňrym, penaňda sakla!)

Ýöne men şonda-da
Owadanmyň, däl! –
Entek belli bir zat aýdyp biljek däl.

Bir topar ot-suwdan geçeniňden soň,
Ýetmiş ýanyp, segsen öçeniňden soň,
Ajyny-süýjini içeniňden soň,
Bir ýigidi saýlap-seçeniňden soň,
Seçeninden soň hem
ol ýigit bilen
Nije menzil ýoly
Geçeniňden soň –

Men diňe şondan soň,
Şondan soň diňe,
Owadanmyň, dälmiň –
Aýdaryn saňa.

* * *

Söýgi diýilýan gudratyň
Ynsanýetiň täjidigin,
Kekre ýaly ajydygyn,
Şeker ýaly suýjüdigin
Ynandyran jeren sen,

Söýgi diýilýän gudratyň.
Haýryň, şeriň çäjidigin.
Gündiz hem-de Gijedigin,
Näzleriniň näçedigin
Görkezen sen, gören sen.

...Şeýdip geçdi ýaşlygymyz.
Ýöne onuň geçmedigin
Bir men bilýän,
Birem – sen.

## Pähim pursatlary

...Bu neneň, bu niçik söýgi bolýarmyş.
Onuň eýesi bar, seniň hem eýäň.
Ezizi garaşýar onuň öýünde.
Saňa-da garaşýar bir eziz aýal.

Ýeri, onda näme
Beýdişip durus?
Sen – onuň dogany,
Ol – seniň uýaň.
Şeýle dälmi näme?
Ol «hawa» diýýär.
Şeýle dälmi näme?
Sen «hawa» diýýäň.

Şeýdip iki «hawa» birigişýär-de,
Gözleriň öňünden syrylýar duman.
Ýoluň ýagtylanýar. Ol öýne gaýdýar.
Senem çagalarňa gowuşýaň aman.

* * *

Meni ýitirersiň... Bujagaz ýitgi
Äleme ne ýeňil, ne agyr düşer.
Ýene öňküsi dek gülüp dogar Gün,
Ýene öňküsi dek Aý dymyp ýaşar.

Meni ýitirersiň... Ýitenim bilen
Ne garalar, ne-de saralar jahan.
Ýene öňküsi dek şuwlar gara gyş,
Ýene öňküsi dek gül açar bahar.

Meni ýitirersiň... Ol ýitgi üçin
Üýtgemez älemiň ýekeje gylam.
Diňe bir sekuntlyk gygyrar toprak,
Aýylganç gygyrar: «Ýandy bu oglan!»

Gygyrar. «Köýdürdiň melguna uýup,
Söýgiň äpedin, dostlaryň beýgin.
Akylyň-a örän uludy welin,
Akylyň dek uly ýalňyşdyň, keýgim!»

* * *

Men ony söýmändim. Söýmek hakynda
Pikirem etmändim. Söýüpdi özi.
Özi, özi, özi! Onsoň men söýdüm.
Soňy näme boldy?
Agyrdy yzy.

Ýöne öňde-soňda aýtmaly bolsa,
Aýdylmagy gerek. Galmasyn kaza:
Söýülenim,
emma söýmänim üçin

Ol maňa beripdi şeýle bir jeza,
Şol jezaň astynda çekilen jepaň
Näçe tonnadygyn
bir ýürek aýdar.

– Dünýäniň ýüzünde iň betbagt kimkän
– Söýülen mahaly söýmedik adam.

## Hereket

Bilemok, bilemok,
Nämüçin durun...
Bileňok, bileňok,
Nämüçin dursuň...
Ýa yza gideli ýa-da ileri –
Gyrmyldasak bolýar.
Durmaklyk gursun!

## Täzelenen nakyl

Mahal-mahal gözleriňe
Içgin-içgin bakamda,
Pikir edýändir öýtmegin
Seniň gözleň hakynda.

Mahal-mahal ýagşy, ýumşak
Söhbet gitse arada,
Pikir edýändir öýtmegin
Saňa Söýgim barada.

Mahal-mahal alyşylýan,
Berişilýän sowgatda
Bir ýokundy bardyr öýtme
Seniň Wepaň babatda.

Mahal-mahal päkligiňi
Wasp edemde lirada,
Ol häzirki Sen däl-de,
Ozalky Sen barada.

Mahal-mahal hatyraňa
Edenimde ýagşylyk,
Ol bu günki ýagşa däl-de,
Düýnki ýagşa ýagşylyk.

Öňki gözleriň üçin,
Öňki wepalaň üçin,
Öňki sözleriň üçin,
Öňki jepalaň üçin

Müň esse artygy bilen
Üzüp ýörün hakyňy.
«Bir gün söýgä müň gün salam!»
Täzeledim nakyly.

* * *

Söýgi – dälilikdir. Däliniň bolsa
Dürs çykarmyş müň gepinden bir gepi.
Alda meni, näçe isleseň alda,
Ýöne bildirmesin ýalanyň sepi.

Sen meni aldama! Ýöne aldaýsaň –
Juda, juda, juda oňaryp alda!
Başyňy dik tutup, gözlerme bakyp,
Ýalbaryp, ýalbaryp, ýalbaryp alda!

Sen bolsa, sen bolsa... aldap bileňok,
Ýalan lowurdap dur göreçleriňde.
Sözleň erişleri ümsüm bolsa-da,
Uly gykylyk bar argaçlarynda.

Aldamazak ataň, dogruçyl enäň
Ganyndan äleme inipsiň, dünýäm.
Dogruçyl sen: asla aldap bileňok.
Wah, menem dogruçyl:
Aldasaň duýýan.

## Şu stoluň başynda

Ýazdym Seniň akylyňy apalap
Şu stoluň başynda.
Gök çaý bilen köp iýipdiň şokolad,
Şu stoluň başynda.

Synlap bugdaý ýaly agraslygyňy
Ýüz stoluň başynda,
Wasp etdim duz ýaly arassalygňy,
Bir stoluň başynda.

Ýazypdym men gözelligiň hakynda,
Şu stoluň başynda.
Ata-baba gönezligiň hakynda,
Şu stoluň başynda.

Sorapdym men: «Menden özge kimiň bar?»
Şu stoluň başynda.
Aglapdyň sen: «Senden özge kimim bor?!»
Şol stoluň başynda.

Ýazypdym men beýikligiň hakynda
Şu stoluň başynda.
...Ýazdyrmasyn dönukligiň hakynda
Şu stoluň başynda.

## Ýer bilen söýgi

Ýene-de gümra men Baş söýgim bilen.
Barýaryn gamyşlyk kenary syryp.
Bir gulaç boýumdan düşýän kölege
Ýanymdan galanok
misli bir syryk.

Kölegäm on gulaç,
Özüm bir gulaç.
Tersine bolaýsa näderdim, ýeri?
Nädip suw içerdim bir egilemde?
Nädip bir çökemde öperdim Ýeri?

Göwnüňe getirme, uzyn boýly ýar!
(Serwi dek boýuňa serim sadaga!)
Gürrüň boý hakda däl. Diýjek bolýanym:
Ýere has ýokardan bakmak gadagan!

Ýere has ýokardan bakmandyň senem,
Umydyň, arzuwyň, buýsanjyň Ýerdi.
Gözýaşyň seçerdiň şoňa egilip,
Şoňa eliň diräp, egserdiň derdi.

Gyrmyzy baýdagyň, uzyn baýdagyň
Asuda, parahat, şemalsyz günde
Seçekleri bilen Ýer öpüşi dek,
Ýeriň mazmunyna ýakyndyň sen-de.

Meniň ýüregime ýakynlygyň hem
Başlanypdy Ýere ýakynlygyňdan.
Ýeriň akylyndan akyl alýardyň,
Ýer akyl alýardy
Seň akylyňdan.

Emma akyl alyp, akyl beren Ýer
Biziň ýolumyzyň üýtgedip ugrun,
Gaýralygna tarap burdy goýberdi
Arzuwlardan doly arabaň tigrin...

Şeýtdiň-de mele saç, mele reňkiň –
Ýere ýakynlygyň güwäsi bilen,
Ýeriň arkasynda elimden gitdiň
Ýere ýakyn dälleň
Günäsi bilen...

...Barýaryn gamyşlyk kenary syryp.
Men ilerik akýan, derýa hem gaýrak.
Bu niçik, bu niçik Ýere ýakynlyk?
Häzir maňa Ýeriň üstünde
Ýer ýok...

## Sorag

Myhmanyň iň hormatlysy
Iň uly törde.
Şahyryň iň gowy sözi
Diňe ertirde.

Gowy goşgy, gowy kitap,
Iň beýik setir,
Şu günkimiz, düýnkimiz däl –
Ertirkimizdir.

Elmydama ertirdedir
Bar zadyň beýgi.
Onda näme ýok öňümde
Iň gözel söýgi?

Iň gowy el, iň gowy dil,
Iň näzli «ýok, ýok»
Yza baksam görünýär-de,
Ertä baksam – ýok.

Näme üçin yzda galdy
Iň uly kysmat?
Näme üçin ýok öňümde
Iň ajap pursat?

## Garaşýan ýigitlere

«Ynha geler...» diýip garaşyp durmak
Dünýäde iň süýji, iň elhenç zatdyr.
Onuň süýjüdigne şaýatdyr ýürek,
Elhençdigne bolsa beýnim şaýatdyr.

Ýüregim: «Dur entek, sabyr et!» diýip,
Müň süýji arzuwy beslärdi mydam.
Beýnim: «Indi gelmez, gaýdyber!» diýip,
Arzuwdan döndermek islärdi mydam.

Biri – umydygär,
Birisi namut,
Söweşe girerdi beýnidir ýürek.
Hiç haçan namuda golum bermändim,
Zyýanam görmändim...

Siziň gezek.

## Söýgi degişmesi

Jahyllyk döwrümdi. Ýagýardy ýagyş.
Ýagyş
        bir gyz bilen edipdi tanyş.
Barýardym... Palçygyň içinde ýatyr
Otuzbäş nomerli eýjejik köwüş.

Köwşüň beýlesinde aglap dur bir gyz...
«Wiý, wiý, goýaweri! Näm boldy, a gyz?»
Bir köwşüne bakyp,
Bir maňa bakyp,
Bir asmana bakyp,
Hamsykdy ýalňyz.

Topuldym. Palçykdan gopardym köwşi.
Täze goşgym bilen süpürdim köwşi.
(Gazetden yzyna gaýdypdy goşgym,
Aý, bolýa, bir derde ýarasaň ýagşy!)

Gyz
        eýjejik köwşün aýagna geýdi,
Kirpikler gygyryp «Müň sag bol!» diýdi.
(Zaýalan goşgyma ökünmedim men –
Her kirpik uzatdy müň täze beýdi!)

Şeýtdi-de, tapyldy eýjejik tanyş.
Ýene dikgirdedi gyzylja köwüş.
Garaja köwüş hem galmady ondan.
(Sag bol, jaý wagtynda yňdarlan ýagyş!)

Açyldy tanyşlyk. Gyzyşdy gürrüň.
Beýle gyz sataşyp duranok her gün.
Içimden oýlanýan: «Sallah deň-duşlar,
Wah, görüň, meň tapan gyzymy görüň!»

Gürrüňimiz şowly. Ýagdaýlar oňat.
Ýaşymyz on dokuz. Janymyz sagat.
Wah, häzir
                bar dostlam
                                görsedi meni?
Emma bir tanyşam gelenok gabat.

Aý, olar duşmaz-la duşmaly wagty!
(Güjeňläýjekdim-dä eýjejik bagty!)
Görmesiz, duşmasyz wagtynda weli,
Gulaklary misdir,
Gözleri ýagty!

...Ynha, edil düýn hem
Ýagypdy ýagyş.
Älemgoşar
            dünýä çekipdi nagyş.
Köçeden barýardym. Bir gelin duşdy.
Bäş ädim ätmänkäm – ýedi ýüz tanyş...
Biri sagdan çykýar,
Birisi – çepden,
Biri bagdan çykýar,
Birisi – çöpden.

Göýäki diýersiň, agşamky gazet –
Müňläp tiraž bilen çykýarlar çapdan.

Ýigitmiň, oglanmyň, mamamyň, eje –
Tanyşlaň deminden bug berýär köçe!
Ýyrş-ýyrş edip gelýär bir goja müňkür.
(Özüňe osma-da, geçiber, goja!)

Aýna ýuwup duran ak ýüzli Senem,
Çiňerlip, çiňerlip bakdy bir sellem.
(Sag bol, guwanç bilen sereden bolsaň,
Ýogsa-da aýnaňy süpürber senem!)

Ýatladyp ömrümiň gijigen gülün,
Barýar gapdalymdan al köýnek gelin.
Bagdan zompa çykýar.
ýene bir bezzat:
«Ýoluňyz rowaç. Gezmäge geliň!»

«Rowaçdan», «salamdan» tutuldy ýüküm.
Bu gün gadyrym köp: görüşjek her kim!
Ikinji etaždan gygyrýar biri:
«Salawmaleýkim, dost!,
Salawmaleýkim!»

Ýeri, nädip geçjek salamy alman?
Aşakdan gygyrýan: «Waleýkimsalam!»
Içimden gygyrýan: «Öňem-ä şu gün
Meni üç-dört gezek görüpdiň, haýwan!»

Gün ýaşdy.
Aý dogdy.
Asmanda düýt ýok.
Sataşýanym tanyş.
Ýekeje ýat ýok...
Arzyly günde-hä
gapyşypdyňyz.
Biarzy günde-de –
Sizden bol zat ýok.

## Dehlewiniň 700 ýyllygynda Dehlewiçe dörän setirler

Seniň gözleriňden ganyp bilemok.
Megerem, bu dertden eräp giderin.
Gijeler gözüme uky gelenok,
Gözýaşym gutaryp gurap giderin.

Öwlýa Sen. Daşyňda pyrlanyp ýörün.
Kowsaň-da, maslygmy süýräp giderin.
Ähdi-peýman diýmek-iman diýmekdir,
Ähdiňden dänäýseň niräk giderin?

Adyň dilde bolsa – bahylyň-da köp,
Dilde niçiksi gaýrak giderin?
Ýok, ýok, maňa ýatdyr gaýra diýen zat,
Gitsem-de ilerik köräp giderin.

Seni iki dünýä çalyşmaryn men,
Egnimi egniňe diräp giderin.
Birden öläýsem-de,
Seň ysyň alsam –
Ýene-de dirilip, ýöräp giderin.

Adam iki gezek inermiş dünýä.
Çynmyka? Jogabyn durlap giderin.
Ýeke gezek bolsa, menem boş gitsem –
Dünýäden çaga dek çyrlap giderin.

Sen ähdiňde dursaň, şahyram durar.
Seni müň beladan gorap giderin.–
Bürgüde duşduňmy – bürgüt hem bolgun!
Serçä dönäýdigiň –
parlap giderin!

# VII

# OÝUNDAN-ÇYNDAN

### «Maşyn, maşyn, maşyn...»

Gündogar tarapmy, günbatar tarap –
Tagtamy, Murgapmy, Saýatmy, Farap,
Tejenmi, Duşakmy, Kakamy, Mäne...
Haýsy ýerdedigi hökmanmy näme? –
Biriniň, öýünde düşdüm men gonak.
«Ş» harpyndan ýaňa bez boldy gulak.
Ertirki barşyma,
Bolýança peýşin –
Ähli eşden sözüm:
«Maşyn, maşyn, maşyn!»

Ortada çişlikli, kebaply saçak.
Saçagyň daşynda bir topar goçak,
Brigadir, agronom, mugallym, müdir,
Agzynda – omaça, elinde – petir.

Dillerinde bolsa –
«Motor, çyra, şin.
Tormoz, tigir, nomer,
Maşyn, maşyn, maşyn!»
Birisi gürleýär garažy hakda.
Biri – «Sportlotoň» tiražy hakda.
Biri – maşynynyň boýagy hakda.
Biri – «Wolgasynyň» keýigi hakda.

Biri – «Žiguliniň» nobaty hakda.
Biri – şol nobatyň gybaty hakda.
Biri bolsa eýýäm gözlerin bürüp,
Aljak maşynyny düýşünde görüp,
Tamyň bir burçunda
Hor çekýär täsin:
«Mah-şyn, mah-şyn,
Mah-şyn, mah-şyn, mah-şyn!»

Dutar peçiň ýanda garalyp ýatyr,
Bagşy egnin gysyp, garaşyp otyr.
Gözümi ümledim. Düşündi bagşy.
Aýdymlar ýaňlandy ýagşydan ýagşy.
Akmeňliň saçlary tellenip gitdi.
Meňli çeşmä tarap sallanyp gitdi.
Onýança ýene-de çogýan dek ýerden,
«Ş» harpy şuwwuldap başlady birden.
Bir seretsek –
Goşup sesine bagşyň,
Agronom hiňlenýär:
«Maşyn, maşyn, maşyn!»

Bagşy çydamady. Öýkeläp gitdi.
Onýança ýoldaşym böwrüme dürtdi:
«Başgarak bir gürrüň
Tapsana, şahyr.
Ýürege düşdi-le:
«Maşyn, maşyn, maşyn!»

Gürrüň edip berdim Karel Çapekden,
Goşgy okap berdim Ata Köpekden.
Soňabaka tutdum hasam uludan:
Molla Kemineden, Magtymgulydan.
Seýdiniň, Nepesiň, Mätäjiň sözün
Saldym agyzlarna misli bir üzüm.
Okadym köp dürli ykballar hakda.
Gara ýollar hakda, ak ýollar hakda.
Geçen günler hakda, şu günler hakda.
Gözi çanak ýaly gelinler hakda...
Emma ýuwaş-ýuwaş ejizläp goşgy,
Ýene üstün çykdy maşynyň yşky.
Goşulyp başlady
Içine goşgyň:
«Motor, karbýurator,
Maşyn, maşyn, maşyn!»

Olar – sekiz adam, men bolsa – ýeke.
(Ne gahar duýuljak, ne-de bir öýke!)
Goşgy bilen bogup maşyna çemen,
Olara goşulyp başladym menem.
Ine gerek bolsa bir topar erkek –
Boýnunda – galstuk, başynda – telpek,
Dünýä inen ýaly
Bir demir üçin –
«Maşyn-da maşyn,
Maşyn!..
Maşyn!..
Maşyn!..»

## «Plan dolmaly, plan!»

Bir gün bir taksa mündük. Aman, aman, eý, aman!
– Beýle-de sürmek bormy?
– Sürmek bolar, doganjan,
Plan dolmaly, plan!

Şeýle bir sürýär welin – owsun atýar uçmaga.
Tasdan tigriň astynda kerçelipdi bir çaga.
– A-haw, gardaş, ägä bol!
– Aý, ol zatlar owarram.
Hiç zat bolmaz, çagadyr.
Plan dolmaly, plan!

Täze Köşiň öňünden, köne Gökjäň deňinden,
Öýkenmizi dolduryp Büzmeýiniň çaňyndan,
Uçup barýas Gökdepä.
Saýgardanok ýer-asman.
– Ýuwaşrak, haw, halypa!
– Plan dolmaly, plan!

Diýdim: «Her bir adamyň çagasy bar, öýi bar.
Şu gün tutýan toýy bar, erte tutjak toýy bar.
Seniňem-ä ýok däldir
Öz maşgalaň, öz balaň!»
– Wah, şol balalar üçin
Plan dolmaly, plan!

– A-haw, plan diýen zat adam üçin dörýän zat.
Samolýot – uçmaly zat, maşyn bolsa – ýörýän zag.
Şonuň üçin az-owlak
Seresap bol, gadyrdan!
– Seresapdan çörek ýok,
Plan dolmaly, plan!

Sanjak ýaly ýaş gelin ylgap geçdi köçeden.
Akja bäbek tasdanam aýrylypdy ejeden.
– Baý, şu ýollaň ugrunda
Kaňkap ýören heleý kän.
Oturyň-da öýňüzde!
Plan dolmaly, plan!

– Şeýle gelinler dälmi ýollarmyzyň gelşigi!
Şeýle gelinler dälmi Ýeriň göwher eşigi!
Neneň şolaň üstüne
Sürnüp bilýäň uýalman?
– Aý, gardaş jan, gelin köp!
Plan dolmaly, plan!

Kesip geçdi köçäni ak göleli ak sygyr –
Plan diýilýän zatdan düşünjesi ýok sygyr.
– Ýeri, ýoluň üstünde
Nä görüň samsyk haýwan!
Ýat-da bar-da döläňde!
Plan dolmaly, plan!

Garşymyzdan gübürdäp, zopma çykdy MAZ-maşyn.
Äsgermezlik edäýseň şepagaty az maşyn.
Goja şofýor zor eken – etdi ussat öwrümi.
Ýogsa dagy «Wolganyň» ýoljakdy bir böwrüni.
Diýdim: «Tas-a planmyz
Dolupdy, halypa jan!»
– Aý, bir başa bir ajal,
Plan dolmaly, plan!

Diýdim: «Men-ä hiç weli, şu oturan çal zenan,
Güneşli ülkämize bir ýerden gelen myhman!..»
Ol diýdi: «Myhman bilen
Taksa münmezler, dost jan!
Taksi diýilýän zatda
Plan bar, inim, plan!»

Soňra diýdi: «Düşün, dost, menem ýalňyz-ýeke däl
Meniň ekleýänlerim bir adam ýa iki däl.
Diňe balam-çagam däl,
Başga-da köp ymtylýan!
Planyň daşyndanam
Ýene-de pylan, pylan, pylan...»

Eýdip-beýdip sag-aman baryp ýetdik menzile.
Ýöne weli kalbymda gopdy şeýle zenzele:
Öz wagtynda bogulmasa nebis diýilýän Ýylan,
Adamda ne ynsap goýjak, ne-de bir wyždan!
Planam zerur weli,
Şol ullakan belaň
Garşysyna göreşmek hem
Iň ullakan plan,
Iň wajyp plan!

## Bägülli ýigit

*Dostum Amangeldi Myşşyýewe*

Bazardan gelýärin. Elimde sebet,
Sebedimiň içi pomidor, kelem,
Kartoşka, badamjan...
Duralga çenli
Gurady aýaklam,
Guruşdy ellem.

Şonda-da dyrjaşyp bar güýjüm bilen
Bazardan çykýan-da duralga ýetýän.
Duralgaň öň ýanda – kiçijik dükan,
Kiçijigem bolsa – içinde et kän.

Ondanam bir budy sebede atýan...
Awtobusa münýän. Sagynýan sakga.
Keýwany «Bir düzüm gyzyl burç getir!»
Diýipdi ahbetin. – Haý, şofýor, sakla!
Awtobusy sakla! – Näme, ýaşuly?
– Aý, neme... gyzyl burç çykypdyr ýatdan...
Näme diýýänimi aňşyrmasa-da,
Gowy ýigit eken. Geçdi-de ýapdan,
Maşyny togtatdy. Açyldy işik,
Menem derrew bökdüm. Aslyşdy sebet.
Bir aýal yzymdan gygyryp galdy:
«Bu şlýapaň bolup ýörşüne seret!
Bir gün unaşyňy burçsuz içeňde.
Geçmez öýtdüňmi sen bokurdagyňdan?!»
Awtobusyň içi sarsdy-da gitdi.
Burç söýmez adamlaň pakyrdysyndan.

Menem hüňürdedim: «Gülüpler geçiň,
Öýe gyzyl burçsuz barmajagym hak.
Keýwanyň buýrugy – meň üçin kanun:
Burç getir diýdimi – burç alyp barjak,
Zäk getir diýdimi – zäk alyp barjak.
Ol meniň öz işim. Size bagly däl.
Onsoňam men siziň äriňiz ýaly,
Ýa ogluňyz ýaly ejemogly däl!..»

Şeýdip öz-özüme teselli berip,
Bazaryň çetinden ätledim ýene.
Şeýle bir burçlar bar, köz ýaly burçlar
– Essalawmaleýkim, burç satýan ene!
Burçuňyz ajymy?
– Datdajyk göräý.
Edil zirk ýalydyr.
– Sagja bol, mama.
Ozalam öt ýaly agzymyň içi.
Keýwanyňkam ýetik. Wah, seňki näme!

...Kelemli, käşirli, soganly, burçly
Bir putluk sebede kertdirip elim,
Bazardan saýlandym, giň köçä çykdym.
Köçe durşy bile gyz bilen gelin.

Garşymdan gyssanyp bir ýigit gelýär.
Garagyýçak ýigit, dogumly ýigit.
Bir maralyň ýanna howlugyp barýar
Gujagy bir harman bägülli ýigit.

Şeýle bir, şeýle bir gyssanýar ýigit,
Onda-da şeýle bir gyssanyp gelýär.
Göýä bägüline bakýanlardanam
Bägüliniň ysyn gysganyp gelýär.

Wah, nämä gyssanýaň, bägülli ýigit?
Wah, beýle gyssanmak nämäňe gerek?
Ýa-da eliňdäki bägüle derek
Sebediňi kartoşkadan dolduryp,
Gyzyl burçdan (we başgadan) dolduryp
Gitmeli günlerňe gyssanýarmyň sen?
Wah, nämä gyssanýaň,
Bägülli ýigit?

## Aňsat bilen kyn

«Men, men» diýmek üçin ýekeje gezek
Dodagy dodakdan göterip bilsek –
Dünýäni «men» bilen doldurmak mümkin.
«Men, men» diýmek aňsat. «Sen, sen» diýmek kyn
«Sen, sen» diýmek üçin sen oňat gerek.

Alym bolmak üçin ýekeje gezek
Gowşak bir romanyň üstünden gülsek –
Şonuň hem ýeterlik bolmagy mümkin.
Alym bolmak aňsat. Adam bolmak kyn.
Adam bolmak üçin baş äpet gerek.

Kitap almak üçin ýekeje gezek
Aýda «wegetarian gününe» dözsek –
Eflatun fonduny edinmek mümkin.
Kitap almak aňsat. Okap almak kyn.
Okap almak üçin müň takat gerek.

Erbet bolmak üçin ýekeje gezek
Kişiň aýnasyna oklasak kesek –
Şonuň hem ýeterlik bolmagy mümkin. –
Erbet bolmak aňsat. Oňat bolmak kyn.
Oňat bolmak üçin aň sagat gerek.

Yşka düşmek üçin ýekeje gezek
Hol aýnadan baksa garagözelek –
Meň ýaly kökerlip galmagyň mümkin.
Yşka düşmek aňsat. Aman çykmak kyn.
Aman çykmak üçin müň hupbat gerek.

## Dört gylyk

«Ulumsylyk – erbet gylyk» diýýärler.
Beterräk diýseňem rastdyr rast.
Ýöne ulumsylyk etmejek bolup,
Ýyrşaryp ýörmegem gowy däldir, dost.

«Geplemseklik – erbet gylyk» diýýärler.
Beterräk diýseňem rastdyr rast.
Ýöne geplemseklik etmejek bolup,
Dommaryp ýörmegem gowy däldir, dost.

«Ýaranjaňlyk – erbet gylyk» diýýärler.
Beterräk diýseňem rastdyr rast.
Ýöne ýaranjaňlyk etmejek bolup,
Gomparyp ýörmegem gowy däldir, dost.

«Ýaltaçylyk – erbet gylyk» diýýärler.
Beterräk diýseňem rastdyr rast.
Ýöne ýaltaçylyk etmejek bolup,
Hars urup ýörmegem gowy däldir dost.

«Başga-da köp erbet gylyk» diýýärler.
Olaryň köpdügem rastdyr rast.
Ýöne her bendimde bir söz üýtgedip,
Samyrdap durmagam gowy däl-dä, dost.

## «Kür!»

Hezil edip gürrüň bererdi atam:
«Gumdan bir towşanjyk getirdim kätäm.
Şorja et bişdigi, gazan düşdügi
Şükür mollajygam taýyndyr taýyn.
Günaşa gelse-de boljak-la kaýyl.
Emma bir gezegem getiren awum
Özli-özümize etmänsoň nesip,
Tapdym bir hesip.
Bir gün gapymyzy içinden ýapdym!»
Diýip kikir-kikir gülerdi kakam:
«Aýagy mesili
El tesbili
Aňyrdan çybşyldap gelendir häkem».
Göýä eşegmizi kowýandan bolup,
Diýenmiş kakam:

– Kür, haramzada,
Jähennem bol, kür!

– Essagpurulla,
Men molla Şükür,
Men molla Şükür.
– Aý, zyýany ýok,
Molla-da bolsaň, kür!

Diýerdi: «Şondan soň, hudaýa şükür,
Bizden aýagyny kesäýdi Şükür».

## Gulmyrat Suwçynyň öz sakgaldaşlaryna ýazan haty

Gün ýaşsa – howlugyp günüň dogarna,
Gün dogsa – gyssanyp günüň ýaşarna,
Gyş düşse – howlugyp ýazyň gelerne,
Ýaz gelse – gyssanyp tomus düşerne,
Tomus düşse, ýene güýze garaşyp,
Wagtyň geçerine gyssandym gaýta.
Bir görsem – Nabadym çal saçly ene,
Bir baksam – özümem çal saçly ata.

Duşenbe gelende – şenbä garaşyp,
Ýekşenbä howlugyp şenbe gelende,
Ýekşenbe gelende – baýra dyrmaşyp,
Gözüm dikip belentlerden belende,
Ertesi ýene-de işe howlugyp,
Wagtyň geçenini duýmadym käte.
Bir görsem – bir gyzym çal saçly ene,
Ýene-de bir oglum – çal saçly ata.

Aý doganda – pensiýama gyssanyp,
Her köpügin rejeläp, gysganyp,
Pensiýam gelensoň – howlugyp daňa,
(Adam garraberse baraýýar şoňa!)

Agtyklaň hersine bir sowgat alyp,
Aý-ýyllaň geçenin duýmadym käte.
Bir görsem – obanyň deň-ýary bizden:
On ogul, kyrk agtyk... Kyrk öýli ata.

Adam bigam bolýar ýaş boldugyça.
Işe hamrak bolýar ýaş galdygyça.
Heniz bir ýalta-da garrap ölmänmiş...
Bir deregne işiň bäş boldugyça,
Şonça-da dert-dümew, kesel diýen zat
Golaýyňa gelmez ekeni gaýta.
Walla, sakgaldaşlar, ynanyň şuna! –
Diýip, golun çeken Gulmyrat Ata.

Duruň, duruň, ýene-de bir sözüm bar.
Esasy mesele çykypdyr ýatdan.
Siziň kempirlerňiz bize gelsin-de,
Sapak alyp gitsin Bibinabatdan.
Är diýilýän zada gadyr goýmagy
Bibimden öwrenip gitsinler pugta.
Walla, ömrüň ýarsy – keýwana bagly.
Salam bilen
suwçy Gulmyrat Ata.

## 8-nji mart degişmesi

Gara ýeriň üstünde,
Gök asmanyň astynda,
«Heleý» diýilýän sözi
Kim tapdyka aslynda?

Ol sözi ilki tapan
Ne-hä daýhan, ne çopan.

Diýýärler: ilki sapar
Ol gödek sözi tapan
Kyrka çenli kyrk sapar
Öýlenen Ýekegapan.

Gyzyl göz Ýekegapan,
Han ogly Ýekegapan
Gujagna getirlende
Garyp gyz Ogulsapar,
Onuň adyn tutmagy-da
Kemlik saýyp özüne,
«Bärik gel-eý!» diýenmiş
Öz öýlenen gyzyna.

Şeýdip ýuwaş-ýuwaşdan
Üýtgeşip «gel-eý!» sözi,
Gara günli ülkämizde
Döränmiş «heleý» sözi...

Garyp gyz Ogulsapar,
Naçar gyz Ogulsapar,
Sen täzeden dogulsadyň,
Wah, ýene-de bir sapar.

«Ogulsapar jan» bolardy
Bu gün seniň lakamyň.
Saňa «Gel-eý! Gel-eý!» diýip,
«Heleý» adyn dakanyň
Özlerine gowşurdyk
Öz döreden adyny.
Bu gün arşa ýetirdik
Gelin-gyz şöhratyny.

Bu gün gelin-gyzlarmyz
Jahan bile garyşýar,

Bilbil bilen bäsleşýär,
Keýik bilen ýaryşýar.

Bu gün biziň aýallarmyz
Durna bolup daranýar.
Altmyş ýaşa ýetende-de
Gelin bolup görünýär.

...Görk goşuldy gelin-gyzlaň
Gözlerine, ýüregne.
Müňläp Ogulsaparlaň
Aglanynyň deregne
Bu gün olar paý alýar
Şatlyk bilen gülküden.
...Gülüň, gülüň, keýpden çykyň
Bu şadyýan ülkede.

Gülüň! Gülüň!
                    Gülkiňizden
Gözleriňiz ýaşarsyn.
Siziň göwnüňize degsek,
Goý, agzymyz gyşarsyn.

Ýöne sizem ýarlarňyzyň
Degmäweriň göwnüne.
Erkekleň hem işi ýetik,
Sanjy bolmaň böwrüne.

## Buşluk poemasy

Galypdym howluda ýalňyz bir özüm.
(Toýa gidipdiler aýalym, gyzym...)

Öňümde ne çaý bar, ne-de bir nahar.
(Näme hüžžerýärsiň, howlukma, Gahar!)

Gazy ýakjak boldum. Atyldy fontan.
(Towlamaly ýerin ýalňyşdym öýdýän).

Saçagy agtardym. Aýlandym öýe.
(Nany-pany bilen uçupdyr toýa).

Şekere topuldym. Duz bolup çykdy.
Nabada topuldym. Buz bolup çykdy.

Ähli tapan zadym unly kendirik.
(Ol hem aç garnymy bilmez diňdirip).

Ýetişdi dadyma poçtalýon Wera.
Elinde telegram! Mazmunyn sora!

Uzatdy kagyzy. Gygyrdy «Buşluk!»
Şo bada garnymdan ýok boldy açlyk.

Tyňkyja Weranyň ellerin gysdym.
Perzentli bolupdyr perzentsiz dostum!

Önelgesiz enäň açylyp bagty,
Namut göreçlerne inipdir ýagty.

Ak gyzly bolupdyr Aksoltan gelin.
Çagadan umydy ýok soltan gelin.

Parhy nämemişin ogulmy, gyzmy –
Bir başlanan bolsa, düzeler yzy!

On ýyllap ýoluna bakdyran çaga
Jägildäp inipdir. Bök bu gün göge!

Bökdüm, ýere gaçdy pyşbaga çäýnek.
Bu gün pyşbagany döwletdir döwmek.

Bökdüm, ýere gaçdy tarelka-maýmyn.
Bu gun maýmynjyklaň duzlarys hamyn.

Bökdüm, dört bölündi gurbakga-küldan.
Döwülýän zatlaryň hemmesi haýwan!

Döwülsin jäjekler, kül bolsun olar.
Adam döwülmese, bir zady bolar.

Guýdum Wera gyza bir bulgur şampan,
– Bu gün ikijigmiz içmeli hökman!

Meniň şat günümde şat bol, ezizim.
Gazet-žurnallarňy paýlaryn özüm.

Sen bu gün öýmüzde iň eziz gonak.
Entek nä görýärsiň, süzeris konýak!

Kän entek ülkämde perzentsiz ene.
Şeýle habarlary köp getir ýene.

Getir her hepdede elliden, ýüzden.
Buşluk senden bolsun, gutlugy bizden!..

Iýildi şokolad. Boşady bulgur.
– Hany, Weragözel, ýene bir ýylgyr!

Akja bäbek üçin iç, ýene bir iç!
Munuň ýaly zatlar üç bolmaly, üç...

– Ynha, indi boldy. Hemme zat oňat
...Ýapdym arkasyna keteni halat.

Başyna-da atdym seçekli ýaglyk...
Gyz nur saçdy
göýä
Altyndan balyk...

Keýwanyň bukjasy gowzady az-kem.
Duýaýsa näderkäm! Duýmaz-la, belkem.

Duýsa, jygyllyga ylgaryn ertir.
(Ýa-da pulun bersem, özi hem getir...)

...Keýwany,
Ýene-de galmawer toýdan.
Örän arkaýyn bol bukjadan, öýden.

Örän arkaýyn bol ojakdan, gazdan.
(Öwreniljek eken, gatnaber tizden!)

Juda arkaýyn bol saçakdan-duzdan.
(Oňat boljak eken iýilse azdan!)

Arkaýyn gidiber. Aç ölmez äriň.
Hoş habar köp gelse, taparys tärin.

Ynha ol ýene-de telegram getir.
Bu gün getirmese, getirer ertir.

Gutlugna keteni ýaparyn menem.
Öňem käýemändiň,
Käýeme indem!

## Ýar-ýar

«Ýar-ýar» diýip ýazýarlar,
Menem ýazjak «ýar-ýar».
Sebäp diýseň – bar, bar,
Her kimde bir ýar bar.

Har etsek şol ýary biz,
Üzeris bir tary biz,
Borus itiň hory biz,
Çagalaram har bor.

...Işleýärdim «Tokmakda»
(Küýüm – işden sypmakda!)
Arz etseler kim hakda,
Diýmelisiň «Bor, bor!»

...Geldi bir gün bir sona.
«Kim ol?» (Entek dursana!)
Onça bolmaz her sona,
Her gözde
                müň nur bar.

Ýürek galkdy, elbetde
(Bir aýdym ýaz, seret-de!)
Elindäki sebetde
Alty sany nar bar.

Çek-de otur suratyn,
(Bezegi bor sungatyň!)
Gylyç ogly Yzzatyň
Kisti gerek, ýar-ýar...

Al keteni geýipdir,
Gelişýänin duýupdyr.

«Söýdüm» diýsem aýypdyr,
(Öýde şonça ýar bar...)

Salam berdi, oturdy.
(Dagyň ysyn getirdi).
Ne gepledi, ne turdy.
Ýere bakdy har-zar.

Diýdi: «Söýdüm bir ýigdi,
Dagda ösen ter ýigdi...
Bir gün bagta gar ýagdy –
Dünýäm boldy gar, gar.

Syrady gar öýmüze.
Zyndan boldy öý bize...
Duşdum garasöýmeze.
Bagtym boldy şor, şor.

«Men görmäýin, çyk – diýdi,
Öýden goşuň çek – diýdi,
Asman ýüpüň çek!» – diýdi.
Aglap gaýtdym zar-zar...

...Onýança-da gapydan,
Inen ýaly ýapydan,
(Köwşi doly hapadan)
Kürsäp girdi
ýar, ýar.

Ne hormat bar, ne salam.
«Men günäkär. Ýör, Sonam!»
Aldy gitdi.
Wessalam...
Her tüýslüräk är bar...

## Deň-duşluk teýenesi

*«Guduramaň saça gyraw düşensoň...»*
B. Hudaýnazarow

Sekiz ýaşymyzda guduramadyk –
Başymyzda döwdük günüň gatysyn.
On dört ýaşymyzda guduramadyk –
Sen enesiz galdyň,
Menem atasyz.

Bizi On alty hem guduratmady:
Ataň çeken ýükün göterdi gerden.
Saňa bolsa ykbal
Hem-ä enäniň
Hemem ataň ýükün ynandy birden.

Şol ýüküň astynda gyz söýen bolup,
Ötdük On sekiziň däliliginden..
Iller däli wagty
ýetim kellämiz
Yranýardy «akyl dolulygyndan».
...Indi bolsa saçymyzyň üstüne
Ýuwaş-ýuwaş düşüp başlapdyr gyraw.
Gar düşmänkä
guduraly az-owlak.
Şükür keýpimiz kök,
Janymyz zarow!..

## Ýadygärlik surat

Ýene-de Gün dogdy. Paýlandy poçta.
Gyzdan hat gelipdir... kyrk sekiz ýaşda.

Ýazmak gadagan däl. Gelibersin hat.
(Başga näm işiň bar,
Jogap ber-de ýat...)

Pylanowa Jemal... yzynda bukjaň.
Guwandym, synladym agzyny açman.

Adresi nagyşly, gyrasy – jähek.
Megerem, ýazan gyz mähekdir mähek.

Bukjaň arkasynda owadan setir:
«Poçta, hatym äkit, jogabyn getir!»

Çaýyldy ýüzüme harplaryň näzi.
Meger, harplardanam näzlidir özi.

...Bir gezek çekemde söküldi ýelim.
Gaçdy ak bukjadan ak ýüzli gelin.

Suratyň astynda owadan setir:
«Poçta, suratym elt, suratyn getir!»

Aşaky dodagyn gizläp dur ýaşmak.
Şony hem syraýsaň –
Bal süýnüp gaçjak.

...Bukjanyň içinde bir bölejik hat.
«Menden sowgat bolsun şujagaz surat.

Iberip bilseňiz ýadygär kitap,
Heziller ederdim okap, okap, okap...

Içine salsaňyz ýadygär surat,
Onda-ha has beter açardym ganat.

Size-de, goşga-da aşyk men, aşyk.
Ýone, wah, armanly geçdi-dä ýaşlyk.

Kyrk ýyl çekip gezdim aşyklyk derdin...
Indem... altmyş...»

...Gelin,
Işim-ä gördüň!...

## «Omar Haýýam segsen ýaşynda-da söýüpdir. Men nämüçin altmyşymda söýüşmäge mynasyp dälmişim?» diýen adama berip bilmedik jogabym

Bu niçiksi söýgi? Bu niçik päl sen?
Ne diýer il-günüň gözüne ilseň?
«Haý»-dan soň «ýam» bolsaň, hijem-le weli,
«wan» bolanyň üçin mynasyp däl sen.

## Duşuşyk

Düýn öýlän bir ýerde duşuşyk boldy.
Durşy bilen gyzdy klubyň içi.
Her dürli saçlary görenem bolsam,
Şuň ýaly bir jaýda jemlenen saçy
Görmändim, görmändim şu wagta deňeç –
Giden zalyň içi durşy bilen saç.
Kä örümleň ini –
Bir agsak sere,
Kä örümleň boýy –
Bir ýarym gulaç...
Eý, mugallym dostum – ýygnak başlygy,
Bol ahyr, tiziräk ýygnagyňy aç.

Ýygnagyňy aç-da, dokladyňa geç.
Aýtjak zadyň aýt-da, ýol ber sen goşga.
(Onsoňam, her zadyň wagty bar ahyr,
Şu mahalam doklad bolar oguşýa!)

Ýygnagam açyldy.
Dokladam tamam.
Yjazat berildi. Başlandy goşgy.
Okalan goşgular dokuzmy, bäşmi,
Setirleriň içi dykyzmy, boşmy, –
Häzir onçasyny aýdyp biljek däl.
(Maňa degişli däl o zatlaň jemi).
Ýöne aýtjak bolýan ýekeje zadym:
Galmady goşgynyň okalmak kemi...

Duşuşyk gutardy. Daşaryk çykdyk.
Gyzlar üýşüp geldi «däde-de, däde».
– Mümkin bolsa... biziň mekdebmize-de,
Däde-däde, şeýdip... geliň-ä käte! –
Diýip, dädelerin ýola saldylar
Bir topar Tyllalar, Altyn, Kümüşler.
...Şeýdip, «däde» diýşip durjak bolsaňyz,
Indi gelermikäm,
kökkesilmişler!..

## Goşa soraglar

Örän köp ýazýarys Söýgi aýdymyn.
Söýgiň ezýetini çeken-de ýazýar,
Çekmedik-de ýazýar. Ine şeýdibem
Müňlerçe setirler gazete çozýar,
Radio çozýar,
ekrana çozýar.

Posadan öl-myžžyk mawy ekranlar.
Mawy ekranlaryň zolaklaryndan
Posalar
şeýle bir
süýnüp akýarlar –

Gojalar utanyp, öýden çykýarlar.
Gelinler gyzaryp, ýere bakýarlar.
Gyzlar uýaljyrap, ýüzün bukýarlar.
Eneler gulagna pagta çykýarlar.

Eý, Söýgi! Ýollaryň kyndy-la seniň.
Onsuzam lezzetiň kändi-le seniň.
Maňlaýyň, gabagyň, ýaňagyň, agzyň
Batgalyk tokaýa döndi-le seniň...

Söýginiň ugrunda käkelemek bar,
Ah çekmek bar, elin owkalamak bar.

Saçyny, çokulny sypalamak bar.
Görküni, akylny apalamak bar.

Kino, teatra, parka gitmek bar.
Ýagyşda taýmak bar, jorka gitmek bar.

Ýene-de turmak bar, jak-jaklamak bar.
Bilinden ýuwaşja gujaklamak bar...

Eý, Söýgi! Ýollaryň köpdi-le seniň.
Birdenkä ýüregiň gopdy-la seniň.

Şeýle aýdymlary diňlän juwanlar,
Bagda nädip otyr gyzar-öýlänler!

Dodaklaryn goýup birek-birege,
Meňzeşip otyrlar goşa soraga.

Barýar gapdalyndan çal saçly aýal,
Emma dikelenok ol goşa sowal.

Barýar gapdalyndan çagaly ene.
Soraglar has beter gyslyşýar ýene.

Barýar gapdalyndan ak sakgal ata.
Şapbyldyň owazy güýjeýär gaýta.

Bir elinde kitap, birinde goşgy,
Şahyr geçip barýar wasp edip yşgy.

Ýene bir şapbyldy... Gyňralýar şahyr.
Olar diýýär: «Özüň öwredýäň ahyr!..»

...Posadan öl-myžžyk mawy ekranlar.
Ekranlara sygman, baga çykýarlar.

Gije däl, ýagtyda geçýär synaglar.
Bükülişip otyr
Goşa soraglar...

## Adamyň ömri hakynda oýun gatyşykly çyn

*Bebele öýkünibräk*

On ýaşyňda owlaksyň sen,
On bäşiňde – toklusyň.
Bökmäge-de haklysyň sen,
Ýatmaga-da haklysyň.

Ýigrimide kürresiň sen,
Ýigrimbäşde atsyň sen.
Otuz-kyrkda çyn bedewsiň,
Elliňde-de itsiň sen:

Hem-ä hilegärsiň sen,
Hemem akyllysyň sen.
Duşman üçin ýaraksyň,
Dosta ýakymlysyň sen.

Altmyş, ýetmiş, segsen, togsan
Bular özüňe bagly.
Gaplaňam bolup bilersiň,
Möjegem bolup bilersiň,
Şagalam bolup bilersiň,
Doňuzam bolup bilersiň,
Bolsaň-da adam ogly.

Ýüze ýeteniňde weli
Borsuň ütülen towuk.
Ketegiň içem sowuk,
Ketegiň daşam sowuk.
Emma özüň adam bolsaň –
Ýokdur ullakan howp.

Iliň-günüň, dost-ýaryň
Seni horlamaz, garaz.
«Ütülen towuk» diýip,
Azaram berip durmaz.
Gaty gitse, diýerler:
«Ganatsyz, garry horaz!»

## Konýak-çakyr sergisinde ýaltanyň oýlanmasy

Aýlandym kän ýeri, dünýäni gördüm,
Bakuwy, Nalçigi, Buýnagy gördüm.
Gaýdyşyn Tiflisde kyrk günläp ýatdym,
Kyrk ýaşyn dolduran konýagy gördüm.

Edil özüm bile gözlüje ýaşyt:
Seretdim ýüzüne, seretdim aşyk.
Şunça-şunça ýyllaň üstünden aşyp,
Ýatypdyr bir ýerde, ýatypdyr joşup.

Ne-hä urşa gidip tüpeň atypdyr,
Ne-de tylda işläp gatanç gatypdyr.
Iki uruş bilen bäş bäşýyllygyň
Gapdalyndan nazar salyp ýatypdyr.

Ýediýyllykda-da saçan deri ýok,
Ýa-da Altaýda-da açan ýeri ýok.
Ýa-da meniň ýaly gazanç agtaryp,
Selinograda-da uçan ýeri ýok.

Emma weli çüýşesiniň ýüzünde
Lowurdap dur hatar-hatar kyrk ýyldyz.
Meniň weli ýeke ýyldyzymam ýok,
Ynha indi kyrk ýyldyr.

## Suwçy ýigidiň kakasyna soragy

1

– «Sygyr münüp gezseň düýşüňde – diýdiň,
Bela sataşarsyň huşuňda – diýdiň.
Ertesi gün ýa durmuşyň bozular,
Ýa-da entirärsiň işiňde» – diýdiň.

Düýşümde sygyra sekizem mündüm,
Käte arasynda öküzem mündüm.
Emma weli, sekiz belaň deregne
Işden sekiz baýrak getiren mendim.
Kaka, kaka, bu nämüçin beýlekä?

2

– «Uklasaň igdäniň astynda – diýdiň,
Şeýtan perwaz urar üstüňde – diýdiň.
Şo ýerdedir melgunlaryň mesgeni,
Hemmesi – adamyň kastynda» – diýdiň.

Şeýtangalaň gaýrasynda suw tutdum,
Kyrk gezek igdäni saýalap ýatdym.
Kyrk birinji gezek ýatyp turamda,
«Il» münüp, Moskwa sýezde gitdim.
Kaka, kaka, bu nämüçin beýlekä?

3

– «Geçme Jynlygalaň deňinden – diýdiň,
Ägä bol Atalyň diňinden – diýdiň.
Arwah-jynlar şaýly gyza öwrülip,
Owsun atyp çykar öňüňden» – diýdiň.

Geçe-geçe Jynlygalaň deňinden,
Gyz tapmadym Atalynyň diňinden.
Ýöne öten tomus geçip barýarkam
Şol ýakada bir gyz çykdy öňümden.

Çynym, kaka, aýdýar diýme galat, sen,
Ol gyzyň hem kimdigine belet sen.
Öten tomus özüň tutup toýmuzy,
Tapyşdyrdyň, hanha otyr, seret sen.
Kaka, kaka, bu nämüçin beýlekä?

## Bir meýlisde

Ýaşuly, ýaş kiçi,
Bir topar kişi –
Adamdan doludy
Otagyň içi.

Boşapdy bäş sanak
Palawly çanak.
Çanaklaň deregne
Aýlandy çäýnek.

Gök çaýyň başynda
Gyzyşdy gürrüň:
«Pylan ýerden, awdan
Gelýärdim bir gün.

Goýberdim tazyny,
Uçurdym guşy...»
Garaz, agyrdyldy
Müň gepiň başy.

Gürrüňiň az-owlak
Gaçyşyp duzy,
Anekdota ýazdy
Gürrüňiň yzy.

Onýança ýerinden turdy-da Oraz,
Diýdi: «Bolsady hem ekeliň biraz.
Ynha, bar aýdaly, meselem, häzir,
Tamyň depesinden gelip bir owaz,
Bir uly dilegňi bitirjek!» diýse,
Näme dilärdiňiz, adamlar, eýse?

Meselem, sen näme, dilärdiň, Geldi?»
– Menmi? Gök «Wolgaly» lotereý bildi.
– Hany diý, sen näme dilärdiň, Kemal?
– Uzyn boý, ak ýüzli bir sahypjemal.
– Ýeri, sen nämejik dilärdiň, Pena?
– Bir oguljyk bolsa, oňardym men-ä.
– Ýeri, seň dilegiň nämedir, Çakmak?
– Meňkimi? Jahany aýlanyp çykmak.
– Saňa näme gerek, aý ýadaw ýigit?
– Ölýänçäm iýjegim bolaýsa mugt...
– Ýeri, sen dilegsiz oňjakmy Çary?
– Bir oňat goňşynyň zary, men zary.
– A-how, seň dilegiň nämedir, Bäşim
– Elliden ýigrimä geläýse ýaşym...

Garasaý, ekildi bolsady bary,
Biri ömürbaky ýaşlyk diledi.
Biri palawdan soň çişlik diledi.
Bir ýigit (student bolara çemli)
Ertir fizikadan bäşlik diledi.

Käsi agtyk, kasi çowluk diledi,
Käsi çowlukdan soň ýuwluk diledi.
Käsi dosty üçin saglyk dilese,
Käsi özi üçin saglyk diledi.
Biri (meger oglun öýlendirjekdir)
Gyňaçlyk on sany ýaglyk diledi.

Aý, garaz, hemme zat dilenip çykdy
Gök «Wolgadan» başlap gyňaja çenli.
Ýöne weli akyl dilän bolmady...
Akyldan kösenýän ýok bora çemli.

## Güller

Howlymyň içinde bir bölek ýere
Gül ekdim. Lowurdap açyldy bary.
Birisi gyrmyzy, birisi gara,
Birisi mämişi, birisi sary.

Şu gün gapymyzdan geldi bir myhman,
Geleni bäri hem gözleri gülde.
Şol seredip otyr gözlerin gyrpman,
Göýäki diýersiň, bir suwsuz çölde
Bütin ömürboýy zar bolup güle,
Doldurýan ýalydy şonuň öwezin.
Myhmanym seredýär «Gijegözele»,
Myhmana seredýär «Gijegözelim».

Owadan gözlerin ertirden bäri
Aýryp bilmän otyr owadan pelden.
Goşgy goşmasa-da, tüýs şahyr borly –
Bir pursat sowaýsa gözlerin gülden,
Göýä güller göçüp ötäýtjek ýaly,
Bakýardy güllere gezek-gezegne.
Bakýardy «Nerkese», gyzyl «Piona»,
Bakýar «Georgine», «Gijegözelne».

Men güle-de aşyk. Güli söýýänleň
Özüne-de aşyk. Hem güle bakýan
Hem myhmana bakýan.
                                        Güller hakynda
Bir ajaýyp pikir
Aýdar ol hökman.

Edil diýşim ýaly. Içdi-de çaýyn,
Sözledi gül hakda ajap bir beýdi –
«Beýdip munça ýeri zaýalap nätjek...
Pomidor ekäýseň bolmaýamy!..» diýdi.


enedilim.com

## Meniň gelnim

*Gagauz şahyrynyň äheňinde*

Meniň bir gelnim bar.
Şeýle bir gelin –
Beýle ajap gelin dünýäde ýokdur,
Şeýle bir naharlar bişirýär welin,
Kekre-de oň ýanda tagamlyrakdyr.

Aş bişirse – şerebedir şerebe.
Çapady bişirse – duran bir daşdyr.
Emma özi weli şeýle görmegeý.
Özümem ýaş weli,
Gelnimem ýaşdyr.

Unaş bişirende – belkesi hamyr,
Palaw bişirende – deň-ýary kesmek.
Çörek bişirende ýüzi gül-güldür,
Deň-ýarysy küldür,
Deň-ýary kesek.

Çişlik bişirende – deň ýary kömür,
Börek bişirende – öt ýaly ajy.
Emma ýüregi bar duran bir göwher,
Dilleri bar weli,
baldanam süýji.

Mundan öňki ömrüm biderek eken,
Indi üç ýyl bäri tukat günüm ýok,
Gaýgy, gussa hasrat diýilýän zatlaň
Adyn eşitsem-de, özün bilemok.
Şeýle bir bälçik ol,
bir söz diýdigi
Adam bary burlup,
Şol güler ýatar.

Üç ýyl bäri garnym gyzyl aç weli,
Şonda-da gaharym gelenok beter.

Ýeri, nädip oňa gaharym gelsin,
Ýüzüne gyňralyp bakan mahalym,
Bir bälçigin aýdyp goýberýär welin,
Şo bada güm bolup gidýär gaharym.

Onsoňam, diňe bir bälçikligi däl,
Dökülýär elinden şeýle bir dürler –
Çeken keşdesini gören adamlar
Başyn ýaýkap,
ýaýkap,
ýaýkap giderler.

Alçaklyk, bälçiklik, eli çeperlik
Gyzlar üçin juda gerekdir welin,
Jan eneler, käte gyzlaryňyza
Nahar bişirmänem öwredeweriň.

## Aýaly bir hepdeläp çaga dogrulýan öýde bolanda äriniň iberen salam haty

Gezip ýörkäm öýmüzde bilmändirin gadyryň.
Indi seniň gadyryň bilsem gerek ölýänçäm.
Tabak bilen saçagyň, çäýnek bilen kitiriň
Arasynda selpildäp, janym çykdy, Sonam jan.

Çagajyklaň ugrunda janserek men, janserek.
Bir elimde aşly jam, bir elimde boşan jam...
«Aýalymy öldüren ownuk iş bolsa gerek!»
Diýip, bir wagt bir çopan hak aýdypdyr, Sonam jan.

Birisine nan gerek, birisine suw gerek,
Bir ýanymdan Aýjan çekýär, bir ýanymdan Maýsam jan.
Wah, iýseler ne ýagşy! Geçimiz dek çümhörek!
Sen olary niçiksi iýdirýärdiň, Sonam jan?

«Giç gelýärsiň!» diýeňde, gaharlanan bolardym.
Bagyşlawer, öňüňde ojuk-bujuk günäm kän.
Ynha indi sag-aman gelseň bolýar şo ýerden,
Gazyk borun gaşyňda, wah, Sonam jan, Sonam jan.

Nahar berseň «suwuk» diýp, çaý äberseň «sowuk»
diýp,
Azar ýamanyn berip, igenerdim ýadýançam.
Indi ynha çaý ýerne beräý gel-de suw guýup,
Nan ýerne-de kesek ber, demim çykmaz, Sonam jan.

Saňa her gün daň bilen salam bermeli eken.
Onda-da ýöne salam däl, barypýatan «Salam jan...»
Ynha indi şol salamlaň başlandygy şu günden
Salam! Salam!..
Dowamyny
Soň görersiň Sonam jan!..

## Ahat bilen Muhat

– Başdaşym Aýjemalym
Şeýle bir owadandy.
«Sen owadan däl!» diýip,
Alyp gitdi goşuny.
Ikinjim Akjemalym
Çalasowat, nadandy,
Çatyp bilmän geçirdi
Iki sözüň başyny...

Üçünjim Güljemalym
Baryp-ýatan tekepbir,
Iki agyz geplesem
Çytyp otyr gaşyny.

Ber maňa bir maslahat,
Indi nädeýin, Ahat?

– Başdaşyň Aýjemalyň
Şeýle bir görmegeýdi,
Gije-gündiz gabanyp,
Oýun saldyň başyna.
Ikinjiň Akjemalyň
Şeýle bir ýönekeýdi,
Sen ony akmak saýyp,
Öňne atdyň goşuny.

Üçünjiň Güljemalyň
Tekepbir däl, akylly,
Her samsyk gep aýdaňda,
Düýrükdirýär gaşyny.
Menden saňa maslahat:
Azyrak ýaňra, Muhat!

## Köçämizde

Köçämizde iki çaga uruşdy:
Ylgap çykdy her gapydan bir aýal.
Gök gapydan orta boýly Ogulşat,
Ak gapydan uzyn boýly Aýjemal.

«Seniň maňkalyňa urdurmak üçin
Ýolda ýatan düýbi gopan taňka ýok!»
Gök gapyly goýar ýerde goýmady,
O goýmasa ak gapylam goýanok.

Ogulşadyň eli durşuna hamyr,
Aýjemalyň eli durşuna palçyk.
Aýdymlarda wasp etmeli gelinler
Şeýdişip dursalar erbedem boljak.

«Çagaň şol agaçdan bärik geçmesin!»
«Şol kesekden bärik geçmesin seňkem!»
Ýuwaş-ýuwaş köşeşmegiň deregne,
Gelinleň dawasy bekeşdi kem-kem.

Gelinleň ikisem at ýaly gelin –
Billeri bir gysym, gözleri goçak:
Eger ýolda-yzda duşaýsaň dagy,
Gaňrylyp-gaňrylyp bakasyň geljek.

Men nädip olara akyl bereýin?
Ömrüm boýy edip şolaryň waspyn,
Iň gowy goşgymy, gowy aýdymmy
Şeýle gelinleriň ýüzünden tapdym.

Emma häzir weli giden bir gopgun:
Öz-özüň utanyp, bakýarsyň aşak.
Ak goşaryn galgadyp dur Aýjemal,
Gara saçyn hüžžerdip dur Ogulşat.

Çagajyklar eýýäm ýaraşypdyrlar.
Ejeleri bolsa hum ýaly çişip,
Şol gygyrşyp durlar,
gygyrşyp durlar.
Onýança şarkyldap açyldy işik.

Şarkyldap açyldy ýene bir işik.
Çykdy her gapydan epeý bir kişi:
Ak gapydan buýra saçly Akmyrat,
Gök gapydan gara murtly Gulkişi.

Her haýsy özüniň aýalyn gollap,
Akmyrat topuldy saçyny sallap,
Gulkişi topuldy murtuny sallap...
Ine şeýdip iki gelin dört boldy!
Toba-essagpyrulla!

## Öz toýumdan ähli toýlara degişli reportaž

Bir görseň – erteki, bir görseň matal:
Ogluňa murt çykyp, bitendir sakal.
Sähedin alarsyň, toýun bellärsiň.
Şo günden başlanar:
«Äkel! Äkel! Äkel!..»

Toýuň serenjamyn edýänçäň tükel,
Dört eliň bolmasa, ýetişmez iki el.
Keýwanyň daň bilen oýadar ýene:
– Jir ýagdan çykypdyr.
Dikel! Jir äkel!

– O niçiksi jirmiş?
– Düwünçeklik jir.
Güllüje matadyr... büjür, büjür, büjür.
Wah, büjür-büjüriň bar bolsun seniň,
Büjür-büjür däl ol,
Ejir eken, ejir!

Ertirden agşama ýekänme-ýekän,
Sökersiň paýtagty dükanma-dükan.
– Agam, büjür-büjür jir gerek maňa!
– Jirem ýok, büjürem...
– Wah, nirde barkan?

Ylgarsyň. Selpärsiň. Tapmarsyň derek.
Teý-ahyr bir dostuň ýetirer kömek.
Jiriň nämedigin bilmekçi bolsaň,
Şeýdip mahal-mahal
Toý tutmak gerek.

Ak jirden tümmekläp giden eýwany,
Diýersiň hekgerip: «Nätdi keýwany?!
– Ýene segsen çäýnek, ýüz tabak gerek!
– A-haw, aç öldürdiň,
Uzat çaý-nany!

Çig suw bilen ýuwdup bir döwüm çörek,
Bir dükana ýetip, çekersiň aýak.
– Näme gerek, agam?
– Maňa-ha, uýam,
Segsen çäýnek bilen
Ýüz tabak gerek.

Ýüzüňe aňkarar eýjejik gelin.
Dodakdan çykarar pökgüje dilin.
– Agam jan,
nireden,
gökden düşdüňmi?..
Jygyllyk tarapa uzadar elin.

Ertesi ýüz tabak, segsenem çäýnek
Gapyňda düzüler misli bir kenek.
Gap-gajyň mesgenin öwrenmek üçin
Şeýdip aram-aram
Toý tutmak gerek.

Toýuň serişdesi düzeler kem-kem.
Geriler çadyrlar, bellener hekem.


enedilim.com

Ertir şol hekemleň iň ýagşysynda
Saçakbaz daýzalar
Maýa dek çöker –

Düwüler düwünçek. Dolanar saçak,
Käbiri owunjak. Käbiri goçak...
(Uzak gürlejek däl düwünçek hakda,
Ol hakda bir şygry ýörite ýazjak).

Toýa üç gün galar. Bişirler çörek.
Çörek diýen zada gerekdir kömek.
«Goňşy – kyýamat gün gerek! – diýlipdir.
Wah, üýşüň, goňşular,
Siz şu gün gerek!

Dykylar haltalar, ýugrular hamyr,
Ejiz bolsaň – hamyr
                    omzuňy omyr.
Emma her birisi at dek gelinler
Hamyry görende jylawyn gemir.

Biri elguş bolup
Hamyry kerter,
Biri torguş bolup
Dikeçlär, dürter.
(Çyn erkek kişiler bulary görse –
Hem dözmez,
            hemem buýsanjy artar),

Kyrk gradus bolsa howlynyň daşy,
Segsendenem geçer tamdyryň başy.
Emma tamdyrdanam gyzgyn ýürekler
Hüjüme geçerler gyzgyna garşy.

Ýalyna çawlanar mermer dek bilek,
Repideden geçer ýüz tamdyr çörek.
Gelinleň kimdigin tanamak üçin
Şeýdip käte-käte
Toý tutmak gerek.

«Nahar taýýar!» diýip, gygyrar aşpez
Aşpez gygyrdymy – gutarar boş söz.
Hemmeleň maksady hyzmat etmekdir,
Gep-gybat
hiç kesiň ýadyna düşmez.

Bir elde tabakdyr, bir elde petir –
Goňşular gününi hyzmatda ötir.
Çadyryň ýanynda
öz daýzaň weli

Zülpün tüýkülikläp,
sülmürär otyr.

Sülmürärçe bardyr: duran bir melek.
Towlanyp, näz satar hyzmata derek.
Daýzalaň näzini öwrenmek üçin,
Şeýdip ýygjam-ýygjam
Toý tutmak gerek.

Gün giçlär. Gyzyşar komsomol toýy.
Arzuwlar aýdylar goýydan-goýy.
Kelle gyzdygyça – şowhun köpeler.
Toýdur. Çakyn bilseň – şowhunam gowy!

Hiç kim şowhunyňdan gözlemez telek.
(Has şowhunly ýere – aýlaýgyn çäýnek!)
Resmiligi az-kem unutmak üçin
Şeýdip mahal-mahal.
Toý tutmak gerek.

Arzuwa goşulyp Nurýagdy Tokga,
Pyragydan başlar gözellik hakda.
Iki ýüz ýyl ozal söýülen Meňli
Ýene uz ýörişläp mele toprakda,

Golun dişläp geçer ýene bir gezek.
Beý diýmek – gözellik bakydyr diýmek,
Gözellik waspyny ýetirmek üçin
Şeýdip ýygy-ýygy toý tutmak gerek.

...Daň atar. Täzeden başlanar toýuň.
Gelniňe baş salyp, gurarlar oýun.
Şo günden adyňa «Gaýyn» dakarlar,
Hem alarsyň,
hemem almarsyň boýun.

Toba!
Şunça ýaşda misli bir bäbek,
Hem gülüp, hem aglap, tarsyldar ýürek.
Täze ada endik etmeklik üçin
Ýene näçe gezek
Toý tutmak gerek?!

## Sona gelin, gara gelin, ýaşlyk, garrylyk we bir tomluk hakynda

Goşgy

Şu gün gabat geldim kursdaşym Sona.
Diýdim: «Tüweleme, ýarsmansyň sen-ä.
Gurşunly kenekmi, kenekli gurşun –
Aý, garaz, henizem şol öňki durşuň...»
Derrew saçlaryna ýetirip elin,
«Çalardyk-la!» diýip, ýylgyrdy gelin.

Men diýdim: «Saçlaryn çalarany çyn:
Demirden altyna dönüpdir saçyň.
Haýsysy gymmatly: altynmy, demir?
Zer barka
demiri küýsärmi ömür!»

Gelin jak-jak güldi. Çykmady garşy.
Diýdi: «Tüweleme, özüňem ýagşy.
Aýlar, ýyllar
oýun etse-de gödek,
Tüweleme, wagta atypsyň badak.
Durkuňam, erkiňem, görküňem öňkiň.
Ýüregiňem öňkiň: dag ýarýar gülkiň.
Şeýle gülküleri öndürýän ýürek,
Entek-entekler-ä hars açsa gerek!»
Bu sözleň deň-ýary bolsa-da galat,
Galat
gapyrgama bekledi ganat.
Galadyň gudratyn görmändim ozal.
(Diýmek, jaý ýerinde galadam gözel!)
Men bürgüde döndüm, gelin hem – gumra.
Men ilerik uçdum, gelin hem – gaýra.

Öňkime on esse eseldi keýpim.
Kimiň ýanna barsam –
üstündi gepim.

...Ertesi sataşdy başga bir aýal.
(Senemmi, Çemenmi – adyn aýtjak däl)
Gara gaş, gara zülp, gara ýüz zenan. Diýdi:
«Aman, aman, eý nurbat-aman,
Özüde her nije diýseň-de jahyl,
Garrapsyň, garrapsyň, garrapsyň, şahyr
Tasdanam geçipdim
kimdigiň duýman.

Birden gözleriňden edäýdim güman.
Ýogsa dagy ýokdy tanajak miltim.
Onsoňam... sendigňi burnuňdan bildim.
Näçe üýtgese-de maňlaýy, garny,
Üýtgemejek eken adamyň burny!»

Şo gün keselhana eltildim derrew.
Wraçlar ýygnandy. Başlandy derňew.
Dogrusyn aýdypdyr ol gara zenan.
Dermanyň yzyndan berdiler derman.
Emma dermanlardan ýetmedi kömek.
Diýdim: «Dünýä bilen hoşlaşsam gerek!
Dünýäden doýmadym, dermandan doýdum.
Wah, entek-entekler aýtjakdym aýdym.
Ol hem şeýle weli... otuz ýyl bäri
Heniz tomlugyň-da çykanok biri.
Elli kitapçam bar – hersi bir çelpek.
Emma bir saçaga üýşenok entek.
Neşirýat plana goşmanka tomy,
Şeýdip
gözüň açyp ötäýtmek bormy?»
Onýança-da birden kakyldy işik.
Ähli deň-duşlarym girdiler üýşüp.
Gapydan girmänkä herreldi maňa:
Iň öňünde bolsa kursdaşym Sona.
«Ýeri şahyr nire! Bu ýerler nire!
Sende dert ýok. Hany gülberiň süýre!
Derrew penjegiň geý, haladyň çykar.
Ysgyny ýok bolsa, kömekleş Şeker!
Bu ýerde işi ýok tut ýaly kişiň,
Bu jaý sagatlar däl, syrkawlar üçin!..»
Geçdiler daşyma. Zyňyldy halat.
Wraça diýdiler: «Biz muňa belet.
Munda ne-hä dert bar,
ne-de bir dümew!..»

Dogrudanam şeýle!
Sagaldym derrew!
Tutdular golumdan. Basdylar «Wolga».
Yzymdan bir topar gollar galgaýa.
«Bu niçiksi adam? Bu niçik kesel?»
Geldi gulagyma bir topar sesler:
«Edil ýap-ýaňy hem agyrdy haly.
Birden uçdy gitdi garasar ýaly!»

...Şeýtdi-de bir demde gutardy waka.
Agşam çagajyklam gowuşdy kaka.
Menem stoluma gowuşdym ýene.
Tomlugym taýýarlap otyryn ine.

Ýene sataşýança şol gara zenan.
Men gurgun,
Men juwan,
Men esen-aman...

## Ýubileý degişmeleri

*Berdi Kerbabaýewe*

Nikolaý patyşaň buýrugy bilen
Dörände Murgapda Hindiguş bendi,
Tejen derýasynyň bir kenarynda
Äleme inipdir
Kiçijik Berdi.

Ynha indi bolsa ullakan Berdi.
Seretdigiňçe-de ullakan ýaly.
Şuň ýaly ullakan bolmaklyk üçin
Geçmeli boldy, ol ullakan ýoly.

Ynha otyr garşymyzda lowurdap,
Başy ak seçekli
Ullakan haly.

Birden döremeýär ullakan haly.
Onuň döremegne kän zähmet gerek.
Egirmeli, ýüwürmeli, çitmeli,
Soň darak yzyndan urmaly darak.

Haly şeýdip uly bolup gitmeli,
Kämilligiň ýoly agyrdyr, agyr.
Ony kämillige ýetiräýýänçäň
Deňiz ýaly sabyr gerekdir, sabyr.

Çitim wagtam,
Darak urulýan wagtam
Käbir ýalňyşlyklaň bolmagy mümkin.
Ýöne weli haly diýmek halydyr,
Keçe bolmak aňsat, haly bolmak kyn.

Ynha! Bu gün hemmeleriň gözleri
Şol ullakan, şol ajaýyp halyda.
Gelin-gyzlaň gözi ajap halyda,
Berdi aganyň gözi ajap hallyda.

Berdi mollaň gözi gelin-gyzlarda,
Gelin-gyzlaň gözi Berdi mollada.
Diýmek, haly haly bolan wagtynda
Özüne aňk etjek 70 salda-da.

Ýylgyrsaňam-a ýylgyrýaň weli,
Gabanaýma birden, Merýem gelneje.
Emma gabansaňam, gabanmasaňam
Şu oturan ýigdiň bolşy şeýleje.

Ol özüni halka mäkäm söýdürdi,
Türkmeniň adyna getirdi buýsanç.
Köpetdagy ýaly buýsanjyň ýanda,
Ýeri, nämejikmiş top ýaljak gabanç.

Haýsy ülkä, haýsy mekana barsak,
(Bu biziň lap edip aýtdygymyz däl)
Ilki «Berdi aga gurgunmy?» diýlip,
Şondan soň başlanýar başga söz-sowal.

...Ýene-de kyrk ýyldan, elli ýyldan soň
Haýsydyr bir ýurda gidilse seýle,
«Berdi aga, sag-gurgunmy?» diýlende,
Soragyň jogaby berilsin şeýle:

«Berdi aga gurgun!
Berdi aga mes!..»
Ös sen, goja çynar,
Ös sen, ýene ös!

**Goşgy gysgaldylyp alyndy.*

## Beki Seýtäkowa

Roman yzyndan täze roman,
Hekaýa yzyndan täze hekaýa...
Iller iki ýylda bir powest ýazsa,
Sen her haýsyn ýetireňok iki aýa.
Şonda-da eliňden çykan keşdeler
Gyzlary hem haýran edýär, Beki aga.

F. Engelsiň 15-nji jaýyndan
Senden pata alyp çykan setirler,
Uzaldyp goýberseň, Ýeriň daşyna
Bir gezek däl, on bäş gezek ýeterler.

Berdi aga Ýuriý Gagarin bolup
Açan bolsa kyssamyzyň kosmosyn,
Senem, ynha, German Titowa meňzäp,
Has ýagtyltdyň şol kosmosyň kyssasyn.

Bu gün, ynha, müňläp-müňläp okyjy
Alkyşlaýar kosmonawtlaň ikisin –
Alkyşlaýar öz agaýy Berdisin,
Alkyşlaýar öz agaýy Bekisin.

Ýene täze kosmonawtlar köpelip,
Ýene-de açylar has täze ýerler,
Şonda-da nesiller size baş egip:
«Iň ilkinji kosmonawtlar!» diýerler.

## Aman Kekilowa

Asman diýseň
ýyldyz düşýär ýadyňa,
Ýyldyz diýseň,
asman düşýär ýadyňa.
Aman diýseň,
Söýgi düşýar ýadyňa,
Söýgi diýseň,
Aman düşýär ýadyňa.

Söýgi hakda kim ýazmady?
Gara ýazdy, Pomma ýazdy,
Çary ýazdy, bary ýazdy,
Menem ýazdym... hemme ýazdy.

Hemmejämiz nije ýyldyr,
Söýgi, söýgi diýip ýörüs.
Senem söýgä köýýäň weli,
Bizem sençe köýüp ýörüs.

Ýöne weli, hemmämizden beterräk
Söýgi sözi ýakyn Seniň adyňa.
Aman diýseň, söýgi düşýär ýadyňa,
Söýgi diýseň, Aman düşýär ýadyňa.

Gazetde-de žurnalda-da,
Efirde-de, kitapda-da,
Ekzamende, leksiýada-da,
Gürrüňde-de, dokladda-da

Söýgi sözi elmydama
Tirkeşip ýör Seniň bilen...
«Bahylçylyk etme!» diýip,
Tersleşäýme meniň bilen.

Hemmelere ýoldaş bolsun
Şunuň ýaly bahylçylyk!
Hemmelere ýoldaş bolsun
Elli ýaşyň kenarynda
Seňki ýaly jahylçylyk!

Arzuw edýän bu gün Saňa
Ýene-de bir şonça ýaşy,
Ýene-de bir şonça ýaşy,
Ýene-de bir şonça ýaşy!
Iki ýüz ýaş arzuw edýän!
Aý, näm etjek munça ýaşy?!

Arzuwyň hem çeni ýagşy,
Nebsimizi şaglatmalyň!
Tebigatyň kanunynam
Bir azajyk hormatlalyň!

Ýene-de bir elli ýaş-a
Gaňyryp hem alsa bolar.

Men-ä kän bir dawaçam däl,
Kyrk dokuzam bolsa bolar.

Emma ondan soňkusyny
Aman aga, özüň agtar.
Özüň şahyr, özüň alym,
Özüň wraç, özüň doktor...

## Pomma Nurberdiýewe

«Nurberdiniň ogly boldy,
Buşluk, buşluk!» diýlen güni,
Pişme, çelpek deregine
Tötek nanyň iýlen güni,

Köne dona gundaglandy
Bir garaja, tokar çaga.
Ady Popuş, özi popuş,
Ýeri Akýap, Sakarçäge...

Ondan bäri alty ýüz aý
Geçip gitdi yz-yzyna.
Pomma bu gün aýna garap,
Eli bilen saçyn darap,
Şeýle diýýär öz-özüne:

«Ahow, Pomma, elli ýaşda
Saçyň edil kömür ýaly,
Barmaklaryň, goşarlaryň
Suw berilen demir ýaly!»

Bu nämäniň hekaýaty,
Bu nämäniň alamaty?
Kimden aldyň, nirden tapdyň
Garratmaýan keramaty?

...Ýigrimi bäş ýyl dogan bolduň
Öz halypaň «Tokmak» bilen,
Söweş etdiň şere garşy.
Tumşugyna kakmak bilen.

Dostuň üçin ýag bilen süýt,
Duşman üçin bomba bolduň,
Indem şeýdip ýuwaş-ýuwaş
Elli ýaşly Pomma bolduň.

«Hanha gelýä Pomma!» diýseň,
Garşylajak köp tapylar.
Gapdalyňda Pomma bolsa,
Meýlisiňde gep tapylar.

Bu hormaty, bu şöhraty,
Bu söýgini gazanmaga
Çärýek asyr zähmet çekdiň,
Jahylýürek şahyr aga.

«Aga» sözün gaty görüp,
Aşak bakyp, dymma, şahyr,
Aga bolmak hemme kişä
Nesip etsin, Pomma şahyr!

**Mämmet Seýidowa**

Bu niçiksi, bu niçiksi şahyr dost –
Ýap-ýaňy hem ikimiz
Bolup goşa Tahyr, dost,
Medeni-seýil baglarda
Söýerdik Zöhreleri.
Indi bu gün «Söýýän!» diýsek bir agyz –
Ýaryljak zähreleri,

Bu niçiksi, bu niçiksi, şahyr dost –
Ýap-ýaňy hem ikimize
Diýseler «Ýaş şahyr», dost,
«Heý bir dynmak barmyka
Ýaş şahyr diýen sözden?»
Diýip, ýaş şahyr diýýäne
Gargardyk içimizden.

Gargyşymyz kabul boldy, şahyr dost.
«Ýaş şahyr» diýen sözden
Dyndyk indi ahyr, dost.
Indi otuz-kyrk ýaşla-da
Gabat gelen badyňa,
«Aga» sözün familiýa dek
Ýelmeýärler adyňa.

Bu niçiksi, bu niçiksi, eziz dost,
Bu familiýa ýokuş degýär heniz, dost.
Ýaňy Seň toýuňa ýetip gelýärkäm
Gabat geldi edebiýatçy Nergiz, dost.
«Mämmet agaň toýuna
Barýarmyň pylan aga?»
Diýip, ýüzüme bakdy.
Söz tapmadym jogaba.

Bu gyzlaryň, bu gelinleň
Diljagazyn goýan sen!
«Pylan aga!» diýende
«Pylan eje!» diýäýseň –
Ýatdan çykmajak sapak
Boljak weli indikä,
Onam diýip bolanok,
Ol – otuz, sen – ellikäň...

Aý, bu zatlar oýundyr-la, Mämmet dost.
Bu gün bize başga bir zat gymmat, dost.
Çüfläp-çüfläp demiň salan setirleň
Goşup Seniň hormatyňa hormat, dost,
Goja Ýeriň üstünde
Hüwdülesin gojaltman,
Uly ýeriň üstünde
Goý, gorasyn kiçeltmän!

Bu zatlara düşünýänsiň gowy sen,
Ýadyňa sal goja Müslimowy sen.
Saňa goja Şiralynyň ýaşyny
Eçilsin goja Zemin!
Maňa-da ýary besdir...
Omyn!

## Be-eý!

Ynha bir mele, gelin, gözleri çanak ýaly,
Gabagy gaýmak ýaly, syraty baýdak ýaly.

Gün ýerinde durmaýar, Aý ýerinde durmaýar.
Aý geçýär, ýyllar geçýär, mele gelin garraýar.

Şeýle gelinleň biri geçip barýar köçeden...
Düýnem «Jeren gyzdyň» sen, bu gün «Jeren eje» sen.

Düýnem «A-ýu, jigidim», indi «A-ýu, ýaşuly!»
...Klasdaş jan, biz şeýdip
Taşlaýarsmy ýaşlygy?!

VIII

# ŞAHYRYŇ ARHIWINDEN

* * *

Birisi eý diýer, biri beý diýer,
Meger, halas dälsiň az-küş günäden.
(Kim ak jüýje bolup,
şol aklygyna
Ötüp gitdikä bu ýagty dünýäden?)

* * *

Ähli gözel zatlar – hemişe beýik,
Ähli beýik zatlar – hemişe gözel.
Gözellik gatyşyp beýiklik bilen
Ýer ýüzünde adam döräpdir ozal.

Ähli sada zatlar – hemişe beýik,
Ähli beýik zatlar – hemişe sada.
Sadalyk gatyşyp beýiklik bilen
Genileri döredipdir dünýäde.

## Ýaş

*(M. Lukoninden)*

Uzakdan-a
oňat görýän.
Ýakyndanam
erbet görýän.
Ne jyn urdy gözlerime?
Nämekä bu ezýet berýän?

Golaýymda zat göremok –
Durşy bilen ümür, duman.

Bu nä boluş! Aklym haýran!
Görünse-de uzak asman,
Aýagymyň astyndaky
Ýer görnenok, aman, aman!

Uzakdan-a oňat görýän,
Ýakyndanam erbet görýän.
Nä jyn urdy gözlerime?
Nämekä bu ezýet berýän?

Uzakdan-a oňat görseň,
Golaýdanam erbet görseň,
Gapdalyňda duranlary
Görmän, ötüp gidiberseň –

Ulalypdyr diýmezlermi?
Diýjekleri juda hakdyr.
Beterräginem diýerler,
Ilçilikdir, ýol uzakdyr.

Hany äýnek diýýäňizmi?
Äýnegiňem kömegi ýok.
Aňyrsynda göz bolmasa,
Äýnegiň özi görenok.

Golaýdan-a erbet görýän!
Uzakdanam – barha ýagşy!
Toba, toba, bir belanyň
Üstünden barmasam ýagşy.

## Hoşlaşyk degişmesi

*Tejen etrapynyň Maşat obasynda*
*ýazylan goşgy*

Öz ady Bäşimdir, kakasy Pürli,
Kolhozyň serdary Bäşim Pürlüdir.
Maşadyň köwünden Göksüýrä çenli,
Goluny uzadan Bäşim Pürlüdir,

Bäş ýyl ozal ak mekdepde «Mollady»,
Partiýamyz sylap işe ýollady.
Kolhoz ony, ol kolhozy goldady,
Halk ynamyn ödän Bäşim Pürlüdir.

Toý güni ortada güler oturar,
Ýas güni tabydyň öňün göterer,
Begenseň, gynansaň kömek ýetirer,
Il derdine derman Bäşim Pürlüdir.

Bir ýany kanaldyr, bir ýany ötük,
Şu ortaň meýdannyň hasyly ýetik,
Bir görseň alçakdyr, bir görseň tutuk,
Ikisinem oňarýan Bäşim Pürlüdir.

Salyh – işe ussat orunbasardyr,
Ýuwaşrak hem bolsa, işde ýeserdir,
Ertir gapymyzda maşyn keserder,
Çünki halypasy Bäşim Pürlüdir.

Kolhozyň partorgy Abadyr Aba,
Beletdir gowaça, beletdir suwa,
Partorgyň ýüzüne seretmän şowa,
Agzybir işleýän Bäşim Pürlüdir.

Tanamaýan barmy Gurbansoltany,
Zähmetiň merdany, pagtaň soltany,
Taryplar zarpçyny, söýmez ýaltany,
Görelde görkezýän Bäşim Pürlüdir.

«Başinji» brigadir Repbim Pirlidir,
Ýüregi açykdyr, goly zorludyr,
Emma ýalta bolsaň, dili şorludyr,
Ony hem öwredýän Bäşim Pürlüdir.

Pagtasy dek akdyr gözüniň içi,
«Ahallydan» doly gawunnyň içi,
Göwni açyklaryň agarmaz saçy,
Hemmesin öwredýän Bäşim Pürlüdir.

Uniwersal ýigit Pürliýew Ata,
Pagtasy bitipdir, basdyrmaz ota,
Zähmet bilen eýe bolýar hormata,
Belki hem agasy Bäşim Pürlüdir.

Unutmaryn söwer dostum Hydyry,
Il içinde köpdür onuň gadyry,
Içmeýän adama etmez hödüri,
«Ştraf» içirýän Bäşim Pürlüdir.


enedilim.com

Muhammet aga-da bereliň gezek,
Dükanynda köpdür çilimdir arak,
«Çörek tapýan üçin arak hem gerek»,
Diýip buýruk berýän Bäşim Pürlüdir.

Eziz dostum Nurýagdynyň ogludyr,
Ady Atabaýdyr, murty towludyr,
Dommarak bolsa-da, işi şowludyr,
Onuň hem «mollasy» Bäşim Pürlüdir.

Nurmuhammet Ýaýly ökdedir hata,
Ökdedir hasaba, ökdedir çota,
Sähetli aga-da galsa gaýrata,
«Sag bolun» ýetirýän Bäşim Pürlüdir.

Atasy Çaryýar, Bäşim öz ady,
Traktoryň piri, pagtaň ussady,
Münýäni «IŽ» motor, ýokdur kem zady,
Çünki oň atdaşy Bäşim Pürlüdir.

Ýokdur onuň sogan ýaly sellesi,
Käbir «mollaň» papaklydyr kellesi,
Dünýä sygmaz puly bilen gallasy,
Köneje kärdeşi Bäşim Pürlüdir.

Meret dostum gassaplygyn haklapdyr,
Otuz günde sekiz çebşi kaklapdyr,
Myhmanyny kebap bilen ekläpdir,
Çünki aýdyp giden Bäşim Pürlüdir.

Poçtalýonam Sähetmyrat bagşydyr,
Şu gün agşam hezil berse ýagşydyr,
Alçaklygy enesinden dogşudyr,
«Ýuwaşrak bol» diýýän Bäşim Pürlüdir.

Samolýotdyr Kakabaýyň motory,
Näçe sürseň, ýokdur onuň ýatary,
Asla bolmaz harazynyň ýatary,
Çünki naçalnigi Bäşim Pürlüdir.

Gulaklary görünýändir şäherden,
Pasyrdadyp gazet getir säherden,
Garaja dost, iý bakaly nahardan,
Çebişiň bol ýeri Bäşim Pürlüdir.

Ýene bir şepämdir Öräýew Anna,
Bir eli suwdadyr, bir eli nanda,
Gaýrat et gaýdarys ir sagat onda,
Aýdaryn, başlygyň Bäşim Pürlüdir.

Sähetlidir şofýorlaryň seresi,
Tylladandyr lökgesiniň çyrasy,
Çatmaň ýanda az göründi garasy,
Çünki hojaýyny Bäşim Pürlüdir.

Çaly Gandym gawunlaryň «çopany»,
Zor sakçydyr Repbimiň tapany,
Kümäň ýanna guraýdygyň gapany,
Jezasyny berjek Bäşim Pürlüdir.

Meniň bir dostum bar Ketdedir Ketde,
Toý bilen meýlisde durmaz ol çetde,
Durmasa durmasyn, gelýändir hötde,
Çünki onuň dosty Bäşim Pürlüdir.

Gaýtmakçy men, rugsat beriň Kerime,
Müň gün salam duzun iýen ýerime,
Sözden dänmen ot bassalar derime,
Her kimiň pikiri dürli-dürlüdir,
Pikiriň ýaz diýýän Bäşim Pürlüdir.

## Hudaýberdi Diwangulyýewe

*Kerim şahyryň 1975-nji ýylyň 2-nji martynda «Ýaş Kommunist» gazetiniň redaksiýasyna gezelenje gelende gazetiň redaktory Hudaýberdi Diwangulyýewiň kabinetinde bir gyzyň suratyna seredip ýüzüniň ugruna ýazan degişme bentleri.*

Surata seredip...

1

Beýle jellat gözi görmändim men-ä:
Her gözüň içinde – giden bir dünýä.
Birisinde – uçmah, birinde – dowzah,
Entek ýaş ýigitsiň – uçmah al sen-ä.
Menem şol dowzaha özümi urjak
Gijesi-gündizi gazanyp günä!..

2

Lenin adyn sena edip diline,
Täze biledini alyp eline,
Bu periniň bolup durşuna seret;
Janym gurban Ogulnäzik geline...

3

Bedeniň, mermerden ýasalan ýalak.
Dodaklaryň pisse, gözleriň – çanak.
Saňa aşyk boldy köp redaktor –
Ýok, ýok, köp däl, köp däl, ikije sanak!
Ýok, ýeke! Ýeke!
Olam – men! Kerim!

4

Bu mandatyň içinde näçe-näçe Ýeňiş bar.
Näçe-näçe sapak bar.
Näçe-näçe mekdep bar!
Bu gözleriň içinde
Näçe Güneş bar.
Näçe-näçe zehin bar,
Näçe-näçe edep bar!

## Otkrytkalardaky goşgulardan

*Aýtäje 1979-njy Täze ýyl gutlagy*

Duşman üçin awy bol,
Dostuň üçin süýji bol.
Ýene-de bir ýüz ýyllap
Söwer ýaryň güýji bol.
Bu dünýäniň ýüzünden ötäýseň-de bir mahal,
Baky nur saçar ýaly
Aý ýüzüniň täji bol!

## Dünýägözele

Ýetip gelen Täze ýylyň
Gutly bolsun läle gözel.
Boýuň bilen batyp gal sen
Bagt diýilýän köle, gözel.
Gara gyşyň gradusy
Ýetende-de nola gözel,
Seň mähriňden 1000 gradus
Gyzgyn ýeter ile, gözel.
Ýöne weli mähriň bilen
Ýandyraýma, läle gözel.

Bu gutlagym ýigrimi ýyl
Gijä galdy, Dünýägözel.
Günler, aýlar, ýyllar ötüp,
Garrap barýar dünýä, gözel.
Meniň üçin diňe bir Sen
Öwrülmediň könä, gözel.
Bir mahalky labyrdan ot
Ýetip onki syna, gözel,
Ýüregime azap berýär
Dünýägözel,
Dünýägözel!

## Gözel gyz Bibisara!

*(Garagalpak gyzy)*

Bir şahada biten goşa nar gördüm,
Bir dutarda biten goşa tar gördüm.
Wah, olaryň dogulşyny giç gördüm,
Wah, özümiň dogulşymy ir gördüm!
Şol gyzlara özün söýdürip biljek
Ýigitleri
bar ýigitden zor gördüm!

* * *

Täze ýylda täze bagt
Täze şatlyk – gülki bolsun.
Ak gar ýaly päk ýüregiň
Ýene öňki ýylky bolsun!

Duşmanjyklaň, bahyljyklaň
Tüsse berlen tilki bolsun.
Al-asmandan müň bagt inse –
Deň ýarysy seňki bolsun,
Ýekejesi meňki bolsun.
Hemme zatlar täze bolsun,
Diňe Läle öňki bolsun!

## Ýaraşar

Jahanlar içinde gördüm bir Jahan,
Gözi-gaşy gabagyna ýaraşar.
Ol Jahança bolup bilmez her Jahan,
Aýdan sözi dodagyna ýaraşar.

Il içinde Jahan, Maral, Jeren kän,
«Men gyz!» diýip, gomp-gomp edip ýören kän.
Şahyryny görmedik kän, gören kän,
Müňden biri meň şygryma ýaraşar.

Äleme inişi, ýaraýşy gözel,
Ýöreýşi, oturşy, turuşy gözel.
Ýylgyrşy, edebi, gep urşy gözel,
Dymyşy-da dodagyna ýaraşar.

Şahyryny taşlap, gitdi ol uzak.
Üç ýylda görmedim ýekeje gezek.
Megerem, bir ýigit gurandyr duzak.
Iň mert ýigit beýle gyza ýaraşar.

Şonuň gujagynda uklajak gerçek
«Armanym bar!» diýse, tumşugna berjek.
Ýazdan doly, nurdan doly bu gujak
Goç ýigidiň ýassygyna ýaraşar.

Dodaklary täze süýdüň gaýmagy,
Ýumry göwsi – boz jereniň owlagy.
Göwresine ýaraşyp dur köýnegi,
Göwresi-de köýnegine ýaraşar.

Hudaý iş edinip bir işsiz güni,
Bir bagtlyň bagtyna ýasandyr ony.
Ýykaýsa ol şeýle gyzyň göwnüni,
Adam däl-de, maýmynlyga ýaraşar.

Ekiz taýyň ýaly bar gyza duşup,
Gaňňalyň oýunda bolupdym aşyk.
Eý taňrym, bor eken beýle meňzeşlik!
Bu meňzeşlik ýüregime dalaşar.

Taňrym ony bahar-ýazyň paslynda
Gül suwundan ýasapmyka aslynda?
Bir ys gelýär ak alkymyň astyndan,
Hassa bolsaň müň derdiňe ýaraşar.

Dünýäniň ýüzünde ýene bir ene
Beýle gyzy dogrup bilermi ýene?
Eý, taňrym, sözüme jogap bersene,
Jogap bermek gudratyňa ýaraşar.

Baýdak dek boýuna bolup sadaga,
Her sözlän sözüne bolup sadaga,
Gursagyny mäkäm bassaň gursaga,
Gürsüldisi gursagyňa ýaraşar.

Ýöne arman giç doglupdyr azajyk.
Men ýigitkäm, ol kiçijik çagajyk.
Wah, irräjik doglan bolsa azajyk,
Onuň ömri meň ömrüme ýaraşar.

Zyýany ýok, ýaşa uzak, uzak, uzak!
Maňa diňe seniň saglygyň gerek.
Alnyň açyk bolsun, eý göwher ýürek,
Bu ak patam ak alnyňa ýaraşar.

**Şu goşgynyň başga-da warianty bar – G.D.*

* * *

Üç aý boldy simfoniýany diňlänim,
Ýüregimde saz owazy öçdi, gyz.
Jüp aý boldy didaryňy görmänim,
Bägül keşbiň gözlerimden öçdi, gyz.

Üç aý diýmek – ynsan üçin bir pasyl,
Onça wagtda çärýek ýaşýar bir nesil.
Bagryň ýakýan «Aga» diýlen bedasyl
Barmy, ýokmy, ýa bir ýere geçdi, gyz?

Ýok, sen sowulmaly ýazlardan dälsiň,
Biderek simfonik sazlardan dälsiň.
Bu yklymda görlen gyzlardan dälsiň,
Bagryň ogşap sabyr-karar gaçdy, gyz.

Onuň ýaly bagyr dünýäde seýrek,
Ony diňlemegi başarmak gerek!
Bagryň gapdalyndan ak guş dek ýürek,
Meň ýüregme güsür-güsür uçdy, gyz.

Bedeniň, öýkeniň, ýüregiň göwher,
Älemgoşar kimin bäş dürli öwser.
Içiň-daşyň göýä klassyk eser,
Sen barkaň Baýrondan «göwnüm geçdi», gyz.

Ömrüniň bir mundyn geçirse haýyp,
Klassyk eserden aýypdyr aýyp.
Ýüz ýyllap okasam bilmezdim doýup,
Her sahypaň bir älemi guçdy, gyz!

Aga bolsa «Aga» diýilýän «aga»,
Seni baýdak edip götärdi göge.
Henizem bir pille baýdak bolmaga,
Ömrüň ýaňy bir zerresi geçdi, gyz!

Bu dünýe hezillik: azatlyk, deňlik.
Indi aglaýan ýok «agadan» ýeňlip.
Söýgi, bägül, ýüpek – hemme zat senlik!
Jahan saňa giň gujagyn açdy, gyz!

## Myrat bilen Aksoltan

*(Juma Ýazmyradowyň toý*
*saçagyna kiçijik çelpek.)*

Haýsysynyň adyny ilki bilen tutsamkam –
Aksoltan bilen Myrat, Myrat bilen Aksoltan.
Biri – dostumyň ogly, biri – dostumyň gyzy:
Aksoltan bilen Myrat, Myrat bilen Aksoltan.

Biri – Gylyç Şahalyň miweli şahasyndan,
Biri – juma gününde Jumanyň posasyndan.
Ikisi-de men diýen gerçekleň paýhasyndan, –
Aksoltan bilen Myrat, Myrat bilen Aksoltan.

Ýigit ilki söýüpmi, ýa gyz ilki söýüpdir? –
Parhy näme, ikisem yşk oduna köýüpdir.
Yşka düşmek aýyp däl, yşksyz galmak aýypdyr,
Şeýledigin duýupdyr Myrat bilen Aksoltan.

Birisi – Arçman atañ suwun içip ýetişen,
Biri – Büzmeýin atañ meýin içip ýetişen.
Bu gün bolsa meý bilen Arçman suwy gatyşan, –
Aksoltan bilen Myrat, Myrat bilen Aksoltan.

Goý, bolsunlar Arçmanyň suwy ýaly şypaly,
Goý, bolsunlar garrasa-da
garramaýan nikaly.
Goý, bolsunlar duza, enä, gaýyn enä wepaly
Aksoltan bilen Myrat, Myrat bilen Aksoltan.

Wiý, wiý tasdan gaýyn ata çykan eken huşumdan:
Gelin dabyrap geçmesin gaýyn atañ duşundan.
Ýeriň hemrasy ýaly, goý pyrlansyn daşyndan –
Aksoltan bilen Myrat, Myrat bilen Aksoltan.

Bu öýde gelin bolmak hem añsatdyr, hem kyndyr.
Hem ogul bolmak hem şol kynlyga ýakyndyr.
Birden Jumañ naýzasyna iläýmegiň mümkindir –
Aksoltan bilen Myrat, ylaýta-da Aksoltan.

Ýagşy bolsañ ýagşy adyň dolar bütin ülkäme.
Ýaman bolsañ ýaman adyň dolar respublikama.
Soňky puşman giç bolar, hiç kim tutmaz arkaňy,
Ahmal bolma Myrat han, ahmal bolma Aksoltan!

Bu gün toýuň şanyna tans etsin «Mirli» gyzlar,
Sol elleri almaly, sag eli narly gyzlar.
Ikisine bir alma bagş etsin nurly gyzlar,
Deň böleşip iýsinler Myrat bilen Aksoltan.

Ýöne olar unutmasyn şahyr bilen Jumany:
Herimize eçilsinler bir çüýrüjek almany.
Menem baryp alma bilen begendirsem aýaly –
Belki, bir ýaş ýigdeler Kerim bilen Orazsoltan.

Bu sözleriň deň ýary toý gününde degişmäm.
Şahyr Jumany görse, oňup bilmez degişmän!
Degişmesine gülüň, çyny kalba nagyşlaň!
Ähli toýa gelenler, hemem Myrat – Aksoltan.

Gülki-oýun diýen zat dogulanmyş çyn zatdan.
Bir wagty ony Prometeý ýasanmyş gyzyl otdan.
Bu dünýe garaňkyrar şo gitse adamzatdan!
Gülüň, oýnaň, degişiň,
müňläp Myrat, müň Soltan.

Arçman suwy, «Mir» meýi ýagdyr süýt dek gatyşsyn,
Ojagyňyz lowlasyn, ýyl geçdikçe tutaşsyn.
Her dokuz aý, dokuz günden
täze toýa sataşsyn
Juma ogly Myrat jan, Gylyç gyzy Aksoltan.

Düýn-öňňünki ýagan ýagyş gudratydyr ýaşlygyň.
Maňa-da kän zatlary ýatlatdy ýagyşly gün.
Ýagyşsyz aý öýlenýänler, goý, meni bagyşlasyn,
Depämizden nur ýagdyrdy Myrat bilen Aksoltan.

Ýöne arman, bir azajyk bökdediler pagtany,
Müňläp ýygymçy gyzlar kem doldurdy haltany.
...Açyk günleri köpeldip, goý, ýagtyltsyn ertäni,
Aksoltan bilen Myrat,
Myrat bilen Aksoltan!

## Sahy Jepbarow hakda

Özi ýok bolsa-da stol başynda,
Bu toý – Sahy diýen ägirdiň toýy.
Bu toý – müň nygmatly saçak başynda
Ýygnanan ýüzlerçe şägirdiň toýy.

Ýok, bu toý, diňe bir şägirtleriň däl,
Talant diýen zady söýýänleň toýy.
«Aramyzda ýok bolsa-da Sahymyz,
Ýaşap ýör, ýaşaram!» diýýänleň toýy.

Bu toý – gelseler-de gelin toýuna,
«Sahyň toýy!» diýip gelenleň toýy.
Sahyň özüne-de, owazyna-da
Aşyk gaýtarmalaň, gelinleň toýy.

Heniz gitmänkäňem ýeriň ýüzünden,
Gideniňden soňam ýeriň ýüzünden,
Olary özüňe aşyk edäýmek –
Soň berilýän zat däl,
Diňe ezelden.

Bu öýe gelenler (garrymy, ýaşmy) –
Bary uçdantutma zehinlidirler.
Bu gapydan ätlän zehinsizlerem
Öýlerne gidende zehinli gider.

Sebäbi bu ojak – ýöne ojak däl,
Gudratdan çüflenen mukaddes ojak.
Bu gün ynha şol ojagyň başynda
Biri-birisine intizar gujak –
Aýna bilen Rahymyň gujagy
Ýaz güli dek, maý güli dek açyljak.

Toýuň gutly bolsun, eý Soltan inim,
Toýuň, gutly bolsun, Bibeje-hanym.
Eý Bibeje, bu gün ýaş görünýäň sen –
Bolsaň-da ak saçly köneje hanym.

Toýuň gutly bolsun, eý beýik ussat,
Toýuň gutly bolsun, eý Sahy dogan!
Seň toýuň saglygna göterýäs şuny,
Seň öýüň saglygna göterýäs şuny,
Oýan, bir pursatlyk ukudan oýan!
Daýan, bir pursatlyk tirsegňe daýan!
Guwan, toýňa guwan,
Dostlarňa guwan!

## Poeziýa

Diýýärler:
Poeziýa – güldürmek üçin däl,
Diýýärler: Poeziýa: – aglatmak üçin däl.
Şu diýilýän çynmyka?

Aglatmak üçin däl bolsa,
Güldürmek üçin däl bolsa,
Onda ol näm üçinkä –
Öldürmek üçinmikä?

Meniň pikirimçe, Poeziýa
Hemmesinem edip biler.
Kanunyňa mätäç däldir,
Kanuny özi döredip biler.

Agladyp-da biler,
Güldürip-de biler.
Doňduryp-da biler,
Öldürip-de biler.

Ötle damarynyň tutulşy ýaly
hakyda damarňy myňçgalap bilse –
Näme üçin aglatmaly dälmiş?

Erkiňi eliňden alyp,
                    böwrüňi gyjyklap bilse –
Näm üçin güldürmeli dälmiş.

Poeziýa agladanda – Görogly ýüregi ýaly
Är ýürekler gözýaşyny
                    saçjak, saçjak boluberse.
Poeziýa güldürende – Pyragyň şygry ýaly
Agras gyzlar galkyjyklap,
                    uçjak, uçjak boluberse.

Diňe şeýle poeziýany
Gudrat bilen deňemek bor.
Diňe ýeriň üstünde däl,
Mazarda-da diňlemek bor.

Sebäbi onuň tohumy
Diňe topragyň üstünden
Däl-de, emilip alynandyr,
Onuň ýedi gat astyndan.

Çyn goşgular – uly agyň,
Uly gülkiň ogludyr.
Ol – Pyragyň şygry ýaly
                    agras gyzlary güldürer
Ol – Göroglyň batyry ýaly
                    batyrlary agladar.
Poeziýa –
                    ýürekden çyksa,
Burundan çykmasa,
Beýniden çyksa,
Garyndan çykmasa –
                    ýaşamaga ukyplydyr.

Aglatmaga-da,
Güldürmäge-de,
Doňdurmaga-da,
Öldürmäge-de hukuklydyr.

Agy diýen zady bilmedik merde,
Müň ölümden geçip, ölmedik merde
Bir goşgy okap berseň –
Ol aglasa;
Ezizi uruşdan gelmedik sona,
Otuz bäş ýyl bäri gülmedik sona
Bir goşgy okap berseň –
Ol gülse;
Döwlet pulun gemrip, çalaran beýnä,
Mesliginden bögürip, dälirän beýnä
Bir goşgy okap berseň –
Ol ölse,
            Ýa ölümiň bäri ýanyna gelse –
Onda şeýle Poeziýanyň
Tüýs Poeziýa boldugydyr
Şahyryň öz bäşýyllyk planyny
            hem-de borçnamasyny
Bir günde doldugydyr.
Ýöne welin
            agynyň agydan,
Gülkiniň hem gülküden
Parhynyň ullakandygyn
Bilmelisiň ilki sen.

Poeziýa – ejizi aglatmaly däldir,
Merdi agladyp bilmelidir.
Poeziýa – samsygy güldürmeli däldir,
Akyllyny güldürip bilmelidir.

Akyllyny güldürip bilmeýän,
Merdi agladyp bilmeýän,
Agyr hassany, teý bolmanda,
Dem salym sagaldyp bilmeýän,
Söýülýäni söýýänine
Bir daban golaýladyp bilmeýän
Parhsyz poeziýa –
Ine şodur çap etmäge,
Bir ekzemplýardan artyk köpeltmäge
Haksyz poeziýa.

## Ýadygärlik

*Öýkünme*

Poeziýa şäriklik, göwni tämizlik –
Mähir-muhebbetiň bollugyndadyr.
Şuwlap geçer gider gelinlik-gyzlar,
Megerem, aslynyň ýelligindendir.

Haşal tutaýmaka gatnaw ýodasyn,
Ýaşlyk ýitirmesin ýaşlyk kadasyn!
Diller gepläp däl-de, öpüp ýadasyn!
Posa – Erem bagyň mellegindedir!

Şahyrlar şahyrdan uzaklaşsalar,
Diňe hoş söz bilen gezekleşseler,
Gaýbana «okaşyp» gujaklaşsalar –
Eýýäm ýürekleriň ölmegindendir.

Ulumsyzlyk meňzär – gyşdaky kölgä,
Pähimlilik meňzär – tomusky jülgä,
Serwi geçirmese bergidir-alga –
Çynaryň üstünden güldügindendir.

Şahyr şahyr bolmaz wezipe bilen.
Şygyr şygyr bolmaz sahyna bilen...
Şägirt görüşmese halypa bilen –
Halypaň halypa däldigindendir.

Säwlik bilen giden dolansa yza,
Bizem garşysynda çökerdik dyza.
Myhman gel, myhman gel, myhman gel duza,
Bu – seniň gyt, duzuň bollugyndandyr.

Öýküniş goşgusy şuň bilen tamam...
Indiki öz goşgym: salam G. Salam!
«G» harpyn ýazamda – köp zat ýatlaýan:
Bu – pelegiň nika gyýmagyndandyr.

Pelek nikasyna bolmazmyş çäre.
Diňe bir çäre bar: öwrülme köre!
Bu – heniz bedende joşýarka şire –
Bal bolup dammaly diýmegindendir.

Pelek öz nikasyn gyýdymy telek, –
Garşysyna diňe şol çäre gerek.
Ýogsa ýuwaş-ýuwaş sokur bor ýürek,
Bu – müňläp asyryň synagyndandyr.

**Şahyryň öz ýazyşy ýaly çap edilýär.*

* * *

Mekirje owlajyk
Bagtly owlajyk.
Mälän wagty
Ol arkaýyn mäleýär.
Dünýäniň ýüzünde iň ullakan bagt
iň elýetmez bagt
Arkaýynlyk eken.

Ony ozalam
Bir kişiçe bolmasa-da, bir kişi –
çe bilýärdim. Ýöne bu gezek
Jadyly dürbüsin Skobelewiň
(Paşşa Generaly Skobelewiň)
Elime alan dek, görýän zadyma
bilýän zadyma
Hasam beter ýetdi gözlerim.
Mekirje owlajyk
Onuň öňünde
Içini döküpdir heziller edip!
Özüniň zarynly mälemesini,
Özüniň merdemsi mälemesini
Akylly-paýhasly mälemesini
Anyk, açyk, dogry mälemesini
Has beterem, diňe Onuň eşitjek,
Özgäň eşitmejek mälemisini
Oňa ýetiripdir. Diýmek owlajyk
Keýpden çykypdyr. Doly ýüregniň,
Hasratyn, şatlygny, borç alan ýükün
Egsipdir. Ol bolsa beýleki bagtdan
Mahrum, mahrum, mahrum, ýene-de mahrum
Nala – nala, mäle – mäleme bilen
Jogap berip bilmeýän, kim bolanda-da,
Beýik Ynsanmy ýa peseň ynsanmy –
Merhum.
Owlajygyň şirin mälemisini,
zaryn mälemisini
bagtly mälemisini
Diňläp Ol, ýokarky netijä geldi
Ol, ýokarky netijä geldi.
Sebäbi dünýäde içiň dökmäge
Adamyň barlygy Uly bagt weli,
Şoňa mümkinçilik bar bolmaklygy –
Ýeke-täk beýik bagt!

Şol bagt owlakda bar,
Guzujykda – ýok.
Ine guzujygy güň edýän azap,
Häzirem ol juda mertligi üçin.
Gaýduwsyzlygy üçin
Käte mäleýär.
Başga biri dagy onuň ýerinde
Bir mahallar güňe dönüp giderdi.
Ol bolsa bak indi nije ýyl bäri
Diňe ýaňy güňe dönüp başlapdyr.

## «Tokmagyň» 50 ýaşynyň dabarasynda okalan goşgy

Ýarym asyr bäri Watan öňünde
Zähmet çekýäň gije-gündiz, Tokmagym
Ýöne weli naçe zähmet çekseň-de,
Öňümizde iş kän heniz, Tokmagym.

Dogry ýoldan egrä ýazýanlar-da kän.
Pul görse – Hydyr dek azýanlar-da kän.
Gündiz ýatyp, gije ýazýanlar-da kän,
Hemmeler düzüw däl şindiz, Tokmagym.

«Meni sygyr ýaly satdylar» – diýip,
«Palasyň içine atdylar» – diýip,
«Nätanyş birine satdylar» – diýip,
Gürrüň berdi şu gün bir gyz, Tokmagym.

Ol gyz şeýle bir gyz – heý, ýöne goýaý, –
Boýy baýdak ýaly, gerdeni – suraý.
Emma ýigdiň ýanda ýaşaman bir aý,
Aglap öýne geldi şu güýz, Tokmagym.

Şeýle hadysalar kän bizde entek.
Şolaryň başynda döwmeli kötek.
Goý, olar tapmasyn girmäge ketek,
Girse-de sypdyrma, eziz Tokmagym.

Entek-entek bolsun galamyň – ýiti
Diliň ötgür bolsun, dodagyň – küti.
Gulagyň – eşitgir, ýumrugyň – gaty.
Şu zatlar gerek zat heniz, Tokmagym.

## Aforizmalar

*(Nowaýydan)*

Juwan wagtyň – bilip baýlygyň gazan,
Garran wagtyň – şonuň üstünde uzan.

* * *

Halkyň wah diýmese ýykylan günüň,
Bilip goýgun: ýazyk özüňde seniň.

* * *

Zähmet çekip alnan ýekeje manat
Sowgat berlen tutuş haznadan gymmat.

* * *

Gün şöhlesin aňlamasa gijekör,
Günmi, gijekörmi – haýsy günäkär?


enedilim.com

* * *

Kesel bardyr – şeker bilen bejärler,
Kesel bardyr – zäher bilen bejärler.

* * *

Bolupdyň öýkenmiň, bagrymyň dosty,
Ýüregmiň,
Ömrümiň,
Şygrymyň
Dosty.

Meniň ýalňyşymyň dosty bolmandyň,
Bolupdyň hemişe rastymyň dosty.
Ýa-da duşmanymyň dosty bolmandyň,
Bolsaň-da bolupdyň dostumyň dosty.
Beýle yssy mähre gabat gelmändim,
Mähriň güýji ähli yssyny basdy.
...Indi şol yssydan hiç zat galmady,
Ýürek bar alanyn yzyna gusdy.

Indi nije ýyllar kimdir birisi
Gözüme üýtgeşik görünse yssy.
Sanap ýüregmiň üsti hem asty,
Iň mukaddes zatlar çozýar üstüme –
Ýalňyşyma däl-de, ähli rastyma,
Bar ýaly kasty.

«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy. ©